**O. Jumalyýewa**

# ŽURNALISTIKANYŇ ESASLARY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2013

UOK 002 + 070 : 378
J 74

**Jumalyýewa O.**
J 74 **Žurnalistikanyň esaslary.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

«Žurnalistikanyň esaslary» okuw kitabynda žurnalistika ylmynyň döreýiş we ösüş taryhyna, türkmen metbugatynyň döreýşine gysgaça syn berilýär hem-de žurnalistikanyň jemgyýetde tutýan orny, wezipeleri, häzirki döwürde ýeten derejesi, žurnalistika bildirilýän talaplar açylyp görkezilýär. Publisistik žanrlaryň görnüşleri, olaryň aýratynlyklary, žurnalistika işiniň guralyşy, žurnalistiň hukuk derejesi, ruhy-ahlak keşbi häzirki döwrüň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýeten derejesine esaslanmak arkaly deňeşdirme-derňew usulynyň üsti bilen beýan edilýär.

Okuw kitaby žurnalistika hünäri boýunça bilim alýan ýokary okuw mekdepleriniň talyplary, mugallymlar üçin niýetlenilýär. Şeýle hem bu okuw kitabyndan köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işgärleri, žurnalistika bilen gyzyklanýan okyjylar köpçüligi gollanma hökmünde peýdalanyp bilerler.

TDKP № 200, 2013 KBK 37.4. 89 ýa 73

© O. Jumalyýewa, 2013



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Žurnalistler üçin öz işini kämilleşdirmegiň ýeke-täk ýoly – özüňe talapkärligi ýokarlandyrmak we ähli babatda döwrüň talabyndan ugur almakdyr.*

## GIRIŞ

Islendik ösen jemgyýeti žurnalistikasyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Çünki jemgyýetiň ösüş ugurlaryny onda ýaşaýanlaryň garaýyşlary esasynda kesgitläp seljermekde, jemgyýetçilik aňyny, pikirini döretmekde žurnalistika aýratyn orun degişlidir. Hut şu jähetden žurnalistikany döwrüň aýnasy diýip atlandyrýarlar. Bu aýdylanlar türkmen žurnalistikasyna hem gönüden-göni degişlidir.

Hormatly Prezidentimiziň žurnalistika uly üns bermegi, onuň hilini gowulandyrmak ugrundaky aladalary köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň (KHBS) işini düýpli özgertdi. Žurnalistikanyň täze şertleri we täze tehnikalaryň ornaşdyrylmagy bu ugurda alnyp barylýan işleri köp derejede ýeňilleşdirdi. Häzirki wagtda internet ulgamlary arkaly dünýäniň köp ýurtlary bilen habarlary, maglumatlary alyşmak mümkinçilikleri ýola goýuldy.

Hormatly Prezidentimiziň döredijilik işgärleri bilen häli-şindi duşuşyp, işiň hili, netijeliligi bilen ýakyndan gyzyklanyp durmagy, köpçülikleýin kommunikasiýa serişdelerini döwrebaplaşdyrmak meselesine aýratyn üns bermegi esasynda döwürleýin neşirleriň, teleradioýaýlymlaryň sany artyp, olarda berilýän makalalardyr gepleşikleriň, edebi-çeper eserleriň many-mazmuny, hil derejesi ýokarlandy. Ýurdumyzda gazet-žurnallar ýokary hilli kagyzlarda, ösen tehnolo-

giýada neşir edilýär. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň neşirleri many-mazmun taýyndan hem, döwrebap beýan ediş aýratynlyklary bilen hem tapawutlanýarlar. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işi bilen ýakyndan gyzyklanyp durmagy, žurnalistleriň erkin işlemegi, ýaşamagy üçin ähli mümkinçilikleri döretmegi, bu pudagyň uly depgin bilen ösmegine getirdi. Türkmen žurnalistikasy hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgesinden ugur alyp, ýurdumyzda halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagy üçin bitirilýän döwlet ähmiýetli işleri dünýä ýaýýar. Internet ulgamy we ş.m. arkaly dünýäde bolup geçýän ähli täzelikler öz wagtynda halka ýetirilýär. Bu bolsa türkmen žurnalistikasynyň ösüşlerden-ösüşlere barýandygynyň we röwşen geljeginiň bardygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawyna dalaşgär hökmünde gatnaşmak üçin işläp düzen maksatnamasynda: «Täze döwür, elbetde, amala aşyrýan özgertmelerimizi kabul etmäge we goldamaga jemgyýetiň taýýar bolmagyny hem talap edýär. Şonuň üçin hem biz häzirki zamanyň ähli kommunikasiýa we multimedia tehnologiýalaryny ele alan işgärleriň we hünärmenleriň täze neslini taýýarlamaga aýratyn üns bereris.

Adamzat paýhasynyň gazanan häzirki zaman ösüşiniň iň çylşyrymly wezipelerini çözmäge ukyply, ösen maglumatlar jemgyýeti boljak biziň ýurdumyzyň geljegi şol adamlara bagly bolar» diýip belledi.

Häzirki wagtda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda we Türkmenistanyň Milli Sport we syýahatçylyk institutynda žurnalistika hünäri boýunça talyplaryň taýýarlanylmagy ýurt Baştutanymyzyň döwrebap kommunikasiýa we multimedia tehnologiýalaryny ele alan ýaş hünärmenleriň täze neslini döretmek baradaky maksatnamalaýyn işleriniň, bu ugruň, köpçülikleýin kommunikasiýa serişdeleriniň görnüşlerini we ugurlaryny ösdürmäge we kämilleşdirmäge, döwrebaplaşdyrmaga sarp edýän zähmetiniň miwesidir.



Erkin döredijilik mekany

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri türkmen žurnalistikasynyň öňünde täze wezipeleri goýýar. Ol wezipeler çuňňur dünýägaraýyşly, halkymyza, Watanymyza, hormatly Prezidentimize wepaly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmekden, ýurtda sagdyn durmuş jemgyýetini berkarar etmekden, sagdyn nesli ösdürip ýetişdirmekden, jemgyýetçilik aňyny kemala getirmekden ybaratdyr. Bu meseleleriň dogry çözgüdi türkmen žurnalistikasynyň ösüşiniň, geljeginiň, halkara abraýynyň ölçeg terezisidir.

«Žurnalistikanyň esaslary» okuw kitaby hem bu ugurdan ýokary bilim alýan talyplara niýetlenendir. Bu dersde žurnalistikanyň döreýşini, konsepsiýalarynyň emele gelşini, döwlet häkimiýeti we halk bilen gatnaşygyny, işiň guralyşyny, žurnalistikanyň görnüşlerini, žanrlaryny, wezipelerini, prinsiplerini nazary we amaly esaslarda öwrenmek talyplaryň bilim derejesini çuňlaşdyrar. Žurnalistiň tekst bilen, redaktor bilen, internet ulgamlary bilen gatnaşygy, žurnalistiň psihologiýasy, etikasy we beýleki düşünjeler talybyň dünýagaraýşyny ösdürýär. Ýaş žurnalistlere wakalary seljermek, derňemek, olar barada dogry pikir ýöretmek, garaýyşlary ýüze çykarmak, baha bermegi başarmak, netije çykarmak, çözgüt kabul etmek we ş.m. işleriň aýratynlyklaryny, köpçülikde özüňi dogry alyp barmak, çeşmeler bilen işlemekde, material toplamakda obýektiwlik we beýleki häsiýetleri sazlaşykda alyp barmagy döwrüň talabyna laýyklykda öwrenmek zerudyr. Olara şeýle başlangyçlar barada žurnalistikanyň esaslary dersinde giňişleýin düşünje berilýär. Talyp, ýalaňaç faktlary geýindirmegi, esasy pikirleri özleşdirmegi we anyk maglumatlarda we ylmy esaslarda beýan etmegi öwrenmelidir. Żurnalistika hünäri boýunça ýöriteleşýän talyplara durmuşa, döwre dogry düşünmek, döwrüň, zurnalistikanyň şu günki talabyny duýmak, ony ödemäge çalyşmak endigini özleşdirmek möhümdir. Okuw kitabynda geljekde öz ykbalyny žurnalistika hünäri bilen baglamagy ýüreklerine düwen ýaş nesillerimize bu ugurdan başlangyç bilim-düşünjeleriň esaslary berilýär.

# I BÖLÜM

## ŽURNALISTIKANYŇ DÖREÝŞI

Beýleki jemgyýetçilik ylymlary ýaly, žurnalistika hem şu günki durkuna gelýänçä örän çylşyrymly ýol geçýär. Ol öz gulluk edýän jemgyýetiniň täsiri astynda mydama özgertmelere, ösüşlere sezewar bolýar. Žurnalistika adamzat siwilizasiýasynyň önümi bolmak bilen, ol dünýä medeniýetiniň, dünýä jemgyýetiniň ösüşiniň «aýnasydyr». Žurnalistikanyň mazmuny we görnüşi mydama taryhda yz galdyran sosial ulgamlaryň isleglerine bagly bolupdyr.

Jemgyýetiň beýleki institutlary (hökümet, goşun, dini ulgam) bilen deňeşdireniňde, žurnalistikanyň terjimehaly gysgarak. Žurnalistika antik döwürde bolupdyr diýip bolmaz. Elbetde, ol döwürlerde habar toplamagyň we habar ýaýratmagyň dürli usullary bolupdyr. Taryhda gadymy Rimde golýazma «Westnikleriň» bolandygy belli. Olar «Akta senatus» («Senatyň işleri»), «Akta publika» («Publikasiýa işleri») we gündelik goýberilýän «Akta dýurna populi romani» («Rimiň gündelik işleri») diýlip atlandyrylypdyr.

Gadymy döwürlerde haýatlara ýelmenen hökümet buýruklaryny, çaparlardan iberilen habar hatlaryny hakyky žurnalistika diýip atlandyryp bolmaz. Durmuşy ähmiýetli habarlary ýaýratmaga bolan zerurlygyň artmagy, barha ösmegi bolsa žurnalistikanyň döremegine getirýär. Žurnalistika häzirki görnüşinde dürli ýurtlarda dürli wagtlarda emele gelýär. Käbir milletlerde entek habar ýaýratmagyň ýygnaklar görnüşi dowam edýärkä, Ýewropa ýurtlarynda eýýäm gazetler çykýardy.

Žurnalistikanyň ilkinji çeşmeleri, şertleri din ulgamynda hem döräpdir. Gadym döwürlerden jemgyýetiň derwaýys we dini mesele-

leri barada üýşüp maslahat etmek däbi bolupdyr. Gadymy Rimde bolsa köpçüligiň öňünde çykyşlar sungat hasaplanypdyr we oratorlaryň-suhangöýleriň, dilewarlaryň çykyşlary guralypdyr. Oratorlar, adatça, hökümet adamlary bolup, olar söz sungatyny syýasy işiň bir görnüşi hökmünde kabul edipdirler. Oratorçylyk sungaty köp döwletlerde medeniýetiň bir görnüşi hökmünde uzak wagtlap dowam edipdir. Dini jemgyýetlerde bolsa beýle orator çykyşlary köplenç dini häsiýete eýe bolupdyr.

Hökümet tarapyndan edilýän köpçüligiň öňündäki çykyşlar, ogryn çykyşlar, syýasy şahsyýetleriň hat alşyklary, taryhy-edebi ýazgylary – bularyň ählisi bilelikde žurnalistikanyň döremeginiň bir şertini – çeşmesini emele getirýär.

*Žurnalistikanyň maddy-tehniki çeşmeleri*. Žurnalistikanyň maddy-tehniki çeşmeleri ylym-bilimiň we medeniýetiň umumy ösmegi esasynda ýüze çykýar. Hat ýazmagyň usullary barha kämilleşýär. Gymmatbaha pergamente derek kagyz oýlap tapylýar, hat ýazylan dolama kagyzlara derek ilkinji kitaplar döreýär. Germaniýada Iogan Gutenberg Ýewropada ilkinji bolup aýratyn literleri – ýygma şriftleri oýlap tapýar we Injili neşir edýär. Köplenç, ýalňyşyp, Gutenbergi neşir edýän stanogy oýlap tapan adam hem hasaplaýarlar. Stanok oýlap tapmadyk bolsa-da, dünýä medeniýeti üçin uly iş eden adam hökmünde onuň ady taryhda galýar. «Gutenbergiň galaktikasy» aňlatmasy edebiýat äleminde giňden ulanylýar.

Žurnalistikanyň döremegi we ösmegi üçin agzap geçen çeşmelerimiz ýeterlik däldi. Munuň üçin ykdysady, medeni, maddy-tehniki faktorlaryň tutuş toparynyň täsiri gerekdi. Şeýle-de jemgyýetde ýene-de bir sosial institutyň döremegine çuň zerurlyk ýüze çykmalydy, ýagny sosial-durmuşy çeşme gerekdi.

*Neşir işi jemgyýetçilik durmuşynyň aýrylmaz bir bölegi hökmünde*. Neşir işi Ýewropada dörese-de, ol ilki bilen Aziýada oýlanylyp tapylýar we ösýär. Koreýada neşir işleriniň muzeýinde klişe-tagtalaryň kömegi bilen çap edilen iň gadymy «Çik-çži simçhe» kitaby saklanýar. Bu kitap Gutenbergiň açyşyndan 70 ýyl öň çap edilipdir. Hytaýda bolsa VII–X asyrlarda tipografiýalarda çap edilen gazetler

çykýar ekeni. Dünýäde iň gadymy gazet «Kingrao» («Paýtagt habarlary») gazeti hasaplanýar. Bu gazetde diňe imperatoryň dekretleri we köşk habarlary neşir edilipdir.

Gazet-žurnallara bolan zerurlyk jemgyýet ösdügiçe ýitileşýär. Kapitalizmiň ýüze çykmagy bilen bolsa ol has hem ösýär. Ýewropada gazet işi kä ýerlerde kitap neşir etmekden hem öň ýüze çykýar. Russiýada XVII asyrda ilkinji golýazma «Kurantlar» çykarylyp ugralýar.

Ilkinji yzygider çykýan neşir hökmünde 1609-njy ýylda çykarylan «Relation adler» («Adleriň aragatnaşygy») gazetini görkezmek bolar. Şol ýyl hem metbugatyň dörän ýyly hökmünde kabul edilipdir.

XVII asyrda metbugat Ýewropanyň ähli ýerlerinde çap edilip ugraýar. Russiýada Pýotr I tarapyndan çap etdirilen «Wedomosti» gazeti metbugatyň başlangyjy hökmünde kabul edilipdir. Täze metbugat gaty tiz wagtda häzirki metbugata mahsus bolan keşbe giripdir. Ol yzly-yzyna, köp tiražly, üznüksiz, tiz görnüşde çap edilişi, möhüm habarlary ýaýradyşy taýyndan şu günki gazetleriň keşbini emele getirip ugrapdyr. Olar iki görnüşe bölünipdirler. Wakalary tiz ýaýratmaga ýykgyn edýän gazetler we kitaby, kalendarlary ýada salýan, wakalara seljerme bermäge ýykgyn edýän žurnallar döräpdir. Žurnallar gazetlere seredeniňde haýal çykypdyr. Elbetde, ol wagtky gazet-žurnallary häzirki görnüşleri bilen deňäp bolmaz, olar mazmun taýdan häzirkilerçe bolmandyr. Gazetleriň gazet ady hem Wenesiýada golýazma-habar listleriniň bahasyndan – ownuk şaýylygyň ady – *gazettadan* gelip çykypdyr. Bu waka öz-özünden bolmandyr. Fransiýaly T.Renadonyň «La gazette» (Wenesiýada pul birliginiň ady ) atly gazeti çap edilip ugraýar we ol bir manada, köpüge satylypdyr. Bu puluň ady gazetiň ady hökmünde ornaşyp galypdyr.

XVII–XVIII asyrlarda Ýewropada, Amerikada öňki ýata feodal durmuşyň deregine buržuaz durmuşyň gelmegi, zähmet bölünişiginiň başlanmagy, synpy garşylyklaryň döremegi – bularyň ählisi halk bilen döwletiň arasynda gatnaşyklaryň güýçlenmegine getirýär. Bu gatnaşyklary bolsa diňe habar beriş serişdeleri amala aşyryp bilýärdi.



«Türkmenistan» teleradioýaýlymlar merkezi

Ykdysadyýetiň ösmegi hem žurnalistikanyň ösmegine goltgy berýär. Emma syýasy we ideologik wakalar has hem täsirlidi. Ösýän buržuaziýa öňdebaryjy syýsatyny gazetleriň üsti bilen jemgyýete ýaýratmak islese, öňe sürse, monarhiýa we ybadathanalar öz dini garaýyşlaryny, agalygyny metbugatyň ösmegi bilen saklap galmak isleýärdi. Şol sebäpli hem rewolýusion döwürlerde gazetleriň sany köpelýärdi. Gazet çykarmak hukugy ugrunda göreşler barha giň gerim alýardy. Gazetleriň ýaýradylmagyny gadagan edýän ýa-da döwlete garşy çykyş eden žurnalistlere ölüm jezasyny bermäge rugsat berýän kanunlar çykyp ugraýar. Napoleon Bonapart bolsa «Gazetler diňe gowy habarlary ýaýratmalydyr, olar diňe gowy zatlary ýazan ýagdaýynda, men olaryň çykmagyna rugsat edip bilerin» diýýär.

Türkmenistanda XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlarynda rus dilinde az sanly kitaplar we gazetler, žurnallar çykyp başlaýar. Alymlar M. D. Annagurdow, M. G. Öwezberdiýew türkmen metbugatynyň döreýiş we ösüş taryhyna bagyşlanan işlerinde: «Käbir maglumatlara görä, rewolýusiýadan ozal neşir edilip, ekzemplýarlary saklanyp galan döwürleýin metbugat neşirleriniň sany takmynan ýigrimiden geçýär. Olaryň arasynda, monarhistik ugry ündeýän (meselem «Военная газета», «Еженедельная иллюстративная военная газета» – 1906 ýyl, «Асхабадский вестник» – 1905–1906-njy ýyllar), buržuaz äheňli («Закаспийское обозрение» – 1895–1913-nji ýyllar, «Асхабад» – 1899–1918-nji ýyllar), eserlere mahsus (meselem, «Средняя Азия» – 1906 ýyl, «Средне-Азиатский караван» – 1905–1906-njy ýyllar) we başga neşirler bar»[1] diýlip bellenilýär. Mundan başga-da M.D. Annagurdow: «Sosial-demokratik rewolýusion ugry ündän «Молот» (Gyzylarbat – 1906 ýyl) we «Солдат» (Aşgabat – 1906 ýyl) gazetleri legal däl ýagdaýda çykarylyp, galanlary köplenç legal ýagdaýda resmi rugsat berilmegi bilen çykarylypdyr»[2] diýip ýazýar. Sowet häkimiýetiniň ilkinji ýyllarynda «Известия Ашхабадского совета», «Трудовая мысль»

---

[1] *M.D. Annagurdow, M.G. Öwezberdiýew*. Türkmenistanyň metbugat taryhy. Aşgabat, 1990.

[2] Şol ýerde.

(Mary şäheri), «Чарджуй» (Türkmenabat şäheri), gazetleri çykyp başlaýar, ýöne olaryň ömri gysga bolýar. Diňe 1920-nji ýylyň 29-njy iýulynda «Türkmenistan» gazetiniň ilkinji sany çykýar we türkmen metbugatynyň düýbi tutulýar. Türkmenistanda ilkinji radiogepleşik 1927-nji ýylyň 22-nji dekabrynda efire goýberilýär. Telewideniýe bolsa 1959-njy ýyldan başlap işläp başlaýar.

Häzirki wagtda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe türkmen žutnalistikasy örän çalt ösýär. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen bu pudaga ýokary hilli tehnika we tehnologiýa enjamlary ornaşdyrylýar. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde täze neşirler, ýaýlymlar peýda bolup, olar özleriniň döwrebaplygy bilen tapawutlanýarlar. Ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň XX ýyllygyna bagyşlanyp dünýä ülňilerine laýyk gelýän, ýokary hilli tehniki enjamlar bilen ornaşdyrylan «Türkmenistan» teleradioýaýlymlar merkezi ulanylmaga berildi. Köpetdagyň gerşini etekläp oturan bu bina Ginnesiň rekortlar kitabyna girizildi.

SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:

**1.** Habar bermegiň ilkinji görnüşleri we çeşmeleri.
**2.** Ilkinji neşirleriň maksady we wezipeleri.
**3.** Türkmenistanda ilkinji neşirler.

## KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERINIŇ GÖRNÜŞLERI

Häzirki döwürde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň sany yzygiderli artýar. Tehnikanyň we tehnologiýanyň, aragatnaşyk serişdeleriniň ösmegi esasynda žurnalistika hem köp derejede özgerdi.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň dürli görnüşleri kem-kemden kemala geldi. Ilki gazetler, žurnallar, soňra habarlar gullugy, radiostansiýalar, telewideniýe we beýlekiler emele geldi. Häzirki wagtda bolsa internet žurnalistikasy, elektron žurnalistika we ş.m. žurnalistikanyň has operatiw görnüşleri döredi. Mundan sanlyja wagt öň hem çaphana işleri sehlerde gurşundan ýasalan li-


Telewideniýe
Radio
Metbugat
Surat
Internet
.com
www
Elektron žurnalistikasy

## KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERINIŇ GÖRNÜŞLERINIŇ AÝRATYNLYKLARY

| TELEWIDENIÝE | RADIO | METBUGAT | SURAT | INTERNET | ELEKTRON ŽURNALISTIKA |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. Operatiw (tiz).<br>2. Ynandyryjylygy ýokary.<br>3. Auditoriýasy giň.<br>4. Kabul edijiligi ýeňil.<br>5. Hereket şekili güýçli.<br>6. Islän wagtyň görüp bolmaýar. | 1. Operatiw (tiz).<br>2. Ynandyryjylygy boýunça telewideniýeden soňky orunda durýar.<br>3. Islän wagtyň, ýolda, işde we elektrotehnikanyň ýok ýerinde-de diňläp bolýar.<br>4. Çeperçilik serişdelerini ulanmak. | 1. Operatiwligi boýunça telewideniýeden we radiodan soňky orunda durýar.<br>2. Ynandyryjylygy telewideniýeden hem-de radiodan soňky orunda durýar.<br>3. Islän wagtyň okap bolýar.<br>4. Materiallar çeper beýan edilýär.<br>5. Materiallaryň göwrüminiň çägi ýok. | 1. Dokumental.<br>2. Operatiw.<br>3. Ynandyryjylygy güýçli.<br>4. Metbugat materiallarynyň dogrulygyny tassyklaýar.<br>5. Ýüz-gözi, mimikany, ýylgyryşlary görüp bolýar. | 1. Operatiw.<br>2. Žurnalistikanyň iň ösen görnüşi.<br>3. Auditoriýasy hemmesinden giň.<br>4. Dünýä boýunça täzeligi bilip bolýar.<br>5. Çeperçiligi pes.<br>6. Täsiri boýunça ýokary.<br>7. Kabul edijiligi ýokary derejede. | 1. El telefony.<br>2. Faks.<br>3. Diktofon (Ses ýazgy ulgamy).<br>4. Ýan kompýuterleri we planşetler. |

terleri gyzdyryp guýmak we beýleki el zähmeti bilen ýerine ýetirilýärdi. Ol döwür bilen deňeşdirilende, häzirki wagtda çaphana işleri has tapawutlydyr. Ähli işleriň kompýuterleşdirilmegi, iş şertleriniň ýeňilleşdirilmegi, sehlerde we beýleki ýerlerde hem täze tehnikanyň we tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy, işleri örän köp derejede ýeňilleşdirdi. Germaniýanyň «Heýdelberg» hususy kärhanasynyň maşynlary arkaly kagyzlar gazet ölçeginde kesilýär, olara reňk berilýär, çap edilýär we beýleki işler ýerine ýetirilýär.

Elbetde, gazet-žurnal žurnalistikasynyň, metbugatyň öz mümkinçilikleri, öz aýratynlyklary bar. Ilki bilen, olar hut resminamalar ýaly anyk maglumatlary saklaýjy serişdelerdir, olary haýsy döwürde, haçan öwrenseň hem maglumat hökmünde öz ähmiýetini ýitirmeýärler. Ikinjiden, gazet-žurnallary öz wagtynda okap ýetişmeseň hem soňra okap, öwrenmäge mümkinçilik bar. Üçünjiden, gazet sahypasynda iri göwrümli materiallary-da dowamly görnüşde bölekleýin, ýöne ýzygiderli berip bolýar. Gazet-žurnallarda diňe habarlar bilen tanyş bolman, eýsem özüňe ýakyn, gerekli çeşmeleri tapyp öwrenip, olardan peýdalanmak ýa-da dynç almak mümkinçiligi bar.

Häzirki wagtda redaksiýalarda kompýuter ulgamy bolup, olar çaphanalar bilen baglanyşdyrylandyr we gazet materiallary ol ýere diňe kompýuter ulgamynyň üsti bilen ugradylýar.

Gazetler günüň täzelikleriniň ählisini gyzgyny bilen bermek üçin gije işlenip ir ertire çenli taýýar edilýär .

*Telewideniýe* hem habar bermegiň iň bir operatiw görnüşi hasaplanýar. Sebäbi onda şu günki wakalary gazetdäki ýaly ertesi däl-de, eýsem hut şu günüň özünde bilip, görüp, diňläp bolýar. Gazetden tapawutlylykda, telewideniýede bolup duran wakany dolulygyna görmäge, synlamaga mümkinçilik döredilýär. Bu ýerde gahrymanlary tutuş durky, olaryň hereketleri, gözleriniň, ýüzleriniň alamatlary, şatlyk-gynançlary – duýgulary bilen synlamaga, daşyny gurşap alan ýagdaýlary seljermäge we adamyň psihologiýasyna göz ýetirmäge hem mümkinçilikler bar. Häzirki wagtda teleýaýlymlar arkaly alnyp görkezilişi göni ýaýlymdaky gepleşikler, emeli hemra

we kabel aragatnaşyklary arkaly amala aşyrylýar. Tomaşaçynyň telegepleşiklerden şeýle talaplary bar:

1. Sosial informasiýany onuň ähli ugurlary – akyl ýetiriş, göz öňüne getiriş, habarçylyk görnüşleri bilen bermeli.
2. Ähli meseleleri, milli aýratynlyklary jemgyýetiň töweregine jemlemeli.
3. Meseleleri çözmeklige tomaşaçylary çekýär we tomaşaçy – telewideniýe, tersine-de telewideniýe – tomaşaçy gatnaşyklarynda jemgyýetçilik aňynyň, durmuş ýagdaýlarynyň kämilleşmegini gazanýar we ş.m.
4. Dürli habarlary hödürlemek bilen tomaşaçylara saýlamaga mümkinçilik döredýär.
5. Ykdysady habarlary hödürlemek, reklamalar we ş.m. bilen pul-haryt gatnaşyklarynyň ösmegini gazanýar.
6. Dünýägaraýşyňy giňeldýär, endikleri kemala getirýär.
7. Durmuşy doly görkezýär, halkyň işjeňligini artdyrýar.

Daşary ýurtlarda döwlet we hususy teleýaýlymlar bolup, olaryň her biriniň öz aýratynlyklary we maksatlary bolýar. Bu daşary ýurt metbugaty barada aýdylanda hem şeýle.

*Radioda* hem gepleşikler gyzgyny bilen berilýär. Radioda wakanyň we adamyň psihologiýasyny telewideniýedäki ýaly göz ýetirip, aňlap, olary synlap bolmaýar. Ýöne adamlaryň begençlidigi ýa-da gynançlydygy, tolgunýandygy olaryň sesleri arkaly berilýär. Sehlerde maşynlaryň, haly fabriklerinde daraklaryň we ş.m. seslerini bermek bilen gepleşikleriň ynandyryjylygyny, täsirliligini ýokarlandyryp bolýar.

Ynandyryjylyk, täsirlilik meselesinde ilkinji orunda, telewideniýe durýar. Gazet-žurnallarda bolsa bu mesele diňe resmi maglumatlaryň we adamlaryň öz aýdan sözleriniň mysal getirilmegi arkaly berilýar.

Telewideniýäniň esasy aýratynlyklarynyň biri, onuň üçin aýratyn wagt tapmak zerurlygy bar. Radiony ýolda, maşynda barýarkaň-da, çölde bolsaň hem, öý ýa-da beýleki işleriňi ýerine ýetirip ýörkäň hem diňläp bolýar.

Häzirki wagtda surat, şekil žurnalistikasy hem ýokary dereje-de ösdi. Mundan biraz öňki döwürde-de suratlaryň hili, durnuklylygy öwerlik däldi. Häzirki wagtda suratlarda adamlaryň ýüzleriniň iň bir görünmesi kyn ownujak ýygyrtjagazlaryna çenli aýdyň şekillendirilýär, wakalaryň göze ilmeýän ownuk böleklerine çenli aýdyň görkezip bolýar. Bu ýagdaýlar bolsa adamlaryň we wakanyň psihologiýasyny açyp görkezmäge has-da giňden ýardam edýär. Tehnikanyň we tehnologiýanyň ösmegi bilen gahrymanyň diňe özüni däl, eýsem onuň tutuş psihologiýasyny surat arkaly anyklap bilmek mümkinçiligi žurnalistiň iş ýüküni ýeňledýär. Onuň gürrüň berýän zatlaryny suratlar tassyklaýarlar ýa-da tersine.

Käbir ýagdaýlarda ýazgylaryň bir zat, suratlaryň başga bir zat barada gürrüň berýän ýerlerine gabat gelmek bolýar. Suratlar bilen ýazgynyň sazlaşygy işiň netijeliligini kesgitleýär.

Häzirki wagtda *internet žurnalistikasy* ulanylyşa girdi. Internet arkaly islän gazetiňi, žurnalyňy okap, öwrenip bilmegiň özi žurnalistikanyň köpçülikleýin kommunikatiw serişdeleriniň tanalmaz derejede ösendigini we özgerendigini görkezýär. Elektron žurnalistika köp ýurtlarda ulanyşa girdi.

Žurnalistikanyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň tapawutly aýratynlyklaryny, täzeliklerini gündelik gazet-žurnal, telewideniýe, radio, surat we beýlekiler esasynda aýdyňlaşdyryp, deňeşdirmek işiň ähmiýetini ýokarlandyrýar.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

1. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň görnüşleri we aýratynlyklary.
2. Habar bermegiň operatiwligini we ynandyryjylygyny amala aşyrmagyň serişdeleri we ugurlary.
3. Auditoriýanyň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden esasy talaplary.
4. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň görnüşleri boýunça özbaşdak çyzgylary döretmeli, pikirleri we garaýyşlary beýan etmeli.

## ŽURNALISTIKA HABAR BERIŞ SERIŞDESI HÖKMÜNDE

«Informasiýa» latyn dilinden geçen söz bolup, «tanyş etme», «düzme», «habar berme» diýen ýaly manylary aňladýar we uly göwrümli eserlere çeşme bolup hyzmat edýär. Şeýle wezipe sungatyň taryhy dersinde obraza, syýasy ykdysadyýet dersinde haryda degişlidir.

Informasiýa materiallary toplamakda, olaryň üstünde işlemekde we olary belli bir görnüşe salyp, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen ýaýratmakda, žurnalistikanyň işleriniň bir görnüşi hökmüňde hereket edýär. Onuň esaslaryny, maksadyny hem hut şu işleriň üsti bilen ýüze çykarmak mümkin. Žurnalistikanyň öz maksadyny ýerine ýetirmeginde esasy serişdesi informasiýadyr. Ol bu meselede žurnalistika bilen auditoriýanyň araçysy, iş guraly bolup hyzmat edýär. Ol hut şol guralyň üsti bilen hem ýöriteleşdirilen sosial institut hökmünde žurnalistikanyň öňünde duran köpdürli wezipeleri ýerine ýetirýär. Şonuň üçin hem žurnalistika üçin dürli görnüşdäki, dürli derejedäki guramalaryň (metbugat, radio, telewideniýe we ş.m.) jemi köpçülikleýin habar beriş serişdeleri diýlip atlandyrylýar.



Žurnalistikanyň tejribesinde «informasiýa» sözi dar, ýöriteleşdirilen, hünär manysynda hem ulanylyp bilner. Ol žurnalistler tarapyndan ýurduň içki we halkara durmuşyna degişli bolan wajyp täzelikler, habarlar toplumyny aňlatmak üçin ulanylýar. Muňa meňzeş habarlar toplumyna düşündiriş berilmeýär. Olar žanrlaryň umumylaşdyrylan häsiýetnamasy hökmünde (habar, hasabat, reportaž, interwýu) ulanylýar. Habar bermekde synlaryň umumylaşdyrylan häsiýetleri hem ulanylýar. Zametka, interwýu, hasabat, reportaž-habar žanrlaryny, şeýle hem zametkanyň özüni, käte informasiýa diýip atlandyrýarlar. Telewideniýedäki we radiodaky «Watan», «Dünýä täzelikleri», «Çar tarapdan» we ş.m. gepleşikleri şeýle manyny aňladýan gepleşiklere degişlidir. Islendik makala, oçerk, reportaž, telefilmler, radiopýesalar informasiýanyň hyzmatyny ýerine ýetirip biler. Sözbaşylaryň özi-de habar häsiýetine eýe bolup biler. Materialyň, eseriň sahypadaky orny, ýerleşdirilen ýeri hem informasiýany aňladyp habar bermek häsiýetine eýe bolup biler. Hatda materialyň sözbaşysy-da habar häsiýetini berip bilýär. Şeýle ýagdaýda diktoryň (alyp baryjynyň) sesiniň tempi, intonasiýasy, gazetdäki şrift, format aýratynlyklary, goşmaça bezelen sahypalar hem informasiýanyň zerurlyklaryny, häsiýetli aýratynlyklayny nygtamaga ukyplydyrlar.

Şeýlelikde, žurnalistikada däp bolup giden «informasiýa» ýa-da «habar» sözi hakyky manysyndaky waka habarlarydyr. Olar telewideniýede, radioda we gazetde-de düşündiriş, syn berilmedik täzelikleri aňladýarlar. Olar «kommentirlenen habarlar», «çeper habarlar», «publisistik habarlar», «dünýägaraýyş habarlary» we beýlekilerdir.

Häzirki döwürde žurnalistikada, esasan hem, težurnalistikada sýužetleriň üsti bilen berilýän käbir wakalar, täzelikler, «düşündirişsiz» diýlen görnüşde berilýär. Şeýle atlandyrylýandygyna garamazdan, bu materiallardan hem, belli bir derejede, düşünje, maglumat alyp bolýar.

Ýöne «informasiýa» adalgasynyň iň giň düşünjesi hem onuň ýöriteleşdirilen manysyny aňladýar. Adalganyň «eserleriň jemi» düşünjesiniň ulanylyşy, «habarlaryň ulgamy» düşünjesine sinonim bo-

lup gelýär we şol manyda ulanylýar. Ähli eserlerde hem «informasiýa» adalgasynyň maglumat almak manysyny duýmak bolýar. Haçan-da uly göwrümli makala okalan wagtynda, bir sagatlyk telegepleşige tomaşa edilende ýa-da diňlenilende we ondan degerli many alyp bolmadyk ýagdaýynda «makalada many ýok» ýa-da «makala habara garyp eken», «gepleşikde täzelik ýok» diýilýär. Şu ýerde bir sorag ýüze çykýar. Eger-de žurnalist öz habarlaryny halka, köpçülige ýetiren bolsa, onda näme üçin okyjy ýa-da diňleýji ony bilmeýär, duýmaýar. Bu düşnüksiz mesele. Diýmek, žurnalistikada informasiýa hakyky ýagdaýdyr we ony bermegiň hem ugurlary, aýratynlyklary bolmalydyr.

Her bir esere žurnalist – auditoriýa özara gatnaşyklary tertibinde seretmek dogrudyr.

«Informasiýa» düşünjesi has umumylaşdyrylan ýa-da has inçe, gizlin mazmuny berip bilýär we ol žurnalistikanyň işiniň netijeliligine, esaslaryna göni gatnaşýar.

Informasiýanyň teoriýasynda «habar» ýa-da «informasiýa» adalgasy kabul edilendir. Bu adalga habar ulgamynyň ýeke-täk araçysydyr:

**Ž** ⟶ **I** ⟶ **A**

Žurnalistiň gazetde neşir edilen ýa-da ýaýlyma berlen materialyna (oçerk, telefilm ýaly) diňe potensial informasiýa (habarlaryň gory) hökmünde garap bolar. Sebäbi ol materialyň köpçülik tarapyndan kabul ediljegi ýa-da edilmejegi heniz belli däl. Hakykatdanda, eser ýa-da habar žurnalist bilen auditoriýanyň araçysy bolup çykyş edýär.

Materialy gyzykly hasaplaman okamadyk bolsalar, telegepleşigi görmedik bolsalar, gazete ýazylmadyk bolsalar, radionyň şygyrdyly eşidilýändigi we ş.m. üçin ondaky gepleşigi diňlemedik bolsalar, žurnalist-habar-auditoriýa ulgamy bozulýar we potensial informasiýa hereket ediji, wajyp, işjeň hakyky habara geçmeýär. Şeýlelikde, auditoriýa bilen gatnaşyk bozulan ýagdaýynda, ähli çap edilen, ýaýlyma berlen habarlar kabul edilmeýär.

Netijelilik meselesi – bu köpçülik bilen özara gatnaşyklaryň dogry ýola goýulmagydyr we diňe şeýle ýagdaýda potensial informasiýa hakyky habara öwrülýär. «Informasiýa» diýlip doly manysynda hereket edýän, işjeň habarlara aýdylýar. Habarlar auditoriýa tarapyndan kabul edilen we oňa täsir eden bolsa real görnüşe geçýär.

Informasiýa diňe habar bermekligiň däl, eýsem habar bilen ony kabul edijiniň gatnaşygydyr. Sebäbi diňe kabul ediji bilen birleşen ýagdaýynda habar informasiýany emele getirýär. Has dogrusy, habar informasiýany emele getirmeýär-de, eýsem kabul ediji habarlaryň içinden özüne gerek informasiýalary saýlap alyp, kabul edýär, öz aňyna siňdirýär we ş.m.

Žurnalistiň işiniň informatiwligi esasy üç hili ýol bilen ölçenilýär. Žurnalist öz makalalarynda ýa-da gepleşiklerinde şu gatnaşyklara üns bermeli. Olar makalanyň ýa-da gepleşigiň semantikasy, sintaktikasy we pragmatikasydyr. Eseriň semantikasy eserde näme barada gürrüň gidýändigini, eseriň hakyky durmuş bilen gatnaşyklaryny, sintaktikasy, eseriň içki gurluşynyň häsiýetli aýratynlyklaryny, pragmatika bolsa, eseriň auditoriýa bilen, halk bilen gatnaşygyny görkezýär. Şonuň üçin hem pragmatikadan başlalyň.

«*Pragmatika*» grek dilinden geçen söz bolup, «*hereket, tejribe*» diýmegi aňladýar. Bu ýerde habaryň hili barada, ony halka ýetirmegiň aýratynlyklary barada gürrüň gidýär. Pragmatikany onuň adekwatlygy bilen bilelikde öwrenmeli.

«*Adekwatlylyk*» latyn dilinden geçen söz bolup, «*gabat gelýän*» diýmegi aňladýar. Ýagny informasiýada gozgalýan meseläniň suratlandyrylyşy, beýan edilişi, baha berlişi, oňa çemeleşmäniň teklip edilýän ýollary hakyky durmuşa we auditoriýanyň, halkyň islegine laýyk gelmelidir. Mysal üçin, biziň gazetlerimizde gyşa taýýarlyk baradaky materiallarda gar arassalaýjy maşynlary köpeltmek barada gürrüň etmegiň zerurlygy ýok. Diýmek, biziň auditoriýa hödürleýän habarymyz durmuş zerurlyklaryna, auditoriýanyň, halkyň islegine laýyk gelmeli. Potensial habaryň reallygyny gazanmak üçin, ony halka nähili ýetirmelidigini bilmeli.

1 san = 1 real / 1 potensial . 100 % = x

Özünde 10 sany informasiýany saklaýan makalanyň diňe 1 sany informasiýasy kabul edilen ýa-da real informasiýa öwrülen bolsa, onda onuň 10% -i kabul edilendigidir. Bu işiň netijeliligini barlaýan esasy formulalaryň biri bolup, ol auditoriýanyň aňyýetini, gözýetimini, islegini, kabul edijilik derejesini kesgitleýän terezidir. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işjeňligini kesgitlemekde statistiki maglumatlary öwrenmek, olar barada belli netijä gelmek üçin hem bu formula ýüzlenip bolar. Informasiýalaryň täsiri bilen köpçüligiň aňyny belli ugra gönükdirip, ugrukdyryp, täze garaýyşlary döredip bolar. Bu ýerde habarlaryň sany barada däl-de, hili barada gürrüň gidýär. Netijede 1hil= f. f (real) bolup, informatiwligiň hil derejesi kabul edilen informasiýalaryň göwrümine däl-de, hiline baglydyr. Ýagny işiň netijesi kabul edilen informasiýanyň köpçülige täsir ediş güýjüne, bahasyna bagly ýüze çykýar. Bu formulalar žurnalistiň öz ugruny dogry kesgitlemegine, dogry hereket etmegine hem ýardam edýär. Şu nukdaýnazardan seredenimizde, žurnalist üçin informasiýanyň san, göwrüm we hil tarapy-da ähmiýetlidir.

Diýmek, eseriň pragmatiki adekwatlylygyny gazanmak üçin auditoriýanyň ýagdaýyny, oňa täsir etmegiň ýollaryny öwrenmeli.

*Birinjiden*, özboluşlylyk, täzeçillik zerur. Ýagny žurnalistiň okyjysyna ýa-da tomaşaçysyna hödürleýän habary halk üçin täze, öň eşidilmedik habar bolmaly. Oňa habaryň täzeçilligi diýilýär. Halkyň hakydasynda bar bolan öňki habarlary dikeldip, deňeşdirip, täze habaryň işjeňligini, wajyplygyny ýüze çykarmaly. Şeýle hem ähli gaýtalanýan habarlary belli bir ulgama salyp öwrenmeli we gaýtalamak (wariatiwlik) arkaly esasy pikiri, täzeligi aýdyňlaşdyrmaly.

Artykmaç habarlary aýryp, olaryň iň esasylaryny sütün edip goýmaly. Şonda habaryň originallygy (özboluşlylygy) ýüze çykýar.

*Ikinjiden*, habarlaryň halka ýetiriliş aýratynlyklary, köpçüligiň seniň döredijiligiňi kabul etmegi we oňa düşünilmegi esasy meseledir.

Žurnalistiň dili ýazuw görnüşindemi, şekil-surat görnüşindemi ýa-da saz we ş.m. bilen utgaşdyrylanmy, tapawudy ýok, esasy mesele düşünjäniň adekwatlylygyny we ikitaraplaýynlygyny gazanmak. Bir

söz bilen aýdylanda, žurnalist auditoriýanyň dilini tapmaly. Munuň üçin ol:

a. Halkyň öz dilinde gürlemeli.

b. Onuň islegini bilmeli.

ç. Deňeşdirmeler, frazeologizmler we ş.m. çeperçilik serişdeleri, nakyllar we ş.m. bilen habaryň kabul edijiligini ýeňilleşdirmeli, täsirliligini artdyrmaly.

*Üçünjiden*, habaryň gymmaty, ähmiýeti onuň relewantlylygyny düzýär. *Relewant* – iňlis dilinden geçen söz bolup, «*başarnyk*», «*işe degişlilik*» diýmegi aňladýar.

Auditoriýanyň gyzyklanýan zadyny anyklamaly, öwrenmeli, teşneligini gandyrmaly.

Eserlere pragmatika taýdan baha bermek bu auditoriýanyň ugruny, düşünjesini kesgitlemäge kömek edýär.

Eser bilen onda aýdylýan pikirleriň gatnaşygy eseriň semantikasyna degişlidir. Žurnalistikada islendik eser semantiki adekwatly bolmaly.

Habar halkyň aňyna hemmetaraplaýyn işjeň täsir etmeli. Şonuň üçin hem žurnalist wakalary, hereketleri, häsiýetleri, gatnaşyklary beýan edende, söz bilen olaryň suratyny çekmeli. Muňa bolsa «diskriptiw» habarlar diýilýär. «*Diskriptiw*» – bu latyn dilinden geçen söz bolup, «*beýan etme*» diýmegi aňladýar.

Netijede eseriň bahalylygy, agramy emele getirilýär. Bu bolsa eseriň özüne düşýän gymmatyny görkezýär. Harydyň özüne düşýän gymmaty jemi emele gelen bahadan önümi ýasamak üçin gerek bolan, sarp edilen serişdeleri, ussanyň, öndürijiniň we satyjynyň hakyny aýyrmak bilen kesgitlenilýär. Gazet materiallarynyň ähmiýetini ýa-da neşiriň özüne düşýän gymmatyny hem şeýle esasda kesgitläp bolar.

Şeýlelikde, eseriň semantikasyny, onuň dürli aýratynlyklaryny ýokarky adalgalar esasynda derňemegi öwrenmek zerur.

Habaryň üçünji aýratynlygy, onuň sintaktikasydyr. «Sintaktik» – grek sözi bolup, «*gurluş*» diýmegi aňladýar. Eseriň gurluşy onuň haýsy žanrda, haýsy faktoryň, faktlaryň, çeşmeleriň esasyn-

da gurlanlygydyr. Eserde gozgalýan meseläniň goýluş aýratynlyklary, täsirliligi, ynandyryjylygy, yzygiderliligi we beýlekiler onuň sintaktikasydyr. Islendik žurnalistik eser sintaktiki adekwatly bolmaly.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

**1.** Informasiýa žurnalistika bilen auditoriýanyň araçysy, inçe guralydyr.

**2.** Habarlaryň adekwatlylygy we beýleki aýratynlyklarynyň ähmiýeti.

**3.** Habaryň gymmatyny kesgitlemegiň we gazanmagyň ýollary.

**4.** Gazet-žurnal materiallaryny kesgitlemeler boýunça derňemeli.

**5.** Bu temadan barlag işine taýýarlyk görmeli.

# II BÖLÜM

## TEKST JANLY SÖZLEÝŞIŇ HASYLY HÖKMÜNDE

*Tekst hakynda düşünje*. Tekst («*dokma, sepleşme, birleşme*» diýen manylary berýän «*tehtus*» latyn sözündendir) diňe özara gatnaşyk mahalynda ýüze çykýar we belli bir ähmiýete eýe bolýar. Ol özara gatnaşygyň şekillenmesidir.

Rus alymy B.N. Golowiniň kesgitlemegine görä, tekst az ýa-da köp derejede gutarnykly görnüşe eýe bolan haýsydyr bir mazmunyň (manynyň) we bu mazmuny emele getirýän hem-de aňladýan formanyň (gepleýşiň) birliginden ybarat bolan dilden aýdylýan ýa-da ýazuwa geçirilen eserdir.

Şeýlelik bilen, tekstiň esasy alamatlary aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Böleklere bölünmek (Tekst birnäçe sözlemden ybarat bolup, sözlem bilen deňeşdireniňde ýokary derejedäki aragatnaşyk birligidir. Ýöne bu pikir jedellidir. Käbir alymlar gutarnykly häsiýetli ýaýraň bir aňlatmany-da, gepe gatylmany-da tekst hasaplaýarlar).

2. Many bütewiligi (Bu bütewilik materialy saýlap almagy esasy pikiri bermek wezipesine tabyn etmek ýoly bilen gazanylýar, ýagny tekstiň düzümine girýän sözlemler tema we öňe sürülýän pikir taýdan özara baglanyşmalydyr).

3. Baglanyşyklylyk (Tekst manylary boýunça, şonuň ýaly-da, dil birlikleriniň: gaýtalanýan sözleriň, at we görkezme çalyşmalarynyň, sinonimleriň, antonimleriň, düzmeli baglaýjylaryň we şuňa meňzeşleriň kömegi arkaly özara baglanyşýan sözlemlerden ybarat bolýar).

*Tekstiň görnüşleri.* Diliň, pikirlenişiň ýüzýyllyklaryň dowamyndaky ösüşiniň netijesinde gepleýän kişiniň öz öňünde goýýan wezipelerini çözmegi üçin has täsirli, tygşytly we anyk usullar, çyzgylar we söz gurluşlary işlenilip taýýarlanyldy. Şol sebäpli hem monologik (birtaraplaýyn) gepleýşiň beýan etme, gürrüň berme, pikir öwürme ýaly düzüm böleklerini tapawutlandyrýarlar. Dil ylmynda bu bölekleri tekstiň wezipeleýin-manylaýyn görnüşleri diýip atlandyrmak şertleşilip, munuň özi olaryň aýdylýan zadyň maksady we mazmuny bilen baglydygyny görkezýär. XIX asyryň ritoriklerinden gözbaş alyp gaýdýan bu böleklerde bölme täri şertleýin häsiýete eýedir. Iş ýüzünde, söz sözlenen mahaly tekstiň görnüşleri biri-biriniň ýerini çalşyp durmak bilen, gepleýşe köpdürlülik öwüşginini berýärler.

*Beýan etme* gürrüňi edilýän zadyň alamatlaryny, onuň wagtlaýyn häsiýetnamalaryny ýa-da hemişelik hallaryny, hillerini, ýagdaýlaryny açyp görkezýär. Tekstiň bu görnüşi: «Gürrüň haýsy zat barada barýar?» diýen soraga jogap berýän ýaly duýgy döredýär. Köplenç ýagdaýda, beýan etmek – bu bir wagtyň özünde göz öňünde janlanýan hereketsiz şekildir. Resmi – iş häsiýetli gepleşik dilinde häsiýetnama beýan etmegiň bir görnüşini emele getirýär. Tehniki beýan onuň hususy ýagdaýy hasaplanýar.

*Gürrüň berme* özara berk bagly bolan wakalary, hereketleri geçmişde bolup geçen ýaly edip açyp görkezýär. Bu görnüş «Näme bolup geçdi?» diýen soraga jogap berip, dünýäni hereketiň mesgeni hökmünde göz öňünde janlandyrýar.

*Pikir öwürme* delillendirmek, sebäp-netije gatnaşyklaryny ýola goýmak arkaly zatlary we hadysalary öwrenmegi, olaryň içki alamatlaryny açyp görkezmegi maksat edinýär. Logikanyň (mantygyň) nukdaýnazaryndan pikir öwürme – bu haýsydyr bir tema boýunça yzygiderli görnüşde beýan edilen pikir netijeleriniň hatarydyr. Dünýäni şunuň ýaly edip sebäp-netije gatnaşyklary esasynda açyp görkezmek – bu: «Näme üçin?» diýen soragyň özboluşly jogabydyr. Ylmy tekstlerde, köpçülikleýin habar beriş dilinde duş gelýän kesgitlemäni we düşündirişi pikir öwürmäniň bir görnüşi hasaplaýarlar.

Pikirleniş logikasy islendik pikir öwürmede tezis – subut edilmegi gerek bolan oý-pikir ýaly bölekleriň bolmagyny, öňe sürlen pikiri delilleriň we subutnamalaryň kömegine daýanyp esaslandyrmagy talap edýär. Deduktiw we induktiw pikir öwürmeleriň gurluşyny çyzgynyň üsti bilen hem aňlatmak mümkin:

1. Deduktiw pikir öwürme

TEZIS -------------- DELILLER ----------- HETIJE

2. Induktiw pikir öwürme

DELILLER -------- AÇYP GÖRKEZMEK ------ TEZIS

Dogrudygy iş ýüzünde barlanylyp görlen we subut edilen delilleriň-pikirleriň jemine delilnamalar diýilýär.

Delilnamalaryň iki görnüşi bolýar:

1. Işiň düýp özeni bilen bagly delilnamalar. Olar synlamagyň, tejribäniň kömegi arkaly anyklanylýan maglumatlardan, san görnüşindäki ýa-da statistik häsiýetli materialdan, resminamalardan, subut edilen pikirlerden we şuňa meňzeşlerden ybaratdyr.

2. Adam bilen bagly delilnamalar tanymal adamlaryň: alymlaryň, ýazyjylaryň, jemgyýetçilik işgärleriniň, hünärmenleriň aýdan sözlerine, pikirlerine salgylanmakdan; öwgi sözlerinden, gürrüňdeşiniň artykmaç taraplaryna we kemçiliklerine, üşügine ünsi çekmekden ybarat bolup, okyjyda (diňleýjide, tomaşaçyda) nebsagyrjylyk we duýgudaşlyk duýgularyny oýarýar.

Birinji görnüşiň delilleri subut etmäge, ýagny, tezisiň dogrudygyny kesgitlemäge, ikinji görnüşiň delilleri bolsa ynandyrmaga – diňleýjileri pikirdeşiňe öwürmäge gönükdirilendir. Aýdylýan zadyň ynandyryjylygynyň esasy onuň subut edilmegidir. Ýöne ritoriki ussatlyk: äheň, gepleýiş aýratynlyklary, ses we şuňa meňzeşler hem möhüm ähmiýete eýedir.



**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

**1.** Tekstiň esasy alamatlary we görnüşleri.
**2.** Pikirleniş logikasy we tekstiň gurluşy.
**3.** Tekstde delilnamalaryň ulanylyş aýratynlyklary.
**4.** Tema boýunça ýazuw işine taýýarlanmaly.

## ŽURNALISTIKADA FAKTLARYŇ ORNY

Žurnalist hemişe gözlegde bolýar. Ol hemişe jemgyýetçilik ähmiýetli wakalary gözleýär, öwrenýär. Bu işi ýerine ýetirmekde esasy serişde bolup faktlar hyzmat edýär. Wakalar, hadysalar, adam we onuň durmuşy gatnaşyklary faktlary toplamagyň esasy çeşmesidir. Öwrenýän obýektini saýlamakda, onuň özboluşlylygyny görmekde, esasy aýratynlyklaryny kabul etmekde, beýan etmekde, bahalandyrmakda we ş.m. žurnalistiň pikiri, dünýägaraýşy uly ähmiýete eýe bolýar. Şonuň üçin hem faktyň obýektiw we subýektiw gatnaşyklary baradaky meselede köp awtorlar faktyň özüni, onuň mazmunyny wakanyň obýketiw beýany, faktlaryň işlenilen, garaýyşlar, pikirýöretmeler esasynda emele gelen görnüşini bolsa, subýektiw beýanyň şöhlelendirilmesi hasap edýärler. Žurnalistler üçin wakanyň obýektiw şöhlelendirilmesi faktlaryň berk yzygiderliliginiň aňlatmasydyr. Eger şeýle bolsa, onda awtoryň pikirleri, pikir öwürmeleri, kommentariýeler barada näme aýdyp bolar? Elbetde hroniki we beýleki habarlarda goşantsyz, arassa faktlar bilen oňup bolar, emma sel-



jerme-analitiki, çeper-publisistiki materiallarda faktlar goşmaça orna eýe bolýar we olar diňe haýsydyr bir pikiri tassyklamak, delillendirmek üçin ulanylýar. Şeýlelikde, bu görnüşlerde žurnalist faktlary hemmetaraplaýyn seljermek bilen çäklenmeýär we oňa bolan garaýyşlaryny, pikirlerini hem beýan edýär. Žurnalist üçin fakt matematiki ýa-da ylmy anyklyk däldir. Täzelikleriň anyk, duýgular, pikirler bilen geýindirilmedik arassa beýany faktlary pikir öwürmelerden, garaýyşlardan saýlaýar. Obýektiw beýanlar wakalaryň we faktlaryň anyk berlişi bolup, munda goşmaça pikir-garaýyşlar bolmaýar. Wakalaryň goşmaça, seljerme beýanlaryny goşmak obýektiwlik teoriýasyna laýyk gelmeýär. Wakalary obýektiw şöhlelendirmegi niýet edinen žurnalist faktlary öz hususy pikirleri, ylmy garaýyşlary, tejribeleri bilen garyşdyrmaly däldir.

Žurnalistikada fakt hakykaty real şöhlelendirmegiň sosial-jemgyýetçilik häsiýetdäki esasy guralydyr. Žurnalistler faktyň kömegi bilen durmuşyň köp keşpli modelini-suduryny, şekilini, görnüşini döredýärler. Habar, seljerme we çeper-publisistik materiallarda dürli jemgyýetçilk ähmiýetli çäreleri, wakalary, hadysalary doly we adekwatly şöhlelendirmek üçin sosial, hukuk, taryhy, edebi, medeni we beýleki ulgamlardan toplanan faktlar ulanylýar. Faktlara adekwatly gatnaşyk halkyň ynamyny gazanmakdyr. Ýöne obýektiwlik teoriýasynyň bozulan ýerinde žurnalistler faktlara nähili ynanmaly we kabul etmeli?

Birinjiden, olaryň çeşmesini anyklamaly.

Ikinjiden, faktlary habar berýän respondentleriň (adamlaryň) maksadyny bilmeli.

Üçünjiden, ylmy faktlary beýleki görnüşli faktlardan anyk tapawutlandyrmaly.

Ylmy faktlar hemişe köp sanly gözleglere, sosiologik barlaglara, tejribelere, dowamly synlara esaslanýar. Olar hemişe seljermeleriň, deňeşdirmeleriň, umumylaşdyrmalaryň netijesidir. Şonuň üçin hem obýektiwlige we anyklyga zerurlyk ýokarlandygyça, tejribe synçylyklara, gözleglere, statistiki usulyýete we ş.m. talap hem ýokarlanýar. Žurnalistler seljerme-analitiki we çeper-publisistiki eserleri döretmekde ylmy faktlary köp peýdalanýarlar. Sosiologik gözlegleriň, ekspert

materiallarynyň, statistiki maglumatlaryň, geçirilen dürli tejribeleriň esasynda emele gelen faktlar bu görnüşli materiallarda giňden ulanylýar. Olar awtoryň pikirini, garaýyşlaryny tassyklamak, delillendirmek üçin ynamly, anyk serişde bolup hyzmat edýär. Statistiki maglumatlar faktlaryň berlişinde esasy aýratynlykdyr. Munda sanlaryň dili bilen meseläniň esasyny, wakanyň ösüşiniň ölçegini şekillendirip we olaryň esasynda netije çykaryp, çözgüt edip bolýar. Köplenç ýagdaýlarda ylmy faktlar publisistik eserleriň esasy meselesi bolup hyzmat edýär.

Žurnalistikada adaty faktlaryň hem hyzmaty uludyr. Bu görnüşli faktlar beýleki wakalar bilen bilelikde adamlaryň gahrymançylyklary, üstünlikleri barada hem gürrüň berýärler we publisistik materiallar üçin esasy çeşme bolup hyzmat edýärler.

Žurnalistiki eserlerde faktlar birnäçe wezipeleri ýerine ýetirýärler; informasiýanyň özeni bolup, argument hökmünde we ylmy esas, subutnama bolup hyzmat edýärler. Bir ýagdaýda faktlar arassa habar hökmünde çykyş etse, beýleki bir ýagdaýda wakanyň yzygiderliligini yzarlaýar, wakanyň sebäbini, esasyny ýüze çykarýar. Ýene bir ýagdaýda bolsa, döwürdeş adamyň dokumental (hakyky) keşbini döretmäge hyzmat edýär. Maksadyna laýyklykda habarlary ulanmaklygyň açyp görkezmek, beýan etmek, şekillendirmek we faktlaryň üstünde pikir ýöretmek ýaly birnäçe usullary bar. Faktlary habar, seljerme-analitiki, çeper-publisistik žanrlarda ulanmaklygyň usulyýeti özboluşly aýratynlyklara eýedir.

Real hakykat adamlara bagly bolmadyk ýagdaýda ýüze çykýar. Ol bar zatdyr. Emma faktlar öz-özünden döremeýärler. Olar žurnalistiň görüp, saýlap, toplap bilşine, düşünjesine, dünýägaraýşyna, ylym-bilim derejesine baglylykda ýüze çykýar.

Jemgyýetçilik durmuşynyň çylşyrymlaşmagy, köpçülikleýin habar-beriş – aragatnaşyk kommunikasiýa serişdeleriniň ösmegi netijesinde habarlaryň suratlandyrylmak esasynda berilmegi has giňden ýaýbaňlanýar. Olary birnäçe görnüşe bölüp bolar.

1. Şekillendirijilik-suratkeşlik keşpleri.
2. Publisistik-suratkeşlik keşpleri.
3. Fotografiýa keşpleri.

Žurnalistikada tekstiň suratkeşlik esasynda beýan edilişi uly ähmiýete eýedir. Bu usulda awtor öz toplan täzeliklerini diňe habar bermek bilen çäklenmeýär we ol halkyň aňyna, estetiki duýgularyna täsir etmek arkaly okyjylaryny yzyna düşürýär.

*Habar žanrlarynda faktyň ulanylyşy.* Habar žanrlarynyň esasy wezipeleri adamlaryň jemgyýetçilik durmuşynyň ähli pudaklaryndan ähmiýetli täzelikleri öz wagtynda habar bermekden ybarat.

Hroniki habarlarda täzelikler haýsydyr bir faktda ýa-da san bilen aňladylýan materiallar arkaly berlip bilner. Habar bermek üçin jemgyýetçilik ähmiýetli wakalaryň islendigini alyp bolar. «Şu gün», «Düýn», «Ertir» ýaly sözler bilen başlanýan habarlarda adatça bir ýa-da iki sany kommentariýesiz faktlar ulanylýar. Faktlary bermegiň birnäçe görnüşi bar. Birinji görnüşde žurnalist okyjylara wakany operatiw habar berýär. Bu görnüşe gysgadan anyk berilýän habarlar degişli bolup, munda wakanyň diňe anykdan gysga beýany berilýär. Bu hili habarlar **gysga habarlar** diýlip atlandyrylýar. Ikinji görnüşde operatiwlik gowşak berlip, onda haýsydyr bir wakanyň, täzeligiň özboluşlylygyna, aýratynlygyna üns berilýär. Bu görnüşli habarlara **gyzykly habarlar** diýilýär. Bu hili täzeliklerde faktlaryň yzygiderligine, haýsydyr bir gyzykly taraplaryna ýykgyn edilýär. Şeýlelikde, gysga, hroniki habarlar bir ýa-da iki fakt esasynda guralýar. Habaryň ikinji görnüşinde täzeliklere, faktlara däl-de, şol täzeligiň artykmaçlyklary, anonslara we beýlekilere uly orun degişlidir.

Faktlar reportažda nähili hyzmaty ýerine ýetirýärler? Reportaž haýsydyr bir tamamlanan däl-de, döwam edip duran wakanyň beýanydyr. Şonuň üçin hem žurnalist faktlary beýan etmek bilen çäklenmän, eýsem oňa bolan gatnaşygyny beýana siňdirip, wakanyň ösüşini görkezmelidir. Reportažda awtoryň hyzmaty uludyr. Wakalaryň yzygiderliligi, esasy wakalaryň saýlanyp, öňe geçirilip, beýlekileriň yzda berilmegi, eseriň sýužet-kompozisiýa gurluşy we ş.m. awtoryň öz ussatlygyna baglydyr. Reportažda awtoryň garaýyşlary içgepletmelerde, pikir öwürmelerde, yza çekilmelerde, häsiýetlendirmelerde we ş.m. ýüze çykýar. Bu ýagdaýlar awtoryň esere bolan gatnaşygyny görkezýär.

Interwýuda awtor haýsydyr bir zada salgylanmaly bolanda bu žanra ýüzlenýär. Žurnalist faktlary öz adyndan däl-de, waka degişli bolan adamlaryň adyndan beren ýagdaýynda eser ynandyryjy, täsirli bolýar. Gazet-žurnal interwýulary radio-telewideniýede berilýän interwýulardan tapawutlanýar. Gepleşik görnüşli söhbetdeşliklerde respondent ( awtoryň söhbetdeşi) gürrüňi bilip ýa-da bilmän temadan başga tarapa sowlup ýa-da temadan daşlaşyp hem biler. Emma gazet-žurnallarda beýle ýagdaýa ýol bermek bolmaýar. Interwýuda faktlar žanryň görnüşlerine görä ulanylýar.

*Seljerme-analitiki žanrlarda faktyň ulanylyşy.* Bu görnüşli eserlerde faktlar goşmaça rol oýnaýarlar. Seljerme žanrlarynda faktlaryň ulanylyşyny logikasy esasynda aşakdaky görnüşlere bölüp bolar.

1. Faktlaryň düşündirilişi we özara baglanyşyklary.
2. Faktlaryň esasy şertleriniň, ýagdaýlarynyň düşündirilişi.
3. Faktlaryň sebäpleriniň düşündirilişi.
4. Faktlary tapmak we saýlamak meselesi.

Seljerme žanrlarynda faktlar haýsydyr bir pikiri, çykarylan netijäni, çözgütleri tassyklamak, subut etmek, haýsydyr bir wakany dabaralandyrmak üçin ulanylýar. Mysal üçin, «Türkmen türgenleri iri halkara ýaryşlaryna gatnaşyp, 284 medal, şol sanda altyn medallaryň 82-sini, kümüş medallaryň 89-syny we bürünç medallaryň 113-sini gazandylar». («Türkmen sporty» gazeti, 26.01.2013 ý. 2-s.) «Üstünlikler ýolunda» atlandyrylan bu korrespondensiýada esasy mesele türkmen sportunyň giňden ýaýbaňlanýandygy barada bolup, faktlar esasy aýdylýan pikirleri tassyklamak üçin ulanylypdyr.

Seljerme-analitiki žanrlarda faktlar dürli görnüşde statistiki maglumatlar, sosiologik barlaglar we ş.m. bilen getirilip bilner.

*Çeper-publisistiki žanrlarda faktlaryň ulanylyşy.* Çeper-publisistik žanrlarda dokumental (hakyky) keşp döretmegiň öz aýratynlyklary bar. Publisistikanyň bu görnüşine çeper keşplilik, tipiklik, edebi-çeper suratkeşlik serişdeleriniň giňden ulanylmagy mahsusdyr. Çeper-publisistik žanrlaryň özeninde anyk faktlar durýar. Ýöne kesgitleýji orun awtoryň şol faktlardan täsirleniş ýagdaýyna, pikirine

degişli bolýar. Publisist öz gahrymanynyň durmuşyny beýan etmekde birnäçe görnüşde faktlara ýüzlenýär:

1. Faktlary hususy garaýyşlary esasynda seljermek.
2. Içki duýgularyny paýlaşmak.
3. Gahrymana degişli duýgy gatnaşyklaryny ýüze çykarmak.
4. Maglumatlar esasynda wakanyň ösüşini görkezmek.

Žurnalist faktlary dogry saýlamagy we oňa bolan garaýyşlaryny dogry bermegi başarmaly. Mysal: «...Hormatly Prezidentimiziň 2012-nji ýylyň 14-nji noýabryndaky Buýrugyna laýyklykda, Türkmenistanyň Milli sport we syýahatçylyk institutynyň 4-nji ýyl talyby Gülbadam Babamyradowa 10 müň, Lebap welaýatynyň sport baradaky komitetiniň Türkmenabat şäherindäki 4-nji sport mekdebiniň tälimçi mugallymy Gülnar Haýtbaýewa 5 müň, Türkmenistanyň ýokary sport ussatlygy mekdebiniň dzýudo bölüminiň tälimçi mugallymy Nasiba Surkiýewa 3 müň .... amerikan dollary möçberinde pul baýragyny aldylar...» («Türkmen sporty» gazeti, 26.01.2013 ý. 2-s.)

Faktlary diňe dogry saýlap, seljerip başarmak däl, eýsem olary dogry bahalandyryp, olar baradaky garaýyşlaryňy täsirli beýan edip bilmek žurnalistiň ussatlygynyň esasy şertleridir.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

**1.** Obýektiw teoriýa we fakt.
**2.** Faktyň habar materiallarynda ulanylyşy.
**3.** Faktyň seljeme we publisistik materiallarda ulanylyş aýratynlyklary.

## ŽURNALISTIŇ WEZIPELERI

«Funksiýa» latyn dilinden geçen söz bolup, işiň häsiýetini, ýerine ýetirilişini, «borç, wezipe» diýmegi aňladýar. Funksiýa bilen baglylykda žurnalistiň jemgyýetdäki orny ýüze çykýar. Žurnalistikada işiň her bir görnüşi, onuň wezipeleri, meseleleri we olaryň çözülişi bilelikde häsiýetlenýär. Ýagny işiň wezipesi onuň maksadyny aýdyňlaşdyrýar. Onuň ýerine ýetirmeli işleriniň haýsy ýollar bilen ama-

la aşyrylmalydygyny anyklaýar. Iň ýaramaz arhitektor iň gowy bal arysyndan öz maksadyna ýetmek üçin ýerine ýetirmeli işiniň meýilnamasyny we wezipesini ilki aňynda gurýandygy, düzýändigi bilen tapawutlanýar.

Ýerine ýetirilmeli işleriň meýilnamasy maksadalaýyk düzülende onuň netijeliligi ýokary bolýar.

**Wezipeler** → **Meýilnama** → **Serişdeler** → **Publisistik görnüşler** → **Netijeler** → **Çözgüt**

Bu wezipeler žurnalistikanyň jemgyýetdäki ornuny kesgitleýär. Şonuň üçin hem ol subýektiw çyzgy däl-de, žurnalistikanyň jemgyýetdäki ornuny kesgitleýän, kanunlara esaslanýan anyk, obýektiw wezipe bolmalydyr.

Žurnalist öz işlerini anyk ýerine ýetirmeli. Onuň üçin hem ol ýasamalykdan, ýalan sözden, harsallykdan gaçmaly. Iň bolmanda, ösümlikleriň hem, gülleriň hem öz içki kanunlarynyň bardygyny biz bilýäris. Biz munuň şeýledigine göz ýetirmeli we öz aňymyzda ykrar etmeli. Haçan-da žurnalist şeýle zatlary öwrenip, düşünip, dogry hereket eden ýagdaýynda, oňa adamlara, jemgyýete dogry düşünmek we öz maksadyny ýokary derejede ökde, ussatlyk bilen ýerine ýetirmek başardar. Ösümlikleriň içki kanuny bar bolsa, tebigatyň hem, adamlaryň hem, jemgyýetiň hem öz kanunlary bar. Bu kanunlary bozman, olara päsgel bermän hereket etmegi başarmak žurnalistiň esasy wezipesidir.

Mysal üçin, adamlaryň iş üstünlikleri, häsiýetli aýratynlyklary barada ýazylýan eserleriň ähmiýeti, gymmaty žurnalistiň ussatlygyna bagly. Ýöne şol eserler tankydy görnüşde ýerine ýetirilýän ýagdaýynda-da, adamlaryň şahsyýetine degmek, olary kemsitmek bolmaýar.

Şeýlelikde, adamyň maksady onuň hereketleriniň häsiýetlerini we görnüşlerini kesgitleýär. Muňa žurnalistikada funksiýa diýilýär. Bu «borç», «wezipe» diýmekdir.

Funksiýa esasy üç görnüşe bölünýär:

I. Ideologiki funksiýalar.

Bu funksiýalar esasy ideýa-terbiýeçilik häsiýetine eýe bolup, halk köpçüliginiň aňyna, düşünjesine täsir etmek we ony dogry ýola gönükdirmegi maksat edinýär

II. Guramaçylyk funksiýalary.

Bu funksiýalar žurnalistlerden dürli edaralaryň, kärhanalaryň iş şertlerini, düzgünlerini, işiň, önümiň hil derejesini öwrenmegi we seljermegi talap edýär.

III. Medeni funksiýalar.

Bu wezipeler, esasan, edebiýat, sungat we adamlaryň gowy dynç almaklary üçin niýetlenen işleri, eserleri öwrenýär. Muňa reklama, sorag-jogap habarlary hem girýär.

Bu üç topar özara berk baglanyşyklydyr we žurnalistikanyň işiniň derejesini, hilini kesgitlemäge ukyplydyr.




Görşümiz ýaly, žurnalistiň işi onuň funksiýalaryny nähili ýerine ýetirýändigi bilen ölçenilýär. Funksiýalar bolsa ýokarky çyzgyda görkezilişi ýaly, biri-biri bilen berk baglanyşykly. Şu nukdaýnazardan seredenimizde häzirki döwrüň žurnalistikasy, öňki döwre garanyňda, tapawutlydyr. Häzirki wagtda žurnalistika öňküleri ýaly tejribäniň (praktika) yzyna düşmeýär, tersine, häzir nazaryýet (teoriýa) žurnalistikadan has öňe geçdi. Başgaça aýdylanda, žurnalistikada tejribe we teoriýa işleri deň sazlaşykda bolup, ol filosofiýa, psihologiýa, logika, etika, statistika, sosiologiýa ýaly jemgyýetçilik ylymlaryna esaslanýar we olar bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Žurnalisti we žurnalistikany wezipesiz, maksatsyz, meýilnamasyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Şu nukdaýnazardan žurnalist

bilen (onuň degişli redaksiýasynyň) redaksiýanyň umumy funksiýasy gabat gelmelidir we bir-biri bilen berk baglanyşykly bolmalydyr. Žurnalist öz işine degişli funksiýalary ýerine ýetirmek bilen, belli bir derejede, redaksiýanyň hem işini ýerine ýetirýär. Sebäbi onuň öwrenýän, beýan edýän işi, obýekti, materialy we beýlekileri şol bir wagtda, redaksiýanyň hem meýilleşdirilen işidir. Diýmek, žurnalist öz işini özbaşdak ýerine ýetirýän hem bolsa, onuň işi şol bir wagtda köpçülikleýin häsiýete eýedir. Diýmek, redaksiýanyň wezipeleriniň ýerine ýetiriliş derejesi, onuň işgärleriniň, ýagny žurnalistleriň öz wezipelerini ýerine ýetiriş derejesine deňdir, baglydyr. Diýmek, žurnalistikada funksiýalar iki görnüşde – umumy we adaty görnüşde ýerine ýetirilýär. Bu ýerde prinsipler barada hem şeýle zatlary aýdyp bolar. Redaksiýanyň prinsipleri bilen žurnalistleriň prinsipleri adaty we köpçülkleýin häsiýetdedir.

Bu wezipeleri alty topara bölüp öwrenip bolýar.

1. Gatnaşyk, işewür gepleşikleri ýola goýmak wezipesi. Bu žurnalistiň esasy wezipeleriniň özeni, çeşmesi hasaplanylýar.

2. Guramaçylyk funksiýasy žurnalistikanyň jemgyýetde «dördünji häkimýet» diýlip atlandyrylmagyny, ornuny aýdyňlaşdyrýar.

3. Halk köpçüliginiň aňyna täsir etmek bilen baglanyşykly ideologiki (ideýa – grek dilinde «pikir, düşünje» diýmegi aňladýar) funksiýalar.

4. Medeni-bilim funksiýasy. Ýokary medeni gymmatlyklary durmuşa ornaşdyrmak, terbiýeçilik işleri we ş.m.

5. Reklama, sorag-jogap funksiýasy. Syýahatçylyk, bagçylyk, sport we ş.m. işler.

6. Dynç almaga niýetlenen – rekreatiw funksiýalar.

Funksiýalary dürli görnüşde gurap bolar, ýöne olaryň maksady, wezipeleri ýeke-täkdir. Ýurduň Prezidentiniň alyp barýan syýasatyny, döwlet ähmiýetli çäreleri wagyz etmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak we döwrebap pikirlenýän şahsyýeti, ösen jemgyýeti kemala getirmek meselelerini wagyz etmek we beýlekiler.

## ŽURNALISTIKANYŇ WEZIPELERI

Žurnalistika birnäçe wezipelerden ugur alýar. Olar:

1. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasatyny, döwlet ähmiýetli, il-ýurt bähbitli durmuşa geçirýän işlerini wagyz etmek, halk köpçüligine düşündirmek.

2. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak, halk köpçüligini dogry ýola gönükdirmek.

3. Döwrebap pikirlenýän şahsyýeti, ösen jemgyýeti kemala getirmek. Ideýa-terbiýeçilik işleri. Halkyň ruhuny galkyndyrmak we beýleki ençeme işlerden ybaratdyr.

Elbetde, bu wezipeler özara berk baglanyşýarlar.

Halk köpçüligini jebisleşdirýän, aňyýetini belli bir maksada gönükdirýän, dürli habarlaryň, gepleşikleriň zerurlygy jemgyýetde žurnalistikanyň ornuna we abraýyna baglydyr. Dürli ýurtlarda žurnalistler dürli pikirlere, guramalara, partiýalara gulluk edýärler. Muňa žurnalistikada «plýuralizm» (köp garaýyşly, pikirleriň köpdürlüligi) diýilýär.

Biziň ýurdumyzda hormatly Prezidentimiz halkyň bagtly ýaşaýşy ugrunda ençeme döwlet ähmiýetli işleri durmuşa geçirýär. Žurnalistler barada bolsa aýratyn alada edýär, žurnalistiň öz işlerini, žurnalistikanyň wezipesini ýerine ýetirmegi üçin ähli mümkinçilikler döredilýär.

Her döwrüň öz meseleleri, öz wezipeleri bolýar. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hem žurnalistikanyň öz wezipeleri we meseleleri bar. Bu döwürde žurnalistikanyň esasy meselesi hormatly Prezidentimiziň türkmen halkynyň röwşen geljegi üçin amala aşyrýan işlerini wagyz etmekden, ýurtda ylym-bilim, edebiýat, sungat, medeniýet, ykdysadyýet, oba hojalygy we ş.m. dürli pudaklardaky ösüşleri, täzelikleri döwrebap beýan etmek bilen ýurduň ösüşini görkezmekden, olary aýdyň, täsirli, ähmiýetli şöhlelendirmekden, dünýä ýaýmakdan ybarat.

Elbetde, bu meselede sanlar, seneler, maglumatlar, sosiologik gözlegleriň we statistikanyň maglumatlary žurnalistiň dürli žanrlardaky döredijiliginiň ynandyryjylygyny ýokarlandyrmaga hyzmat etdirilmelidir. Daşary ýurt işewür toparlarynyň biziň ýurdumyzyň bäh-

bidine durmuşa geçirýän işleri, dürli temalara bagyşlanan halkara ylmy-amaly maslahatlar, seminarlar, ýaşlarymyzyň diňe öz ýurdumyzda däl, eýsem beýleki ösen döwletlerde hem okamaga mümkinçilik almaklary şu günki žurnalistikamyzyň wagyz etmeli meseleleridir.

Şeýle hem žurnalistikanyň şu günki meseleleri, halkyň bilim derejesi, dünýägaraýşy, özüni alyp barşy, sosial işjeňligi, jemgyýetdäki orny we ş.m. žurnalistiň öwrenmeli, beýan etmeli işleridir. Žurnalist özüniň name üçin göreşýändigini, nämäni gazanmak isleýändigini bilmeli we bu meselä aňly-düşünjeli çemeleşmelidir. Ine, şu ýerde onuň ideýa-terbiýeçilik wezipesini dogry ýola goýmagy, ilki bilen, ýerine ýetirilmeli işleri aňly-düşünjeli meýilleşdirmegi başarmagy zerur.

Žurnalist durmuşy öwrenmek bilen halk köpçüliginiň islegini anyklamaly. Ýurduň syýasatyny halkyň islegi bilen baglanyşyklylykda beýan etmäge çalyşmaly. Munuň üçin ol oriýentasiýany bilmeli, ugur almagy – töweregi gurşap alan ýagdaýlardan baş alyp çykmagy başarmaly. Dogry düşünmegi we bahalandyrmagy endik edinmeli.

Oriýentasiýa («Oriýentasiýa» – fransuzça duran ýeriňi kesgitlemek diýen manyny berýär) žurnaliste öz maksadyny anyklamaga, işiň ugruny we häsiýetlerini kesgitlemäge ýardam edýär.

Oriýentirlilik bar zady görmäge, oňa akyl ýetirmäge kömek edýär.

Oriýentirlilik işi ýerine ýetirmegiň anyk ýollaryny, ugruny görkezýär.

Oriýentirlilik özüniň serişdeleri, usulyýeti, kadalary bilen maksada okgunlylykda we ş.m. gowy netijeleri gazanmaga ýardam edýär.

Halk köpçüligini terbiýelemek üçin onuň asyrlar boýy gazanan gymmatlyklaryna, däp-dessurlaryna, ruhy aýratynlyklaryna hormat goýmagy başarmak zerurdyr.

*Şeýlelikde, žurnalistika diňe bir habarlary ýaýratmak, hakykaty, sosial durmuşyň kanunlaryny öwrenmek bilen çäklenmeýär. Onuň iň esasy meselesi halk köpçüliginiň aňyna täsir etmek, ony terbiýelemekden ybaratdyr.*

Bu meselede esasy ideýa-terbiýeçilik wezipeleri aýdyňlaşýar. Žurnalist maglumatlary beýan etmek, wakalaryň manysyny ýüze çy-

karmak, adamlaryň keşbini döretmek, sosial kanunlary düşündirmek arkaly öz pikiriniň köpçülik tarapyndan kabul edilmegini gazanmaga, oňa täsir etmäge çalyşmalydyr.

Žurnalistiň guramaçylyk wezipesi jemgyýetde ýerine ýetirilýän işleri, aýratyn hem ykdysadyýetde, önümçilikde, oba hojalygynda işleri dogry guramaga ýardam etmeli. Dürli nogsanlyklary, kemçilikleri ýok etmäge kömek etmeli.

Žurnalistiň üçünji wezipesi hem adamlary ruhy taýdan goldamakdan, olar üçin gowy dynç alyş, ýaşaýyş şertlerini guramaga, saglyk şypahanalarda saglyklaryny berkitmekleri, sport bilen meşgullanamaklary üçin we ş.m. degişli çäreleriň geçirilmegine ünsi çekmekden ybaratdyr.

Bulardan başga-da žurnalist neşekeşlik we ş.m. ýaramaz, jemgyýetiniň ösüşine, sagdyn durmuş ýörelgesini berjaý etmäge päsgel berýän nogsanlyklary ýok etmeklige çagyryp çykyş etmelidir.

Bu işi ýerine ýetirmekde «Türkmen sporty» gazeti, «Saglyk» žurnaly we beýleki neşirler işjeňlik görkezýärler.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

**1.** Žurnalistikanyň funksiýasynyň görnüşleri ( ugurlary).
**2.** Maglumatlary beýan etmekde täsir, oriýentirlilik, plýuralizm meseleleri.
**3.** Žurnalistikanyň wezipeleriniň we ideýa-terbiýeçiik işleriniň guralyş aýratynlyklary.
**4.** Tema boýunça barlag işine taýýarlanmaly.

## ŽURNALIST WE JEMGYÝET

Jemgyýeti žurnalistsiz göz öňüne getirmek mümkin däl. Žurnalist jemgyýetde örän ähmiýetli we zerur bolan wezipeleri ýerine ýetirýär. Ol döwlet bilen halkyň arasynda durýan esasy köpri bolmak bilen, bu gatnaşygy saklamakda uly hyzmatlary amala aşyrýar, ýerine ýetirýär. Ýurduň ýolbaşçysy tarapyndan çykarylan permanlary, kararlary halka ýetirmek, wagyz etmek, düşündirmek žurnalistiň esasy wezipe borjudyr. Ol ony KHBS-iň dürli görnüşleriniň üsti bilen ýerine ýetirýär.




Täzelikler telewideniýänyň, radionyň, metbugatyň, internetiň, we ş.m. dürli görnüşleriň üsti bilen halka ýetirilýär. Şonuň esasynda halkyň jemgyýetçilik pikiri döreýär. Bu ýerde ýene-de žurnalistiň kömegi bilen jemgyýetçilik pikiri öwrenilip, ol baradaky garaýyşlar jemlenilýär, umumylaşdyrylýar we şol köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň dürli görnüşleriniň üsti bilen halka hem-de degişli guramalara ýetirilýär. Şeýlelikde žurnalistiň pikiri, düşünjesi, dünýägaraýşy esasy orny eýeleýär.




Bu ýerde döwlet ýolbaşçylary hut žurnalistiň we žurnalistikanyň kömegi bilen öz durmuşa geçiren çäreleriniň halka näderejede täsir edendigini bilip bilýärler.

Mysal üçin, zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, talyp haklarynyň döwlet tarapyndan köpeldilmegi, täze binalaryň ulanylmaga berilme-

gi ýa-da beýleki täzelikleriň jemgyýetçilik köpçüligi tarapyndan kabul edilişi we ş.m.

Žurnalist öz işjeňligini gazanmak üçin, ilki bilen, halky ynandyrmagy başarmaly. Akyldarlarymyzyň belleýşi ýaly, terbiýeçilik işi – bu ynamlaryň kemala gelmegidir. Adamlar bolup geçýän, öz gözleri bilen görýän, synlaýan zatlaryna we olaryň täsirine gowy ynanýarlar. Halky ynandyrmak üçin subut edilen faktlar bolmaly. Şeýlelikde, žurnalistiň esasy işi ýurtda geçirilýän haýsydyr bir çäräni, ýagdaýlary, wakalary, umumy ähmiýetli garaýyşlary, pikirleri ýaýratmakdan, wagyz etmekden we guramaçylyk işlerini ýerine ýetirmekden ybaratdyr. Bu wezipeleriň ýerine ýetirilişi aşakdaky üç ugra baglylykda ýüze çykýar.

Habarlaryň her biriniň ündeýji, wagyz ediji we guramaçylyk häsiýetleri bolmaly.




«*Agitasiýa*» sözi iňlis dilinden geçen söz bolup, «*oýarmak*», «*herekete getirmek*» diýen manyny aňladýar. Bu ýerde entek halka belli bolmadyk täzelikler barada gürrüň gidýär. Şonuň üçin hem bu täzelikleri we habarlary «herekete getirmeli», ýagny halka ýetirmeli.



Agitasiýa işleri, köplenç ýagdaýlarda, gysga habarlaryň üsti bilen köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň dürli görnüşleri arkaly halka ýetirilýär. Bu işde diňe radio, telewideniýe, metbugat däl, eýsem, köçelerde goýlan reklamalar, mahabatlar, suratlar-da, internet ulgamy, SMS habarlary-da kömege gelip biler.

Mysal üçin, ýurtda saýlaw geçirilýän döwründe köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň görnüşleriniň ählisi halky bu işe taýýarlaýan habarlary, täzelikleri berýär. Mundan başga-da, köçelerdäki ýazgylar, şygarlar, reklamalar, suratlar hem bu ählumumy alnyp barylýan işlere gönükdirilýär.

«*Propaganda*» sözi latyn dilinden geçen söz bolup, «*ýaýratmak*» diýmegi aňladýar. Häzirki wagtda bu adalganyň ýerine «wagyz etmek» diýen düşünje ýörgünli ulanylýar. Bu ýerde eýýäm kiçi göwrümli žanrlar däl-de, uly göwrümli materiallar: gazet makalalary, radio, telewideniýe gepleşikleri barada gürrüň gidýär. Wagyz işlerinde öňe sürülýän ýa-da gozgalýan meseläniň ähmiýetli taraplary, halka getirjek peýdalary barada giňişleýin anyk delillere, mysallara daýanylyp gürrüň edilýär. Habarlar ýa-da gepleşikler dürli görnüşde, dürli göwrümde bolup biler. Ýöne eser wagyz ediji, düşündirýän maglumatlara baý, göwrümli bolmaly. Žurnalist öz pikirini delillendirmek üçin diňe bir faktlara daýanmak bilen çäklenmän, eýsem şol faktlary ýa-da wakany öňki şoňa meňzeş wakalar, ýagdaýlar bilen deňeşdirip, häzirki wakanyň ähmiýetini, aýratynlygyny ýüze çykarmaly, subut etmeli, delillendirmeli, kanunlar esasynda düşündirmeli. Bu esasda ýurtda alnyp barylýan işleri, resminamalary, kararlary öwrenip, öz pikiriňi halka hödürlemeli. Netijede, halkyň pikirini öwrenip, toplap, umumy netijäni ýüze çykarmaly we şuňa meňzeş ýagdaýlar bilen halky ynandyrmagy, oňa täsir etmegi başarmaly.

Bu ýerde wagyz-ündew işlerinden daşary üçünji bir wezipe – guramaçylyk wezipesi-de žurnalistiň iň esasy işleriniň biridir.

Žurnalist öz öňe sürýän meselesini wagyz etmek bilen çäklenmeli däl. Ol bu işe degişli ençeme guramaçylyk işlerini-de geçirmäge ukyply bolmaly. Mysal üçin, şu babatda ýazyjy-şahyrlar, abraýly şahsyýetler, ussat žurnalistler we beýleki tanymal adamlar bilen

duşuşyklary guramak, söwda we ş.m. işlerde käbir täzelikleri habar bermek we dürli görnüşdäki beýleki guramaçylyk işleriniň geçirilmegi işiň hilini ýokarlandyrýar.

Žurnalist hemme ýerde we hemişe özüni medeniýetli, salyhatly alyp barmagy başarmaly. Ol hemişe gözlegde bolmaly. Ýolda, köçede, gezelençde gabat gelen islendik jemgyýetçilik ähmiýetli wakalar babatda özüniň başarnygyny görkezmeli. Hemişe hereketde bolup, obýektiw garaýyşlary öňe sürmäge taýýar bolmaly. Özüniň ýa-da kimdir biriniň bähbidini arap, ony ýalandan öwmekden gaça durmaly. Žurnalist hemişe wyždanynyň öňünde päk bolmaly. Ony goramaly. Şeýle etmedik ýagdaýynda ol halkyň ynamyny gazanyp bilmez.

Žurnalist adam gatnaşyklaryny şöhlelendirmekde hem obýektiw bolmaly. Adamyň ýa-da wakanyň psihologiýasyna göz ýetirmän, ol barada ýazmak kyn ýa-da statistikanyň, sosiologiýanyň maglumatlary bolmasa, netije çykaryp, pikir ýöredip bolmaýar.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

1. Žurnalist we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň guralyş ýollary.
2. Žurnalistiň işini amala aşyrmakdaky serişdeleri we wezipeleri.
3. Žurnalistikanyň beýleki jemgyýetçilik ylymlaryna bolan gatnaşygy.
4. Tema boýunça ýazuw işine taýýarlyk görmek.

## ŽURNALISTIŇ SOSIAL WE HUKUK STATUSY

*Žurnalistiň sosial statusy*. Köp ýurtlarda žurnalistiň iş ýagdaýyny barlamaga niýetlenip geçirilen barlaglaryň netijesi boýunça žurnalistleriň fiziki we psihiki ýagdaýy barada maglumat almak bolýar. Iňlis gazetleriniň biriniň berýän maglumatlaryna görä, işiň dowamynda ýüze çykýan birahat (stres) ýagdaýlar boýunça şahtaçylar bilen polisiýa işgärleri žurnalistikany öňüne geçirmedik hem bolsa, žurnalistika taksi sürüjilerden, ot söndürijilerden, harby gullukçy-

lardan öňdäki orunlary eýeleýär. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işgärleriniň howply ýerlerde öz janlaryny howp astyna goýup işleýändikleri bellidir. «Serhetsiz reportýor» halkara guramasy öz borjuny ýerine ýetirip ýören wagty aradan çykan ýa-da ýiten žurnalistler barada maglumatlary jemleýär we çap edýär. Bu guramanyň gynançly sanawy ýylda onlarça däl-de, ýüzlerçä ýetýär.

Daşary ýurtlarda žurnalistler bilen baglanyşykly gynançly wakalaryň bolýandygyny görmek bolýar. 1994-nji ýylda «Московский комсомолец» gazetiniň habarçysy Dmitriý Holodowyň ölümi hemmeleri gynandyrdy. Holodowyň adyna žurnalistikada baýrak döredildi. Žurnalistikada şeýle ýagdaýlaryň ýüze çykýandygy ony howply hünärleriň hataryna goşýar.

Döwlet derejesinde çäre geçirilende ýa-da ýurduň içinde düzgün bozmalar ýüze çykanda diňe harby gullukçylara, lukmanlara we žurnalistlere eýläk-beýläk geçmäge rugsat berilýändigi hem habarçylaryň statusynyň uludygyndan habar berýär. Şeýle bolsa-da, žurnalistler aýratyn bir bellenen durmuşy ýeňilliklerden peýdalanmaýarlar.

«Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň VI babynyň 31-nji maddasynyň 3-nji bendinde: «*Döwlet žurnaliste özüniň hünär işini amala aşyrmagy bilen baglanyşykly jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirýän şahs hökmünde öz namysynyň, mertebesiniň, saglygynyň, ömrüniň we emläginiň goragyny kepillendirýär*» diýilýär.

Türkiýede habarçylaryň betbagtlyga düşmek hadysalary bilen baglanyşykly döwlet tarapyndan köpçülik çäreleri geçirilýän döwürde žurnalistleri goramak üçin ýörite goşun bölümleri dörediildi.

Habarçylaryň sosial goragy barada gürrüň edilende, žurnalistleriň sosial-hukuk statusy barada hem aýtmaly bolýar. «*Status*» diýmegiň özi latyn dilinden gelip çykyp, «*ýagdaý*» diýmegi aňladýar. Žurnalistiň hukuk statusy döwletiň içindäki, şeýle-de, halkara žurnalistikasy ugrundan işleýän žurnalistleriň ählisine hem degişlidir.

«Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň VI babynyň 34-nji bendinde: «Žurnalistiň şu Kanun bilen bellenen statusy şu aşakdakylara degişlidir:

– önümi diňe bir kärhananyň ( birleşigiň), guramanyň, edaranyň çäklerinde ýaýraýan köp tiražly gazetler we beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdeleri üçin habarlary we maglumatlary redaktirlemek, döretmek, ýygnamak ýa-da taýýarlamak bilen meşgullanýan redaksiýalaryň wezipe sanawyndaky işgärlerine;

– köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň redaksiýasy bilen zähmet ýa-da beýleki şertnamalaýyn gatnaşyklar bilen baglanyşykly bolmadyk, emma olar tarapyndan redaksiýanyň tabşyryklary ýerine ýetirilýän onuň öz wezipe sanawyndan daşary awtorlary ýa-da habarçylary diýlip ykrar edilýän awtorlaryna» diýip bellenilýär.

Russiýanyň Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda Kanunynda žurnalistiň kimdigi barada şeýle maglumat bar: «Žurnalist bellige alnan habar beriş serişdesiniň redaksiýasy üçin materiallary toplaýan ýa-da taýýarlaýan, redaktirleýän, döredýän, şeýle-de, zähmet şertnamasy ýa-da şertnamalaýyn ýagdaýda, redaksiýanyň ähli işlerini ýerine ýetirýän adamdyr». Bu ýerde žurnalistiň iş ýagdaýlaryna, şertlerine, şeýle-de, hukuk tarapyna üns çekilipdir. Dünýä jemgyýetçiliginde žurnalist baradaky kesgitlemäniň ÝUNESKO-nyň komissiýasynyň başlygy, Nobel we Lenin baýraklarynyň eýesi Ş.Makbraýd tarapyndan hödürlenen görnüşi kabul edildi. Bu kesgitlemede žurnalistikanyň görnüşleri (neşirçi, reportýor, suratçy-habarçysy, kinooperator, tehnik) birin-birin sanalyp geçilýär. Mundan başga-da, bu kesgitlemede habarçylaryň žurnalistligini tassyklaýan resminamalary hökmany suratda bolmalydyr. Žurnalist hem talap edilen ýagdaýynda resminamasyny görkezmäge borçludyr. Žurnalistiň resminamasyndan haýsy hem bolsa bir habar beriş serişdesi bilen baglanyşykly žurnalist peýdalanyp biler, habar beriş serişdesiniň hiç bir görnüşi bilen baglanyşygy bolmadyk žurnalistiň öz başlangyjy, islegi boýunça islän ýerine girmäge, barmaga haky ýokdur. Şeýle-de, dürli hili gazet-žurnal çykarmaýan habarlar gulluklarynyň, reklama boýunça agentlikleriň, jemgyýet bilen arabaglanyşyk merkezleriniň, kitap çap edýän neşirýatlaryň we hususy edaralaryň işgärleri žurnalist hasaplanýan däldirler. Köp ýurtlarda şu araçäk, bilgeşleýin, berk bellenilýär. Žurnalistlere reklama-söwda işleri bilen meşgullanmak

gadagandyr. Žurnalistiň zähmeti jemgyýet üçin zerur işleriň biridir. Jemgyýet bu hünäriň wekillerine iş şertlerini döredýär we olara berk talaplar hem bildirýär.

*Žurnaliste bildirilýän kär-hünär talaplary*. Jemgyýetiň hünärmene bolan zerurlygy onuň kär-hünär talaplarynda ýüze çykýar. Bu ýerde habar beriş serişdesiniň tehniki tarapy göz öňünde tutulmaýar. Amerikaly redaktor Alan Koruba şeýle diýipdir: «Bize gowy aýlyk alýan, gowy taýýarlanan we has düşünjeli žurnalistler gerek. Diýmek, gowy žurnalistiň öz tipiki häsiýetnamasy ýüze çykýar. Köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň işgärleriniň kär-hünär talaplary birnäçe topardan durýar. Olar şu aşakylardyr:

1. *Žurnalistiň ideýa-ahlak tarapy*. Bu taraplar ýöne ýere ilkinjileriň hatarynda agzalmaýar. Sebäbi žurnalistika öz häsiýeti boýunça, ilki bilen, jemgyýetçilik işi, soňra önümçilik we şahsy iş hasaplanýar. Öz döwürdeşlerine we geljekki nesillere täsir edip biljek güýçli serişdäniň öz elindedigini bilmeýän we jemgyýetiň öňündäki öz jogapkärçiligini doly duýmaýan žurnalist özüni sözüň doly manysynda hünärmen hasaplap bilmez.

Bu aýdylanlary, esasan hem, täze işe başlan žurnalistler özleşdirmelidirler. Žurnalistika fakultetine okuwa girmäge dalaşgärler bilen pikir soralyşygy geçirilende, olaryň köpüsiniň žurnalistikany gyzykly ýaşamak üçin, tanyşlaryň maslahatlary esasynda, edebi döredijilik bilen meşgullanýandygy üçin saýlap alandygy belli bolýar.

Ýazyjy hem publisist Ilýa Erenburg: «Men gaharym gelendigi üçin žurnalist boldum» diýipdir. Birinji Jahan urşy döwründe Parižde ýaşan Erenburg bu şäher barada rus gazetinde ýazylan ýalňyş habara duş gelýär. Tiz wagtdan ol bu işiň hem ahlak, hem edebi-stilistik aýratynlyklaryny berk öwrenýär.

Döwletiň beýleki raýatlary ýaly, žurnalist hem dünýägaraýşynda, syýasy düşünjesinde islendik orny eýeläp biler. Emma munuň beýledigine seretmezden, žurnalist çişirilen pikir ýöretmelere derek faktlary, syýasy deklarasiýalara derek argumentleri, gyssagly pikirýöretmelere derek durnukly pikirleri ulanmagy ýatdan çykarmaly däldir.

Şeýle bolmadyk ýagdaýynda auditoriýanyň dogruçyl habar almaga bolan hukugy bozulýar.

2. *Žurnalistiň prinsipiallygy* auditoriýanyň žurnaliste bildirýän esasy talaplarynyň biridir. Öz gözýetimini, dünýägaraýşyny tiz-tizden üýtgedýän ýa-da her redaksiýada işlände bir pikiri goldaýan žurnalist hiç wagt hem okyjynyň ynamyny gazanyp bilmez.

Prinsipiallyk žurnalistiň örän wajyp görkezijisidir. Öz raýatlyk we ahlak häsiýetleriňe wepaly bolmak käwagt žurnalisti kynçylyklara hem duş edýär. Meselem, halkara žurnalistikasynda bolan wakany ýatlap geçeliň: Gyşky Olimpiada döwri bir şwed žurnalisti öz ýygyndy hokkeý toparlarynda bir oýunçynyň daşary ýurt pasportlydygyny bilýär. Reglament boýunça oýunçy oýundan çykarylmalydy. Irki gazet habaryndan soň ähli şwed janköýerleriniň öz üstüne döküljekdigini, özüniň näletlenjekdigini bilse-de, žurnalist Olimpiadanyň düzgünleriniň bozulandygyny habar berýär.

Žurnalist öz tebigaty boýunça ýalan sözlemeli däldir, göwün görmeli däldir, ol takyk zatlary ýazmalydyr we etikanyň kanunlaryny doly saklamalydyr. Sebäbi ol demir ýa-da formulalar bilen däl-de, adam bilen iş salyşýar, diýmek, adamçylyk häsiýetleri doly saklanmalydyr.

3. *Žurnalistiň işewür häsiýeti* hem onuň esasy görkezijileriniň biridir. Žurnalistiň işewür häsiýeti barada gürrüň edeniňde, zehin ýa ýazyp bilijilik barada gürrüň edilmeli ýaly bolsa-da, beýle zehin hemme žurnalistlerde däl-de, diňe belli-belli žurnalistlerde bar diýip bolar. Emma belli-belli žurnalistlerden başga, galan onlarça, ýüzlerçe žurnalistlerde bolsa bu zehin bar diýip bolmaz. Nemes habar beriş serişdesiniň synçysy Georg Hellak şeýle ýazýar: «Žurnalistler entegem öz hünärlerini zehinleriň hünäri hasaplamaklaryny dowam etdirýärler. Emma žurnalistleriň arasynda hakyky žurnalist däl-de, eýsem diňe gazet-žurnalyň, radio-telewideniýäniň işgärleri agdyklyk edýär». Jemgyýetiň hem her bir žurnalistden zehinli bolmagy talap edip bilmese-de, olardan iş üçin gerek bolan hünär endiklerini talap etmäge hukugy bardyr. Ýokary bilim hem hünär endiklerini ele almak üçin, redaksiýalarda işläp biljek hünärmenleri taýýarlamaga niýetlenendir.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda Türkmenistanyň Kanuny «*Şu kanun köpçülikleýin habar beriş serişdeleri babatda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär; köpçülikleýin habary ýygnamagyň, taýýarlamagyň we ýaýratmagyň tertibini belleýär; köpçülikleýin habary taýýarlamagy we ýaýratmagy amala aşyrýan subýektleriň, olaryň işini düzgünleşdirýän edaralaryň we žurnalistleriň hukuklaryny, borçlaryny we jogapkärçiligini kesgitleýär*»[1] diýen sözler bilen başlanýar. Bu kanunlar jemi XI bapda, 60 maddada berilýär. Onda köpçülikleýin habar beriş serişdeleri babatda döwlet syýasatynyň ýörelgeleri, köpçülikleýin habar beriş serişdelerini döwlet tarapyndan goldamak, redaksiýalar we redaksiýalaryň tertipnamasy, žurnalistiň hukuklary we borçlary, žurnalistiň redaksiýa (baş redaktor) bilen gatnaşyklary, žurnalistiň hukuklarynyň hyýanatçylykly peýdalanylmagyna ýol bermezlik, žurnalistiň statusy we beýleki ugurlar barada aýdylýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen, biziň ýurdumyzyň žurnalistlerine erkin işlemäge, döretmäge, ýaşamaga ähli mümkinçilikler döredilendir. Häzirki wagtda olar dünýä ülňülerine laýyk gelýän tehniki enjamlar bilen üpjün edilen şertlerde işlemek bilen internet ulgamlaryndan, multimediýa, interaktiw tagtalaryndan we ş.m. işjeň peýdalanýarlar. Şeýlelikde, türkmen žurnalistikasynyň hili we netijelilik derejesi gün-günden ýokarlanýar.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

1. Žurnalistiň sosial statusy we oňa bildirilýän kär-hünär talaplary.
2. Žurnalistiň ideýa-ahlak tarapy we işewürlik häsiýeti.
3. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda Türkmenistanyň Kanuny.
4. Tema boýunça çykyşlary taýýarlamaly.

[1] Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda Türkmenistanyň Kanuny. – «Türkmenistan» gazeti, 2013, 4-nji ýanwar, 3 s.

## ŽURNALISTIKANYŇ PRINSIPLERI

Žurnalistikanyň köp sanly wezipelerini netijeli ýerine ýetirmek işi diňe her bir žurnalistiň kanunlary, işleriň düzgünlerini, kadalaryny bilip, olary yzygiderli we maksadalaýyk berjaý etmegi başaran ýagdaýynda mümkindir. Žurnalist gerekli maglumatlary toplap bilmegi, olara anyk düşünmegi we düşündirmegi, baha bermegi, garaýyşlary ýüze çykarmagy, teklipleri öwrenmegi we olar barada dogry pikir ýöretmegi başarmagy, başgaça aýdylanda, ol öz zehinini makala, radioreportaža, telegepleşiklere we ş.m. siňdirip bilmegi talap edýär. Žurnalistika işiniň her başgançagynyň öz kada-kanunlary, öz düzgünleri bar.

Mysal üçin, maglumatlary toplamak basgançagynda – synlamak usuly, resminamalary derňemek, öwrenmek, waka gatnaşyjylar ýa-da şaýatlar bilen söhbetdeşlik geçirmek, sorag-jogap alyşmak we ş.m. esasynda işler alnyp barylýar. Şeýle hem durmuş hadysalaryna umumy gatnaşyk, olar baradaky garaýyşlar, bahalar we beýlekiler işiň dowamynda aýdyňlaşýar.

Žurnalistikanyň habar berijilik, öwrenijilik, öwredijilik we mesele çözüjilik häsiýetli ýeňil bolmadyk jogapkärçilikli işinde prinsipleriň zerurlygy we ähmiyeti uludyr.

«*Prinsip*» sözi latyn dilinden geçen söz bolup, «*garaýyş*», «*ynanç*», «*tutulýan maksat*», «*nukdaýnazar*» diýen manylary aňladýar. Prinsipler – bular teoriýanyň, nazarýetiň esasy kökleridir we olar beýleki düşünjeler bilen baglanyşykly ýüze çykýarlar. Žurnalistikada prinsipler nazaryýet-usulyýet esaslarynda öwrenilýär.

Nazary bolmagynyň sebäbi, žurnalistikanyň işi ylmylyga daýanýar. Ol sosial institut hökmünde habarçylyk işleriniň dürli görnüşlerini amala aşyrmakda, döredijilik işlerinde kanunlary bilmäge we olara salgylanmaga teoretiki, nazary mümkinçilikleri döredýär.

Žurnalistikanyň prinsipleriniň usuly (metodologik) bolmagy, žurnalistiň kanunlary bilip, olary öz işinde peýdalanmagy, ony işiň adaty görnüşine we kadasyna öwürmegi, döredijilik usulyýetiniň özenini esaslandyrýar.

«Metod» sözi latyn dilinden geçen söz bolup, «usul», «ýol», «tär» diýmegi aňladýar. Gözlegleriň ýoly bolsa žurnalistikanyň düzgünleriniň we kadalarynyň jemi hökmünde döredijilik, akyl ýetirijilik, döredijilik-redaksiýa, döredijilik-guramaçylyk we beýleki ýagdaýlary özünde jemleýär.

Žurnalistikanyň prinsipleri onuň obýektiw kanunlardan, halk bilen, döwlet bilen we ş.m. gatnaşyklaryndan gelip çykýar. Žurnalistiň işiniň halkylygy, köpçülikleýin häsiýeti, ynsanperwerlik, halkara (internasional) duýgulara ýugrulmagy, onuň işiniň ugruny, obýektiwligini kesgitleýär. Žurnalist hemişe, hemme ýerde, her bir işde dogruçyl, obýektiw hereket etmelidir. Halkyň bähbidi üçin hereket etmegi we öz edýän işiniň netijesine ynanmagy başarmak hem žurnalistiň işiniň netijeliligini ýokarlandyrýar.

Häzirki döwürde žurnalist bolmak üçin diňe bir ýurduň içindäki däl, eýsem dünýä ýüzüniň täzelikleri, ösüşleri bilen tanyş bolmagy, has dogrusy, döwrüň adamy hökmünde ony dolulygyna öwrenip, seljerip, halk bilen bile gopmagy, halkyň islegini özünden öň duýmagy we amala aşyrmagy başarmaly.

Žurnalistika ýolbaşçylyk etmek işi, esasan, üç ugurda alnyp barylýar.

1. *Direktiwalaýyn ýolbaşçylyk* – ýagny döwlet tarapyndan kesgitlenen anyk, kesgitli ugurlar. Hormatly Prezidentimiz žurnalistler we beýleki döredijilik işgärleri bilen duşuşyp, bu ugurda öňde durýan wezipeleri aýdyňlaşdyrýar we kesgitleýär. Žurnalistleriň halkyň islegine laýyk gelýän täzelikleri tapmalydygyny, köne, ulanyşdan galyp barýan sözleri täzeden ulanylyşa girizip, söz baýlygymyzy artdyrmagyň zerurdygyny, eserleriň gurak bolmaly däldigini yzygiderli nygtaýar.

2. *Barlag ýolbaşçylygy*. Ýagny dürli ylmy usullara salgylanýan žurnalistika öwrenilen materiallary, ekspert bahalaryny, resminamalaryň derňewini gaýtadan barlamaly we degerli netijeleri çykarmalydyr. Işleriň ýerine ýetirilişini barlap, onuň dogrudygyna göz ýetirmek žurnalistikanyň esasy meseleleriniň biridir. Ýokardan berlen görkezmeleriň ýerine ýetiriliş ugurlaryny, usullaryny barlamaly.

Görkezmeleriň ýerine ýetirlişindäki käbir säwlikleri düzetmek, gerek ýerinde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylyk we ş.m. düzümine täze ýaş hünärmenleri çekmek kanunalaýyk ýagdaýlardyr.

3. *Guramaçylyk ugry*. Bu ugurda hünärmenleri saýlamak, olary höweslendirmek, zähmet haky we beýleki iş şertleri göz öňünde tutulýar. Muňa işgärleriň iş saparlary, aýlykdan daşary zähmetlerine, ýazan eserlerine tölenýän töleglerň (galamhaklarynyň) möçberleri, žurnalistleriň hünärlerini ýokarlandyrmak üçin geçirilýän okuwlar we çäreler degişlidir.

Žurnalist öz wyždanynyň öňünde jogap bermelidir. Öz bähbitleriňe çapmak, kimdir biriniň bähbidine hereket etmek žurnalistiň kärine laýyk gelmeýän häsiýetlerdir.

## ŽURNALISTIKANYŇ PRINSIPLERINIŇ GÖRNÜŞLERI

Prinsipler žurnalistiň aňynda endige öwrülen häsiýetleriň iň esasylarynyň biri bolmalydyr.

*Dogruçyllyk* we *obýektiwlik* prinsipleri. Bu prinsipler žurnalistiň döredijilik aýratynlyklaryny häsiýetlendirýär. Žurnalistiň işi diňe hakykata daýanmalydyr, işiň esasy güýji onuň hakyky, anyk habarlardan ybaratlygyndadyr. Şeýle hem obýekt obýektiw esasda barlanylmaly, öwrenilmelidir. Hakykaty bolşy-bolşy ýaly görkezmek, dogruçyllyk, netijäni üýtgewsiz beýan etmek obýektiwligiň esasydyr.

Şahsy bähbitlerine görä hereket etmek žurnalist üçin ýol berilmesizdir. Beýle hereketler subýektiwlik prinsipine degişli bolup, bu ýerde hakykat, dogruçyllyk ýaly häsiýetler bolmaýar.

Dogruçyllygy, obýektiwligi özüne endik edinen žurnalist hemişe anyk, döredijilikli işlemek bilen, özüniň okyjylaryny – auditoriýasyny tapýar. Çeper oçerk bolsun, radiogepleşik ýa-da telegepleşik bolsun, tapawudy ýok, eger ol hakyky, takyk maglumatlar, garaýyşlar esasynda döredilen bolsa, eseriň ynandyryjylygy, täsirliligi, ähmiýeti ýokary bolýar. Žurnalistiň sargyt, haýyş boýunça ýazan, aşa çişirilen, ýerliksiz öwgüli eseri onuň işiniň gymmatyny gaçyrýar. Žurnalist sana kowalaşyp, harsal işlese, onuň ýerine ýetiren çig-çarsy işi, toplan

materiallary oňa abraý getirmeýär we beýle žurnalistler öz okyjysyny tapyp bilmezler.

*Halkylyk-durmuşylyk* prinsipi žurnalistiň işiniň halky, durmuşy häsiýetde bolmalydygyny aňladýar. Žurnalist öz faktlaryny, pikirlerini halkyň durmuşyndan susup alyp, halkyň bähbidine ýaratmaly, peýdalanmaly. Ýagny ol hiç wagt halkdan üzňe bolmaly däl. Halkyň iň bir ýönekeý aladalaryndan başlap, uly meselelerine çenli žurnalistiň üns merkezinde bolmaly. Onuň eserleri-de diňe halkyň, jemgyýetiň bähbitlerini goramaly. Halky gowulyga tarap çagyrmaly, terbiýelemeli. Ýaramaz adamlaryň ýaramaz işlerini paş etmeli. Onuň ýerine ýetirýän işi halky, aýratyn hem ýaşlary döwrebap, milli ruhda terbiýelemäge gönükdirilen bolmaly.

*Watançylyk* prinsipi, adyndan belli bolşy ýaly, watançylyk ruhunda döredilen eserleri öz içine alýar. Aslynda žurnalistika durşy bilen watançylyk ruhunda beýan edilmeli. Žurnalistler eserlerine watançylyk ruhuny çaýmagy başarmaly. Il-günüňi, ýurduňy söýmek, hormatly Prezidentimiziň halk üçin edýän taýsyz tagallalaryna hormat goýmak, halkyň, aýratyn hem ýaşlaryň bu ýagdaýlary duýmagyny gazanmak, žurnalistiň gönüden-göni borjudyr, wezipesidir.

Aslynda žurnalist halkyň durmuşy, ýaşlaryň islegi bilen hemişe gyzyklanyp durmaly. Ýurtda geçirilýän döwlet ähmiýetli çäreleri diňe beýan etmek, halka ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem olara halkyň, aýratyn hem ýaşlaryň işjeň gatnaşmagyny wagyz etmeli.

*Ynsanperwerlik* prinsipi hem her bir žurnaliste mahsus bolmaly häsiýetleriň biridir. Ol bu meselede, ilki bilen, hormatly Prezidentimiziň alyp barýan adyl syýasatyndan nusga alyp biler. Hormatly Prezidentimiziň Owganystan, Eýran, Gaiti we beýleki döwletlere dostluk goluny uzatmagy, olara ýakyndan kömek bermegi, ýurduň içinde ýylda birnäçe gezek haýyr-sahawat çärelerini geçirmegi we ş.m. işleri uly ynsanperwerlikden nyşandyr we nusga almaga mynasypdyr.

Her bir žurnalist islendik meseläni çözmekde ynsanperwerlik syýasatyndan ugur almaly. Meseläni dogry, aýdyň, ýerlikli çözmäge çalyşmaly.

*Millilik* prinsipi halkyň milli-ruhy aýratynlyklaryny, däp-dessurlaryny, toý-baýramçylyklaryny, häsiýetlerini beýan edýär.

Häzirki wagtda biziň ýurdumyzyň žurnalistlerine millilik prinsipinden ugur almak has-da zerurdyr. Her bir žurnalist öz halkynyň milli aýratynlyklaryny, edebi mirasyny, däp-dessurlaryny, toý-baýramlaryny we ş.m. döwlet ähmiýetli çärelerini wagyz etmäge, dünýä ýaýmaga borçludyr.

Millilik ruhy türkmen halkynyň edebiýatyna-da, sungatyna-da, medeniýetine-de siňdirilendir. Žurnalistika barada aýdylanda hem eserleriň ählisinde milli ruh, milli däp-dessur, milli aňyýet, milli terbiýe we beýleki aýratynlyklar duýulmalydyr.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

1. Žurnalistikada obýekti synlamagyň we işlemegiň usulyýeti.
2. Prinsipleriň halkyň ruhy aýratynlyklaryna täsiri we döwrebaplyk meselesi.
3. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň materiallarynda prinsipleriň orny we görnüşleri.
4. Tema boýunça barlag işine taýýarlyk görmeli.

## HÄZIRKI ZAMAN ŽURNALISTIKASY

Häzirki wagtda, dünýä siwilizasiýasynyň üçünji müňýyllygynda žurnalistika köpçülikleýin kommunikasiýa serişdeleriniň güýçli depginde ösmegi bilen häsiýetlenýär. Bu ugurda köpçulikleýin kommunikasiýada bolup geçen özgerişler – täze habar tehnologiýalarynyň işe girizilmegi, aragatnaşyk ulgamynyň ösmegi, elektron poçtalaryň köpçülikleýin kommunikasiýa serişdeleriniň, internetleriň döredilmegi we beýleki ençeme täzelikler bilen baglanyşyklydyr.

Habar (informasion) giňişliginde köpçülikleýin kommunikasiýa serişdeleriniň, önümçiligiň tehnika we tehnologiýa serişdeleriniň iň soňky ösen görnüşleri bilen baýlaşdyrylmagy, habarlaryň gyzgyny bilen dünýäniň islendik nokadyna ýetirilmek mümkinçiligi we beýle-

kiler esasynda žurnalistikanyň düzgünleri, orny, meselesi, jemgyýetçilik-syýasy, durmuş-ykdysady, ahlak-medeni funksiýalary üýtgeýär. Dünýä siwilizasiýasyny tutuşlygyna alanyňda, žurnalistikanyň wezipeleri, borçlary has artýar, çuňlaşýar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýokary depgin bilen ösýän, dünýäde köpçulikleýin kommunikasiýa serişdeleriniň esasy ähmiýete eýe bolýan, žurnalistikanyň meseleleriniň has çuňlaşýan döwründe türkmen žurnalistikasynyň hem uly ädimler bilen öňe barýandygy mälimdir.

Metbugat žurnalistikasy özüniň köp dürli, köp görnüşli neşirleri bilen, operatiwligi, ynandyryjy, giňişleýin we täsirli beýany bilen tapawutlanýar. Häzirki wagtda türkmen metbugatynda neşir işleri ýokary hilli tehnologiýa we tehniki serişdeleriň üsti bilen amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiz žurnalistleriň eserleriniň döwrebap bolmalydygyny, döwletimiziň gazanýan ösüşleriniň gyzgyny bilen neşir edilip ýaýradylmalydygyny, olaryň ähmiýetini halka düşündirmegiň zerurdygyny belleýär.

Häzirki wagtda metbugat neşirleriniň gündelik, günaşa, hepdelik, aýlyk görnüşleri bolup, olar wezipeleri taýyndan dürli-dürlüdir.

«Türkmenistan» gazeti gündelik gazet bolup, her günüň täze wakalaryny, habarlaryny gyzgyny bilen halka ýetirýär. «Watan» ga-



zeti hepdede üç gezek çykmak bilen, «Türkmenistan» gazetinden tapawutlanýar. «Aşgabat» gazeti paýtagtymyzyň durmuşyny, täzeliklerini beýan edýär we hepdede üç gezek çykýar.

«Mugallymlar gazeti», «Adalat», «Türkmen dili», «Esger» ýaly ýöriteleşdirilen gazetler özleriniň mesele, wezipe ugurlary boýunça tapawutlanýarlar. «Zenan kalby» žurnaly Türkmenistanyň gelin-gyzlarynyň durmuşyny, içki dünýäsini, milli aýratynlyklarynyň nusgalyk taraplaryny, zenan maşgalanyň öýdäki-ojakdaky wezipelerini, mukaddes borçlaryny, jemgyýetdäki ornuny we ş.m. beýan edýär. «Miras» žurnaly, «Edebiýat we sungat» gazeti edebi mirasymyzy, däp-dessurlarymyzy, edebiýatdaky, sungatdaky aýratynlyklary, täzelikleri okyjylara ýetirýär. «Nesil» gazeti ýaşlaryň durmuşyny giňişleýin beýan edýän bolsa, «Güneş» žurnaly çagalaryň dünýäsine ýüzlenýär. «Türkmen sporty» gazeti, «Saglyk» žurnaly we ş.m. neşirler türkmen sportuny ösdürmekde we dünýä ýaýmakda, halkyň saglygyny berkitmekde we sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmekde köp işleri alyp barýarlar.

Häzirki wagtda metbugatyň esasy meselelerini birnäçe toparlara bölüp öwrenmek mümkin.

1. Esasy wakalary seljermek we olaryň täsirliligini artdyrmak.
2. Halkara ykdysady we beýleki ulgam täzelikleriniň habarlary.
3. Durmuş meseleleriniň seljerilmesi. Olaryň ykdysadyýet bilen baglanyşygy.
4. Işewür tejribeleri wagyz etmek, işewürligi giňeltmek, ösdürmek we ş.m.
5. Auditoriýany operatiw habarlar bilen üpjün etmek.
6. Habarlaryň ykdysadyýete täsiri.
7. Metbugatda we köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde söwda (biznes) ideologiýasyny döretmek.

Şeýle ýagdaýlaryň telewideniýede, radiokanallarda hem zerurlygy düşnüklidir. Häzirki wagtda türkmen telewideniýesinde jemi ýedi ýaýlym bolup, olar informasion-syýasy «Altyn asyr», «Türkmenistan», ýaşlara degişli «Ýaşlyk», edebi mirasymyzy öwrenýän «Miras», halkyň gowy dynç almagy üçin niýetlenen «Türkmen owazy»,

paýtagtymyzyň durmuşyny beýan edýän «Aşgabat», «Türkmenistan: sport» teleýaýlymlarydyr. Şeýle hem ýaýlymlarda alymlara, ýaşlara, çagalara, gullukçylara, gelin-gyzlara bagyşlanan dürli gepleşikler bolup, olaryň ählisi-de halkyň bagtly durmuşyny wasp etmäge niýetlenendir. Gündelik gazet-žurnal, telewideniýe, radio materiallary halkyň ösen derejedäki isleglerini kanagatlandyrmak bilen işiň netijeliligini ýokarlandyrýar.

Häzirki wagtda internet ulgamyndan işjeň peýdalanmaga döredilen mümkinçilikler habarlar ulgamlarynyň hilini gowulandyrmaga, ösdürmäge, elektron žurnalistikanyň ornaşdyrylmagyna ýardam edýär.

Internet boýunça dünýäniň ähli ýurtlarynyň žurnalistikasyny öwrenip, ol ýurtlaryň žurnalistleri bilen pikir alşyp bolýar. Şeýle hem daşary ýurt gazet-žurnallarynda öz materiallaryň bilen çykyş etmeklige, olaryň materiallarynyň gerekli ýerlerini (terjime edip) öz gazet-žurnallarymyzda ulanmaga mümkinçilikler bar. Dünýä täzeliklerini, täze-täze ylmy açyşlary, täsinlikleri, edebi eserleri we şuňa meňzeş materiallary beýan etmekde internetden peýdalanamak has hem ähmiýetlidir.

Häzirki wagtda ýurdumyzda türkmen telewideniýesi, radiosy, metbugat we ş.m. boýunça alnyp barylýan işlere talap ýokarlandy.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň, şeýle-de fotosurat işleriniň dünýäniň iň ösen tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylmagy işiň ähmiýetini we netijeliligini artdyrýar.

Işiň mazmuny bolsa, ýurduň syýasatyndan, halkyň milli-ruhy aýratynlyklaryndan, däp-dessurlaryndan we ş.m. ugur alýar.

Halkyň durmuşy, halkyň islegi esasy çeşme bolup hyzmat edýär. Bu bolsa telewideniýede we radioda berilýän materiallaryň auditoriýa tarapyndan gyzyklanma bilen kabul edilmegine mümkinçilik döredýär.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

1. Köpçülikleýin kommunikasiýa serişdeleriniň dünýä ülňülerine laýyk gelýän görnüşleri we aýratynlyklary.
2. Köpçülikleýin kommunikasiýa serişdeleriniň esasy meseleleri we talaplary.
3. Milli žurnalistika we esasy wezipeler.

## INTERNET ŽURNALISTIKASY WE ELEKTRON NEŞIRLER

XX asyrda internetiň ýaýramagy esasynda internet žurnalistikasy döredi. Onuň döremegi bilen maglumatlary üýtgeşik çykdajysyz we az zähmet bilen giň köpçülige çalt we täsirli ýaýratmak mümkinçiligi ýüze çykdy.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynda: «*Internet ulgamyndaky neşir – köpçülikleýin habar beriş serişdesi hökmünde hasaba alnan, internet maglumat-telekommunikasiýa ulgamyndaky saýt (internet-KHS / köpçülikleýin habar beriş serişdesi/). Internet- KHS-ni döretmek we işini hukuk taýdan düzgünleşdirmek şu Kanun hem-de internet hyzmatlaryny düzgünleşdirmek babatda Türkmenistanyň kanunçylygy bilen amala aşyrylýar*»[1] diýlip bellenilýär.

Internet žurnalistikasy – jemgyýetçilik ähmiýetli, zerur maglumatlary toplamak, işläp taýýarlamak we internetiň üsti bilen yzygiderli ýaýratmak bilen bagly jemgyýetçilik işiniň bir görnüşidir.

«Internet žurnalistikasy» adalgasy bilen bir hatarda «web-žurnalistika», «kiber-žurnalistika», «onlaýn žurnalistika» ýaly adalgalar hem ulanylýar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeler ulgamyny, hususan-da, internet neşirlerini öwrenýän alymlaryň köpüsi internet žurnalistikasyna gipertekstliligiň, interaktiwligiň we multimedialylygyň mahsusdygyny belleýärler.

Ösen döwletleriň täze tehnologiýalaryň, innowasiýalaryň ornaşdyrylmagy baradaky syýasaty maglumatlar jemgyýetiniň kemala gelmeginde uly ähmiýete eýedir. Bu syýasat jemgyýetiň hal-ýagdaýynyň gowulaşmagyna, ýurduň ykdysady we beýleki ugurlarda kuwwatynyň artmagyna hem aýgytly täsir edýär.

---

[1] Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda Türkmenistanyň Kanuny. – «Türkmenistan» gazeti, 2013, 4-nji ýanwar, 3 s.

1980-1990-njy ýyllarda ABŞ, Ýaponiýa, Ýewropa ýurtlary we başga-da birnäçe döwletler maglumat-aragatnaşyk ulgamynyň döwrebap ösüşiniň maksatnamasyny amala aşyrdylar.

2009-njy ýylda hormatly Prezidentimize Halkara informatizasiýa akademiýasynyň «Habarly jemgyýeti ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin» diýen ýokary ordeniniň gowşurylmagy biziň gürrüňini edýän ugrumyzda ýurdumyzda ägirt uly, oňyn özgertmeleriň amala aşyrylýandygynyň halkara ykrarydyr.

## ELEKTRON GAZETLER

Häzirki wagtda dünýä jemgyýetçiliginde tehnikanyň we tehnologiýanyň ýokary depgin bilen ösmegi netijesinde internet ulgamy, internet žurnalistikasy giňden ýaýbaňlandy. Internet žurnalistikasy arkaly dünýä žurnalistikasy (dünýä täzelikleri) bilen öz wagtynda, operatiw tanyşmaga, žurnalistikada emele gelen täze tejribeleri peýdalanamga, operatiw habar alyş-çalşygyny döretmäge giň mümkinçilik döredi. Netijede, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň görnüşlerinde diňe bir öz ýurdumyzda bolup geçýän maglumatlary däl, eýsem dünýä maglumatlary bilen dessine tanyşmaga ýol açyldy. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň neşirleriniň, radiožurnalistikanyň, telewideniýe, radio, foto materiallarynyň hili, mazmuny, dizaýn-bezeg, täsirliligi, auditoriýa bilen gatnaşyklary, guramaçylyk taraplary we ş.m. düýpgöter üýtgedi. Gazet-žurnal, ýagny kagyz görnüşinde çap edilýän gazetleriň redaksiýalary özleriniň neşirleriniň elektron görnüşlerini döredip başladylar. Elektron gazet, adatça, özüniň kagyz görnüşiniň bezeglerini, kompozisiýasyny saklaýar. Onuň adyndan soňra sany, çykan wagty, giriş tekstleri, sahypalaryň rubrikalary, sözbaşylary gaýtalanýar. Şeýle-de, käte onuň täzelikler sütüninde kagyz neşire salnyp ýetişilmedik iň täze habarlar berlip bilner.

Gazetiň elektron neşirleriniň birnäçe artykmaçlyklary bolýar. Mysal üçin, onda kagyz neşirdäki ýaly çäklendirmeler az bolup, materialy doly, baýlaşdyryp bermäge, ýeterlik bezemäge, sahypalaryň

göwrümini we mukdaryny geregiçe üýtgetmäge mümkinçilikler bar. Elektron neşirleriň çykdajysy hem az bolýar we internetiň elýeterliligi bilen baglanyşyklylykda onuň auditoriýasy giňelýär.

1990-njy ýylda Dewid Karlson tarapyndan esaslandyrylan «The Electronic Trib» amerikan interaktiw gazeti çap görnüşi bolmadyk ilkinji internet neşiri hasaplanylýar. Runetde 1999–2000-nji ýyllarda ýokary derejeli internet habar beriş serişdeleri kemala geldi.

Elektron gazetleriň kömegi bilen maglumatlary örän çalt – operatiw ýagdaýda okyjylara ýetirmek mümkinçilikleri uly bolýar. Kagyz görnüşli neşir edilýän gazetlerde habarlary diňe onuň çykýan wagty berip bolýan bolsa, internetde islendik wagt taýýar habaryňy bermäge şert bar. Käbir elektron gazetler ilkbaşdaky formasyny saklaýan bolsa, birnäçesi onuň maketini, görnüşini yzygiderli özgerdýärler.

Elektron gazetleriň köpelip başlamagy bilen adaty gazetleriň sany hem barha azalýar. Angliýada 2010-njy ýylyň dowamynda gazetleriň tiražy on göterim peselipdir. Mundan 50 ýyldan gowrak ozal «Daily Mirror» we «Daily Express» ýaly gazetleriň tiražlary 4 milliondan gowrak bolan bolsa, häzirki wagtda Angliýanyň iň köp abunaçysy bar bolan «Sun» gazetiniň tiražy 2 million 600 müň töweregidir[1]. Tiražlary azalýan gazetler munuň öwezini internet nusgalary arkaly dolmaga çalyşýarlar. Mysal üçin, iki million tiražy bolan «Daily Mail» gazetiniň internet saýtyndan günde bäş million okyjy peýdalanýar.

**«Türkmenistan: Altyn asyr» elektron gazeti http://www.turkmenistan.gov.tm** «Türkmenistan: Altyn asyr» elektron gazeti 2003-nji ýylyň iýul aýynda döredilip, Türkmenistanda bolup geçýän wakalary rus, iňlis we türkmen dillerinde giňişleýin beýan edýän ilkinji milli Internet neşiridir. Ol «Neýtralnyý Turkmenistan» gazetiniň we Türkmen döwlet habarlar gullugynyň (TDH) habarlar babatda goldaw bermeginde taýýarlanylýar.

---

[1] Elektron gazetleriň sany artýar. – Zaman Türkmenistan gazeti, 2011, 29-njy dekabr, 9 s.

Gazet saýtynyň sahypalarynda şu günki Türkmenistan barada giňişleýin we anyk maglumatlary, ýurduň syýasy we ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlary barada maglumatlary almak mümkin. «Türkmenistan: Altyn asyr» elektron gazeti Watanymyzyň täsirli we gyzykly taryhy, türkmeniň medeni we ruhy gymmatlyklara baý bolan durmuşy bilen tanyşdyrýar. Onuň üsti bilen türkmen tebigatynyň ajaýyp gözellige baý künjeklerine hyýaly – wirtual syýahat etmek mümkin.

«Türkmenistan: Altyn asyr» elektron gazetiniň «Resmi habarlar», «Teswirlemeler», «Hyzmatdaşlyk», «Ykdysadyýet», «Jemgyýet we saglyk», «Medeniýet we miras», «Ylym we bilim», «Sport we syýahatçylyk», «Türkmenistana hoş geldiňiz» ýaly rubrikalary bar. Şeýle-de ýurdumyzyň paýtagtynda we welaýatlarynda boljak howanyň ýagdaýyny habar berýän «Howa maglumaty» rubrikasy hereket edýär.

**«Turkmenistan.ru» elektron gazeti http://www.turkmenistan.ru/ru/** Bu döwürleýin internet neşiri Russiýa Federasiýasynyň Neşirýat ministrliginde 2002-nji ýylyň 18-nji iýulynda hasaba alyndy (ЭЛ № 77–6402). «Turkmenistan.ru» elektron gazeti GDA girýän döwletleriň halklary bilen bagly, esasan-da, Türkmenistan baradaky maglumatlary iňlis hem rus dillerinde okyjylara hödürleýär. Onda ýurdumyzyň ykdysady, syýasy, medeni, jemgyýetçilik durmuşy we beýleki temalar boýunça makalalar berilýär. Okyjylar şu temalara degişli 2000-nji ýylyň noýabrynda döredilen arhiwden peýdalanyp bilerler. Elektron gazetiniň üsti bilen türkmen-rus dostlukly gatnaşyklarynyň senenamasy bilen tanyşmak mümkin. Gazetde maglumatlar gyzgyny bilen okyjylara ýetirilýär. Türkmen okyjylary bu gazet arkaly GDA ýurtlarynyň neşirlerinde berilýän makalalar, habarlar bilen tanşyp bilerler. Gazetiň redaksiýasy bilen info@turkmenistan.ru. internet salgysynda habarlaşmak mümkin. Şeýle-de, photo@turkmenistan.ru. internet salgysynda ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik durmuşyna degişli fotosuratlary görmek mümkin.




«Türkmenistan: Altyn asyr» elektron gazetiniň baş sahypasy.


.... 43802 3G
8:49
100 %
www.turkmenistan.gov.tm/_tmt/
Поиск
Türkmenistan: altyn asyr
24.05.2013 • Şu gün Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda käbir resminamalaryň taslamalaryna, şeýle hem ýurdumyzyň durmuşyna degişli möhüm meseleleriň birnäçesine seredildi. Milli Liderimiz mejlisiň başynda oňa gatnaşyjylary we olaryň üsti bilen Türkmenistanyň ähli halkyny, ýurdumyzyň ähli halyçylaryny ýetip gelýän Türkmen halysynyň baýramy bilen tüýs ýürekden gutlady. ...
23.05.2013
Türkmenistanyň Prezidenti "Mangold Konsalting" kompaniýasynyň ýolbaşçysyny kabul etdi
23.05.2013
Türkmenistanyň Prezidenti "Mangold Konsalting" kompaniýasynyň ýolbaşçysyny kabul etdi
22.05.2013
Türkmenistanyň Prezidenti Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidentine gynanç hatyny iberdi
20.05.2013
BMG Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyçlaryny tapgyrma-tapgyr durmuşa geçirýär
gündiz
+31... +33°
gije
+17... +19°
+30... +32°
Balkanabat
+34... +36°
Mary
+31... +33°
Türkmenabat
+28... +30°
Daşoguz
+30... +32°
TESWIRLEMELER »
17.05.2013 • Ýurduň esasy Kanuny adamy döwletiň iň gymmatly hazynasy hökmünde kesgitleýär
08.05.2013 • Türkmenistan uruş weteranlary barada yzygiderli alada edýär, ýurtda olara dürli görnüşli ýeňillikler berilýär
02.05.2013 • Türkmenistan çagalar sagaldyş merkezleriniň ulgamyny döretmegiň iri möçberli maksatnamasyny amala aşyrýar
23.04.2013 • Milli Liderimiziň durmuş syýasatynyň maksady halkymyzyň abadançylygydyr
04.04.2013 • Mart – 2013: milli Liderimiziň daşary syýasat başlangyçlarynyň ugry bilen



43802 3G 8:49 100 %

www.turkmenistan.gov.tm/_tmt/

Поиск

Türkmenistan: altyn asyr

JEMGYÝET WE SAGLYK »

**Türkmen paýtagty dünýä ulgamynda öz saýtyny açýar**

24.05.2013 • Türkmenistan Internet ulgamynda öz "wekilçiligini" giňeltmegini dowam edýär.Internetde ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyny, onuň gazananlaryny we üstünliklerini giňden beýan edýän, belli bir ugurly, mowzuklaýyn ýa-da ýöriteleşdirilen mazmunly makalalary hödürleýän, okyjylary dürli ugurlardaky täzelikler we wakalar, seljeriş synlary hem-de öwreniş we ylmy-köpçülikleýin ...

23.05.2013
Žurnallaryň nobatdaky sanlary neşir edildi

20.05.2013
Çykyp giden deputatlaryň ýerine Mejlisiň deputatlygyna dalaşgärler bellige alyndy

18.05.2013
Türkmenistan Konstitusiýanyň kabul edilen gününi hem-de Galkynyş, Agzybirlik we Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününi baýram edýär

MEDENIÝET WE MIRAS »

**Ýatdan çykmajak syýahat ýa-da gözellik sapaklary**

23.05.2013 • Türkmen halylary özüniň nepisligi we jadyly gölleri bilen hemmeleri haýrana goýýar. Oň adiňe bir amaly sungatyň ussatlary, dizaýnerler we hudožnikler gyzyklanma bildirmän, eýsem ýaşlyk ýyllaryndan daşyny gurşaplaýan jadylaýjy haly gölleri çagalarda hem gyzyklanma döredýär. Golaýlap gelýän Haly baýramynyň öňüsyrasynda Aşgabat şäheriniň çagalar we ýetgionjekler köşgüniň ...

18.05.2013
Magtymgulynyň goşgular ýygyndysynyň ikisi hytaý we rus dillerinde çap etmeklige taýýarlanýar

17.05.2013
Galkynyş, Agzybirlik we Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününe bagyşlanan sergi ýaýbaňlandy

09.05.2013
Beýik Ýeňşe bagyşlanan ajaýyp türkmen we dünýä sazlary

YLYM WE BILIM »

**Mugallymlar täze okuw ýylyna taýýarlyk görýärler**

20.05.2013 • 12 ýyllyk umumybilime geçmegiň çäklerinde Türkmenistanyň Milli bilim institutynyň binýadynda Aşgabat şäheriniň bilim müdirligi bilen bilelikde paýtagtyň orta mekdepleriniň başlangyç synplarynyň mugallymlary üçin hünärlerini ýokarlandyrmak boýunça okuwlar guraldy. Iň ýaş mekdep okuwçylary – alty ýaşly birinji synp okuwçylary üçin okuw işlerini guramagyň meselelerine ...

SPORT WE SYÝAHATÇYLYK »

**HTTU utuklaryny ýitirse-de, öňdeligini gidirmeýär**

24.05.2013 • Şu gün Aşgabatda we Türkmenbaşy şäherinde üç oýnuň geçirilmegi bilen ýokary liganyň toparlarynyň arasynda Türkmenistanyň futbol boýunça çempionatynyň 13-nji tapgyr oýunlary badalga aldy. Ilkinji oýun Türkmenbaşy şäherinde geçirildi. Ol ýerde ýerli "Şagadam" "Bagtyýarlyk-Lebaby" 2:1 hasabynda utdy. Ýeňijilerde iki pökgini hem geçen ýylda derwezelere iň köp pökgi ...

«Türkmenistan: Altyn asyr» elektron gazetiniň rubrikalary.




«Turkmenistan.ru» elektron gazetiniň baş sahypasy.

# III BÖLÜM

## ŽURNALISTIKANYŇ SOSIOLOGIÝASY, ONUŇ ARAGATNAŞYK SOSIOLOGIÝASYNA BOLAN GATNAŞYKLARY

Häzirki döwürde dünýä jemgyýetçiliginde köpçülikleýin kommunikasiýa serişdeleriniň (KKS) uly ösüşler bilen öňe gitmegi, maglumatlar jemgyýetiniň dünýädäki abraýyny we oňa bolan zerurlygy artdyrdy. Şeýlelikde, žurnalistikanyň wezipesi diňe habar bermek işi bolmaklygyndan düýbünden üýtgedi we ol jemgyýete peýdaly bolan ençeme wezipeleri öz üstüne aldy. Auditoriýanyň talaby hem düýpgöter üýtgedi we ony kanagatlandyrmak esasy meseleleriň birine öwrüldi. Islendik habaryň yzy bilen onuň giňişleýin düşündirişi, subutnamasy, anyk çeşmesi, sosiologik we beýleki barlaglaryň netijesi ýa-da onuň seljermesi baradaky garaýyşlaryň zerurlygy ýüze çykdy. Bu ýagdaýlar islendik žurnalistiň žemgyýetiň ähli talaplaryna düşünýän, döwrebap, çuňňur dünýägaraýyşly, islendik çylşyrymly meseleleriň dogry çözgüdini tapmaga we olar barada öbýektiw garaýyşlary beýan etmäge taýýarlykly bolmagyny talap edýär. Žurnalistiň öňe sürýän pikiriniň obýektiw bolmagy üçin onuň taýýarlan, öwrenen maglumatlarynyň anyk barlagy gerek.

Häzirki döwürde ylmy gözleg usullary, aýratyn hem tejribä esaslanýan (empiriki) sosiologiýa uly ähmiýete eýedir. Bu ýerde sosiologiki usullaryň aşakdaky aýratynlyklary barada gürrüň etmek bolar:

– ylmy obýektiwlik;
– dogruçyl çemeleşmek;
– reprezentatiw seçim esasynda köp mukdardaky obýektleri ýeterlik derejede öwrenmek.

*Şeýlelikde, žurnalistiň sosiologiýasy adama durmuşy toparlaryň wekili hökmünde garamak, onuň durmuşy, häsiýetli, taraplaryny anyklamak, dogruçyl statistiki mukdar usullarynyň esasynda netijeler çykarmak, birnäçe ýeke-täk ölçeg ýollary arkaly umumylaşdyrylan durmuş faktlaryny almak, obýektleriň köptaraply häsiýetlerini açyp görkezmek bilen, jemgyýeti we durmuşy toparlary, durmuşda bolup geçýän wakalary we gatnaşyklary, durmuşy ýagdaýlary ugrukdyrmak baradaky ylymdyr*.

Žurnalistiň sosiologiýasy sosiologiýanyň pudaklaýyn görnüşleriniň biridir. Syýasat sosiologiýasy, ykdysadyýet sosiologiýasy, zähmet sosiologiýasy, aragatnaşyk sosiologiýasy, maşgala sosiologiýasy, ýaşlar sosiologiýasy we ş.m. sosiologiýanyň pudaklaýyn görnüşleridir.

*Aragatnaşyk sosiologiýasy* durmuşy toparlaryň özara gatnaşyklarynyň – pikir we nyrh maglumatlaryny almak we bermek we şol jemgyýetiň, tutuşlygyna sosiumyň durmuşy gatnaşyklara, gymmatlyklara bolan gatnaşyklarynyň herekete geliş aýratynlyklaryny öwrenýär. Aragatnaşyk sosiologiýasy žurnalistikanyň sosiologiýasyna ýakyndyr. Şonuň üçin hem KHBS bilen KKS berk baglanyşykda çykyş edýärler.

*Gommunikatio* – latyn dilinden geçen söz bolup, *aragatnaşyk, gepleşik, söhbetdeşlige çagyrmak* diýen manyny berýär. *Gommunikator* bolsa, *gatnaşýan, bile gatnaşýan* diýmegi aňladýar. Bu terminleriň ikisi-de bir zady köpçülik bolup ýerine ýetirmek, habar bermek, bilelikde hereket etmek, aragatnaşyk saklamak sözlerinden gelip çykýar.

Aragatnaşyk sosiologiýasy durmuşy we şahsyýetler arasyndaky aragatnaşyklary köpçülikleýin aragatnaşyk serişdesi (aragatnaşyk serişdelerini, KHBS-i, reklamany, internet we ş.m. goşmak bilen) hökmünde öwrenýär.

*Köpçülikleýin-media* (mass-media) adalgasy hem köp ulanylýar. *Mediatio* latyn dilinden gelip çykan mediasiýa sözünden bolup, «*araçylyk, aragatnaşyk*» diýen manyny berýär. *Mediate* bolsa, ortaça, esasy, özeni diýmegi aňladýar. Netijede mediasiýa bilen baglanyşykly ähli sözler ortalyk ýagdaýy, adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary umu-

my arabaglanyşyga getirýän ýagdaýlary aňladýar. Kommunikasiýada «mediasiýa» sözi medianyň adamlar bilen edilýän aragatnaşyk babatdaky wezipesi manysynda ulanylýar, şeýle-de maglumatlaryň toplanýan, üstünde işlenilýän we respondentlere iberilýän wagty hakykaty dürli görnüşlerde bermek üçin KHBS-iň öz görnüşini, sypatyny üýtgedýän funksiýasyny aňladýar.

Köpçülikleýin aragatnaşyk sosiologiýasy žurnalistikanyň sosiologiýasyna hemme babatda gabat gelmeýär. Köpçülikleýin aragatnaşyk sosiologiýasynyň gerimi has giňdir. Ol KHBS bilen bilelikde reklamalaryň ähli görnüşlerini, *Public – relations-i*, ýagny jemgyýetçilik bilen aragatnaşygy hem özünde jemleýär.

*Public – relations* häzirki wagtda iň ýörgünli ulanylýan ulgamlaryň biridir. Köp ýurtlarda, şonuň ýaly-da biziň ýurdumyzda hem iri edaralaryň, kärhanalaryň, okuw mekdepleriniň we ş.m. her biriniň hususy metbugat merkezleri bolýar. Bu metbugat merkezleri degişli guramanyň ähli maglumatlaryny toplaýar, habar berýär, özünde saklaýar. Žurnalistler, redaksiýalar köplenç ýagdaýlarda şol metbugat merkezleri bilen aragatnaşykda bolup, olaryň taýýarlan maglumatlarynyň üstünde işleýärler we neşire ýa-da ýaýlyma hödürleýärler. Olar žurnalistiki kommunikasiýa funksiýalaryndan başga-da köp işleri ýerine ýetirýärler.

*Şeýlelikde, žurnalistikanyň sosiologiýasy – bu, sosiologiýanyň KHBS-i, jemgyýeti, auditoriýalary, neşir ediji, ýolbaşçylyk ediji, maliýeleşdiriji gurluşlar, olaryň düzümleri, işleri we iş şertleri bilen bilelikde olary işletmegiň (funksionirlemegiň)* kanunalaýyklygyny we aýratynlygyny *öwrenýän pudagydyr*. Bu ýerde işler *sosiologiýada kabul edilen usullary özara baglanyşdyrmak* esasynda alnyp barylýar.

Žurnalistikanyň sosiologiýasynyň wezipesi KHBS-i jemgyýetdäki durmuşy institutlar bilen özara baglanyşykly, durmuşy, ýagdaýy çalt we köpçülikleýin häsiýetde habar beriş ulgamy hökmünde ugrukdyrmakdan ybaratdyr.

Žurnalistiň sosiologik sowatlylygy onuň hünär derejesini kesgitleýär. Bu gün žurnalistikanyň bazar şertlerinde işlemeli bolýandygy, maglumatyň haryda öwrülendigi sebäpli, biz islesek-islemesek şol

harydyň söwdasynyň biziň maglumat bazary we köpçülikleýin maglumaty ulanyjylar bilen näderejede tanyşdygymyz, maglumatlar harydyny öndürýäniň, ýagny redaksiýalaryň we žurnalistleriň zähmetine baha kesip bilýändigimiz ýa-da bilmeýändigimiz bilen baglydyr.

*Şu örän möhüm ugur, KHBS-iň jemgyýetde ulanylyşyny sosiologiki taýdan öwrenmek we redaksiýanyň sosiorefleksiýasy* (*refleksiýa* – latyn dilinde adamyň özüne başganyň gözi bilen garamak, baha bermek başarnygyny aňladýar) *bilen berk baglanyşyklydyr.*

KHBS-i jemgyýetde, redaksiýada, auditoriýada, maglumat alyş-çalşygyna gatnaşýan beýleki gurluşlarda ( neşirçiler, reklama berijiler, häkimiýetler, zat eýeleri we ş.m.) ulanmaklyga gatnaşýanlaryň ählisiniň gözlegleriniň ugurlary, usullary we netijeleri bilen tanyşmak žurnalist üçin peýdalydyr. Sosiologik gözlegiň iki ugry bar.

*Birinji* – bu adatça auditoriýanyň mukdar düzüminiň mediametriki, marketingleýin barlaglaryna esaslanýan, diňe täjirçilik-söwda peýdalaryny gazanmak üçin möhüm bolan faktorlary öwrenmek.

*Ikinji* – bu auditoriýanyň hakyky häsiýetini öwrenmeklige, onuň esasy bähbitlerini we isleglerini bilmeklige gönükdirilendir. Bu bilim köplenç täjirçilik-söwda peýdasynyň garşysyna, žurnalistiň sosial-jogapkärçilikli ugruna düzedişleriň girizilmegi üçin zerurdyr. KKS-i jemgyýetde ulanmaklygyň sosiologiýa taýdan öwrenilmegi žurnalistleriň we redaksiýalaryň özlerini tanamaklaryna, kemçilikli, üstünlikli taraplaryny anyklamaga, önümlerine isleg bildirilýänler hökmünde auditoriýany, onuň islegini öwrenmäge ýardam edýär. Auditoriýanyň reprezentatiw gözlegleriniň köplenç ýörite sosiologiýa gulluklaryna tabşyrylýandygy tebigydyr. Hatda şeýle ýagdaýlarda hem, gözlegleriň öňünde durýan maksatlaryny we meselelerini sosiologik gulluklara anyk düşündirip, reprezentatiw maglumatlary barlap bilmek gerekdir. Barlagyň usulyny we maksatnamasyny bahalandyryp, alnan maglumatlaryň seljerilişiniň meňzeşligi we amatly teklipleriň aýratynlyklary barada habarnama düzüp bilmekleri üçin redaksiýanyň işgärlerine meýilnamalaşdyrmagyň aýratynlyklary, gözlegleriň usullary bilen tanyşmak zerurdyr. Häzirki döwürde iri görnüşli KHBS-leriň, aýratyn hem elektron neşirleriň öz sosiologiki merkezleri ýa-da gulluklary bar. Emma käte uly bolmadyk redaksiýalaryň hem audito-

riýa barlaglaryny, poçta ýa-da metbugat barlaglaryny geçirmäge mümkinçiligi bar. Şeýle ýagdaýlarda žurnalist sosiologyň ornunda çykyş etmeli bolýar. Ol bu işi ýerine ýetirmek üçin: barlagyň maksatnamasyny düzmeli, sowalnamany taýýarlamaly, kabul edilen sowalnamalaryň üstünde işlenilişiniň aýratynlyklaryny, tablisalaryň we grafikleriň gurluşyny bilmeli, geçirilen barlaglar barada netije çykarmagy (gerek ýerinde matematiki hasaplamalary, prosent hasabyny çykarmagy we ş.m.), sosiologiýa taýdan sowatly beýan etmegi başarmaly.

Şeýlelikde, sosiologiýanyň *birinji* ugrunyň çäginde gözlegleriň şeýle görnüşleri bar.

1. Marketing gözlegleri-neşirler we maksatnamalar üçin maglumatlaryň ornuny gözlemek, kesgitlemek we bellemek. Tölege has ukyply reklama berijileri ýüze çykarmak üçin redaksiýanyň täjirçilik işinde sosiologiki usullary ulanmak.
2. Auditoriýanyň maglumata bolan isleglerini we bähbitlerini ýaýlymlaryň, neşirleriň, SMS-leriň, internetiň we ş.m. üsti bilen öwrenmek.
3. Maglumatlar guramasyna bolan gatnaşyklara düşünmek üçin redaksiýanyň poçtasynda barlag geçirmek. Onuň işini gowulandyrmak üçin baha we teklip bermek, redaksiýa ýazýanlaryň sosial we demografiki düzümini öwrenmek.
4. Kontent-seljeriş (Kontent – iňlisçe mazmun diýmegi aňladýar) (mazmuny hil-mukdar taýdan seljerme) usulynda redaksiýanyň düzümini, maglumatlar üpjünçiligini, işgärleriň hünär derejesini we ş.m. öwrenmek.
5. Anyk maglumat guramasynyň işiniň maksatnamasyny, tematiki we žanr gurluşyny, grafiki-şekillendiriş modelini we ş.m. gözleglerini KHBS-iň şol bölegindäki bazarynyň ýagdaýyny ulanmak arkaly işläp düzmek.
6. Köpçülikleýin maglumatlar ulgamynyň dünýäde we aýry-aýry döwletlerde ulanylyşyny, ösüş derejelerini deňeşdirme esasynda öwrenmek.

*Žurnalistiň sosiologiýa taýdan sowatlylygyny görkezýän ikinji ugur onuň sosiologiki barlaglaryň maglumatlaryny ulanyp bilýänligi, žurnalistikada gerek bolaýjak durmuşy ýagdaýlary barlamak üçin sosiolo-*

*giki usullary ulanyp bilmek ukyby bilen baglydyr. Bu derwaýys durmuşy hadysalaryň žurnalistikanyň sapagy hökmünde kabul edilmegidir.*

Žurnalistikanyň sosiologiýasy – bilimiň bu ugry her bir žurnalist üçin ähmiýetlidir. Sosiologiýanyň dürli ugurlardaky – syýasatdaky, ykdysadyýetdäki, medeniýetdäki, boş wagt babatdaky we ş.m. ençeme gözlegleriň netijesi baradaky maglumatlary redaksiýanyň işgäri üçin, aýratyn hem iň bir möhüm häzirki zaman meselelerini açyp görkezmäge çalyşýan žurnalistler üçin möhümdir. Sosiologiki merkezleriň köpçüligiň pikiri baradaky barlaglarynyň netijeleri bilen tanyşmak, şeýle-de gazetiň ýa-da ýaýlymlaryň üsti bilen lokal barlaglary geçirmek – žurnalistiň neşir edilen islendik makalasyna obýektiwlik, takyklyk, subutnama, ylmylyk çaýýar.

Seýlelikde, redaksiýanyň işinde sosiologiýany ulanmaklygyň birnäçe görnüşlerini bellemek bolar:

1. Redaksiýanyň üns bermegine we aýan edilmegine zerurlyk bolan jemgyýetçilik ähmiýetli meseleleriň ýüze çykarylmagy.
2. Sosiologiýanyň anyk bir ugry (syýasat sosiologiýasy, durmuşy älem, bilim, saglygy goraýyş, sport, ýaşlar, şäher, oba we ş.m.) boýunça geçirilen barlaglaryň netijeleri barada pikir ýöretmek.
3. Neşirleriň we teleradio ýaýlymlarynyň ýaýraýan sebitindäki ilaty tolgundyrýan iň bir derwaýys meseleler boýunça jemgyýetçilik pikiri baradaky bar bolan sosiologiki maglumatlary öwrenmek.
4. Redaksiýa tarapyndan berlen tema üçin ýörite durmuşy barlaglary ylmy merkezlere tabşyrmak, ekspert sosiologlary çekmek.
5. Ilaty tolgundyrýan anyk bir derwaýys gündelik tema (söwda, ulag, saglyk hyzmatlary, işe ýerleşmek we ş.m.) boýunça özbaşdak redaksiýa ýa-da žurnalistiki barlaglaryny geçirmek. Gymmada düşýän reprezentatiw barlaglary geçirmek kyn bolan ýagdaýynda, islän wagtyň metbugat sowalnamasyny (neşirde ýa-da telewideniýe, radio arkaly habar berlen sowalnamalary) çap etmek mümkin.
6. Kontent-seljeriş usulyny ulanmak arkaly maglumat guramasynyň auditoriýasyny ýiti suratda gyzyklandyryjy meseleleri ýüze çykarmak üçin redaksiýanyň poçtasyny öwrenmek.

7. Çap bolan anyk bir makala üçin standartlaşdyrylan gözegçilik.
8. Maglumatlary ulanyjylary gyzyklandyrýan temalar boýunça internet barlaglary.
9. Sosiologiki maglumatlar bilen üpjün edilen auditoriýany tolgundyrýan meseleler boýunça köpçülikleýin redaksion pikir alyşmalary, şol sanda internet forumlaryny geçirmek.

Sosiologiki barlag geçirilip gutarylandan soňra onuň jemleri, netijeleri baradaky pikirleriň çap edilmegi hem zerurdyr. Tejribä esaslanýan barlaglaryň netijeleri çap edilende şeýle zatlary göz öňünde tutmaly:

1. Bellenen gözlegiň temasy, mümkin boldugyça onuň meseleleri.
2. Barlag geçirýän guramanyň ady.
3. Barlagyň geçirilen wagty.
4. Sowal-jogap üçin saýlanyp alnan mukdar ölçegleri. Mysal üçin, soralanlaryň sany ýa-da seljerilen sowalnamalaryň (anketalaryň) sany.
5. Sowal-jogap üçin saýlanyp alnanlaryň hil ölçegi, barlagyň çäk gerimi. Mysal üçin, Aşgabat şäheriniň ilatynyň pikirini öwrenmek, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyplary bilen sorag-jogap alşygy.
6. Maglumatlaryň haýsy usul arkaly alnandygy.

Žurnalistikada sosiologiki barlaglary geçirmek ýa-da sosiologiki barlaglara salgylanmak işiň hilini, ynandyryjylygyny, netijeliligini ýokarlandyrýan esasy serişdeleriň biridir. Häzirki döwürde Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe sosoiologiki barlaglar radiotelewideniýäniň, gazet-žurnallaryň, internet ulgamlarynyň işinde giňden ýaýbaňlandy.

**Soraglar we ýumuşlar.**

1. Žurnalistiň sosiologiki barlaglarynyň esasy aýratynlyklary.
2. Sosiologiki barlag geçirmegiň usullary we aýratynlyklary.
3. KHBS-de sosiologiki barlag geçirmegiň ähmiýeti.
4. Toparara sosilogik barlaglary taýýarlamagy we geçirmegi öwrenmek.

## ŽURNALISTIKADA ETIKA

Žurnalistiň etikasy örän köp zatlary öz içine alýar.

Adamlaryň jemgyýet bilen we özara gatnaşyklarynyň, ahlak taýdan özüňi alyp barmagyň düzgünlerine *ahlak kadalary* diýilýär. Etika bolsa jemgyýetçilik aňyň bir görnüşi, düzgün-tertip, edep-ekram, ahlagy öwrenýän ylymdyr. Ol adamlaryň ahlak taýdan özlerini alyp baryş kadalaryny, düzgünlerini, jemgyýetçilik borçlaryny, halkyň öňündäki, maşgaladaky we bir-birlerine bolan gatnaşyklaryň düzgünlerini öwrenýär. Kär (hünär) etikasy kär (hünär) ahlagynyň özboluşlylygyny aňladýar, aýdyňlaşdyrýar.

Temany saýlamakda, adresleri gözlemekde, şeýle hem neşiriň maksadyny anyklamakda, faktlary seljermekde, gahrymanyň özüni alyp barşyna, waka, hatda materialyň gurluşyna baha bermekde we ş.m. ýagdaýlarda žurnalistiň gatnaşygy ýüze çykýar. Ýagny ahlak gatnaşyklary onuň işine tutuşlygyna siňdirilendir. Žurnalist hemme ýerde: faktlary toplaýan wagty-da, olary kagyza geçirýän wagty-da etikanynyň düzgünlerini saklamalydyr.

Ýalan ýa-da çişirilen maglumatlar bilen işlemek etikanyň düzgünlerine gabat gelmeýär ýa-da adamlaryň göwnüne degmek bolmaýar. Adamlary ynjytmazlyk, halkyň ynamyny ödemek, il-günüňe, watanyňa wepalylyk, dogruçyllyk, obýektiwlik – bularyň ählisi etiki kadalardyr. Halkyň däp-dessurlary, häsiýetli aýratynlyklary – bularyň hemmesi žurnalistden seresaplylygy talap edýär.

Maglumatlary ýygnamak bilen žurnalist dürli habar çeşmeleri (adamlar, resmi kagyzlar, tehnika we ş.m.) bilen iş salyşýar. Habaryň birnäçe çeşmesi bar.

I. Habaryň çeşmesi – adam. Ýöne şol adam žurnaliste faktlary aýtmaga ýa-da maglumatlar barada gürrün bermäge borçly däl. Žurnalist söhbetdeşini gürletmek üçin onuň ynamyna girmegi, onuň bilen medeniýetli gürleşmegi başarmaly, onuň ugruny tapmaly. Şeýle hem žurnalistiň geýnişi-de, özüni alyp barşy-da kada laýyk bolmaly. Söhbetdeşiňden talap etmek bolmaýar, diňe onuň islegini bilip, şoňa görä haýyş etmeli, ynandyrmaly.

Material toplamagyň üstünlikli şerti gürründeşiň ýagdaýyny, keýpini bilip, şoňa görä hereket edip, söhbetdeşligi şol tarapa öwürmegi başarmak. Söhbetdeşiňe dostluk, hoş sözler bilen ýüzlenmek, şorta sözleri, halk pähimlerini, durnukly söz düzümlerini, atalar sözlerini aýtmak, iş tejribäňde bolup geçen gyzykly ýatlamalary gürrüň bermek bilen onuň ünsüni çekmeli. Žurnalistiň etikasy şeýle ýagdaýlarda ýüze çykýar:

1. Söhbetdeşligi dogry ýola salyp başarmagynda.

2. Manyly, ynamly, çeper gürlemeginde.

3. Ýüzüniň, eliniň hereketleri (yşaratlary) bilen söhbetdeşiniň sözlerini tassyklamagynda.

4. Gelşikli geýnişinde, salykatly özüni alyp barşynda, edep-tertibinde, mylakatlylygynda.

5. Bilimli, giň dünýägaraýyşly, beýan edýän zatlarynyň ähli taraplaryndan içgin habarly bolmagynda.

6. Söhbetdeşiniň gaharyny getiräýjek soraglary bermeli däl ýa-da ol soragy köpçülikleýin habar beriş serişdelerine bermejekdigini edeplilik bilen söhbetdeşine duýdurmaly.

II. Habary toplamagyň beýleki bir çeşmesi köpçülik, topar we beýlekiler bolup biler. Ylmy maslahatlaryň, mejlisleriň, baýramçylyklarýň we ş.m. çäreleriň geçirilýän ýerinden material toplamakda bir däl-de, birnäçe adamyň pikirini bilmek zerur. Bu ýagdaýda awtor, ilki bilen, çäräniň geçýän ýerini, onuň maksadyny, ähmiýetini düşündirmeli. Telegepleşik bolan ýagdaýynda kynçylyk döretmeýär. Tomaşaçy teleekran arkaly märekäni, onuň keýpini we beýleki ýagdaýlary görende eýýäm köp zada göz ýetirýär. Žurnalistiň şol ýerden guraýan söhbetdeşlikleri çäräniň manysyny, ähmiýetini, halk bilen gatnaşygyny aýdyňlaşdyrýar.

III. Habar çeşmesiniň ýene bir görnüşi resmi kagyzlar, resminamalardyr. Žurnalist resmi kagyzlary agtarmazdan öň olara degişli adamlardan ýa-da olaryň çagalaryndan, eger edara, kärhana bolsa, ýolbaşçylardan rugsat soramaly. Öz materialynyň dowamynda edeplilik bilen resmi kagyzlary öwrenmäge kömek eden adamlary ýatlamaly. Olary şrift aýratynlyklary bilen bellemeli, garaldylan ýa-da çe-

per (kursiw) şriftlerde olaryň sözlerini mysal getirmek we ş.m. arkaly tapawutlandyrmaly. Materialyň dowamynda olara öz işi üçin döreden mümkinçiliklerine hoşallyk bildirmeli.

IV. Žurnalist material toplaýan wagty käriniň abraýyny peseldýän ýollardan peýdalanmaly däl. Gybatdan, gizlin habar toplamakdan daşda durmaly. Özgäniň setirlerini, pikirlerini («plagiat») öz işlerinde ulanmaly däl. Žurnalist öz wezipesini açyk, aýdyň ýerine ýetirmeli. Rugsat edilýän mümkinçiliklerden peýdalanmagy başarmaly. Köpçülik ýerlerinde we beýleki ýerlerde etiki kadalary bozmaly däl. Eger-de ol öz kärinden peýdalanyp, gereginden artyk hereket etse, adamlaryň göwnüne, şahsyýetine degse, degişli guramalar žurnaliste çäre görüp ýa-da ony jogapkärçilige çekip bilerler. Daşary ýurtlarda şeýle ýagdaýlar, wakalar örän köp bolup geçýär. Olarda tertip-düzgüni saklamagy başarmadyk žurnalistler, köplenç ýagdaýlarda, kazyýet jogapkärçiligine çekilýärler.

Bu barada Türkmenistanyň KHBS hakyndaky Kanunynyň IX babynyň 52-nji maddasynda aýdylýar.

Türkmen žurnalistikasy barada gürrüň gidende halkyň däp-dessurlaryndan, milliliginden ugur almagyň zerurlugy her bir žurnaliste düşnükli bolmaly. Halkyň milli ruhuna gabat gelmeýän zatlary telewideniýede-de, radioda-da, metbugatda-da, suratda-da we ş.m. bermek bolmaýar. Mysal üçin:

1. Adamlary ýarym-ýalaňaç şekilde görkezmek.
2. Ýaramaz, paýyş, gödek sözleri beýan etmek.
3. Ýaramaz, halkyň ruhuna gabat gelmeýän filmleri görkezmek.
4. Pornografiýa suratlaryny ýaýratmak.

Türkmen žurnalistikasy hem etikanyň düzgünlerini berjaý etmekde halkyň milli-ruhy aýratynlyklaryndan ugur alýar. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda Türkmenistanyň kanunynyň II babynyň 7-nji maddasynda şeýle diýilýär:

«*Žurnalistleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak, jemgyýete berilýän maglumat dogrulygyny we tarapgöýsüzligini üpjün etmek maksady bilen žurnalistler hünär etiki ülňüleriň meýletin esasda kabul edilmegini we redaksion tertipnamanyň ýa-da düzgünnamanyň*

*(mundan beýläk – redaksiýanyň Tertipnamasy), köpçülikleýin habary taýýarlamak we çykarmak, şeýle hem redaksion we beýleki geňeşleri döretmek bilen baglanyşykly içerki gatnaşyklary düzgünleşdirýän işiň maksatnamasyny we beýleki resminamalary özbaşdak düzmegi göz öňünde tutýan köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň çygrynda öz-özüňi düzgünleşdirmek ulgamyny amala aşyryp bilerler*[1]» .

Köpçülikleýin habar beriş serişdelerindäki materiallaryň ählisi-de olara kybapdaşlykda şöhlelendirilýär. Türkmen edebiýatynyň taryhyna, edebi mirasymyza, Magtymgulynyň, Keminäniň, Mollanepesiň we beýleki şahyrlaryň döredijiligine, dürli çeşmelere ýüzlensek, türkmen halky, aýratyn hem türkmen gelin-gyzlary asyllylygyň, edep-ekramyň nusgasy hökmünde wasp edilip gelnipdir. Bu ýagdaý häzirki döwürde hem şeýle dowam edýär. Şonuň üçin hem öz eserlerinde milliligi ösdürmek, çuňlaşdyrmak, halkyň däp-dessurlaryny milli-ruhy aýratynlyklary bilen baglanyşyklylykda şöhlelendirmek žurnalist üçin halkyň ynamyna girmegiň iň esasy açarydyr.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Habar toplamagyň esasy çeşmeleri.
**2.** Žurnalistiň etikasy we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň sazlaşygy.
**3.** Material toplamakda we taýýarlamakda etiki gatnaşyklar.
**4.** «Žurnalistiň etikasy» diýen temadan öz pikirleriňi beýan edip, çykyş taýýarlamaly.
**5.** Tema boýunça barlag işine taýýarlanmak.

## ŽURNALISTIKA WE PSIHOLOGIÝA

Žurnalistikada psihologiýanyň orny, adamlaryň psihologiýasyny öwrenmek, olar bilen gatnaşyklaryň psihologiki aýratynlyklary esasy meseleleriň biridir. Bu meseleleriň öwrenilmegi žurnalistikada işiň ugurlaryny kesgitlemäge mümkinçilik döredýär. Žurnalistiň psihologiýasy onuň aň derejesiniň, dünýä akyl ýetirmek, adam häsiýetlerine

---

[1] Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda Türkmenistanyň Kanuny. – «Türkmenistan» gazeti, 2013, 4-nji ýanwar.

düşünmek ukybynyň, durmuşy gatnaşyklarynyň, dünýägaraýşynyň kämilliginiň esasynda ýüze çykýar.

Žurnalistiň psihologiýasyny iki hili gatnaşykda öwrenip bolýar:

1. Adaptasiýa (uýgunlaşmak) häsiýeti žurnaliste öz işlerini ykjam ýerine ýetirmäge ýardam edýär. Adaptasiýa alamatlar ulgamyny, sosial orunlary özleşdirýär. Adam žurnalistikany öwrenmek bilen, onuň teoriýasyna, etikasyna aralaşyp başlaýar.

2. Indiwidualizasiýa – şahsyýetiň özbaşdaklaşmagy. Nähili ýagdaýda onuň özbaşdaklygyny tapmaly? Bu ýagdaý üç döwre bölünip öwrenilýär:

a. Integrasiýa – şahsyýetiň jemagat bilen deňagramlylygyny gazanan döwri.

b. Passiw (gowşak) döwür – adam jemgyýetiň sosial obýektiliginde galýar.

ç. Aktiw (işjeň) döwri – adamyň sosial tejribesiniň önümi sosial gatnaşyklaryň subýektine öwrülýär.

Sosial gatnaşyklaryň obýektine we subýektine öwrülmegi başaran şahsyýetler liderlerdir. Olar köpçüligi ynandyrmagy we yzyna düşürmegi başarýanlardyr. Liderlik alamatlary žurnaliste hiç mahal päsgel bermeýär. Ýöne bu onuň psihologik aýratynlygynda esasy zat däldir.

Žurnalist halkyň içinde gezýär, ol halkdan üzňelikde eser döredip bilmeýär. Şonuň üçin hem oňa halkyň psihologiýasyny öwrenmek, öz işlerini şoňa görä meýilleşdirmek artykmaçlyk etmeýär.

Mysal üçin, çagalara, mekdep okuwçylaryna niýetlenilen gepleşik çaga psihologiýasyndan ýa-da ýetginjeklere niýetlenen gepleşikler ýetginjikleriň psihologiýasyndan daşda bolup bilmez.

Žurnalist olaryň psihikasyna göz ýetirip, ugruny tapyp bilmese, gepleşikde olaryň joşgunyny gazanyp bilmez. Bu mesele garrylar, orta ýaşly adamlar we ş.m. barada hem şeýle. Ýaşuly adamy gürletmek üçin onuň ýüzüniň hereketlerinden, sesiniň owazyndan, sözlerinden islegini, göwnüni, keýpini duýmagy başarmaly we şoňa görä öz pikiriňi utgaşdyryp ýetişmeli. Garşylykly soraglar bilen onuň sözüni bölüp, gaharyny getirmeli däl. Sorag bermek üçin amatly pursada garaşmaly we onuň öz dilinde gürlemeli.

Arabaglanyşygyň psihologiki ösüşi – aragatnaşygyň psihologiki mazmunydyr. Auditoriýa bilen aragatnaşygy ýola goýan žurnalist ony özgertmäge çalyşýar. Auditoriýa psihologik täsir etmek žurnalistiň bilim derejesiniň, öz işine ussatlygynyň, şeýle-de iş ýüzündäki döredijiliginiň esasynda bolup biler. Ýüze çykýan garşylyklaýyn aragatnaşyk ikitaraplydyr.

1. Ýöriteleşdirilen ýaýlymlar («Ýaşlyk», «Türkmen owazy», «Aşgabat», «Sport» we ş.m.), hatlar, redaksiýa, telestudiýa, telefon jaňlary.

2. Kommunikatoryň – diňleýjiniň, okyjynyň ýa-da tomaşaçynyň mümkin bolan täsiri (reaksiýasy) baradaky çaklamasy, seslenmeler, jaňlar.

Aragatnaşyk žurnalistiň şahsyýetini we psihologik medeniýetini kemala getirýän derwaýys prosesdir. Alymlaryň bellemegine görä, bu ýerde wajyp hadysalaryň biri öz ukybyňy ýüze çykarmakdyr (samooddaça). Muny şahsyýetleşme meselesi bilen hem baglanyşdyryp bolar. Mysal üçin:

1. Aragatnaşygyň giňişlik ýagdaýyndan ugur alyp bilmek.

2. Aragatnaşygyň içki ýagdaýlaryndan ugur alyp bilmek.

3. Çäkli, gysby, sosial ýagdaýlardan baş alyp çykmak.

Şol bir wagtyň özünde şahsy aralygy (distansiýany) saklamak düşünjesi-de zerurdyr. Şöhbetdeşiň bilen aralygyň 55–70 sm. bolmagy zerur.

Žurnalist öz göz öňüne getirmelerini birnäçe çeşmelerden susup alýar. Ynsan işjeňliklerinde özleşdirilen hakykatyň ähli ýüze çykmasy özboluşly medeniýetiň elementidir. Onuň aýry-aýry jemagat we şahsyýet üçin ähmiýeti, manysy bardyr we ol onuň esasy gymmatydyr.

Žurnalistiň psihologik medeniýeti professional medeniýetiň ruhy tarapyny kemala getirýär. Adam ruhy taýdan näçe baý boldugyça, özüniň içki mümkinçilikleri barada şonça-da köp bilýär, onuň öz intellektini ösdürmek mümkinçilikleri-de şonça köp bolýar. Psihologlar intellektiň ýedi görnüşini tapawutlandyrýarlar:

1. Werba (söz bilen aýdylýan) – meseleleri sözleýiş serişdeleriniň üsti bilen çözmäge ukyply – bu şahyrlara, ýazyjylara, oratorlara, wagyzçylara we žurnalistlere mahsus.

2. Şahsyýet içindäki intellekt – öz gam-gussaňa düşünmek ukyby, bu psihologlara, ýazyjylara, žurnalistlere mahsus.

«*Intellekt*» (latynça – «intellektus-akyl, pähim») adamyň döredijilikli pikirlenmäge ukyp-başarnygydyr. Intellektual – ýokary derejede ösen intellektli, zehinli, paýhas zähmeti bilen meşgul bolýan adamlardyr».

3. Motorika («motus» – latyn dilinden geçen söz bolup, « hereket» diýmegi aňladýar). Bedeniň haýsydyr bir işi ýerine ýetirişiniň yzygiderliligi. Motorika (hereketlendiriji) intellekti – bedene erk etmek ukyby türgenlere mahsus.

4. Şahsyýetlerara intellekt – adamlara (köpçülige) düşünmek ukyby syýasatçylara, mugallymlara we žurnalistlere mahsus.

5. Logiko-matematiki intellekti, pikirleri yzygiderli beýan etmek, barlag we statistiki, sosiologiki maglumatlary öwrenmekde zerur.

6. Saza üşüklilik intellekti, tekstiň intonasiýasyna, mazmunyna görä saz saýlamak. Syýasy mesele, baýramçylyklar üçin, marş we beýleki, şahyrlaryň we beýleki şahsyýetleriň durmuşyna, edebi döredijilik agşamlaryna, çeper okaýyşlara degişli saz saýlamak.

7. Giňişlik intellekti. Temany çuňňur beýan etmek. Beýanyň obýektiniň wagt we çäk giňişligi göz öňünde tutulyp bilner.

Intellekt diňe bir jemgyýetçilik ösüşiniň önümi bolman, ol jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen indiwidiň sazlasygyny hem özgerdýär. Intellektiň gurluşy (şahsyýetiň intellektual gory) we göz öňüne getirmeler öň nazara alynmadyk zatlary döretmäge ukyplydyr.

Intellekt žurnalistiň şahsyýetiniň özenidir.

Hormatly Prezidentimiz: «*Ýaşlaryň biliminiň we hünär taýdan taýýarlygynyň Ýewropa standartlaryna gabat gelýän derejesine ýetilmegi bize jemgyýetiň kuwwatly sosial gatlagyny – milli intellektual elitasyny döretmäge, Türkmenistany dünýäniň ösen döwletleriniň birine öwürmäge mümkinçilik berer*»[1] diýip belleýär. Ýurt Baştutanymyzyň ýurdumyzda ylymly, bilimli, çuňňur dün-

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II t. 149 s.

ýägaraýyşly türkmen ýaşlarynyň dünýä ülňülerine laýyk gelýän hünär taýdan taýýarlygyny, jemgyýetiň sosial kuwwatlylygyny – intellektual elitany döretmek baradaky öňde goýýan wezipeleri mugallymlara, wagyzçylara, žurnalistlere we ähli döredijilik intelligensiýa degişlidir.

«Elita» (frans. elite – kaşaň, saýlantgy) özüniň gaýtalanmaz hünärmenlik derejesi boýunça tapawutlanýan adamlar gatlagyny, toparyny aňlatmaklyk üçin ulanylýan adalgadyr. Şeýlelikde, intellektual elita her bir jemgyýetiň sosial düzüminde aýratyn ýagdaýdan peýdalanýan we dolandyrmaklyk, medeniýeti ösdürmeklik hyzmatlaryny ýerine ýetirýän gatlak ýa-da topar bolýar. Olar jemgyýetiň durmuşynyň ol ýa-da beýleki ugrunda (ylymda, önümçilikde, sportda we başg.) saýlananlardyr».

Žurnalistiň psihologik medeniýetinde erklilige uly orun degişlidir. Erk maksada okgunly hereketleriň durmuşa geçirilýän döwründe, adamyň haýsydyr bir gatnaşygynda erkinligini çäklendirýän päsgelçilikleri ýeňip geçmegiň hatyrasyna kemala gelýär. Adamlary erklilik alamatlary boýunça üç topara bölýärler:

1. Isleglerini çäklendirip bilýän, guramaçylygyny kesgitleýän, öz-özüne gözegçilik etmegi başarýan, tertip-düzgünli, edepli we ş.m.

2. Berdaşlylygyny kesgitleýän, sabyrly, çydamly we ş.m.

3. Ýaşaýşa ukyplylygyny kesgitleýän özbaşdaklyk, işe gaýymlyk.

Geçirilen sosiologiki barlaglar žurnalistleriň 22 %-niň ösen, ýokary erklidigini, 28 %-niň ortatap erklidigini, 50 %-niň bolsa pes erklidigini görkezdi.

Alymlar žurnalistleri emosional-gurşaw häsiýetine görä birnäçe toparlara bölýärler. Parahat, şadyýan, gaharly, şadyýan-gaharly, şadyýan-birahat, howsalaly-birahat, gyzma we ş.m. Sosiologiki barlaglaryň kesgitlemegine görä, žurnalistleriň 20–22% parahat we gaharjaň-birahat bolýarlar.

Umuman, žurnalistika hünäriniň psihologiýa hünäri bilen baglanyşygyny öwrenmek we ony işde, durmuşda peýdalanmagy başarmak geljekki žurnalistler üçin zerurlyklaryň biridir.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

1. Hormatly Prezidentimiziň milli intellektual elitany döretmek baradaky aladalary.
2. Žurnalistikada psihologiýa we žurnalistiň psihologik gatnaşyklary.
3. Intellekt jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen indiwidiň sazlaşygyny özgerdijidir.
4. Arabaglanyşygyň psihologik ösüşi, auditoriýa bilen žurnalistiň gatnaşygy, žurnalistiň psihologik medeniýeti we ş.m.
5. «Žurnalistiň psihologiýasy» diýen temadan ýazuw işine taýýarlyk görmek.

## ŽURNALISTIKANYŇ KONSEPSIÝALARYNYŇ EMELE GELŞI

*Žurnalistikanyň ideýa-teoretiki konsepsiýalary.* Gazet-žurnal işiniň barha ösüp, onuň jemgyýetiň durmuşyna täsiriniň güýçlenmegi bilen, žurnalistikanyň ruhy we ahlak taraplary, döwlet, jemgyýet, şahsyýet bilen gatnaşyklary barada dürli jedeller ýüze çykyp ugraýar. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işiniň daşynda dörän bu jedeller şu günler hem dowam edýär. Bu jedellere diňe žurnalistleriň özleri däl, eýsem filosoflar, syýasy işgärler, hukukçylar hem gatnaşýarlar. Žurnalistikanyň ösmegi bilen birlikde, ideýa-nazary ugurlar hem döräpdir. Ol ugurlar metbugatyň işine örän güýçli täsir edipdir.

Gumanitar-demokratik ugur öz köklerini magaryfçylyk döwründen alyp gaýdýar. Şol döwürde Ýewropa ýurtlarynyň hersi öz akyldarlarynyň adam azatlygy, raýat jemgyýetini döretmek, kanun öňünde hemmeleriň deňhukuklylygy baradaky ideýalara ýugrulan rewolýusion akymyň täsirine düşüpdi. Beýle akyldarlar: Fransiýada Ž.Ž.Russo, Angliýada D.Defo, Germaniýada W.Gýote, Amerikada B.Franklin, Russiýada M.B.Lomonosow, A.N.Radişew dagylar bolupdyrlar. Olaryň ideýalary soňra buržuaz hereketiniň ideýalarynyň düýbüni tutýar. Esasy meseleleriň biri hem metbugatyň azat bol-

malydygy baradaky jedel bolupdyr. Dürli ýurtlarda gazet-žurnallaryň azatlygy, hukuklary baradaky dürli-dürli kanunlar çykyp ugraýar.

Žurnalistikanyň azatlygynyň döremegi bilen, onuň sosial jogapkärçiligi hem döreýär. Bu temany ilki pamfletçi, iňlis J.Milton gozgaýar. Ol: «Azatlyk çäksiz bolup bilmez, eger çäksiz bolsa, onda ol töhmetçileriň eline düşer. Žurnalistiň halkyň öňünde, döwletiň öňünde jogapkärçiligi örän güýçlüdir» diýýär.

*Metbugatyň demokratik konsepsiýasy* – bu halkyň öňündäki jogapkärçilikdir. Demokratiýa we halkylyk burjuaz-demokratik ugruň tarapdarlarynyň söweşde esasy şygarlarydyr. Soňra bu şygar jemgyýetiň dürli sosial gatlaklarynyň wekillerini bir agza garatmagy başarýar.

Demokratik metbugatyň iň gowy źurnalistleri halkylyk däbine eýerip ýazýarlar we öz zehinlerini halka gulluk etmäge sarp edýärler. Krepostnoý baknalyga garşy, sada halkyň ezilişine garşy galamyň üsti bilen göreşýärler. Krepostnoýçylyga garşy göreşen žurnalistleriň arasynda A.N.Radişewiň adyny agzamak bolar. Estafetany dekabristler we A.I.Gersen dowam etdirýär.

Ähli ýerde we mydama demokratik metbugat agalyk etdi diýip bolmaz. Agalyk edýän synpy goldaýan metbugat hem dowam edýärdi. A.N.Radişew öz oçerkinde şeýle ýazýar: «Bilýäňizmi, meniň iň howply duşmanym näme? Gazet. Men okdan hem, aýydan hem gorkamok, gazetden gorkýan. Ol edil süýreniji ýaly bolup, siziň öýüňize, durmuşyňyza aralaşyp bilýär, parahat durmuşyňyzy ýumrup bilýär... ýene iki aýlap gazet okamajagyma men örän begenýärin.»

ÝUNESKO-nyň metbugatyň nähili bolmalydygy baradaky maslahatlarynda şeýle diýilýär: «Žurnalistika diňe habar ýaýratmakdan başga-da, has wajyp zady – adamy emele getirmegi hem başarmalydyr. Parahatçylykly hem-de deňhukukly jemgyýeti döretmäge ýardam etmelidir».

Žurnalistikanyň konsepsiýalarynyň ösmegine onuň marksistik teoriýasy hem ýardam edipdir.

Bu teoriýa sosial-synpy garşylyklaryň, baýlaryň we garyplaryň arasyndaky garşylyklaryň ösmegi netijesinde emele gelýär. Bu ugruň

esasy wekilleri K.Marks, F.Engels, W.I.Lenindir. Olar ideýa we syýasy göreşde metbugatyň ornuna uly baha beripdirler. Redaksion işe köp wagtlaryny sarp edipdirler. Bu adamlar žurnalistikanyň taryhynda güýçli analitik, tankytçy, guramaçy, redaktor, publisist hökmünde tanalýarlar.

Marksistik metbugata rewolýusion-demokratik metbugatyň dowamy diýsek hem ýalňyşmarys. Sebäbi olaryň ikisi hem zähmetkeşleriň adyndan çykyş edipdir, olaryň isleglerini dürli ýollar bilen gorapdyr. Soňy bilen žurnalistika barlyşyksyz synpy göreşiň ýaragyna öwrülipdir. Rewolýusiýa döwründe beýle žurnalistika halk köpçüligi tarapyndan goldanylypdyr. Meselem, 1842–1843-nji ýyllarda K.Marks tarapyndan çap edilen «Reýn gazeti» («Rheynise Zeitung») prus monarhiýasynyň oppozisiýasynyň merkezine öwrülýär. Onuň başda 855 okyjysy bolan bolsa, soňra 3400 okyjysy bolýar.

W.I.Leniniň žurnalistika bilen bagly işi has hem köptaraply bolýar. Ol «Iskra», «Wperýod», «Raboçaýa gazeta», «Zwezda», «Prawda» ýaly gazetlere ýolbaşçylyk edýär. Onuň «Iskrada» 60, «Proletariý» gazetinde 125, «Prawda» gazetinde 203 işi çap bolýar. W.I.Lenin: «Işçileriň syýasy organyny döretmegiň ilkinji ädimi umumyrus gazetini döretmekden başlanmalydyr» diýip ýazýar. W.I.Leniniň döreden synpy gazet görnüşi sowet žurnalistikasynda hem saklanýar we ol döwrüň žurnalistikasynda berk synpy senzura höküm sürýär. Sowet žurnalistikasynda marksistik ugruň köp häsiýetleri – köpçülikleýinligi, meşhurlyk, işjeň guramaçylyk, işgärleriň edebi başarnyklaryna bildirilýän talaplaryň güýçlüligi, anyk sosial wakalar barada derňewiň güýçlüligi saklanyp galýar. Emma žurnalistikanyň taryhyna ser salnanda, žurnalistikanyň absolýut bir teoriýasynyň ýa modeliniň bolmalydygyny inkär edýän pikirlere köp duş gelmek bolýar. Janly, ösüşde bolýan žurnalistika ähli ýurtlaryň žurnalistikasynyň öňki toplan tejribelerini täze, döwrebap görnüşde peýdalanmalydyr diýen pikir öňe sürülýär.

*Žurnalistikanyň köpçülikleýin-kommunikasion konsepsiýasy* žurnalistika syýasy tarapdan däl-de, sosial-psihologik nukdaýnazardan seredýär. Bu teoriýanyň merkezinde «kopçülikleýin jemgyýet»

durýar. Biziň döwrümizde köp döwletlerde (esasan hem Ýewropada) zähmet bölünişiginiň derejesi has ýokary bolany üçin, adamlaryň jemgyýetde bölünişiginiň has güýçli bolmak howpy bar. «Köpçülikleýin medeniýet», «köpçülikleýin jemgyýet» bolsa isleglerïň, pikirleriň, zerurlyklaryň birligi bilen jemgyýeti dagynyklykdan goraýar. Adaty adamyň isleglerine gönükdirilen «köpçülikleýin medeniýetiň» ýaýradylmagy bolsa metbugatyň, ýagny köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen amala aşyrylýar.

Žurnalistikanyň köpçülikleýin-kommunikasiýa konsepsiýasynyň nazary esasyny XIX asyrda sosiologlar O. Kont, G. Spenser dagylar goýýarlar.

XX asyrda žurnalistikanyň köpçülikleýin-kommunikasiýa konsepsiýasy metbugat baradaky ylymda esasy orny eýeleýär. Jemgyýetçilik pikirini, onuň syýasy maksatlar üçin emele gelşini yzarlamak birinji orna geçýär. 1940-njy ýyllarda metbugatyň jemgyýetiň syýasy ýagdaýyna täsir edişini öwrenmäge köp ýykgyn edilýär. Wagtyň geçmegi bilen metbugata jemgyýetiň dini we sosial taraplaryny hem özüne boýun egdirýän aýratyn bir medeni gurşaw hökmünde seredilip ugralýar. Bu ýagdaý wagyz etmegiň zerurlygy artan döwri bolan Birinji Jahan urşy döwri has hem ösýär. Wagyzçylar dürli döwletleriň halklaryny umumy duýga (emosiýa) birleşdirip bilipdirler: watançylyk duýgulary ösdürilipdir, duşmana ýigrenç döredilipdir. Soň-soňlar beýle çemeleşiş özüni ödemän ugrapdyr. Indi indiwidual aýratynlyklara üns güýçlendirilip ugralýar. Jemgyýetde auditoriýa bir tutuş zat hökmünde däl-de, özbaşdak pikirli adamlaryň topary hökmünde seredilýär. Şonuň üçin hem habarlary adamlaryň sosial, syýasy toparlaryna, aýratynlyklaryna görä goýberipdirler.

Şol bir wagtyň özünde *sosial kategoriýalar teoriýasy* hem döräp ugraýar. Bu ugruň tarapdarlary sosial-demografik häsiýetleri boýunça tapawutlanýandyklary üçin wagyz işini olaryň aýratynlyklaryna görä ösdürmeli diýen pikiri öňe sürýärler.

Kommunikasiýany netijeli etmegiň ýene bir ýoly – ol hem jemgyýetiň medeni we sosial taýdan özüni alyp barşyny öwrenip, şoňa görä hereket etmek, bar kadalary ösdürmek, täzeden döretmek ýaly

çykyşlardyr. Munda metbugat dini meselelere, däp-dessurlara, milli, etiki meselelere ýüzlenýär.

Žurnalistikanyň kommunikatiw teoriýasy Günbatar ýurtlarynda, soňra bolsa Russiýada ösýär. Bu teoriýanyň hem kemçilikli taraplary ýüze çykyp ugraýar. Bu teoriýa žurnalistikanyň auditoriýa bilen arasyny ýakynlaşdyrsa-da, aýratyn adam (indiwid) bilen, ýakynlaşdyryp bilmeýär. Žurnalistika bolsa abstrakt sosial bähbide däl-de, adama gulluk etmelidir.

Dünýä metbugatyny klassifikasiýa etmek üçin teoretiki binýat (fundament) hökmünde, žurnalistikanyň döwlet häkimiýeti bilen aragatnaşygy nukdaýnazaryndan azatlyk we jogapkärçilik ideýalaryny almak bolar. Žurnalistikany öwrenijiler žurnalistika haýsy syýasy we sosial gurluşda oturan bolsa, şol gurluşyň görnüşini we reňkini alýandygyny belleýärler. Üns berip synlasaň, metbugatlaryň arasyndaky dürlüligiň olaryň haýsy jemgyýetiň filosofik dünýägaraýşyny goldaýandygyna baglydygyny görüp bolýar. Žurnalistikanyň teoriýasy biri-birine garşylykly iki topara – awtoritar we libertarian toparlara bölünýär.

*Awtoritar konsepsiýa* ir, neşir etmegiň tehnikasy döräp ugranda ýüze çykýar. Bu metbugatda şol döwrüň jemgyýetiniň dünýägaraýşy, ähli hakykaty ýokary gatlagyň, häkimiýet işgärleriniň çözüp bilýändigi baradaky pikirleri agalyk edipdir. Metbugat halk köpçüligine äsgermezlik bilen ýokardan seredipdir. Beýle metbugat feodal-monarhik we totalitar düzgünli ýurtlarda bolupdyr.

*Libertarian konsepsiýa* tersine, jemgyýetiň her bir raýaty özbaşdak pikirlenip, hakykaty ýalandan özbaşdak tapawutlandyryp bilýär diýen pikiri goldaýar. Bu teoretik konsepsiýa XVII asyrda döreýär we soňra buržuaz jemgyýetiň ösmegi bilen barha güýjeýär. Bu konsepsiýa boýunça, metbugat adama hakykaty gözlemekde ýoldaş, döwlet üçin bolsa adamlar tarapyndan onuň gözegçisi bolup çykyş edýär. Libertarian konsepsiýanyň tarapdarlary azat bazary we azat habarlary döretmegi öz maksatlary edip goýýarlar.

Bu konsepsiýalar wagtyň geçmegi bilen özgerýär. XX asyrda libertarian konsepsiýadan sosial jogapkärçilik teoriýasy, awtoritardan bolsa metbugatyň sowet kommunistik teoriýasy döreýär.

Habaryň azat bazary diýen idealynyň bolup bilmejekdigini durmuş subut edýär. Gazetler öz döredijileriniň ideýalaryna bagly bolýarlar. Diňe habar beriş serişdeleriniň jemgyýetiň öňündäki jogapkärçiligi ony halky dürli habarlar bilen üpjün etmäge borçly edip biler. Žurnalistikanyň konsepsiýalary hiç wagt tejribede ulanylmadyk teoriýa däl, olar žurnalistikanyň durmuşynda bolup geçen zatlardyr.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR.**

1. Žurnalistikanyň ruhy-ahlak sypatlary, döwlet, jemgyýet, şahsyýet gatnaşyklary baradaky garaýyşlar.
2. Žurnalistikanyň konsepsiýalary.
3. Žurnalistikanyň döwlet, häkimiýet bilen taryhy gatnaşyklary.

## ŽURNALISTIKANYŇ MODELLERI WE ONUŇ IŞINIŇ GURALYŞY

Žurnalistika ulgamynyň binýadynda źurnalistikanyň modelleri we žurnalistiň işiniň görnüşleri döreýär. Käbir edebiýatlarda model sözüne derek *žurnalistikanyň taryhy tipleri* diýen jümle ulanylýar. Model žurnalistikanyň diňe bir taryhy döwürlerdäki üýtgeýän klassifikasiýasy däl-de, eýsem, metbugatyň gurluşlary baradaky düşünjeleri hem öz içine alýar.

Žurnalistikanyň modelleri belli taryhy döwre degişli hadysadyr. Bu ýerde žurnalistikanyň diňe bir wagta däl, eýsem, jemgyýetiň gurluşyna hem garaşlydygy göz öňünde tutulýar. Metbugat üçin gurşaw – ideologik akymlara eýe bolan sosial-döwlet gurluşyndan, halkyň özboluşlylygyndan we medeni däp-dessurlaryndan, hünäriň ösüş derejesinden bileleşip emele gelýän ýagdaýdyr. Metbugatyň modeli öz gurşawyna laýyk gelýändigi bilen häsiýetlenýär, meselem, kapitalistik we sowet žurnalistikasynyň modelleriniň ýerini biri-biri bilen çalşyp bolmaýar.

*Feodal-monarhistik metbugat* awtoritar konsepsiýany (garaýyşlar akymyny) özünde saklaýar. Bu model jemgyýete diňe zyýan ge-

tirdi diýmek nädogry bolar. Sebäbi adamzat öz ösüşinde ähli etaplary başyndan geçirmeli. Russiýada metbugatyň Pýotr I güýçli goldamagynda dörändigini ýatlap geçeliň. Şol döwrüň metbugaty feodal-monarhiýa metbugatynyň arassa görnüşidir. Bu modele redaksion-neşir işiniň gözegçilikde saklanmagy – lisenziýalar, senzura (metbugata gözegçilik edýän edara) ýaly zatlar mahsusdyr. Şol döwürlerde Ýewropa ýurtlarynda hususy metbugata syýasy wakalar barada ýazmak gadagan edilipdir. Syýasat barada ýazmaga az sanly resmi neşirleriň haky bolup, onda hem wakalary döwletiň «standartlary» boýunça düşündiripdirler. Metbugat döwlet gurluşynyň we dolandyrylyşynyň ýaragy hökmünde ulanylypdyr. Ideologik nukdaýnazardan monarhistik žurnalistika watançylyk mahsusdyr.

*Žurnalistikanyň dini-klerikal modeli* buthana syýasy hökümi dowam edýän jemgyýetde bolup bilýär. Konfessional metbugat – buthana metbugaty auditoriýanyň belli bir bölegine hyzmat edýän neşirlerdir. Bu modeliň dörän döwürlerinde buthana ýolbaşçylary täzelikleri ýaýratmakda ähli zady öz gözegçiliginde saklamak isläpdirler. XVII asyrlarda katolisizmiň ýokary iýerarhiýasy ýerli ýepiskopyň (ruhanynyň) rugsady bolmasa, habarlary çap etmegi gadagan edipdir. Bu düzgüni bozanlary ölüm jezasy bilen jezalandyrypdyrlar. Buthana bilen monarhiýa metbugatyň azatlygyna garşy bolupdyr.

Dini-klerikal modele feodal-monarhistik modeliň köp häsiýeti mahsusdyr. Bu meňzeşlik taryhy ýakynlykdan gelip çykýar, feodal jemgyýet bilen dini jemgyýetiň bir wagtda bolandygy bilen häsiýetlenýär. Žurnalistikanyň dini-klerikal modelinde dine ynanýanlara degişli habarlar berlen bolsady, onda hiç hili kemçilik bolmazdy. Emma dini-klerikal model şol wagtda ýurduň esasy syýasy güýji bolup duran metbugatdy. Ol döwleti dolandyrmaga gatnaşýardy. Metbugatyň beýle monopoliýalaşdyrylmagy adamlary bir pikire gulluk etdirmäge ýykgyn etmek bolýardy. Beýle metbugata Watikany mysal getirmek bolar.

*Žurnalistikanyň buržuaz modeli* iki döwre bölünýär, irki we ösen döwri. Irki döwürde metbugat diňe ideologiýa bilen baglydyr. Bu model buržuaz-demokratik häsiýetlidir. Feodalizm döwründe

oppozisiýa hökmünde dörän bu model antifeodal we antiklerikal ugry alyp barýar, monarhik döwlete garşy çykyş edýär. Satira we polemika (jedel) – bu neşiriň esasy häsiýetidir. Şeýle-de bu model tekstleriň ahlak-filosofik, ykdysady, syýasy häsiýetli bolmagy bilen tapawutlanýar. Buržuaz demokratik ugruň köp publisistleri öz ideýalarynyň durmuşa geçenini görmeýärler. Olaryň käbirini samoderžawiýe gabasa, käbiri klassyky uruş odunyň gurbany bolýar.

Žurnalistikanyň buržuaz modeli ösen döwründe biraz ugruny üýtgedýär. Ideýa-syýasy ugurdan ol prinsipial-oppozisionlygyny ýitirýär. Bu neşir döwlet gurluşynyň esaslaryny tankytlamakdan el çekýär. Bu ugurda žurnalist ýa redaktor däl-de, gazetiň eýesi esasy rol oýnaýar. Ykdysady nukdaýnazardan metbugat kapital goýmagyň bir ugruna öwrülýär. Konkurensiýa (basdaşlyk) güýçli bolany üçin, tehniki bazasy yzygider ösýär we kämilleşýär.

*Žurnalistikanyň sosialistik modeli* buržuaz jemgyýetde buržuaz demokratiýa tarapyndan döredilýär. Bu neşirde sosialistik ideýa gulluk etmek ideýasy esasy mesele bolup durýar. Adamy adamyň ezmegi ýazgarylýar. Bu metbugat nusgawy kapitalizme garşy çykyş edýär. Buržuaz jemgyýetde bu neşir jemgyýete görä bolmak maksady bilen özünde buržuaz häsiýeti saklaýar.

Bu ugur sosialistik jemgyýetde doly derejede açylyp bilýär. W.I.Lenin «Biziň gazetlerimiziň häsiýeti hakynda», «Sowet döwletiniň nobatdaky wezipeleri» atly işlerinde sosialistik žurnalistikanyň nähili bolmalydygyny görkezýär. Bu neşir hususylykdan döwlet eýeçiligine geçýär. Metbugat ykdysady gurluşyň ýaragyna öwrülýär. Ol terbiýeçi we ideýa syýasy göreşde ýarag bolmagyny bes etmeýär. Halkyň medeni ösüşinde sosialistik metbugatyň roly uly bolýar. Bu model diňe ozalky Sowet Soýuzynda däl, eýsem beýleki sosialistik döwletlerde hem hereket edýär. Jemgyýetiň ähli ugurlarynyň merkezleşdirilişi ýaly, metbugat hem sosialistik jemgyýetde partiýa-döwlet gurluşynyň gözegçiliginde bolýar. Ähli materiallar gözegçilikden geçýär. Şeýle-de bolsa, bu model ykdysadyýetiň, syýasatyň, medeniýetiň ösmeginde uly rol oýnaýar.

**Maglumatlar jemgyýeti.** Dünýäniň ösüşi adamzadyň ösüşiniň ähli ugurlaryny hem öz içine alýar. Hünärmenleriň we žurnalistleriň dili bilen aýdanyňda, dünýä habarlar jemgyýetine gadam basdy. Bu düşünjäniň umumy kabul edilen düşündirişi ýok. Şeýle-de bolsa, onuň esasy manysynda alymlaryň pikiri deň gelýär.

1. Maglumat ýa-da habar sosial ösüşiň esasy we gymmatly resursyna öwrülip barýar. Öňki agalyk ediji resurslar – tebigy, adam, energetik resurslar bolsa soňky orna geçip barýar.

2. Habar beriş işi sosial tejribede esasy ugurlaryň birine öwrülýär we ilatyň uly bölegi dünýä habar beriş çeşmelerinden peýdalanyp we olary öz bähbitlerine peýdalanyp bilýär.

3. Habar prosesiniň tehniki we tehnologik bazasy güýçli ösýär. Indi bar bolan tebigy baýlyklara däl-de, güýçli habar beriş serişdelerine we habarlara eýelik edýän döwletler üçin dünýä täsir etmäge şertler döreýär. Döwletiň güýji (harby ulgamda hem) habar arsenalynyň ululygy we güýçlüligi bilen ölçenilýär. Ýurtda aragatnaşygyň täze tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagynyň derejeleri bolsa, döwletiň güýjüniň ölçegi bolup hyzmat edýär.

Habar tehnologiýalary bilen ýokary derejede üpjün edilen ýurtlaryň arasynda barlag geçirilende, web- tehnologiýalary ulanmakda Skandinawiýa ýurtlary – Daniýa, Şwesiýa, Norwegiýa we Finlýandiýa ilkinji orunlary eýeleýärler. Ilkinji bäşlige Angliýa hem girýär. Emma hemişe ilkinjileriň biri bolup gelýän ABŞ bu bäşlikden çykýar. Häzirki döwürde kiçi döwletler bolan Singapur, Gonkong hem ýokary derejä galyp ugraýarlar. Russiýa, Peru, Ýaponiýa, Awstraliýa ýaly ýurtlardan soň, 55-nji orunda durýar.

Ýokarky maglumatlar habarlar tehnologiýasynyň dünýä ýüzünde deň ýaýramandygyny aňladýar. Käbir döwletler habarlar tehnologiýasynyň ähli görnüşleri boýunça ösen bolsa, käbir döwletler olaryň bir ugrunda ösüp, beýleki ugurlarynda yza galýar. Meselem, Fransiýany telewizion ýurt diýsek, Islandiýany internet ýurdy diýmek bolar. Emma bir zada düşünmelidiris: Habar beriş serişdeleriniň soňky gazananlarynyň ýurtda çuň ornaşdyrylmagy, şol ýurduň ykdysady derejesini, halkyň ýaşaýyş derejesini doly görkezmeýär. Meselem,

Germaniýa, Italiýa, Ýaponiýa habarlar serişdelerinde lider bolmasalar-da, olar gürrüňsiz, örän güýçli we ösen ýurtlardyr. Bu bolsa ýene bir gezek, Maglumatlar jemgyýeti diýen düşünjäniň örän giň manysynyň bardygyny aňladýar.

Köp alymlar adamzadyň ähli problemalaryny kompýuterleşmegiň üsti bilen çözmek baradaky hyýaly arzuwlaryndan el çekdiler. Sebäbi habarlaryň akymy aýratyn alnanda wajyp bolman, eýsem, onuň ulanylyşynyň we ýaýradylyşynyň sosial netijeleri wajypdyr. Şol sebäpli-de, siwilizasiýanyň ösüşiniň täze etapyny habarlar döwri däl-de, bilimler jemgyýeti diýip atlandyrýarlar.

Habarlar jemgyýetininiň teoretik gurluşynda, hatda bilimler jemgyýetinde hem birtopar ýetmezçilikler bar. Bu konsepsiýada energetik resurslara garaşlylyk ýaly wajyp mesele hem doly çözülmedik. Mundan başga-da, sebitleriň we ýurtlaryň habarlary kabul etmek boýunça deň ösmezligi habarlar jemgyýeti baradaky konsepsiýanyň güýjüne bolan ynamy peseldýär. Habarlar boýunça deňsizlik – bu ýurtlaryň arasyndaky öňden bar bolan sosial deňsizligiň täze bir görnüşidir. Amerikada ýurduň habar- kompýuter güýjüne seretmezden, elektroenergiýanyň köp wagtlap öçmegi we ýurdy hereketsiz goýmagy bu konsepsiýalara skeptik seretmäge mejbur edýär.

**Sosial habarlar.** Hiç bir adam dünýä barada özüne gerek ähli maglumatlary diňe öz tejribesine daýanyp toplap bilmez. Indiwidiň, kollektiwiň ýa-da jemgyýetiň hemmetaraplaýyn maglumat almagy we ösmegi üçin adamzadyň gadymdan bäri üznüksiz toplan maglumatlary gerek bolýar. Adamlaryň dünýä akyl ýetirmek üçin toplan habarlaryna sosial habarlar diýilýär.

Jemgyýet şertleriniň mydama adama täsiriniň bolýandygy üçin, sosial habar hem jemgyýetde bar bolan gatnaşyklary, göz öňüne getirmeleri, jemgyýetdäki gapma-garşylyklary özünde jemleýär. Sosial sözüniň manysy jemgyýetçilik sözüniň manysyny hem aňladýar. Diýmek, sosial habar adamyň işiniň netijesinde emele gelýän faktlary jemgyýete ýaramlylygy nukdaýnazardan beýan edýän we adamlaryň biri-biri bilen aragatnaşygyna gulluk edýän habarlardyr.

Biziň döwrümizde informasiýanyň agdyklyk edýändigi aýdylýar. 1980-nji ýylda dünýä inen çaga instituty gutarýança habarlar akymy 4 esse köpeldi, ýene 50 yyldan bolsa 32 esse köpelmeli. Bu ýagdaý adamzadyň işiniň aktiwleşýändigini, habar beriş we ýaýradyş serişdeleriniň ösýändigini we ykdysadyýetiň ösen bir pudagyna öwrülip barýandygyny aňladýar. ÝUNESKO-nyň maglumatlaryna görä, dünýäde bolup geçýän ykdysady çökgünlikler habar we kommunikasiýalar bazaryndan sowa geçýär.

**Žurnalistik habarlar.** Jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlary, manysy hem-de düzümi boýunça taýýarlanylýan özboluşly habarlar. Jemgyýetiň dürli hünär ugurlaryna bölünmeginiň netijesinde birnäçe görnüşli habarlar emele gelýär: ykdysady, syýasy, tehniki, dini, harby, söwda ugrundan, ylmy we ş.m. Bularyň ählisi hem jemgyýetiň kadaly işlemegi üçin deň derejede zerur bolup durýar. Olar biri-biriniň deregini tutup bilmeýärler.

Žurnalistik habar, gürrüňsiz, özüniň wajyplygy we ýaýrawynyň giňligi boýunça sosial habardyr. 1990-njy ýylda ABŞ-da habarlar muzeýi açylýar, bu muzeýiň açylmagy üçin birnäçe milliard dollar harç edilýär. Metbugatda syýasy, ylmy, ykdysady we beýleki ugurlardan hem habarlar deň derejede çap edilýändigi üçin, bu muzeýi belli bir ugra degişli etmek kyn. Çap edilýän materiallaryň many wajyplygy hemişe birdeň bolanok. Käwagt sport baradaky makalany, hemişelik ornunyň ahyrky sahypadadygyna seretmezden, birinji sahypada ýerleşdirmeli bolýar. Ýa-da käbir döwlet derejesindäki wakalar has çuň açylyp görkezilýär, käbirleri bolsa umumyrak beýan edilýär. Sebäbi käwagtlar habaryň temasy däl-de, onuň günüň wajyp meselesini gozgaýandygy derwaýys bolup durýar.

Žurnalistik habarlaryň esasy özboluşlylygy onuň sosial, durmuşy manysy, ýagny adamyň durmuşy bilen baglylygydyr. Bu ýagdaý çap edilýän habarlaryň ähli tematik görnüşlerine degişlidir. Žurnalistikany öwrenijileriň gelen netijelerine görä, habar arassa jemgyýetçilik kategoriýa girýär. Fakt öz-özünden täzelik bolup bilmez. Ol okyjylara we beýleki faktlara gatnaşygynda alynmasa, onda habar däl-de, diňe bir waka görnüşinde galar.

Žurnalistik habara sosial habara bildirilýän ähli talaplar deň derejede degişlidir. Bu onuň peýdalydygyny, jemgyýetçilik ähmiýetliligini hem öz içine alýar. Metbugatyň işinde ideologik we dolandyryjylyk başlangyçlar biri-biri bilen sepleşip gidýär. Bu ugruň bir-birinden aýrylmazlygy barada žurnalistika ylmynda žurnalistikanyň dini, durmuşy, dolandyryş tebigaty diýen düşünje bar. Dini gatnaşykda žurnalistik material ideýalara baýlygy bilen tapawutlanýar. Munda metbugat üçin auditoriýanyň ideýalary, dünýägaraýyşlary, ahlak, syýasy gymmatlyklary özleşdirmekleri esasy meseledir.

Žurnalistika durmuşy-dolandyryş gatnaşykda bolsa bolup geçýän wakalary suratlandyrmakda dokumentallyk häsiýetlidir, ýagny bu ýerde faktlara daýanmak, beýan etmekde takyklyk göz öňünde tutulýar. Metodiki nukdaýnazardan, bu häsiýet žurnalistika üçin zerurdyr. Sebäbi žurnalistikada «Sitata. Sanlar. Faktlar» ilkinji zerurlyklaryň biridir. Faktsyz žurnalistikany göz öňüne getirmek örän kyn. «Izwestiýanyň» weteran-žurnalisti S. Kondraşow «Fakt bolmasa, men özüme hem ynanyp bilemok» diýip belleýär.

**Habara bolan zerurlyk** – adamyň sosial ýagdaýyna, edýän işine we ýaşaýşynyň ýagdaýyna bagly bolýar. Hünärine jogapkärçilikli çemeleşýän lukmanyň lukmançylyk boýunça çap edilýän täze edebiýatlar bilen yzygider tanşyp durjakdygy hemmelere mälimdir. Umumy durmuşda bolsa her bir adama bahalaryň üýtgeýşi, dünýäniň ýagdaýy we beýleki zatlar barada yzygider habarly bolmak zerurlyk bolup durýar. Zerurlyklar esasynda hem habara bolan gyzyklanma döreýär. Sebäbi adam öz sosial ornuny we anyk meseleleri çözmek üçin nähili maglumatlaryň gerekdigini bilýär we şol maglumatlary almaga çalyşýar.

Käwagtlarda dürli ideýalary, dünýägaraýyşlary, syýasy we ahlak gymmatlyklaryny, auditoriýa metbugat, radio, telewideniýe ýa-da umumy KHBS arkaly düşündirmeli bolýar.

Žurnalistika sosial pikirleri, emosiýalary beýan edende ulaldyjy aýna ýalydyr. Şol sebäpli KHBS-ne bolan gatnaşyk hem ideologiýa bilen bagly bolup durýar. Sebäbi adamzatdan giden sosial ýag-

daý baradaky islendik habar adam aragatnaşyklarynda öz yzyny galdyrýar.

**Auditoriýa.** KHBS öz aralarynda – hemmeler üçin, hemme zat barada we ýöriteleşen ugurlara bölünýär. Jemgyýetçilik-syýasy metbugatyň esasy wezipesi döwlet syýasatyny goldamak we wagyz etmek.

Umumy ýa-da uniwersal gazetler umumy profilli bolup, bölünişiksiz, ähli auditoriýa üçin hem niýetlenen bolýar. Beýle metbugat köpçülik (publika) üçin ýaramly hasap eden materiallaryny özi saýlap alýar we öz oriýentasiýasyny özi saýlaýar.

Ýöriteleşen gazetler belli bir auditoriýa niýetlenen bolýar. Beýle gazetler öz auditoriýasyndan başga okyjylar üçin gyzykly bolmaýar.

Žurnalistikany sosiologlar auditoriýalary, alamatlary boýunça birnäçe böleklere bölýärler:

– demografik-sosial häsiýetli: auditoriýanyň jynsyna, ýaşyna, ýaşaýan ýerine, milletine, diline bagly bolup bilýär.

– sosial-hünär häsiýetli: okyjynyň işleýän işine, hünärine, iş ýagdaýyna bagly bolýar.

– sosial-medeni häsiýetli: auditoriýanyň bilimine, dinine, boş wagtyny nähili geçirişine bagly bolýar.

– syýasy-ideologik häsiýetli: adamyň syýasy aktiwligine, dünýägaraýşyna bagly bolýar.

– sarp edijilik häsiýetli: auditoriýanyň gazanjyna, peýdalanýan harytlaryna we hyzmatlaryna bagly bolýar.

– psihologik häsiýetli: materiallary, kabul edişine we habarlara bolan gyzyklanmasyna bagly bolýar.

Görşümiz ýaly, okyjylary ýa diňleýjileri saýlamak kyn däl. Metbugatyň ýa gepleşigiň häsiýetine seredip, onuň çagalara ýa aýallara, oba ýaşaýjylaryna ýa dindarlara niýetlenendigini bilmek kyn däl. Has şahsy gyzyklanmalary birleşdirýän neşirler hem az däl. Awtomobilistler üçin, sport bilen gyzyklanýanlar üçin we ş.m ugurly neşirler hem bar.

Aýal-gyzlara niýetlenen žurnalistikanyň köpçülikleýin habar beriş ulgamynda iň üstünlikli ugurdygyny belläp geçmek zerurdyr.

Aýallara, olary gyzyklandyrýan meselelere bagyşlanan neşirler mydama hem meşhurlygyny ýitirmän gelýärler.

**Legitim we legitim däl habarlar.** Peterburgly sosiolog A. N. Alekseew metbugaty kanunçylyk hukuklary taýdan klassifikasiýalaşdyrmagy teklip edýär. Köp ýurtlarda döwlet tarapyndan neşir işine rugsatnama almadyk neşirleriň bardygy muňa sebäp bolýar. Beýle ýagdaý Russiýada 1980–90-njy ýyllarda, metbugat barada kanun çykmazyndan öň köp ýüze çykýardy. KHBS-niň döwlet tarapyndan bellige alnyp başlanmagy bu baş-başdaklygyň öňüni aldy. Ähli metbugat legitim ýagdaýa, ýagny döwlet tarapyndan bellige alnan ýagdaýa geçýärler. Şeýle-de bolsa, legitim dällik ýagdaýynda galan neşirler hem bardy. Beýle redaksiýalar ýa ideologik, ýa ykdysady taýdan hökümetiň häkimligini inkär edýän neşirlerdir. Beýle neşirlere Russiýada we Ýewropada köp duş gelmek bolýar.

**KHBS ulgamynyň arabaglanyşygy.** Dürli görnüşdäki neşirler, köpçülikleýin habar beriş ýaýlymlary özara birleşip, bir umumy wezipäni ýerine ýetirýär. Bu ulgam öz kanunlary we öz gatnaşyklary boýunça ýaşaýar. Dürli görnüşli KHBS-ni bir umumylyga olaryň ählisiniň birmeňzeş jemgyýetçilik işini ýerine ýetirýändigi, birmeňzeş usullary ulanýandygy birleşdirýär. Bu meselä gurluş hem-de düzüm tarapdan seredeliň.

Gurluşy tarapdan KHBS-ni çap (metbugat), audiowizual we habar beriş gulluklary diýen toparlara bölüp bolýar. Olaryň düzümlerine şu aşakylar girýär: metbugat – gazetler, žurnallar, kalendarlar, býulletenler. Audiowizual – radio, telewideniýe, dokumental kino, wideo. Habar beriş gulluklary – telegraf agentligi, reklama býurolary, habarlar gulluklary, jemgyýet bilen aragatnaşygyň agentlikleri, žurnalistler klublary.

Internet haýsy topara girýär? Internetiň ýerine ýetirýän işlerine seretseň, onuň KHBS-iň hataryna girýändigini inkär etmek kyn. Bu pikire garşy çykýanlar hem bar. Russiýada we beýleki käbir ýurtlarda internet KHBS-iň hataryna girizilenok. Emma Aziýa ýurtlarynda internet-saýtlar KHBS-iň hataryna girizilýär.

7. Sargyt № 1051

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

**1.** Žurnalistikanyň modelleriniň görnüşleri.
**2.** Maglumatlar jemgyýeti barada düşünje.
**3.** Žurnalistik we sosial habarlar.
**4.** KHBS we auditoriýa gatnaşyklary.
**5.** Tema boýunça çykyşlary taýýarlamaly.

## ŽURNALISTIKA WE NESIL TERBIÝESI

Žurnalistika kär, hünär hökmünde döredijilik kanunlaryna boýun egýär. Žurnalistikanyň öz wezipeleri we maksady bar:

1. Žurnalistika halky täze habarlar bilen üpjün etmeli.
2. Žurnalistika jemgyýetiň ösüşini, ykdysadyýeti we ş.m. öwrenmeli we oňa täsir etmeli.
3. Halkara gatnaşyklarynyň dogry ýola goýulmagynda žurnalistikanyň hyzmaty bolmaly.
4. Syýasy gatnaşyklarda žurnalistikanyň ähmiýeti.
5. Halkyň milliligini, edebi mirasyny ösdürmek.
6. Eserleriň halkdan üzňe bolmazlygy.
7. Žurnalistikanyň nesil terbiýesindäki orny.

Žurnalistikanyň wezipeleri we borçlary sanardan kän. Olar ýüzlerçe we müňlerçe. Žurnalistiň dünýä, jemgyýet, garşylyklaryň çeşmelerini öwrenmek, seljermek, derňemek, netije çykarmak we meseleleri çözmek boýunça öz pikiri, garaýyşlary bolmaly. Ol ähli meselelere dogruçyl, obýektiw çemeleşmegi endik edinmeli.

Žurnalistiň döredijiligi durmuşy, adam gatnaşyklaryny, çeşmeleri çuňňur öwrenmekden we olar baradaky seljermeleri ýüze çykarmakdan ybarat bolmaly. Seljermeleriň birnäçe görnüşi bar:

1. Syýasy seljerme. Bu ýerde žurnalist özüniň syýasata bolan gatnaşygyny, düşünjesini ýüze çykarýar.

2. Ykdysady seljerme. Žurnalistiň ykdysadyýete bolan gatnaşygy. Önümçiligiň, ykdysadyýetiň, bank işleriniň, söwdanyň beýlekileriň seljermesi. Žurnalist ýurduň ykdysadyýetine päsgel berýän

nogsanlyklary ýüze çykarmaly, önümiň, harydyň özüne düşýän gymmatyny öwrenmeli we ş.m.

3. Ekologiýanyň zaýalanmagy baradaky meseleler žurnalistiň hemişelik öwrenmeli temalarynyň biri bolmaly.

4. Žurnalistlere hukuk kanunlaryny öwrenmek olaryň öz işini ýerine ýetirmeginde, öwrenýän meselelerinde salgylanmak üçin hem zerurdyr.

5. Ýurduň harby ýagdaýlaryny öwrenmek we olar barada yzygiderli beýanlary taýýarlamak harby žurnalistiň wezipesine girýär.

6. Žurnalist ýurtda sagdyn nesli, sagdyn durmuş keşbini döretmek meselesi bilen baglanyşykly sport çäreleriniň geçirilişine yzygiderli üns bermeli.

7. Sungat çäreleri. Edebiýat, sungat, teatr we beýleki meseleleri.

8. Taryh, edebi miras.

9. Ahlak meselesi.

10. Statistika, sosiologik gözlegler.

11. Psihologiýa we beýleki meseleler hem žurnalistiň öwrenýän, derňeýän, pikir-garaýyşlaryny ýüze çykarýan we beýan edýän obýektlerine degişlidir.

Görşümiz ýaly, žurnalistika jemgyýetiň ähli meselelerine gatyşýar. Žurnalist diňe täzelikleri öz üstünden geçiriji däl. Ol, ilki bilen, publisist. Ol, ilki bilen, auditoriýa, köpçülige täsirini ýetirip bilýän, halkyň pikirine ýolbaşçylyk edip bilýän güýç. Halk bilen döwletiň arasyndaky köpri. Ýurtda haýsydyr bir mesele ýüze çykanda, ilki bilen, žurnalistiň düşündirişine, pikirine, garaýşyna, maslahatyna garaşylýar. Bu ýöne ýerden däl. Žurnalistiň işiniň esaslylygy, ynamlylygy, durmuşy öwreniş, beýan ediş aýratynlyklary, eseriniň täsirliligi onuň ussatlygynyň derejesini ölçeýär. Häzirki döwürde plýuralizmiň – (haýsydyr bir meselä boýunça pikirleriň köpdürlüligi) ösmegi bilen žurnalistiň işi, wezipesi has hem çylşyrymlaşdy.

Plýuralizm haýsydyr bir mesele baradaky dürli çekişmeler, garaýyşlar bolup, bu meselede, beýlekilere garanyňda, publisistiň ýeňiji bolmaga mümkinçiligi ýokarydyr. Sebäbi ol belli bir netijä

gelmezden öň faktlary, maglumatlary, resminamalary öwrenýär. Okyjynyň ýagdaýy (emosiýasy), psihologiýasy, arassa logiki faktorlar publisistiň kommentariýsiniň özenidir, ol logiki pikirleriň ussatlygy we ş.m.ýagdaýlar bilen meseläni seljerýär.

Žurnalist, esasan, üç çeşmeden ugur alýar: indiwidual (adam), kollektiw (topar) we resminamalar (şahsy we beýleki), habar beriş serişdeleriniň materiallary). Şeýle hem žurnalistiň tekstinde esasy üç ýagdaýy (elementi) görmek bolýar:

1. Maglumat.
2. Awtoryň pikiri.
3. Awtoryň konsepsiýasy (garaýyşlary).

Konsepsiýa meseläniň seljermesinde, garşylyklarda, çözgütlerinde, funksiýalarda ýüze çykýar. Ol faktorlardan gelip çykýan pikirler we netijelerdir.

Umuman, publisist haçan-da ähmiýetli, täsirli eserler bilen özüni tanadyp başlanda okyjy ony diňläp başlaýar, ykrar edýär. Jemgyýetiň esasy meseleleriniň biri bolan nesil terbiýesi barada gürrüň edilende, esasy ornuň žurnalistlere, publisistlere degişlidigini bellemek gerek.

Türkmenistanyň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden, esasan, «Mugallymlar gazeti», «Nesil», «Esger» gazetleri, «Güneş» žurnaly we başga-da ençeme neşirler bu meselä uly üns berýärler.

Şeýle hem telewideniýäniň «Ýaşlyk» ýaýlymy we başga-da birnäçe gepleşikleri, radionyň hem birnäçe ýaýlymlary we gepleşikleri bu mesele boýunça işjeňlik görkezýärler.

Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde nesil terbiýesi nähili esaslarda alnyp barylýar?

1. Ýaşlary ýaramaz endiklerden halas etmek.
2. Olara gowy okamak, iş, ýaşaýyş şertlerini döretmek.
3. Olaryň ylymly-bilimli, çuňňur dünýägaraýyşly bolmagyny gazanmak.
4. Olaryň boş wagtlaryny peýdaly işlere sarp etmegini gazanmak.

Elbetde, ýaşlarda öz ýurduna, watanyna milli buýsanç duýgularyny döretmek işi hem, ilki bilen, žurnalistlere degişlidir. Öz ýur-

dunda alnyp barylýan çärelere işjeň gatnaşýan ýaşlarda ýurdy mundan beýläk-de gülletmäge ýakyndan goşant goşmak höwesi döreýär. Bu bolsa olary durmuşa höweslendirmek arkaly terbiýelemegiň esasy görnüşidir. Ýaşlaryň aňynda jemgyýetimizde gabat gelýän ýaramaz ýagdaýlara, hadysalara (neşekeşlik, çilimkeşlik we ş.m.) ýigrenç duýgusyny döretmek hem terbiýäniň esasy görnüşleriniň biridir. Bu barada ýazylan täsirli materiallaryň, guralan teleradiogepleşikleriň üsti bilen ýaşlaryň aňyna täsir etmegi başarmak zerurdyr.

Umuman, terbiýeçilik äheňi ýaşlar barada döredilýän eserleriň ählisinde duýulmalydyr. Žurnalistler şeýle ynsanperwer işleri bilen ýaşlara durmuşda öz orunlaryny hünärini, ugruny tapmaga, dost tutunmaga kömek etmeli, il-gününe ak ýürekden hyzmat etmäge, ýagşyny-ýamany seljermäge mümkinçilik döretmeli we ş.m.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe žurnalistikanyň esasy meseleleriniň biri ýaşlaryň terbiýe meselesine, ýurduň ösüşine, halkyň sagdyn durmuş keşbini döretmäge päsgel berýän neşekeşlik we ş.m. ýaramaz ýagdaýlaryň garşysyna göreşmek bolup durýar. Bu meselede köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň jogapkärçiliginiň ýokarlanýandygy anykdyr.

SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:

1. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniiň nesil terbiýesindäki orny.
2. Žurnalistiň döredijiliginiň esasy aýratynlyklary we seljermäniň görnüşleri.
3. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde pikirleriň köpdürlüligi we nesil terbiýesini alyp barmagyň ýollary.
4. Žurnalistikanyň nesil terbiýesine täsiri barada özbaşdak iş ýazmak.

## DAŞARY ÝURT ŽURNALISTIKASY

Geljekki ýaş žurnalistler üçin öz ýurdumyzyň žurnalistikasyny, onuň ösüşini we aýratynlyklaryny, teoriýasyny, taryhyny, psihologiýasyny, etikasyny, şeýle hem, daşary ýurt tejribesi bilen baglanyşygyny öwrenmek ähmiýetlidir. Ýöne öwrenmek, netije çykar-

mak deňeşdirme esasynda ýerine ýetirilende, has netijeli bolýar. Mysal üçin, dürli ýurtlarda žurnalistleriň dürli pikirlere gulluk edýändiklerini, islän zatlaryny (olaryň jemgyýetçilik ähmiýetiniň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan) aýdýandyklaryny ýa-da görkezýändiklerini bilmek kyn däl. Ol ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň birnäçesinde güýmenjelere, dawa-jenjele, çagalaryň, ýaşlaryň ösüşine, psihologiýasyna ýaramaz täsir edýän filmlere köp orun berilýändigi mälim. Bu babatda biziň ýurdumyzda žurnalistleriň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işi talaba laýykdyr. Türkmen žurnalistikasynda ähli materiallar, telegepleşikler, radiogepleşkler, şekiller, suratlar we şuňa meňzeşleriň ählisi halkyň asyrlar boýy guwanyp gelýän milli esaslaryndan, ruhy aýratynlyklaryndan ugur alýar.

Bizde daşary ýurt žurnalistikasynyň tejribesinden iň ähmiýetlilerini saýlap alyp, iş tejribämizi baýlaşdyrmaga ýeterlik mümkinçilikler bar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ösüşiniň esasy ugry, ilki bilen, täze tehnologiýanyň peýda bolmagy, dünýäniň täze habarlar jemgyýetine tarap ösüşi bilen kesgitrlenilýär. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň iň bir ösen we geljegi bolan hökmünde emeli hemra telewideniýesi täze habarlary şol minutda kabul edip, edil şol wagtyň özünde-de halka ýetirip bilýär. Ol bu habarlary diňe bir döwletlere däl, eýsem kontinentlere-de şol tizlikde ýetirip bilýär. Häzirki wagtda interaktiw tagtalar, telewideniýe, kompýuter ulgamlary, sergiler, Internet («Word wide web» we ş.m.) informasiýa serişdeleriniň iň bir öşen görnüşleri hökmünde giňişleýin ulanyşa girdi.

Häzirki wagtda daşary ýurtlarda, şol sanda Russiýada köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ulanylyşy, işi marketing kommunikasiýalaryna baglylykda ösýär. Marketing, esasan, reklamalardan, jemgyýetçilik aragatnaşyklaryndan, bahalardan we satyjylardan ybarat hasaplanylýar. Marketing-direktor, sergiler, gaplamak işleri, ösen stiller, brending ýaly işler hem marketing ulgamyny baýlaşdyrýar.

Daşary ýurt žurnalistikasynda, gazet-žurnallarynda, teleradioýaýlymlarynda reklamalaryň agdyklyk etmegi köp ýurtlarda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň esasy ýaýlymlarynyň reklamalaryň hasabyna ýaşaýandygyny görkezýär.

Daşary ýurt žurnalistikasynyň taryhyny, şu gününi öwrenmek ýaş žurnalistler üçin ähmiýetlidir. Olar daşary ýurt žurnalistikasyny öwrenmek, internet arkaly dünýä žurnalistikasyna seljerme bermek esasynda türkmen žurnalistikasynyň ähmiýetli aýratynlyklaryna göz ýetirmäge mümkinçilik tapýarlar.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

**1.** Daşary ýurt žurnalistikasy we habar hyzmatdaşlygy.
**2.** Žurnalistikada talaplar, marketingler we ş.m.
**3.** Daşary ýurt žurnalistikasyny öwrenmekligiň ähmiýeti.

# IV BÖLÜM

## REDAKSIÝANYŇ KÖPÇÜLIKLEÝIN IŞI

Redaksiýanyň işi, esasan, iki bölümden durýar.

1. Redaksiýanyň döredijilik işi.
2. Redaksiýanyň guramaçylyk işi.

Redaksiýalar, ilki bilen, özleriniň maksady, wezipeleri taýyndan tapawutlanýarlar. Her gazetiň, žurnalistiň öz jogap berýän, öwrenýän meseleleri bolýar. Eger-de, gazet belli bir ugurdan ýöriteleşdirilen bolsa, ol öz öwrenýän obýekti boýunça, belli derejede, jogapkärçilik çekýär. Mysal üçin, «Mugallymlar gazetiniň» esasy wezipesi ýurduň bilim ulgamynyň işlerini dogry ýola goýmak, tejribe alyşmak, işine ussat mugallymlaryň tejribesini wagyz etmek, nusga edip görkezmek, olaryň arasynda dürli bäsleşikleri, açyk sapaklary guramak we ş.m. Gazet ýurduň mekdepleriniň bilim derejesi barada beýleki ýolbaşçy edaralar bilen bilelikde hereket edýär.

Žurnalistiň esasy borjy okyjynyň, halkyň, redaksiýanyň we beýleki degişli döwlet guramalarynyň, jemgyýetiň öňündäki wezipelerinde, halkyň we jemgyýetiň ondan köp zatlara garaşýandygynda, köp zatlara aňly-düşünjeli çemeleşip, meseläniň çözgüdini tapmagynda, gündelik täzelikler bilen halky öz wagtynda habarly etmeginde we beýlekilerde jemlenýär.

Žurnalistiň zähmetiniň esaslary onuň indiwidual-kollektiwleýin häsiýetlerinde ýüze çykýar. Käbir aýratyn alnan ýagdaýlar bolaýmasa, žurnalist öz eserini diňe özi döredýär. Korrespondensiýamy, oçerkmi, makalamy, reportažmy, tapawudy ýok, ählisi žurnalistiň öz döredijilik ussatlygyna bagly. Ýazyjydan tapawutlylykda žurnalist hemişe redaksiýanyň kollektiwi bilen baglanyşykly işleýär. Onuň indiwidual zähmeti redaksiýanyň ählumumy işiniň bir bölegidir. Žur-

nalistiň üstünligi hem onuň redaksiýadaky ornuna, wezipesine, oňa dogry düşünmeklerine baglydyr.

Žurnalist islendik indiki taýýarlajak materialyny redaksiýanyň ýolbaşçylary bilen maslahatlaşmaly, onuň işiniň redaksiýanyň göterýän ýüküne, ugruna gabat gelmekligi zerur şertleriň biridir. Redaksiýanyň ýyllyk, ýarymýyllyk, çärýeklik, aýlyk, hepdelik we ş.m. meýilnamalary boýunça ençeme ýerine ýetirilmeli işleri, taýýarlanylmaly materialllary, temalary bar. Şonuň üçin hem redaksiýanyň ýolbaşçylary bu meýlnamalar (oňa setka-da diýilýär) boýunça öz işgärlerine tabşyryk berýärler. Gerek ýerinde olary iş saparlaryna ugradýarlar. Şeýlelikde, žurnalistiň özbaşdak öwrenip, seljerip ýerine ýetiren işi, şol bir wagtda kollektiwleýin häsiýete hem eýedir.

Žurnalistiň zähmetiniň köp aýratynlyklary ony döredijilik-önümçilik häsiýeti bilen hem baglanyşdyrýar. Žurnalistik eseri döretmegiň özi döredijilik häsiýetlidir. Bu häsiýet žurnalisti beýleki hünärler bilen ýakynlaşdyrýar. Ol ilki bilen, edebiýatçy bilen ýakyndyr. Gazetçi – ol, ilki bilen, edebiýatçydyr. Ýöne žurnalist özüniň maglumatlary, wakalary öwrenip, olar barada anyk pikir ýöretmesi we beýleki işleri bilen edebiýatçydan, ýazyjydan tapawutlanýar. Žurnalist özüniň barlag, gözleg işlerini geçirişi bilen hukuk hünärine ýa-da ylmy-barlag işlerini geçiripmek bilen alymlaryň hünärine-de ýakynlaşýar. Žurnalistiň işiniň önümçilik tarapy onuň umumy redaksiýanyň tabşyrmaly materiallaryna işjeň gatnaşýandygy bilen kesgitlenilýär.

Redaksiýanyň işlerini dogry ýola goýmakda prinsipleriň hem ähmiýeti uludyr. Ýagny her bir žurnaliste degişli bolan halkylyk, obýektiwlik, millilik, dogruçyllyk, guramaçylyk we beýleki prinsipler redaksiýanyň umumy bähbidine hem degişlidir. Eserleriň halkdan üzňe bolmazlygy, halkyň islegini ödemegi, anyk, aýdyň çeşmeler esasynda döredilmegi, maglumatlaryň dogry, anyk bolmagy, garaýyşlaryň, öňe sürülýän pikirleriň belli bir şahsyýete, žurnaliste däl-de, umumy redaksiýanyň bähbidine degişli bolmagy redaksiýanyň prinsipleriniň dogry ýola goýulýandygyny görkezýär. Bu mesele funksiýa barada alnanda hem şeýledir. Her bir žurnalistiň ýerine ýetirýän wezipesi, umumy redaksiýanyň meýilnamalaşdyrylan funksiýalarynyň bir bö-

legidir. Redaksiýanyň meseleleri we wezipeleri işgärleriň umumy ýygnaklarynda ara alnyp maslahatlaşylýar we tassyklanylýar.

Redaksiýanyň döredijilik işleri birnäçe görnüşe bölünip ýerine ýetirilýär:

1. Redaksiýanyň düzümindäki döredijilik toparlary.
2. Redaksiýanyň düzüminde bolmadyk we ýerlerdäki döredijilik toparlary.
3. Hatlar.

Redaksiýanyň düzümindäki döredijilik topary redaksiýanyň tabşyrygyna, meýlnamalaryna görä işleýärler. Döredijilik saparlarynda bolýarlar we ş.m.

Redaksiýanyň düzüminde bolmadyk we ýerlerdäki habarçylar ýerlerde ýaşap, işläp şol ýerlerde bolan täzelikleri, habarlary we beýleki materiallary ugradyp durýarlar. Redaksiýanyň ýurduň ähli künjeklerinde öz habarçylary bolmaly. Olar şolaryň üsti bilen ýurduň welaýatlarynda, ýerlerde bolan täzelikleri gyzgyny bilen halka ýetirip durýarlar. Habarlar internet, faks, telefon, SMS habarlary we ş.m. ulgamlaryň üsti arkaly gyzgyny bilen toplanýar we redaksiýalaryň üsti bilen öz okyjylaryna ýetirilýär.

Material toplamagyň üçünji görnüşi hatlar bolup, bu doredijiligiň iň gyzykly, gymmatly, täsirli görnüşidir. Bu görnüşde toplanýan habarlar dürli-dürlüdir. Olar habarlar hem, ýagdaýlar-wakalar giňişleýin öwrenilip ýazylan uly göwrümli makalalalr hem, oçerkler hem we beýleki eserler hem bolup biler. Olaryň içinde ylmy eserler hem, çeper eserlerde bolup biler. Meseläniň iň gyzykly ýeri-de olaryň redaksiýanyň meýilleşdirilen işleri däldigindedir. Bukjadan çykjak materialyň näme barada bolup biljekdigi hemmeler üçin gyzykly. Bu gyzykly nämälimlik, köplenç ýagdaýlarda, ýerlerden täze-täze gyzykly zehinleri toplaýar. Olary peýdalanyp, işe höweslendirip durmak bolsa, redaksiýanyň esasy wezipeleriniň biridir. Umuman, wezipeleri ýerine ýetirmekde ýerli welaýat gazetleri bilen merkezi gazetleriň arasynda onçakly tapawut bolup bilmez. Ýöne ýerli gazetleriň öz ýaşaýan, degişli sebitindäki halkyň durmuşyny has içgin we çuňňur öwrenmäge mümkinçilikleriniň ýeterlikdigini inkär etmek bolmaz.

KHBS-de redaktor we awtor gatnaşyklary hem esasy meseleleriň biridir. Awtoryň hukugyny göramak, onuň razylygyny almazdan onuň eserinde aýdylýan pikirleri ýoýmazlyk we ş.m. meseleler barada Türkmenistanyň Awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar hakynda Kanunyň 1-nji bölüminiň 4-nji , 2-nji bölümiň 1-nji babynyň 5, 6, 8-nji maddalarynda aýdylýar.

Redaksiýanyň işinde ähli materiallar ilki bölümiň degişli ugur boýunça işleýän edebi işgäri (habarçysy), soňra bölüm müdiri, soňra redaktoryň orunbasary, iň soňunda bolsa, baş redaktory tarapyndan işlenilip geçilmeli. Olaryň her biriniň hem materiallardaky maglumaty anyklamaga, garaýyşlary (awtoryň razylygy bilen) kämilleşdirmäge hukuklary bardyr.




Redaksiýalaryň bölümleriniň her biriniň öz kompýuterleri bolup, olarda şol bölümlere degişli materiallar saklanylýar. Taýýarlanylan, nobatdaky neşire hödürlenilýän materillar şol kompýuter ulgamlary arkaly baş redaktoryň, ondan hem jogapkär kätibiň kompýuterlerine we beýlekilere geçirilýär. Materiallaryň toplumy, maketi – gazetiň çyzgydaky görnüşi, taýýar bolansoň, olary metbugat öýüniň umumy kompýuterine geçirilýär. Material ol ýerden sehe ýene-de kompýuter arkaly geçirilýär. Diýmek, tehnikanyň we tehnologiýanyň ösmegi žurnalistiň işini ep-esli derejede ýeňilleşdirýär, žurnalistikanyň geljegine, ösmegine uly ýol açýar.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

**1.** Redaksiýanyň köpçülikleýin işiniň guralyşy.
**2.** Žurnalist we redaksiýa, žurnalist we redaktor gatnaşyklary.
**2.** Redaksiýanyň döredijilik işleriniň görnüşleri.
**3.** Tema boýunça barlag işine taýýarlyk görmek.

## DÖWÜRLEÝIN NEŞIRLERIŇ IŞ USULY

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň iş usuly gazet-žurnallaryň bezeg, dizaýn işlerini we önümçiligini – döwürleýin neşiriň ähli tehniki işlerini (werstka, şrift, maket, reňk bermek, öz içine alýar. Olar, esasan şu toparlara bölünýär:

1. Gazetiň we žurnalyň redaksiýadan başlap çaphana çenli (golýazma bölüm redaktoryna geçeninden soň, tä çapa çenli başdan geçirýän ýagdaýlaryny) ähli işleri.

2. Gazet-žurnal önümçiliginde neşirleriň ölçegi (formaty) we aýratynlyklary.

3. Gazet-žurnallaryň hemişelik elementleri bilen tanyşlyk, olaryň häzirki zaman usullary, surat-bezeg işleri we ş.m.

Dizaýnerleriň hünär leksikasy žurnalistikanyň taryhynyň dowamynda emele gelýär. Ilkinji gazetler el bilen awtoryň ýa-da redaktoryň aýdyp ýazdyrmagy (diktowkasy) esasynda ýygylypdyr. Bu şeýle sada görnüş bolup, onda diňe bir adam gözegçilik edipdir we soňra şol adamy ýygyjy «werstalşik» (sahypalaýjy) diýip atlandyrypdyrlar. Çaphana işgärleri neşir önümlerini taýýarlanlarynda ony üýtgetmeli, montaž etmeli (gurnamaly) bolanlarynda döredijilikli çemeleşmeli bolupdyrlar. Olaryň arasynda gazet bezegleri bilen baglanyşykly «*çerdak*», «*podwal*», «*stoýak*» we ş.m. sözleriň emele gelmegi-de hut şonuň bilen baglydyr. Neşiriň çapdan çykmagy bu arassa önümçilik prosesidir. Hut şonuň üçin hem tehniki adalgalaryň, dizaýn teoriýasynyň ösmegi netijesinde ylmy adalgalaryň, düşünjeleriň zerurlygy duýulýar. Aslynda metbugat işi Pussiýa Günbatardan geçýär. Şonuň üçin hem çaphana adalgalarynyň köpüsi daşary ýurt dillerinden geçen sözlerdir.

Rus dilindäki «oformleniýe» sözi görnüşi emele getirmek, «dizaýn» sözleri bilen gabat gelýär. Oformleniýe, ilki bilen, forma – sazlaşyk döretmegiň bir basgançagydyr, dizaýn sözi bolsa häzirki zaman düşünjesi bolup, ol örän ýörgünli ulanylýar.

Gazetiň oformleniýesi bu arassa önümçilik işi bolup, ol gazetiň tehniki-çeper bezeg işlerini kesgitleýär. Ol gazet sahypasyna ga-

zet materiallarynyň sözbaşylarynyň ýerleşdiriliş, şriftleriň ulanylyş aýratynlyklaryny, şekilleriň, suratlaryň ýerleşdirilişini we ş.m öz içine alýar. Redaksiýa hut öz gazet dizaýnynyň üsti bilen hem öz ugruny, ýoluny, syýasatyny tapawutlandyryp bilýär. Şonuň üçin hem oňa «düşündiriş bermegiň inçe guraly» diýilýär.

«*Dizaýn*» iňlis dilinden geçen söz bolup, hyýal, taslama, çyzgy, surat diýmegi, ýagny bu çeperçilik düzümi, çeperçilik işlerini aňladýar. Suratkeşlik, esasy tekst, sözbaşylar, lineýkalar, bezeg işleri we beýlekiler metbugat sahypasynyň aýratyn elementleri we serişdeleridir.

Gazetiň dizaýny-bezegi neşiriň özboluşly wizit kartoçkasydyr. Okyjynyň gazet bilen tanyşlygy onuň daşky görnüşinden başlanýar. Gazetiň dizaýny onuň many-mazmun aýratynlyklaryny aýdyňlaşdyrýar. Neşiriň keşbi, daşky görnüşi okyjy üçin häzirki zaman wakalaryna ugur alma hökmünde hyzmat edip biler.

Mazmun we forma biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Olar aýrylmaz bitewiligi döredýärler. Okyjy döwürleýin neşiri täzelikler bilen tanyşmak üçin alýar. Elbetde, mazmun esasy, bu dogry, ýöne onuň aýratynlygy bezeg işlerinde ýüze çykarylmalydyr. Gazeti gaty gözeilginç çykaryp, okyjynyň ünsüni sowmaly däl. Abraýly, saldamly neşirler bu işleri saýhally, sazlaşykda ýerine ýetirýärler. Many bilen mazmun dizaýn sazlaşyp, neşiriň hilini, ähmiýetini ýokarlandyrýar.

Döwürleýin neşiriň ýüzi – bu gazetiň ugruny, syýasatyny, häsiýetini, tematiki žanryny, palitra (sazlaşyk), dil, stil aýratynlyklaryny aýdyňlaşdyrýar, materiallaryň ýerleşdiriliş we dizaýn aýratynlyklaryny kesgitleýär. Gazetiň ýüzi düşünjesini keşp (obraz, imidj) düşünjeleri bilen hem deňeşdirse bolar. Umuman, neşiriň hili hünär ussatlygyny, tejribäni we žurnalistleriň, dizaýnerleriň, neşirçileriň yhlasyny, başarnygyny ýüze çykarýar. Gazet-žurnal dizaýnynda kompozisiýa nobatdaky sanyň we her bir sahypanyň gurluşyny aňladýar. Kompozisiýa bu her bir neşiriň, her sahypanyň ähmiýetini, manysyny, şol sanda esasy rubrikalaryň ýerleşdirlişini görkezýär. Kompozisiýa döredijilik işleriniň ählisinde-de bolmaly. Tebigatda we adamlar

bilen baglanyşykly işleriň ählisinde hem aň kompozisiýasy bolýar. Kompozisiýa bolmadyk ýerde dagynyklyk, düşnüksizlik emele geler we hil, netije barada gürrüň bolup bilmez. Alymlaryň belleýşi ýaly, dizaýner-bezegçi bilen arhitektoryň işlerinde meňzeşlik bar. Bezegçi hem arhitektor ýaly gurujydyr. Ýöne onuň gurýany bina däl-de, hakykatdan hem «çerdakdan», «podwaldan», «oknodan», «fortoçkadan» ybarat gazet sahypasydyr.

Gazet sahypalary bitewi görnüşde çykar ýaly onuň maketini – sudury çyzgysyny işläp düzmek zerur. Maket tekst we surat, şekil materiallarynyň, sözbaşylaryň, bezeg işleriniň nähili berilýändigini anyk nusgada görkezýär. Redaksiýanyň kätipliginde gazetiň umumy maketi (taslamasy) taýýarlanylýar, umumy we aýratyn sahypalaryň maketleri redaksiýanyň ýygnagynda ara alnyp maslahatlaşylýar. Adatça birnji sahypada günüň esasy meselesi, resmi materiallar we suratlar, ikinji sahypada ykdysady temadan taýýarlanylan materiallary we ş.m. ýerleşdirilýär. Maketde lineýkalar, markerler, şriftiň ölçegleri, reňkleri, ugry we ş.m görkezilýär. Tutuş tekstde, her bir setirde näçe belginiň bardygyny bilip, sözbaşynyň tutýan meýdanyny anyklamaly. Soň boş ýer, ak tegmiller galmaz ýaly ýa-da meýilleşdirilen materiallaryň öz ýerine sygman durmazlygy üçin maket işini örän ussatlyk bilen hasaplap, dogry ýerine ýetirmegi başarmaly. Werstka işi üçin jemi on-bäş sany prinsipi sanap geçmek bolar.

1. Werstka etmezden öň sahypa ýerleşdiriljek materiallary, suratlary anyklanmaly.

2. Manysy boýunça birmeňzeş, uly bolmadyk materiallary bir topluma düzüp ýerleşdirmeli.

3. Sahypanyň aşak böleginde bir topar ownuk materiallary, zametkalary ýerleşdirmek bolmaýar.

4. Materiallar sahypada ýerleşdirilende olaryň ünsi çekiji we gözegelüwli bolmagy üçin dürli şriftlerden peýdalanylsa hem-de olaryň kwadratlary dürli görnüşlerde üýtgedilse gowy bolýar.

5. Sözbaşyly makalalar birmeňzeş inlilikde, biri beýlekisiniň ýokarsynda ýerleşdirilende, olaryň täsirliligine zeper ýetýär.

6. Sözbaşylary bir ugra düzmek bolmaýar.

7. Materialy janlandyrmak üçin grafika ulanylsa gowy bolýar.

8. Ähli materialy tapawutlandyrmaklyk hiç bir zady tapawutlandyrmazlykdyr.

9. Ähli nätakyk meseleleri aýdyňlaşdyrmaly.

10. Eger-de dürli mazmundaky bildirişleriň görnüşi gelşikli bolmasa, olary kadalaşdyrmaly, başga ýere geçirmeli.

11. Esasy tekstleriň we fotosuratlaryň göwrümini hem-de kwadrat ölçegini anyklamaly.

12. Fotosuratlary hetdenaşa uly berip, beyleki şekilleriň ähmiýetini gaçyrmaly däl.

13. Uly tekstlerde suratlar ortadan ýerleşdirilmeli.

14. Esasy makalanyň sözbaşysy sahypadaky beyleki makalalaryň sözbaşylaryndan 40% uly bolmaly.

15. Hemişe beýleki gazetleri öwrenmeli.

Werstka bu diňe bir gazet sahypasynda materiallary döredijilikli ýerleşdirmegi başarmak däl, ol arassa tehniki prosesdir. Ol makete baglylykda materiallaryň dogry ýerleşdirilmegidir. Öň werstka işini çaphana işgäri ýerine ýetirýärdi, häzirki döwürde bu iş redaksiýada kompýuterde yerine ýetirilýär.



Maketiň we werstkanyň üstünde gündelik işlenilmegi esasynda sahypanyň modeli – nusgasy, gazetiň kompozisiýasynyň we grafikasynyň etalony – asyl nusgasy döredilýär. Model neşiriň kompozisiýasy – grafiki gurluşy bolup, ol özüne materiallary ýerleşdirmegiň tematiki we guramaçylyk formasydyr. Sahypanyň formaty, kolonkalaryň (sütünleriň) sany, probelleriň standartlygy, modul (nusga) setkasy, materiallara, sahypalara, rubrikalara, bölümlere ýerleşdirmekdir, şeýle hem neşiriň kolontituly, logotipi (ýagny gazetiň ady), sany, seneleri, her bir sahypanyň ýokarsynda ýa-da aşagynda sahypalaryň sanynyň görkezilmegi we ş.m-dir. Öňki döwürlerden tapawutlylykda, häzirki döwürde fotosuratlara, şekillere uly üns berilýär. (Türkmenistanyň KHBS hakyndaky Kanunynyň V babynyň 21-nji maddasy).

Gazetiň mazmuny hem döwre görä üýtgeýär. Tekst materiallary köpelýär, ýöne olaryň göwrümleri kiçelýär. Okyjylar gazetiň tapawutlandyrylan elementlerine seredip, haýsy materiýaly okamalydygyny anyklaýarlar.

Okyjynyň gazet materiallary bilen tanyşlygy sözbaşylardan başlanýar. Şonuň üçin hem sözbaşylar manysy, görnüşi boýunça-da anyk, aýdyň, gelşikli bolmaly. Okyjy gazeti açanyndan, ilki bilen, surata, şekile üns berýär. Fotoşekiller we olaryň resmi ýazgylary, obrazly surat sahypanyň merkezinde ýa-da beýleki oňaýly ýerinde ýerleşdirilip bilner. Ol okyjyny çykyşlaryň, makalalaryň temalaryny saýlamaga ugrukdyrýar. Çekilen suratlar hem şunuň ýaly görnüşlerde ýerleşdirilmeli. Suratlar tekst bilen sazlaşmaly we onuň manysyny güýçlendirip, gyzyklandyryp okyjyny özune çekmegi başarmalydyr.

Häzirki wagtda gazet materiallaryny bloklara bölmäge, şol bir wagtda olary birleşdirmäge, tapawutlandyrmaga, okyjynyň kabul edijiligini ýeňilleşdirmäge kömek edýän markerlere lineýkalara, bezeglere, probellere hem üns bermek işiň hiline ýardam edýär.

Gazetiň ýa-da žurnalyň hemişelik formalaryna gazetiň formaty, möçberi, atlandyrylyşy, ilkinji sahypasynyň şekili, tekst kolonkalary, tekstleriň sözbaşylary, surat bezegi, çyzyklar, boş ýerler degişlidirler.

Gazetiň başky sahypasy metbugatyň, aýratyn alnan gazetiň ýa-da žurnalyň esasy ýüzi hasaplanylýar.

Gazetiň adynyň hususy aýratynlygy onuň şriftiniň ýerine ýetirilişine görä kesgitlenýär. Gazetiň ady birinji sahypanyň tutuş inine ýa-da onuň belli bir sütüniniň inine görä ýazylýar. Gazetiň ady, onuň ýazylyş aýratynlygy, şrifti gazetiň ýüzi bolup, ol uzak möhlete çenli üýtgedilmeýär.

Titul gazetiň we ony esaslandyryjynyň adyny, şygaryny, gazetiň görnüşi, senesi, tertip belgisi, haçandan bäri çykarylýandygy, bahasy baradaky maglumatlary, eger gazet döwlet sylaglary bilen sylaglanan bolsa onuň şekilini öz içine alýar.

Gazetiň görnüşi onuň nähilidigi, ýagny jemgyýetçilik-syýasy, ýaşlar, çagalar we ş.m. gündelik ýa-da hepdede näçe gezek çykýandygy, çagalara, ýaşlara niýetlenendigi we ş.m. agşamky we gündizki neşirdigi, welaýat ýa-da etrap gazetidigi baradaky maglumatlary beýan edýär.

*Şygar* gazetiň adyna sazlaşykly görnüşde, titulyň içinde berlip, gazetiň esasy ugruny, ýörelgesini kesgitleýär.

*Anons* – bu jemgyýetçiligi, okyjylary aýratyn gyzyklandyryp biläýjek habarlaryň üns çekiji görnüşde ýerleşdirilişidir. Anons gazetiň nobatdaky ýa-da geljekki sanynyň käbir gyzykly makalalarynyň ýa-da jemgyýetçilik ähmiýetli wakalaryň beýany barada gysgaça habar ýa-da reklamadyr.

Neşir etmek işleri her döwürde bir hili ýagdaýda bolupdyr. Gadym döwürlerde habarlar dürli görnüşlerde, dürli ýollaryň üsti bilen halka ýetirilipdir.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

1. Döwürleýin neşirleriň tehnikasynyň görnüşleri we werstka işi.
2. Çazetiň asyl nusgasynyň maket, kompozisiýa, grafika işlerine gatnaşygy.
3. Sözbaşylary ýerleşdirmegiň düzgünleri.
4. Çaphanada bolup, maket we grafika işlerini öwrenmeli.

8. Sargyt № 1051

## NEŞIR IŞLERINIŇ GÖRNÜŞLERI WE FOTOŽURNALISTIKA

Neşir işleri ýyl-ýyldan kämilleşip, häzirki döwürde uly ösüşe eýe boldy. Olaryň taryhy, esasan, dört topara bölünip öwrenilýär.

1. Ýokary çap ediş usuly (Высокий печать).
2. Çuňlaşdyrylan çap ediş usuly (Глубокий печать).
3. Tekiz çap ediş usuly. (Плоский печать).
4. Trafaret çap ediş usuly.

Ýokary çap ediş usulynda ähli çap edilýän (kagyza ottisk berýän) elementler, ştrihler, harplar, suratlar, ähli belgiler biraz ýokarlandyrylan görnüşde, probel elementleri (boş ýerler) bolsa, aşakda ýerleşdirilýär. Bu görnüşde, esasan, gazetler, žurnallar, reklamalar we ş.m. neşir edilipdir.

Çuňlaşdyrylan çap ediş bolsa, ýokary çap edişiň tersine. Ýagny bu görnüşde çap edilmeýän elementler ýokarda bolup, çap edilýän formalar aşakda galýar. Bu görnüşde çuňlaşdyrylan formalara-da, boş yerlere-de deň reňk urulýar. Kagyz güýç bilen gysylanda, reňk çuňlaşdyrylan formalara geçýär we gerekli şekilleri berýär. Probeller mehaniki ýagdaýda reňksiz galýar. Neşiriň bu görnüşi çeper neşirlerde, otkrytkalarda, suratly çeper neşirlerde ulanylýar.

Tekiz çap ediliş usuly çuňlaşdyrylan we ýokary çap ediliş usulyndan çap edilýän we çap edilmeýän elementerliň deň hatarda durýanlygy bilen tapawutlanýar. Bu görnüşde boş ýerleri himiki suwuklyk bilen, çap formalaryny reňk bilen reňkleýärler. Ýörite ýasalan himiki suwuklyk boş ýerlere reňk aldyrmaýar we boş ýerler arassa galýar. Himiki suwuklyk hem ähli ýerlere deň çalynýar, ýöne boş ýerler çyglygy özüne gowy siňdirýärler, çap edilýän formalar tersine çyglygy özüne kabul etmeýärler. Çap edişiň bu görnüşinde çagalar üçin niýetlenen kitaplar, suratly žurnallar, plakatlar, görkezme tablisalary we ş.m. çap edilýär.

Trafaret çap ediş golýazmalaryň, çeper şekilleriň anyk neşiri. Bu görnüş neşiriň iň ýönekeý görnüşidir.

Häzirki döwürde neşir etmegiň gornüşleri tehnikanyň we tehnologiýanyň ýokary derejede ösmegi esasynda has kämilleşdi. Neşir

tehnologiýasynyň ygtybarly ugurlarynyň biri sifrowoý (sanly) çap edişdir. Bu görnüşde çaphana işleri kompýuteriň üsti bilen amala aşyrylýar. Ofset usuly bilen deňeşdirilende, bu tehnologiýanyň örän köp aýratynlyklary we artykmaçlyklary bar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň ýene-de bir ösen görnüşi dünýäniň kompýuterlerini özüne birikdirýän Internetdir. «Web» ýa-da «Pautinany» ulanmak bilen, okyjy öz islän materialyny tapyp bilýär. Dünýäniň alymlary häzirki wagtlarda şahsy gazetleri döretmek barada, ýagny her bir okyjynyň öz kompýuterinde isleýän habarlaryny, materiallaryny islän formatynda, görnüşinde alyp bilmekliginiň üstünde işleýärler.

Gündelik neşirleriň her günki önümçiligi gazet redaksiýalarynyň esasy işleri hökmünde döredilýär. Ol baş redaktoryň ýolbaşçylygynda «baş redaktor – baş redaktoryň orunbasary – bölüm müdiri – habarçy – nobatçy» zynjyry esasynda alnyp barylýar. Baş redaktor gazetiň her günki sanyna berilmeli okalan materiallary barlaýar, gazetiň çykmaly sanyna doly gözegçilik edýär, taýýar bolan sahypalara gol çekýär. Ol bu zatlardan başga-da guramaçylyk işlerini ýerine ýetirýär. Redaksiýanyň maliýe-hojalyk işlerine yolbaşçylyk edýär. Işgärleriň aýlyk hakyny, gonoraryny (galamhakyny) onuň düzgünnamasyna laýyklykda kesgitleýär. Mundan başgada baş redaktor redaksiýanyň köpçülikleýin çäreleri, gazetiň baýramçylyk sanlary, ýygnaklary we beýleki meseleleri çözýär.

Uly gazetlerde baş redaktoryň orunbasary redkollegiýanyň köp meselelerini, ýygnaklaryny alyp barýar. Gazet sanlarynyň, hepdelik, aýlyk ýygnaklaryň meselelerini, nobatçy bellemek işlerini we ş.m berjaý edýär. Gazet çykarmagyň guramaçylyk-tehniki işlerini sekretariat (kätiplik) alyp barýar. Jogapkär kätip meýillesdirme, galamhakyny bellemek işlerini ýerine ýetirýär. Jogapkär kätibiň orunbasary maketi düzmek, şekilleri we tekstleri jemlemek, gazetiň sahypasynyň werstkasyny we korrekturasyny barlamak we beýleki işleri alyp barýar. Ol gazetiň çap edilişini, werstka, korrektura işleriniň hilini we ş.m doly gözegçilikden geçirip, jogapkär kätibe hem-de baş redaktora tabşyrýar. Baş redaktor hobatdaky gazetiň «ilkinji signal (buşluk)»

diýlip atlandyrylýan sanyna gol çekýär. Şondan soň gazetiň doly çykmagyna rugsat berilýär.

Gazetlerde suratlar bilen, köplenç ýagdaýlarda, jogapkär kätipler işleşýärler. Köp suratly žurnallarda ýörite fotobölüm bolýar. Fotohabarçy redaksiýanyň meýilnamasy bilen sazlaşykly işlemeli. Ýurtda bolup geçýän çäreleri ünsden düşürmeli däl. Eger gazetde fotobölüm bolmasa, fotohabarçy habarlar bölümi bilen işleşýär. Suratyň manysyna, hiline, syýasy, tehniki tarapyna seredip, çap etmeli. Surat redaksiýa gelende:

1. Suratyň alnan senesi;
2. Nirede düşürilendigi;
3. Suratdaky adamlaryň doly ady we familiýasy;
4. Eger gapdalyndan tekst getirilen bolsa, ol hökman anyk bolmaly;
5. Suratçynyň doly maglumaty we ş.m. anyklanylmaly.
6. Çap edilýän suratlar dürli ölçeglerde bolmaly.

Suratlar ýurduň içindäki welaýatlardan, şäherlerden, Türkmen döwlet habarlar gullugynyň habarçylary tarapyndan taýýarlanylan dürli temadaky materiallardyr. Olar ykdysadyýet, oba hojalyk, medeni, sport we sosial meseleler hakynda bolup biler.

Fotosuratlaryň meýilnamalaşdyrylyş işlerine-de üns bermek zerur.

Resmi hem-de tematiki fotosuratlar bolup, olar mazmuny we jemgyýetçilik ähmiýeti boýunça gazet-žurnal sahypalaryna bölünýärler.

Türkmen döwlet habarlar gullugy materiallar türkmen we rus dilinde gutarnykly görnüşde taýýarlanylýar. Resmi materiallaryň gutarnykly teksti iki dilde taýýarlanylyp, goýberiş bölümine tabşyrylýar. Ol ýerde materialyň türkmençesi we rusçasy degişli redaksiýara iberilýär.

Türkmen döwlet habarlar gullugynyň fotosurat bölümi resmi we tematiki fotosuratlary taýýarlap, redaksiýalara iberýär. Resmi fotosurat örän operatiw ýerine ýetirilýär. Şonuň üçin fotosurat bölüminde ýörite fotosuratçylar we terjime bölüminde ýörite terjimeçiler işleýärler.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

**1.** Neşir işleriniň taryhy we görnüşleri.
**2.** Fotosuratlary neşirde ulanmaklygyň aýratynlyklary.
**3.** Türkmen döwlet habarlar gullugynyň materiallarynyň taýýarlanylyşy.
**4.** Temalar boýunça barlag işine taýýarlyk görmek.

V

BÖLÜM

## PUBLISISTIK ŽANRLAR

Žanrlar öz-özünden döremeýärler. Olar alymlaryň öz iş otaglarynda işläp-düzüp döreden zatlary däl. Olar durmuşy wakalaryň özenini, manysyny, ähmiýetini açyp görkezmek, halkyň arasyndaky iň gowy tejribeleri ýaýmak, wagyz etmek we ş.m. zerurlyklar esasynda, döredijilik tejribesinde, birnäçe ýyllaryň, asyrlaryň dowamynda döreýär, kämilleşýär.

Näme üçin metbugatda çykyşlar öz häsiýetleri, serişdeleri taýyndan dürli-dürli? Bu soraga döredijilik tejribesi şeýle jogap berýär: sebäbi dürli meseleler dürli ýagdaýlarda çözülýär. Bir ýagdaýda diňe täze maglumatlary, täze habarlary habar bermek zerur bolsa, beýleki bir ýagdaýda täze tejribeleri halka ýaýmak, ýene bir ýagdaýda bolsa, şol tejribeleriň aýratynlyklaryny giňişleýin düşündirmek ýa-da adam häsiýetleriniň aýratynlyklaryny görkezmek zerur.

Näme üçin uly materiallar özleriniň häsiýetli aýratynlyklary, atlary bilen emele gelýärler? Sebäbi bu materiallaryň häsiýetlerine, aýratynlyklaryna, göwrümine görä-de olara at berýärler. Žanrlar şeýle ýagdaýda döreýärler. Şonuň üçin hem: «Näme üçin makalada janly obraz döredip ýa-da söz bilen surat çekip bolmaz?» diýen sorag ýerlikli däldir. Elbetde, zerurlyk bar ýerinde, gerek ýerinde söz bilen suraty çekilen janly kartinany, şekili döredip bolar, ýöne ol makala dälde, oçerk diýlip atlandyrylar. Sebäbi dürli meseleleri beýan etmek, çözmek üçin dürli edebi serişdeler, formalar ulanylýar. Durmuşy, wakalary şöhlelendirmek üçin haýsy žanrlardan peýdalanylmalydygy şol materiallaryň maglumatlary, meseleleri we göwrümi esasynda kesgitlenilýär.

Elbetde, publisistikanyň hiç bir žanry hem edil çeper edebiýatdaky ýaly arassa görnüşde gabat gelmeýär.

Her bir edebi ýa-da publisistik görnüşde döredilen eserde beýleki žanrlaryň häsiýetli aýratynlyklaryna duşmak kyn däl. Reportažda hasabata meňzeşlik, korrespondensiýada zarisowkanyň ýa-da oçerkiň alamatlarynyň gabat gelmegi we ş.m. tebigy ýagdaýlardyr. Publisistika durmuşy ähli çylşyrymlylygy bilen we köptaraplylygy bilen görkezýär. Goşundylaryň sanawy (beýleki žanrlara meňzeşligi) şol žanryň tebigatyny üýtgetmeýär.

Žanrlaryň aýratynlyklaryny hem ol žanra mahsus ýa-da mahsus bolmadyk ýagdaýlar esasynda, şeýle-de käwagt aýratyn alnan ýagdaýlarda gabat gelýän ýa-da çem gelen wakalar esasynda däl-de, eýsem onuň özenini, gurluşyny düzýän aýratynlyklar esasynda kesgitlemeli.

Şonuň üçin her bir žanry onuň öz tebigatyna, talaplaryna, beýleki žanrlar bilen meňzeşligine, tapawutly aýratynlyklaryna, sazlaşygyna görä kesgitlemek hakykata laýykdyr.

Häzirki wagtda žanrlary haýsy aýratynlyklarda tapawutlandyryp bolar?

Ilki bilen, metbugat žanrlarynyň ählisine degişli umumylyklary we häsiýetli aýratynlyklary seljermek gerek:

*Birinjiden*: ilki bilen, diňe bir metbugatyň däl, eýsem köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ähli görnüşlerine we olaryň žanrlaryna mahsus bolan umumylyk – hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ideýa-syýasy garaýyşlaryny, taglymatlaryny öz wagtynda halka ýetirmek we düşündirmek. Olary durmuşa ornaşdyrmak.

*Ikinjiden*: ähli žanrlarda döwrebaplyk, millilik, dogruçyllyk anyk beýan edilmelidir. Hormatly Prezidentimiziň Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe halkyň bagtly geljegi ugrunda alyp barýan adyl syýasaty wagyz edilmeli. Olar durmuşdan alnan anyk maglumatlar, wakalar bilen esaslandyrylmaly, halky şeýle döwlet ähmiýetli işlere çekmeli we ş.m.

*Üçünjiden*: publisistik žanrlarda ýaşlary Watanymyza, halkymyza mynasyp terbiýelemekde, halk köpçüligini dogry ýola gönükdirmekde dürli işler alnyp barylmaly. Berkarar döwletimiziň bagtyýar-

lyk döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen ýurtda alnyp barylýan watançylyk, dost-doganlyk, millilik, ynsanperwerlik we ş.m. syýasatlary dürli mysallar, maglumatlar bilen delillendirip, täsirli şöhlelendirilmeli, halkyň aňyna ýetirilmeli.

*Žanrlaryň öz aýratyn durnukly alamatlary bar.*

*Birinjiden*: žanrlar öz predmetiniň, materialynyň, obýektiniň özboluşlylygy, öwredijiligi, beýan edijiligi, pelsepesi, şöhlelendiriliş aýratynlyklary we maksady bilen tapawutlanýarlar. Mysal üçin, habaryň maksady jemgyýetçilik ähmiýetli wakalary habar bermek bilen çäklenýän bolsa, korrespondensiýa jemgyýetçilik ähmiýetli tejribeleri ýaýradýar, statistikanyň maglumatlary esasynda pikir ýöredýär. Synda edebi eseriň ynandyryjylygy, durmuşylygy, ylmy eserleriň hakykata laýyklygy barada gürrüň edilse, hasabatda adamlaryň, wakanyň, ýygnagyň gidişi baradaky çykyşlaryna, interwýuda haýsydyr bir waka, faktlara bolan garaýyşlara baha berilýär we ş.m.

*Ikinjiden*: žanrlar özleriniň maksatlary, öwredijilik we terbiýeçilik wezipeleri taýyndan tapawutlanýarlar. Mysal üçin, korrespondensiýada durmuşyň diňe «bir bölegi» barada gürrüň gidýändigi üçin onda çözgütler, netijeler hem çäkli. Makalada bolsa olar çuňlaşdyrylan we göwrümi taýyndanam çäklendirilmedikdir. Durmuşy çuňňur öwrenmek, ol baradaky pikirleri umumylaşdyryp, belli bir netijeleri, çözgütleri salgy bermek makalanyň wezipesine girýär.

Şeýle hem öz döwrüniň talabyny, islegini duýmak we şoňa görä-de žanryň görnüşini kesgitlemek ýerliklidir. Haýsydyr bir wakany ýa-da maglumatlary habar bermek bilen çäklenip bolar, emma haýsydyr bir wakany giňişleýin, çuňňur düşündirmek hem zerurdyr.

*Üçünjiden*: žanrlar durmuşy şöhlelendirmekde edebi-çeper, stilistik serişdeleri taýyndan hem tapawutlanýarlar.

Obrazly häsiýetlendirmeler bolmasa oçerk, gülküli degişmeler bolmasa satiriki eserler, anyk mesele barada degerli pikir ýöredilmese makala manysyz çykýar. Makala, korrespondensiýa, syn žanrlarynda çeperçilik serişdelerini ulanmak mümkin, emma oçerkde hem-de satiriki eserlerde welin olar hökmandyr.

Žanrlar şu häsiýetleriň haýsydyr bir aýratynlyklary boýunça kesgitlenilýär.

Birnäçe žanrlar özleriniň wezipeleri taýyndan meňzeş bolsa, beýleki birnäçe žanrlarda özleriniň umumylaşdyrmalary we çözgütleri taýyndan meňzeşlik duýulýar. Emma olar çeper-stilistik gurluşlary taýyndan tapawutlydyr.

Beýleki bir žanrlar özleriniň edebi-stilistik serişdeleri taýyndan meňzeş bolup, özleriniň anyk wezipeleri, maglumatlary we wakalary umumylaşdyrmak derejesi taýyndan tapawutlanýarlar.

Umuman, žanrlary öwrenenimizde, ilki bilen olaryň durmuşa, wakalara, maglumatlara bolan gatnaşyklaryny kesgitlemek zerurdyr.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

**1.** Publisistik žanrlaryň edebi žanrlardan tapawudy.
**2.** Žanrlaryň kesgitleniş ugurlary.
**3.** Publisistik žanrlara mahsus bolan umumy aýratynlyklar.
**4.** Belli bir gazetiň bir sanyny alyp, ondaky materiallaryň žanr aýratynlyklaryny kesgitlemeli.

## PUBLISISTIK ŽANRLARYŇ BÖLÜNIŞ AÝRATYNLYKLARY

Metbugat žanrlary özleriniň maglumatlary, wakalary ulanyş, materiallary toplaýyş, kompozisiýa, beýan ediliş we ş.m. aýratynlyklary boýunça toparlara bölünýärler. Olaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň dürli görnüşlerinde berliş aýratynlyklary, metbugat materiallary, gazet sahypasyndaky orunlary hem dürli-dürlüdir. Olar özleriniň öwrenýän we beýan edýän meseleleri, olaryň çözüliş ýollary boýunça hem tapawutlanýarlar. Gazet žanrlarynyň göwrümleri, dowamlylygy materiallaryň meselesine, obýektine görä hem kesgitlenilýär.

Žanrlar esasy uly üç topara bölünýärler:

1. Habar (informasiýa) žanrlary.
2. Seljerme (analitiki) žanrlary.
3. Çeper-publisistik žanrlar.

| **I. Habar (informasion) žanrlar** | **II. Seljerme (analitiki) žanrlar** | **III. Çeper-publisistik žanrlar** |
|---|---|---|
| 1. Zametka-habar | 1. Korrespondensiýa (*habar, seljerme*) | 1. Oçerk (*mesele, ýol, portret, oba hojalyk, pedagogik, syýasy, ykdysady, kazyýet, sosial*) |
| 2. Hasabat (*habar, temalaýyn, mesele*) | 2. Makala (*baş makala, mesele, operatiw-baş makala*) | 2. Zarisowka |
| 3. Reportaž (*waka, adaty seljerme, mesele*) | 3. Hat (açyk hat) | 3. Satiriki žanrlar (*felýeton, pamflet, parodiýa, epigramma*) |
| 4. Interwýu (*int. monolog, int. habar, int. gepleşik, int. zarisowka, int. pikir, forumlar we anketalar, int. metbugat konferensiýasy*) | 4. Tankydy, adaty syn | |
| | 5. Metbugata syn (*metbugata tematiki syn, metbugata informasion syn*) | |
| | 6. Syýasy syn (obozreniýe) (*umumy, tematiki, halkara syn, hatlara syn*) | |

Bu kesgitlemelerde gazet publisistikasynyň görnüşlerine degişli has tapawutly umumy aýratynlyklar esaslandyrylýar.

Elbetde, gazet tejribesinde žanrlaryň bir-birlerine gatyşmak, bir-birini baýlaşdyrmak hadysasy-da bolup geçýär. Bu ýagdaýlar häzirki – Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe gazet-žurnal materiallarynda has-da köp gabat gelýär. Habar žanrlarynyň köpüsi özleriniň tebigaty taýyndan hem (reportaž, interwýu), esasan, seljerme, guramaçylyk häsiýetdedir. Aýratyn alnan korrespondensiýalar özleriniň leksika-şekillendiriş serişdeleri babatda çeper-publisistik žanrlara ýakynlaşýar. Şonuň üçin hem žanrlary kesgitlemekde zerur bolan esasy aýratynlyklary saýlap almak ýeterlikdir.

Öwrenmek, seljermek, žanrlaryň giňişleýin derňewi olaryň görnüş aýratynlyklaryny esaslandyrmaga ýardam edýär.

I. Habar (informasion) žanrlar II. Seljerme (analitiki) žanrlar III. Çeper-publisistik žanrlar

*Habar* žanrlaryna zametka (*gysga habar*), *reportaž, hasabat, interwýu* girýär. Olaryň esasy aýratynlyklary habar berýän wakalarynyň ýa-da maglumatlarynyň täzeçilligidir. Bu topar žanrlara operatiwlik (tizlik) häsiýeti hökmandyr. Umuman, wakany gyzgyny bilen beýan etmek we okyjylara ýetirmek diňe bir gazete däl, eýsem köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň beýleki görnüşlerine hem degişlidir. Gyzgyny we gyssaglylygy bilen bermek habarlardan edilýän esasy talapdyr.

*Seljerme* görnüşindäki žanrlara korrespondensiýa, makala, syn, metbugata syn, syýasy syn (obozreniýe), hat (žanr hökmünde), degişlidir.

Olaryň habardan tapawutlaryna seredip geçeliň.

Habar žanrlarynda hem seljermäniň dürli serişdeleri, ceperçiligi, umumylaşdyrma, az möçberde bolsa-da, seýrek ulanylmaýar. Aýdaly, reportažda ähmiýetli mesele barada gürrüň edilýär, maglumatlar seljerilýär, netijeler belli bir görnüşe getirilýär. Ýöne habar žanrlarynda belli bir çäkli wagtyň dowamynda bolup geçýän aýratyn alnan wakalar we maglumatlar beýan edilýär.

Seljerme žanrlarynda materiallaryň wagt ölçegi has giňdir. Mysal üçin, korrespondensiýa, metbugata syn žanrlarynda seljermeler,

çözgütler toplanan faktlaryň we statistiki maglumatlaryň ýagdaýlaryna, öwrenilýän wagtyna görä has az wagty ýa-da tersine köp wagty öz içine alyp biler. Makalada bolsa durmuş materiallaryny has giňişleýin öwrenip, has çuňňur beýan etmäge mümkinçilik bar. Makalada beýan edilýän wakalaryň möçberi, dowamlylygy wagt taýyndan hem çäksizdir. Olar göwrümine görä gazetleriň her sanynda, başaşa, hepde aşa hem bölekleýin berlip bilner.

Seljerme žanrlarynda, köplenç ýagdaýlarda, iri göwrümli materiallar öwrenilýär, olarda dürli meseleleri ýüze çykarmak, olar baradaky dürli garaýyşlary öwrenip, deňeşdirip, netijeleri, teklipleri hödürlemek mümkinçiligi ýokarydyr.

Žanrlaryň *çeper-publisistik* görnüşine oçerk, zarisowka (suratlandyrma), felýeton we ş.m. satiriki žanrlar degişlidir.

Çeper-publisistik žanrlaryň birleşmegi uly ösüşe getirdi. Publisistik hem-de çeperçilik serişdeleriniň, düşünjäniň we obrazyň tebigy birikmegi meseleleri netijeli, çalt çözmäge ýardam edýär. Bu hili žanrlara tipikligi indiwiduallygyň, umumylygy aýratynlygyň üsti bilen açyp görkezmek, wakalaryň, adam häsiýetleriniň aýratynlyklaryny ýüze çykarmakda umumylaşdyrmagy zerur çägine, gerekli derejesine çenli ýetirmek mahsusdyr. Bu žanrlar topary mazmun taýdan, şeýle-de obrazly şekillendiriliş serişdeleri taýyndan hem şahsyýetiň jemgyýetdäki ornuny, ustünlikli taraplaryny we beýleki ýagdaýlaryny açyk aýdyňlaşdyrmaga, wakalaryň, hadysalaryň ol ýa-da beýleki sebäplerini, belli bir derejede, adam ahlagynyň aýratynlyklaryny, onuň psihologiýasyny açyp görkezmek üçin amatlydyr. Çeperçilik serişdelerini ulanmak gazet materiallarynyň pikir-duýgy döretmek, täsir etmek aýratynlyklaryny, joşgun-emosional derejesini güýçlendirýär. Şeýle-de aňyň, düşünjäniň hut özüniň hem emosional-täsir derejesiniň güýçlüdigini bellemek zerurdyr. Belli bolşy ýaly, akyl ýetirijilik prosesiniň özi emosional (duýgy) prosesidir. Täze maglumatlar bilen tanşyp, ol barada täzeçe pikir ýöredip ýetişen okyjy bu täzelige üns bermän ýa-da oňa parhsyz garap bilmeýär. Käbir habarlar, pikirler şatlyk, joşgun getirse, käbir habarlar oýlanmaga mejbur edýär, gaharyňy getirýär. Ýurduň üstünlikleri baradaky käbir habar-

lar her bir raýatda hem şatlyk duýgularyny oýaryp biler. Mysal üçin, türkmen türgenleriniň daşary ýurtdaky ýeňşi baradaky iň bir çeper bolmadyk ýönekeýje habar hem her bir türkmen raýatyny begendirip biler.

Edil şeýle ýagdaýda redaksiýa gelen hatlaryň içinde, mysal üçin, oglunyň ejesine sylaşyksyz gatnaşyklary barada ýazylan hat, çeperçiliginiň pesligine garamazdan, adamlaryň kalbynda gynanç duýgularyny oýaryp biler, adamlary oýlanmaga getirip biler.

Publisistikada, onuň ähli žanrlarynda diliň çeperçilik serişdeleri – metaforalar, epitetler, deňeşdirmeler, ulaltmalar, kiçeltmeler, anaforalar, epiforalar we ş.m. ýeterlik derejede giňişleýin ulanylýar.

Bu serişdeler beýan edilýän ýagdaýlara bolan gatnaşyklary täsirli etmäge, emosional duýgulary güýçlendirmäge, beýan edilen zatlaryň manysyny, ähmiýetini aýdyň ýüze çykarmaga ýardam edýär.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe metbugatyň wezipeleri has-da jogapkärli we çylşyrymlydyr. Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň türkmen žurnalistikasyny ösdürmäge aýratyn üns bermegi, onuň hilini gowulandyrmak üçin metbugatyň we radio-telewideniýäniň, umuman, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redaksiýalaryny we studiýalaryny dünýäniň ösen ýurtlarynyň tehnika we tehnologiýa serişdeleri bilen üpjün etmegi bu işiň mümkinçiliklerini hem-de jogapkärçiligini has-da ýokarlandyrýar. Hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir» diýen syýasatynyň hakykat ýüzünde durmuşa geçirilýändigini wagyz etmek, döwlet ähmiýetli geçirilýän çäreleri öz wagtynda halka ýetirmek bolsa žurnalistikanyň we žurnalistleriň esasy wezipesidir.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

**1.** Publisistik žanrlaryň tapawutly aýratynlyklary.
**2.** Žanrlary toparlara bölmegiň zerurlygy.
**3.** Žanrlaryň gazet sahypasyndaky orny.
**4.** Belli bir gazetiň bir sanyny alyp, ondaky materiallaryň žanr aýratynlyklaryny kesgitlemeli.

## HABAR ŽANRLARY

Bu žanrlar toplumyna habar, hasabat, interwýu (söhbetdeşlik), reportaž degişlidir. Habar žanrlar toplumy, esasan, habar bermek bilen tapawutlanýarlar. Olarda seljerme, bahalandyrma esasy orunda durmaýar. Olarda esasy orun faktlara degişlidir. Faktlar jemgyýetçilik ähmiýetli täzeliklerden düzülmelidir.

## HABAR

Habar gazet žanrlarynyň iň gadymy görnüşleriniň biridir. Ol informasiýanyň iň ýönekeý görnüşleriniň biri bolup, metbugatda, gazet sahypasynda uly orun eýeleýär. Okyjylary jemgyýetçilik durmuşynyň iň ähmiýetli içki we daşky wakalary, hadysalary, maglumatlary bilen tanyşdyrýar. Has dogrusy, habar jemgyýetdäki iň ähmiýetli täzelikleri habar berýär. Ol adatça «Näme, nirede we haçan bolupdyr?» diýen soraglara jogap berýär. Indi şeýle bir zady göz öňüne getirip göreliň.

**2013-njy ýylyň 20-nji apreli. Aşgabat. Ýer Günüň daşyndan aýlanýar.**

**Öz habarçymyz.**

Siz, elbetde, geň galarsyňyz! Gazetler hiç wagt öz sahypasynda hatda başlangyç synp okuwçylaryna-da belli bolan hakykaty täzelik hökmünde neşir etmeýärler. Diýmek, habar, ilki bilen, täzelikdir. Ýöne islendik täzelik gazet sahypasynda neşir edilip bilnermi?

«...TDU-nyň 5-nji ýýl talyby Myrat Geldiýew köne ýatan kompýuterleri bejerip, işe girizdi». Bu täzelikmi? Elbetde, täzelik. Ýöne bu täzeligi gazet sahypasynda neşir edip bolarmy? Elbetde, ýok.

Diýmek, gazetde neşir edilmeli habarlaryň jemgyýetçilik ähmiýetiniň bolmagy hökmanydyr.

«*Magtymguly adyndaky TDU-nyň talyplary Gresiýada geçen 7-nji halkara matematika bäsleşiginde üstünlikli çykyş edip, Pälwan Agamyradow, Gurtmyrat Motukow, Röwşen Hajyýew kümüş medala, Kerwen Durdymyradow, Hojamyrat Arazow, Serdar Hojaýew dagylar bürünç medala eýe bolmagy başardylar we döwletimiziň bayda-*

*gyny dünýä ýüzünde belentden parlatdylar.» («Talyplaryň üstünligi», «Türkmenistan» gazeti*, 04.04.2013)

«Türkmenistan» gazetinde çap edilen şu habardan mälim bolşy ýaly, habarda jemgyýetçilik ähmiýetli maglumat bolmaly, ýöne ol diňe şu günüň ýa-da düýnüň täze habary bolmaly. Habary öz wagtynda okyjylara ýetirmeli. Üstünden birnäçe gün geçen habar könelýär we öz gymmatyny ýitirýär. Habar bu iň gyssagly žanrdyr. Habar düýnki, şu günki bolup geçen, ýakyn wagtda bolmaly, geçirilmeli täzelikleri okyjylara ýetirýär.

Şeýlelikde habara ýokary operatiwlik (tizlik) häsiýeti mahsusdyr.

Habaryň ýene-de bir häsiýetli aýratynlyklarynyň biri – az sözlülik, gysbylykdyr. Şeýlelikde, adaty habar bäş setirden kyrk setire çenli bolup biler.

Habar metbugatda, esasan, iki wezipäni ýerine ýetirýär.

1. Üstünlikleri wagyz edýär, täzeligi görkezýär.

2. Ýetmezçilikleri ýüze çykarmaga ýardam edýär.

Aslynda habarlar žurnalistikanyň ähli žanrlarynda hem ulanylýar. Ýöne habar žanrynda täzelikler hiç hili goşantsyz, arassalygyna çykýar. Şonuň üçin hem ol iň esasy, ähmiýetli zady habar bermek bilen çäklenýär. Ol şol wakanyň nirede bolandygyny, haçan bolandygyny we şol waka gatnaşan adamlary görkezýär.

Telewideniýede «Watan», radioda «Watan», «Çar tarapdan», «Säher salamy» habarlar we aýdym-sazly habarlar gepleşiklerinde, gazetlerde, adatça, «Watan habarlary», «Sport täzelikleri», «Daşary yurt habarlary» ýaly rubrikalarda habarlar berilýär.

*Habardan edilýän talaplar*. Habar žanry anyk talaplara esaslanýan, ilki bilen faktlara, sanlara, statistiki we adaty magumatlara salgylanýan täzelikleri habar berýär. Maglumatlary olar baradaky garaýyşlar bilen garyşdyrmak bolmaýar. Ýagny habarda maglumat hem, seneler, bahalar we garaýyşlar-da zerur. Ýöne olaryň hersiniň öz wezipesi, öz orny bar, öz ýerine ýetirýän wezipeleri bar.

Käbir žurnalistler üçin maglumatlar birmeňzeş zatlar ýaly bolup görünmegi mümkin. Hakykatda olar dürli-dürlüdir. Bir ýerde täze maglumat beýan edilýän bolsa, beýleki bir ýerde öňki gidip du-

ran wakanyň ösüşi beýan edilýär, ýene bir ýerde täze waka, hadysa deňeşdirme esasynda şöhlelendirilýär.

Ähmiýetli, täze wakalar halka basym täsir edýär we olaryň özleşdirilişi-de, netijeliligi-de ýokary bolýar.

Häzirki döwürde taryhy ähmiýetli wakalar örän köp durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzda amala aşyrylýan uly özgertmeler, döwlet ähmiýetli çäreler öz wagtynda halk köpçüligine ýetirilmegi talap edýär. Döwlet Baştutanymyzyň daşary ýurtlara saparlary, ol ýerde geçirilýän işler, daşary ýurtlardan biziň ýurdumyza gelýän döwlet ýolbaşçylarynyň, işewür toparlaryň geçirýän işleri, olaryň biziň ýurdumyza, halkymyza bolan garaýyşlary, dürli pudaklara täze, ösen tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, täze binalaryň ulanylmaga berilmegi we ş.m. halky gyzyklandyryp biljek täzelikleriň öz wagtynda habar berilmegi zerurdyr. Şeýle maglumatlary mälim edýän habarlaryň terbiýeçilik ähmiýeti-de uly bolýar. Olar halkyň öz ýurduna, hormatly Prezidentimize söýgüsini, guwanjyny, buýsanjyny artdyrýar, işjeňligini ýokarlandyrýar.

Habarlar, köplenç ýagdaýlarda, metbugatdaky materiallaryň çeşmesi hökmünde hyzmat edýärler. Ähmiýetli, täsirli habarlar uly, giňişleýin beýan edilýän makalalaryň başlangyjy, esasydyr.

Gazetde bir günüň dowamynda bolup geçýän wakalaryň hemmesini doly berip bolmaýar. Şonuň üçin hem habarda maglumatlaryň saýlanyp alynmagy, wakanyň esasynyň, özeniniň, ähmiýetlisiniň berilmegi zerur şertleriň biridir. Habaryň haýsy neşir üçin taýýarlanylýandygyna hem üns bermek gerekdir. Her bir gazetiň habarlaryny olaryň öz ugurlaryna görä taýýarlamak zerurdyr.

Habarlar kiçi göwrümli bolsa-da, olaryň jemgyýetçilik ähmiýeti göz öňünde tutulmalydyr.

Habarlarda berilýän maglumatlaryň, wakalaryň dogry, hakyky bolmagy, sanlaryň, seneleriň, adam atlarynyň anyk bolmagy üçin olary gaýtadan barlamak hem işiň hiline täsir edýär.

Habarlary taýýarlamak işi hem dürli görnüşde bolup biler. Bir ýagdaýda žurnalist nirede, näme geçirilýändigini we oňa nähili barmalydygyny, näme taýýarlamalydygyny anyk bilýär. Beýleki bir ýag-

daýda bolsa, döredijilik gözlegleri zerur. Bu hili gözleglerde žurnalist maglumatlaryň syýasy öwredijilik, terbiýeçilik ähmiýetlerine göz ýetirmelidir we olaryň iň gereklisini saýlap almagy başarmalydyr.

*Mysal:* Zawodda täze tehnologiýanyň ornaşdyrylandygy baradaky habar eýýäm zawodda iş şertleriniň ýeňilleşdirilendigi, täze tehnologiýanyň döredýän täze mümkinçilikleri baradaky habarlary-da öz yzyna tirkeýär we ş.m.

Habary onuň öwrenýän, beýan edýän obýekti boýunça birnäçe görnüşe bölüp bolar. Bir habar wakalara, hadysalara degişli bolsa, beýleki habar adam şahsyýetini we durmuşyny özüne obýekt edinýär. Eger-de habarlarda özüne çekýän faktlar, maglumatlar bolmasa, okyjy oňa üns bermeýär we habaryň gymmaty gaçýar.

Şeýlelikde, gazet sahypasynda çap edilýän islendik materialda hem pikirleriň anyk beýan edilmegi zerurdyr. Dogry, yzygiderli bolmadyk logiki we grammatiki gatnaşyklar aýdyň pikirliligi ýok edýärler. Stilistiki ýalňyşlyklar hem, köplenç ýagdaýlarda, esasy manynyň ýoýulmagyna getirýär.

*Mysal*:

«...Ýaşuly bagban Allamyrat Geldiýew döwlet sylagyna mynasyp boldy. Ol on ýyl bäri biregne öz saýlan hünärinde zähmet çekip gelýär. Ol işiniň abyny-tabyny gowy bilýär. Öz seredýän baglaryny wagtynda dökünleýär, suwarýar, düýbüni ýumşadýar. Ýaz gelen wagtlary baglaryň çözelligine päsgel bermez ýaly guran agaçlary öz wagtynda kesip aýyrýar...»

Göräýmäge habarda logiki yzygiderlilik saklanýan ýaly bolup dur. Emma gowy uns berseň, gözellige päsgel berýän guran agaçlaryň kesilip aýrylmagy baradaky pikir bagbanyň ussatlygyny inkär edýär, ýokarda aýdylan pikirleri ýalana çykarýar.

«Habarda diliň çeperçilik serişdeleri ulanylmaýar» diýmek nädogrudyr. Žurnalist öz gürrüň berýän zatlaryny näçe täsirli beýan edip bilse, şonça-da eseriň ähmiýeti uly bolýar.

Mysal üçin, täze tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy barada gürrüň gidýän bolsa, şol maşynlary öňki köne maşynlar bilen deňeşdirip

beýan etmek konstruksiýanyň nähilidigini, keşbini göz öňüne getirmäge mümkinçilik döredýär we habaryň hilini ýüze çykarýar.

Habarda maglumatlar, sanlar, seneler bilen birlikde, edebiýatyň çeperçilik serişdeleri hem ýeterlik derejede ulanylýar.

Habarlar birnäçe görnüşe bölünýärler:

1. Adaty habarlar.
2. Gysga ýa-da hroniki habarlar.
3. TDNH-nyň habarlary.
4. Temalaýyn habarlar.
5. Dürli tema degişli bolan habarlar.

1. *Adaty habarlar*. Bu hili habarlar günüň täzeligini öz wagtynda halka ýetirýärler. Olar dürli temada bolup bilerler. Beýle habarlar ýurtda bolup geçýän täzelikleri aýan etmek bilen ony gyzgyny bilen halka ýaýradýarlar. Şol täzeligiň wajyplygyna we möhümdigine halkyň ünsüni çekýärler. Okyjylar şol täzelikleri eşitmezden öň habarlar halka ýetirilmeli. Eger-de okyjylar ol täzeliklerden eýýäm habarly bolsalar, onda ol habarlar eýýäm öz gymmatyny ýitirýärler. Türkmen halkynda «Tamdyra çöregi gyzanda ýap» diýen gadymdan gelýän paýhas bar. Habarlar hem edil şonuň ýaly gyzgyny bilen gazetlerde çap edilmese, teleradioýaýlymlarda eşitdirilmese, öz gymmatyny gaçyrýarlar. Bu bolsa neşiriň (gazetiň ýa-da žurnalyň) abraýyna zeper ýetirýär.

2. *Gysga ýa-da hroniki habarlar.* Bu görnüşli habarlara hormatly Prezidentimiziň Kararlary, döwlet derejesinde geçirilýän çäreler, wakalar, mejlisler baradaky welaýatlardan, daşary ýurtlardan gowşan gysga habarlar mysal bolup biler.

3. *TDH-nyň habarlary*. Habarlaryň bu görnüşi göwrümi taýyndan gysga ýa-da uly göwrümli bolup biler. Hormatly Prezidentimiziň daşary ýurtlara sapary baradaky habardan soňra şol ýurduň geografiki ýerleşişi, tebigaty, ylym-bilim, ykdysadyýet, medeniýet we beýleki pudaklarynyň ösüşi barada TDH-nyň materiallary ýerleşdirilip bilner.

4. *Temalaýyn habarlar* (*bir tema degişli bolan dürli habarlar*). Aslynda habarlar köplenç ýagdaýlarda temalaýyn ýagdaýda beýan edilýär. Ýagny bir tema degişli habarlar bir uly habarlar toplumynda,

bir kolonkada (sütünde) berilýär. Köplenç ýagdaýlarda dürli temadaky habarlar hem gazet sahypasynda belli bir ýerde, toparda berlip bilner.

*Mysal üçin:*

Ýurdumyzda Gurban baýramynyň geçirilişi baradaky habarlar toplumynda her welaýatdan gowşan habarlar we şonuň ýaly-da paýtagtymyzda geçirilen baýramçylyk dabarasy baradaky habarlar ýerleşdirilýär.

Ýa-da sport täzeliklerine degişli habarlar bir ýerde, birmeňzeş görnüşlerde berilýär. Bu toplum habarlara temalaýyn habarlar diýiýär.

5. *Dürli tema degişli bolan habarlar*. Bu görnüşdäki habarlara bir ýerde ýerleşdirilen, bir tema degişli bolmadyk habarlar degişlidir. Bu hili habarlar gazet sahypalarynda, köplenç ýagdaýlarda, gorizontal ýa-da wertikal ýagdaýda ýerleşdirilýär. Bular, esasan, ownuk habarlar bolup, olar, köplenç ýagdaýlarda, gazet sahypasynyň podwalyny (iň aşaky bölegini) tutýarlar.

Umuman, gazet žanrlarynyň başlangyjy, uly göwrümli gazet materiallarynyň çeşmesi hasaplanylýan habar žanrynyň täzeçillik, operatiwlik, terbiýeçilik we syýasy ähmiýeti örän ýokarydyr.

SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:

**1.** Habarlaryň faktlara bolan gatnaşygy.
**2.** Habarlar uly göwrümli eserlere çeşmesi hökmünde.
**3.** Habarlardan edilýän esasy talaplar.
**4.** Habarlaryň görnüşlerine mysallar toplap, amaly iş depdere ýelmemeli.
**5.** Dürli çärelere gatnaşyp, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde habar žanrynyň dürli görnüşleri boýunça çykyş etmeli.

## HASABAT

Hasabat žanry hem gazet-žurnal žanrlarynyň iň gadymylarynyň biri hasaplanylýar. XVII asyrlarda metbugat neşirleriniň çykyp başlan döwürleriniň yz ýanynda Germaniýada, Fransiýada, Angliýada giňeldilen habarlar berlip başlanýar. Pýotr I tarapyndan döredilen

«Wedemosti» gazetinde okyjylar durmuşyň esasy wakalary, daşary ýurt ilçileriniň kabul edilişikleri we ş.m. baradaky habarlary okap bilýärdiler.

Häzirki wagtda hem ähli gazetlerde dürli temalardan hasabatlar berilýär. Hormatly Prezidentimiziň ýurt ýolbaşçylary bilen geçirýän mejlisleri, wideoşekilli iş maslahatlary barada ýazylan hasabat beýanlary muňa mysal bolup biler.

Hasabatyň görnüşleri onuň obýektine, predmetine, meselesine we özboluşly aýratynlyklaryna baglydyr. Bu aýratynlyklar birigip, hasabaty aýratyn žanr hökmünde kabul edip, öwrenmäge mümkinçilik döredýär.

Hasabatyň aýratynlyklary onuň obýektiniň, meselesiniň, predmetiniň özboluşlylygyna görä ýüze çykýar.

Hasabat – bu belli bir wagtda ýüze çykan, belli bir wakanyň giňeldilen görnüşdäki beýanydyr. Bu waka belli bir aýratyn alnan wagtda bolup geçýär we bir-birleri bilen baglanyşykly wakalaryň üzülmeýän zynjyryny emele getirýär. Olara ylmy-amaly maslahatlar, bäsleşikleriň geçiriliş dabaralary, sport ýaryşlary we ş.m. döwlet ähmiýetli syýasy, ykdysady, ylmy, medeni çäreleriň beýanlary degişlidir. Žurnalist dürli döwlet ähmiýetli mejlislerde, ylmy-amaly maslahatlarda we ş.m. ýerlerde hasabat žanryna ýüzlenýär. Mejlislerde çykyş edýän dürli ýolbaşçylaryň, çärä gatnaşyjylaryň, delegasiýalar bilen duşuşyklaryň geçiş aýratynlyklaryny görkezmek üçin hasabat ýazylýar. Şol bir waka barada habar-da, hasabat hem, reportaž hem ýazyp bolar. Eger-de habarda şol ýygnagyň geçýän wagty, senesi, gatnaşyjylaryň atlary we esasy meselesi habar berilýän bolsa, hasabatda şol waka, çykyşlar yzygiderliligi bilen has giňişleýin esasda beýan edilýär. Bu aýratynlyk bolsa, onuň göwrümine täsir edýär. Metbugatda hasabatyň adaty gysga görnüşlerine-de gabat gelmek bolýar, ýöne hasabatyň giňeldilen görnüşi has ýörgünlidir.

Hasabatyň redaksiýanyň tabşyrygy boýunça öňden belli temadan ýazylýandygyna garamazdan, onda awtoryň zähmetini bellemek zerurdyr. Habaryň awtory barada, eger-de habaryň aşagynda onuň familiýasy bolmasa, hiç zat bilip bolmaýar. Sebäbi habarlar köplenç

ýagdaýlarda golsuz berilýär we olarda awtoryň goşandyny duýup bolmaýar. Iki-üç, birnäçe sözlemde awtoryň goşandyny duýmak kyn. Hasabatda hem awtor käbir ýagdaýlarda diňe bolan ýagdaýlary habar bermek bilen çäklenýär. Şeýle ýagdaýlarda bu ýerde awtoryň goşandyny duýup bolmaz. Emma hasabatda, habardan tapawutlylykda, awtor öz zehinini, garaýyşlaryny görkezip bilýär. Awtor gerek ýerinde özüniň waka bolan gatnaşygyny, joşgunyny we beýlekileri açyk duýduryp hem bilýär. Bu žanrda diňe bir awtoryň däl, eýsem redaksiýanyň hem garaýyşlaryny duýmak mümkinçiligi bar.

Awtoryň öňünde duran esasy meseleleriň biri hasabat žanrynda habar-informasion ýa-da seljerme žanrlarynyň elementleriniň ulanylyş aýratynlyklarydyr. Diňe bolan wakany habar bermekden ybarat bolan ýagdaýynda, habar žanrlarynyň elementleri işjeň ulanylýar. Eger-de wakany seljermeli, derňemeli, awtoryň şol waka bolan gatnaşygyny ýüze çykarmaly bolsa, analitiki (seljerme) žanrlarynyň elementleri ulanylýar. Şu nukdaýnazardan hem olar dürli toparlara bölünýärler.

1. Habar hasabaty.
2. Seljerme-analitiki hasabat.
3. Tematiki hasabat.
4. Mesele hasabaty.

1. *Habar hasabaty*. Hasabatyň bu görnüşinde wakanyň nirede we haçan bolandygy ýa-da bolup durandygy, oňa kimleriň gatnaşandygy ýa-da gatnaşýandygy anyk görkezilýär.

Hormatly Prezidentimiziň dürli meselelere, baýramçylyklara, çärelere bagyşlap geçiren mejlisleri, ýurtda geçirilýän dürli ähmiýetli çäreler, halkara ylmy-amaly maslahatlar, sport çäreleri, täze binalaryň ulanylmaga berlişi, ilkinji bolup pagta ýa-da bugdaý boýunça borçnamalaýyn tabşyrygyny ýerine ýetiren etrabyň, daýhan birleşiginiň hasyl toýy we ş.m.

Habar hasabatynda awtoryň öňünde durýan esasy mesele bolan wakany anyk, ýeterlik we yzygiderli habar bermek. Bu ýagdaý hasabatyň habar häsiýetini ýüze çykarýar. Şeýle hasabatlarda awtoryň garaýşy, pikiri, meseläni seljerişi berilmeýär. Munda awtoryň ýüzi diňe habaryň elementleriniň anyk, ýerbe-ýerliginde görünýär.

Ylmy-amaly maslahatlar, ýygnaklar, döwlet ähmiýetli duşuşyklar baradaky hasabatlarda, köplenç ýagdaýlarda, gönüden-göni çykyş edýänleriň sözleri getirilýär. Bu çykyşlar, käbir ýagdaýlarda, gysga gürrüň berme esasynda, käbir ýagdaýlarda çykyşlaryň özleriniň getirilmegi, ýene-de bir ýagdaýlarda bolsa, şol çykyşlardan bölekleriň berilmegi we olar barasynda pikir ýöredilmegi esasynda beýan edilýär. Şeýle habarlaryň, materiallaryň başga-da bir görnüşi bar. Ol görnüş şol çykyşlaryň her birini aýratynlykda, ýöne bir-biriniň yzyndan bermek ýoly bilen amala aşyrylýar. Olaryň her birinde esasy pikir, umumy ýagdaýlar we waka gatnaşyjylaryň gürrüňleri aýratynlykda getirilýär.

Habar hasabatynda awtoryň waka bolan gatnaşygynyň ýüze çykarylmagy gadagan edilmeýär. Bu ýagdaýda awtoryň waka bolan garaýşy onuň maglumatlary, delilleri saýlap bilşinde, olaryň yzygiderli anyk berlişinde ýüze çykýar. Žurnalist gidip duran wakanyň içinde jemgyýetçilik ähmiýeti bolmadyk ýa-da özüniň gerekli hasaplamadyk zatlaryny taşlap, ýa-da tersine haýsydyr bir wakanyň soňunda bolup geçen zat baradaky maglumaty öňe geçirip, onuň ähmiýetini artdyryp biler.

Hasabat žanrynda žurnalistiň zähmetiniň, waka bolan garaýşynyň, onuň başarnygynyň açyk görünýän ýerleri-de bar. Beýle ýagdaýlarda žurnalist işjeň hyzmaty ýerine ýetirýär. Bu bolsa derňew, ýagny seljerme elementleriň kem-kemden peýda bolmagyna we güýçlenmegine getirýär.

Garaýyşlar, düşündirişler, takyklamalar hem dürli görnüşde bolup bilerler. Olar hasabatda käte çykyş hökmünde şol çykyşyň maksadyny, awtoryň çözgüdini, maslahatyň netijesini aýdyňlaşdyrmak, açyp görkezmek görnüşinde berilýär. Düşündirişler käwagtlarda örän gysgadan anyk ýa-da giňişleýin, çuň beýanlarda awtorlyk garaýyş görnüşinde bolup biler.

2. *Seljerme* (*analitiki*) *hasabat*. Seljerme hasabat biziň metbugatymyzda giň ýaýran görnüşleriň biridir. Bu görnüş awtoryň waka bolan garaýşyny, pikirini, gözýetimini, bilim derejesini ýüze çykarýar. Awtor öz habar berýän wakasynyň manysyny, dürli taraplaryny ýüze çykarmak islän ýagdaýynda žanryň bu görnüşinden peýdalanýar. Žurnalistiň nukdaýnazary redaksiýanyň umumy işiniň hilini kesgitleýär.

Konferensiýalar, mejlisler, çäreler barada habar berýän awtor çykyşlardan bölekleri bermek, gürrüň bermek ýa-da doly bermek arkaly ol çykyşlaryň içinden iň bir gereklisini, jemgyýete peýdalysyny alyp, ol barada pikir ýöredýär. Şeýle hasabatda, belli bir derejede, korrespondensiýanyň alamatlary saklanýar.

Mysal üçin, halkara ylmy-amaly maslahatda çykyş edýän talybyň çykyşynda döwlet ähmiýetli pikirleriň bolmagyny ýüze çykaran awtor, öz çykyşynda bu işi ösdürmegiň zerurlygyny teklip edip biler. Şeýle hem awtor gerekli bolmadyk çykyşlaryň köpçüligiň wagtyny alýanlygyny, geljekki maslahatlarda olara orun bermegiň gerek däldigini belläp biler we ş.m.

Umuman, hasabatyň bu görnüşinde wakalar, çykyşlar seljerilýär. Olaryň ähmiýeti aýdyňlaşdyrylýar we bu ýerde awtoryň nukdaýnazary açyk ýüze çykýar.

Käbir ýagdaýlarda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda ýylyň hasabatyna degişli mejlisiň geçirilmegi we ş.m. dolulygyna berilýär. Sebäbi awtor gürrüň beren ýagdaýynda käbir ähmiýetli bölekleriň görünmän galmagy mümkin. Şeýle ýagdaýlarda çykyşlar dolulygyna stenografiýa edilýär, ýazga geçirilýär. Bu hili ýagdaýlarda awtor öz garaýyşlaryny çykyşlaryň öňünde ýa-da soňunda getirip bilýär.

3. *Tematiki hasabat*. Bu hili hasabatda awtor maslahatlarda, mejlislerde, dürli çärelerde öz saýlan temasyna degişli çykyşlary toplap, olaryň üsti bilen pikir ýöredýär. Awtor öz saýlan temasyna gabat gelmeýän çykyşlary taşlap, saýlan temasyndaky çykyşlaryň iň täsirlisini öňe geçirip, umumy ýygnagyň gün tertibini ýa-da çykyşlaryň nobatyny bozup biler. Bu usul awtora esasy çykyşlaryň ähmiýetini açyp görkezmäge mümkinçilik berýär. Tematiki hasabat hem dürli görnüşde bolup biler. Käwagtlarda awtoryň iň esasy çykyşy tutuşlygyna berip, galanlary barada gysgaça gürrüň berýän halatlary bolýar. Tematiki hasabatyň belli bir tema boýunça dürli ýerlerde bolup geçen wakalary, çäreleri gürrüň berýän görnüşi-de bar. Beýle hasabatda dürli ýerlerde bolup geçen çäreler barada gürrüň bermek ýeterlik däl. Ol wakalar özara deňeşdirilýär, olaryň bir-birinden tapawutly aýratynlyklary barada pikir ýöredilýär. Käwagtlarda bu wakalar ýa-da çäreler geçen

ýylky bolup geçen wakalar, çäreler bilen hem deňeşdirilýär we olaryň tapawutly aýratynlyklary ýüze çykarylýar.

Bu hili hasabatda temasy taýyndan bir-biri bilen baglanyşykly bolan meseleler barada giňişleýin gürrüň edip bolar.

Bir rubrikada bir tema degişli dürli ýerlerde bolup geçen wakalaryň aýratyn ownuk bölekler görnüşinde berilýän ýerleri-de köp gabat gelýär.

4. *Mesele hasabaty*. Bu hili hasabatlarda belli bir meselä bagyşlanyp edilýän çykyşlar göz öňünde tutulýar, dürli garaýyşlar beýan edilýär, olar barada pikir ýöredilýär.

*Mysal üçin*: neşekeşlik meselesine, onuň zyýanly taraplaryna bagyşlanan ýygnaklar, dürli çäreler, bu meselede lukmanlar bilen duşuşyklar, ýaşlaryň öňünde edep-terbiýäniň artykmaçlyklary baradaky ähmiýetli çykyşlar we ş.m.

Bu ýerde awtor öz garaýşyny doly ýüze çykaryp bilýär. Aslynda bu hili materiallaryň öwrenilişi, beýan edilişi awtoryň başarnygyny, jemgyýetdäki ornuny ýüze çykarmaga ukyplydyr.

Gazetde hasabatyň üstünde işlemek prosesi publisistikanyň beýleki žanrlaryndaky ýaly temany saýlamakdan we onuň edebi gurluşyny işläp düzmekden başlanýar. Awtora redaksiýanyň şol wakany ýazmak baradaky tabşyrygy temany saýlamagy ýeňilleşdirýär. Sebäbi näme geçirilýäni, nirede we haçan geçirilýäni, şeýle hem esasy öwrenilmeli mesele eýýäm aýdyň. Žurnalist bu ýygnaga ýa-da maslahata kimleriň gatnaşmalydygyny we çykyş etmelidigini anyklaýar we şoňa görä-de berjaý etmeli işlerini meýilleşdirýär. Elbetde, ol bu ýygnagyň ýa-da maslahatyň temasyny öňünden öwrenmeli. Eger-de bu mesele ykdysady meselä degişli bolsa, onda ol ykdysadyýetden baş çykarmaly. Tema degişli edebiýatlary, çeşmeleri, ol barada ýazylan zatlary öwrenmeli. Žurnalist özüniň bilmeýän zatlaryny dürli ýollar bilen ylmy çeşmeleriň, resmi maglumatlaryň üsti bilen, sorag-jogap alyşmak arkaly we beýleki usullar bilen öwrenip biler.

Žurnalist redaksiýanyň tabşyrygyny alanyndan soň, şol mesele barada ýazylanlary öwrenmeli, obýekte, wakanyň bolýan ýerine gelip, olaryň resmi kagyzlary bilen tanyşmaly. Çäre başlamazyndan

öňünçä şol meselä, ugra degişli ýolbaşçylar bilen duşuşmaly we umumy ýagdaýlar bilen tanyşmaly. Bu ýagdaýlar bolsa žurnaliste eýýäm waka başlanmanka ol baradaky düşünjesini çuňlaşdyrmaga, çykyşlara dogry baha bermäge mümkinçilik döredýär.

Žurnalist konferensiýa ýa-da ýygnak başlanmazyndan öň onuň gün tertibini öwrenmeli. Eger-de, konferensiýa ýa-da ýygnak stenografiýa edilýän bolsa, onuň bir nusgasynyň özüne berilmegini gazanmaly. Geçiriljek mejlisiň ýa-da çäräniň meýilnamasyny öňünden alyp, onuň bilen ýakyndan tanyşmaly.

Konferensiýanyň ýa-da ýygnagyň dowamynda žurnalist hemme zady ýazjak bolup heläk bolmaly däl. Şeýle hereket edýän žurnalistiň esasy zady ýitirmegi, ünsden düşürmegi mümkin. Ol çykyşlary ünsli diňläp, çykyş edýänleriň atlaryny, familiýalaryny, temalaryny we çykyşlaryň yzygiderliligini bolşy ýaly bellemäge çalyşmaly. Çykyşlar baradaky garaýyşlaryny ýandepderçesine bellemeli. Diktofonda ýazgy edip bilse, ol işiň netijeliligine ýardam eder.

Konferensiýa ýa-da ýygnaga gatnaşyp oturan žurnalist hasabatyň esasy temasyny anyklaýar, esasy maglumatlary saýlaýar, çykyşlara we tekliplere baha berýär.

Bu çäre tamamlanandan soňra žurnalist öz belliklerini anyklamaly: çykyş edenleriň familiýalaryny, temalaryny, senesini, sanlary ýygnagyň beýany (protokol), stenografiýa bilen deňeşdirip barlamaly.

Işiň edebi gurluşy žurnalistiň esasy iş prosesidir. Awtoryň wakanyň esasy ýagdaýlaryny, onuň mazmunyndaky esasy aýratynlyklary saýlap we beýan edip bilşi onuň işiniň hilini ölçeýär. Çykyşlarda esasy pikirleriň tapawutlandyrylmagy, garaldylan şriftler bilen ýazylmagy ýa-da aşagynyň çyzylmagy okyjynyň ünsüni özüne çekýär.

Käbir ýagdaýlarda çykyşlar dolulygyna berlip, awtoryň düşündirişi, garaýşy oňa siňdirilýär. Käbir ýagdaýlarda olaryň iň esasylary dolulygyna berlip, beýlekileri barada gysga gürrüň berilýär, beýleki bir ýagdaýlarda bolsa, çykyşlar gürrüň berlip, diňe esasy pikirler awtoryň düşündirişinde görkezilýär we ş.m.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe gündelik metbugatymyzda hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzda

geçirilýän dürli çärelere bagyşlanan hasabatlara duşmak bolýar. Bu hasabatlarda geçirilýän çäreleriň syýasy-jemgyýetçilik ähmiýeti, işjeňligi ýüze çykarylýar.

Radioda we telewideniýede hasabat žanryna degişli materiallar, hepdäniň, aýyň, çärýyegiň, ýylyň hasabaty hökmünde dürli görnüşde berilýär. Şeýle hasabatlar, esasan, hormatly Prezidentimiz tarapyndan geçirilýär. Häzirki wagtlarda hormatly Prezidentimiz döwlet ýolbaşçylary bilen wideoşekilli iş maslahatlary yzygiderli geçirýär. Şeýle görnüşdäki hasabatlar radionyň we telewideniýäniň «Watan» habarlar gepleşiklerinde yzygiderli berilýär. Şeýle hasabatlar köplenç ýagdaýlarda telewideniýede we radioda göni efirde, ýaýlymda hem berilýär.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

**1.** Hasabatyň görnüşleri.
**2.** Hasabatda žurnalistiň waka bolan gatnaşyklarynyň açylyp görkezilişi.
**3.** Hasabatdan edilýän talaplar.
**4.** Metbugat sahypalaryndan hasabatyň görnüşlerine mysal toplap, amaly iş depdere ýelmemeli.
**5.** Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde hasabat žanrynyň dürli görnüşleri boýunça çykyş etmeli.

## INTERWÝU

Interwýu (söhbetdeşlik) habar žanrlarynyň bir görnüşi hasaplanylýar. Interwýu – bu žurnalistiň gazet, žurnal, radio ýa-da telewideniýe üçin niýetlenen, belli bir adam ýa-da topar bilen jemgyýetçilik ähmiýetli temada geçiren söhbetdeşligidir.

Interwýu adalgasy iňlis sözi bolup, söhbetdeşlik, sowal-jogap alyşmak diýmegi aňladýar. Bu žanryň iki sany esasy wezipesi bar.

*Birinjiden*: Ol dürli maksatlar üçin, haýsydyr bir meseläniň çözgüdi we ş.m. boýunça adamlaryň janly gatnaşyklarynda-da, kagyz-poçta üsti bilen hem geçirilip bilner. Adatça beýle söhbetdeşlikler metbugat üçin niýetlenmeýär. Emma meýilleşdirilmedik taryhy wakalaryň gazet-žurnal üçin has ähmiýetli, täsirli materiallar bolup bilýändigi tejribe işlerinden bellidir.

*Ikinjiden*: Interwýu žanr hökmünde giňden peýdalanylýar. Bu žanr metbugatda we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň beýleki görnüşlerinde has ýörgünlidir. Bu žanryň wezipesi anyk çeşmelerden alnan anyk maglumatlary habar bermekden, durmuşyň ähmiýetli meseleleri baradaky jemgyýetçilik garaýyşlary öwrenmekden we olary metbugatda ýa-da köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň beýleki görnüşlerinde şöhlelendirmekden ybaratdyr. Bu ýerde žanryň diňe bir habar berijilik däl, eýsem aňyýet we terbiýeçilik maksatlary hem aýdyň ýüze çykýar. Elbetde, bu hili materiallar anyklygyň, ynandyrmagyň aýratyn güýjüne eýedir. Bu žanr adamlaryň içki dünýäsini, joşgunlaryny, pikir-duýgularyny häsiýetlendirmäge ukyplydyr.

Şeýlelikde, interwýu žanry diňe bir habar bermegiň däl, eýsem ynandyrmagyň-da netijeli görnüşi hasaplanýar. Abraýly şahsyýetiň söhbetdeşlikdäki garaýyşlary, pikirleri, gürrüňi, edilýän işlere berýän bahalary gazet materialyna uly ynam, ynandyryjylyk güýjüni döredýär.

Interwýunyň beýleki publisistik žanrlaryň hatarynda esasy zerurlygy, aýratynlygy onuň syýasy işjeňliginden, maksada okgunlylydygyndan, jemgyýetçilik ähmiýetinden gelip çykýar.

Elbetde, žurnalist hemme zady bilip bilmeýär. «Eşiden deň bolmaz gören göz bilen» diýlişi ýaly, bu žanrda görlen, synlanan zatlar



barada eser döredilýär. Çuňňur garaýyşly, gowy material döretmek üçin žurnalist köplenç ýagdaýlarda, abraýly, ylymly, ýagny žurnalistiň gyzyklanýan temasyny, ugruny bilýän adam bilen maslahat etmeli, söhbetdeşlik geçirmeli we olaryň pikirlerini okyjylara ýetirmeli bolýar. Mysal üçin, kosmosdan ýeriň nähili görünýändigi baradaky soraga žurnalist özbaşdak jogap berip bilmez. Diýmek, ol hökman bu ugurdan hünärmen bilen söhbetdeş bolmaly. Özbaşdak ýerine ýetirilen şeýle materiallarda ýnandyryjylyk pes bolýar. Bu ýagdaý neşiriň (gazetiň, žurnalyň) radiotelewideniýe ýaýlymlaryň abraýyna öz ýaramaz täsirini ýetirýär.

Interwýu, düzgün boýunça, gepleşik görnüşinde reportýoryň sowallary we söhbetdeşlik geçirilýän adamyň jogaplary esasynda guralýar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde – metbugatda, telewideniýede, radioda, köplenç ýagdaýlarda, haýsydyr bir jemgyýetçilik ähmiýeti bolan başlangyçlara bagyşlanan, habar berýän interwýulara köp gabat gelmek bolýar. Şeýle ýagdaýlarda şol täzeligiň degişli ýeri bolan edara, kärhana ýa-da okuw mekdepleriniň ýolbaşçylary, hünärmenleri, talyplar çykyş edýärler.

Mysal üçin, metbugat öýüniň täze ösen tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylmagy barada metbugat öýüniň ýolbaşçylary täze enjamlaryň döreden ýeňilliklerini, işiň hilini ýokarlandyrmakdaky ähmiýetini we ş.m. sowallara jogap bermek arkaly gürrüň berýär.

Köp gazetlerde okyjylar bilen Täze ýyl interwýularynyň geçirilmegi, okyjylardan ýylyň dowamynda öz gazetlerinde okan ýatda galyjy materiallary barada pikir soraşygyny geçirmek arkaly, olaryň geljekde nähili materiallary okaslarynyň gelýändigi baradaky sowallar esasynda guralan interwýular (anketalar) neşiriň hilini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Şeýle interwýulary okyjylaryň öz durmuşlarynda ýatda galan wakalary barada hem gurap bolar. Beýle interwýularda gazetiň esasy awtorlary barada gürrüň etmek hem ähmiýetlidir. Gazetler okyjylar bilen geçirilýän şeýle interwýulary diňe Täze ýylda ýa-da beýleki baýramçylyk günleri bermek bilen çäklenmän, interwýunyň bu görnüşini yzygiderli peýdalansalar, gazetiň täsirliligini has hem artdyrar.

Döredüliş aýratynlyklary boýunça interwýu birnäçe görnüşe bölünýär:

1. Interwýu habar.
2. Interwýu-gürrüň (monolog).
3. Interwýu-gepleşik (dialog).
4. Interwýu-zarisowka.
5. Interwýu-kommentariý (garaýyş).
6. Forumlar we anketalar.
7. Interwýu metbugat konferensiýasy.

1. *Interwýu habar*. Bu görnüş habar berijilik häsiýeti bilen tapawutlanýar. Žurnalist söhbetdeşiniň jogaplaryny gysgaldylan görnüşde beýan edýär ýa-da özi ol barada gürrüň berýär. Kä ýagdaýlarda bolsa söhbetdeşligiň mazmuny žurnalistiň söhbetdeşlik baradaky hasabaty ýaly görnüşde berilýär. Söhbetdeşligiň bu görnüşi habar žanryndan häme bilen tapawutlanýar? Elbetde, žurnalist täzeligi öz adyndan hem habar berip bilerdi. Ýöne ýokarda belläp geçişimiz ýaly, ol habaryň ynandyryjylygy, täsirliligi pes bolar. Wakany gören adamyň, üstünligi gazanan adamyň gürrüňi has ynandyryjy bolýar we materialyň hilini ýokarlandyrýar.

2. *Interwýu-gürrüň* (*monolog*). Bu görnüş sowal-jogap görnüşinde berilmeýär. Awtor söhbetdeşi bilen bolan gürrüňi dolulygyna öz sözleri bilen gürrüň berýär.

Köplenç ýagdaýlarda, žurnalist söhbetdeşligi gaýtadan işläp, gazetde neşir edýär we materialyň soňunda: «Söhbetdeşligi ýazga geçiren…» diýip öz adyny goýýar.

Interwýuyň bu görnüşi öz gurluşy, görnüşi, häsiýeti boýunça-da makala ýa-da korrespondensiýa ýakyndyr. Bu görnüşde awtoryň pikirini, garaýşyny, meselä bolan gatnaşygyny-da gowy duýmak bolýar.

3. *Interwýu-gepleşik* (*dialog*). Interwýuyň bu görnüşinde söhbetdeşligiň doly teksti getirilýär. Munda sowallara berilýän jogaplaryň anyk bolmagy, gabat gelmegi hökmandyr. Temadan çykyp, meseläni umumy gürrüňe ýazdyrmak bolmaýar. Žurnalistiň öz söhbetdeşine beren sowallaryny we onuň jogaplaryny şol tertipde ýazga geçirmeli.

4. *Interwýu-zarisowka*. Bu hili interwýuda söhbetdeşligiň mazmunyndan başga-da, wakanyň geçirilýän ýeri, ýagdaýlary, häsiýet-

leri barada aýdylýar. Bu ýerde žurnalist degişli maglumatlary seljerip, azda-kände düşündiriş berip, bahalandyryp bilýär. Interwýuyň bu görnüşi üçin belli şahsyýetiň berýän gyzykly gürrüňlerine inçelik bilen düşündiriş ýa-da syn berip bolar. Žurnalist özüni okyjynyň ýerinde goýup, okyjynyň islegi boýunça, okyjynyň nukdaýnazaryndan sowal bermeli. Şeýle hem söhbetdeşiniň gürrüňlerini edil okyjy diňleýän ýaly, synlaýan ýaly görnüşde dolulygyna daş-töwereginiň ýagdaýlaryna çenli söz bilen beýan etmeli, «suratyny çekmeli», «görkezmeli». Interwýuyň bu görnüşi beýlekilerden döredijilikli, çeper beýan edilýändigi bilen tapawutlanýar.

5. *Interwýu-kommentariý* (*garaýyş*). Interwýunyň bu görnüşinde maglumatlara, wakalara, wajyp meselelere açyk düşündiriş, baha berilýär. Žurnalistiň söhbetdeşiniň gürrüňleri bahalandyrylýar. Bu görnüşde, köplenç ýagdaýlarda, haýsydyr bir mesele ara alnyp maslahatlaşylýar. Bu ýerde žurnalist diňe öňden taýýarlan sowallaryna jogap almak üçin däl-de, eýsem haýsydyr bir mesele barada söhbetdeşiniň pikirini bilmäge, haýsydyr bir zady ahyklamaga çalyşýar.

Interwýunyň bu görnüşini taýýarlaýan žurnalist saýlap alan temasyny gowy öwrenmeli. Ol gerek ýerinde hünärmeniň özi ýaly bolup söhbetdeşi bilen deň çykyş etmeli, oz garaýyşlaryny-da beýan etmeli. Gürrüňdeşini ugrukdyrmaly, ýadyndan çykan ýerlerini ýatlatmaly. Ol söhbetdeşligiň gidişine görä söhbetdeşiniň gürrüňlerini bahalandyryp, onuň bilen pikir alşyp, maslahatlaşyp biler.

Söhbetdeşlige diňe iki adam däl-de, eýsem birnäçe adam hem gatnaşyp biler. Şeýle interwýulara «Tegelek stoluň başynda» atly rubrikalarda geçirilýän söhbetdeşlikler mysal bolup biler.

Bu hili interwýular teleradio ýaýlymlarynda has ýörgünlidir.

6. *Forumlar we anketalar*. Interwýunyň bu görnüşi gazetiň, žurnalyň ýa-da teleradioýaýlymlaryň üsti bilen gaýybana geçirilýär. Bu görnüşiň üsti bilen özboluşly gaýybana çekişmeler-de gurap bolýar.

«Tegelek stoluň başynda» ýaly gaýybana guralan forumlar we interwýular, anketalar haýsydyr bir ýa-da beýleki mesele barada giňişleýin sowal-jogap geçirmäge mümkinçilik döredýär. Halkyň pikirini bilmäge ýardam edýär. Gazetiň özi barada geçirilen anketalar bolsa, gazetiň hilini ýokarlandyrmaga mümkinçilik döredýär.

Mysal üçin, «Siz gazetde nähili materiallary, haýsy žanrlarda okamak isleýärsiňiz? Haýsy awtorlaryň eserleri sizi gyzyklandyrýar? Haýsy temalara degişli materiallar sizi özüne çekýär?» we ş.m. sowallardan düzülen anketalar gönüden-göni gazetiň öz durmuşyna, hiline degişlidir. Öz gezeginde anketalaryň üsti bilen redaksiýa hem öz okyjylaryny tanaýar. Olaryň islegini öwrenýär we şoňa görä-de gazet materiallaryny meýilleşdirýär. Okyjynyň pikiri redaksiýa öz işini dogry meýilleşdirmäge we işiň hilini, netijeliligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik döredýär. Şöhbetdeşligiň bu görnüşi beýleki gör-



nüşlerden öz gurluşy taýyndan tapawutlanýar. Ýagny bu hili interwýular iki ýa-da birnäçe adamyň arasynda däl-de, eýsem okyjy bilen redaksiýanyň ýa-da žurnalistiň gatnaşmagynda guralýar. Sowallar gazet-žurnal sahypalarynda dürli görnüşde neşir edilýär. Okyjylaryň sowallara jogaplary poçta, SMS, elektron poçta, telegraf, telefon arkaly redaksiýalara ýetirilýär. Redaksiýa okyjylardan gelen jogaplaryň iň gyzyklysyny, täsirlisini, ähmiýetlisini gazet-žurnal sahypalarynda neşir edýär we olary ara alyp maslahatlaşýar.

Şeýle söhbetdeşlikleriň teleradio ýaýlymlary arkaly geçirilýän görnüşleri has-da täsirlidir. Alypbaryjy soraglary birnäçe gezek gaýtalamak, ekranyň ýüzünde ýazgyda görkezmek arkaly tomaşaçylara hödürleýär. Olar soraglaryň jogaplaryny telefon jaňlarynyň, poçtanyň ýa-da SMS-iň üsti bilen alyp bilýärler. Şöhbetdeşligiň bu görnüşini ýerine ýetirmekde «Teleköprüler» has-da ýörgünlidir.

7. *Interwýu-metbugat konferensiýasy.* Interwýunyň bu görnüşine köpçülikleýin, toparlaýyn interwýu hem diýilýär. Munda žurnalist geçirilýän çärelere, konferensiýalara, ýygnaklara gatnaşyp, bir adam bilen däl-de, birnäçe adam bilen söhbetdeşlik guraýar. Ýagny bu görnüş bir tema degişli ýa-da anyk sorag boýunça birnäçe adamyň jogabydyr, gürrüňidir. Interwýunyň bu görnüşine biziň metbugatymyzda has köp gabat gelmek bolýar. Aýratynam, türkmen žurnalistleri halkara ylmy-amaly maslahatlaryň geçirilýän ýerinde daşary ýurtly myhmanlaryň, konferensiýa, festiwala, simpoziuma gatnaşýan alymlaryň we beýlekileriň esasy tema baradaky pikirlerini bilmegi gowy görýärler. Olaryň biziň ýurdumyza gelip gören-eşiden zatlary, halkymyz, milli däp-dessurlarymyz we ş.m. baradaky berýän gürrüňleri biziň her birimiz üçin hem gyzyklydyr. Şeýle interwýulary döwlet derejesinde geçirilýän dürli medeni çärelerde, festiwallarda beýleki ýerlerde gurap bolar.

Metbugat konferensiýasyndan we beýleki ýerlerden guralan teleradio söhbetdeşlikleri has-da ähmiýetlidir. Ýaýlymda wakanyň gidişiniň görkezilmegi, waka gatnaşýanlaryň sesleriniň eşitdirilmegi žanryň ynandyryjylygyny ýokarlandyrýar.

Interwýularyň telewideniýede we radioda göni efir (ýaýlym) arkaly berilýän göenüşleri has-da ýörgünlidir.

*Interwýunyň taýýarlanylyşy.* Interwýuny taýýarlamak temany anyklamakdan başlanýar. Interwýuny islendik jemgyýetçilik ähmiýeti bolan, köpçüligi gyzyklandyrýan temadan gurap bolar. Käwagtlar interwýu taýýarlaýan žurnalist telefondan, faksdan, poçtadan peýdalanmaly bolýar. Şahsyýetler bilen duşuşmaga mümkinçilik bolmadyk ýerinde şeýle söhbetdeşlikler guralýar. Beýle söhbetdeşlik aýratyn üns berilmegini talap edýär. Adamlaryň atlaryny, familiýalaryny, sanlary, seneleri örän uly üns bilen ýazmaly we gaýtadan takyklap, barlap görmeli.

Interwýu taýýarlamak isleýän žurnalist temasyny we söhbetdeşligiň geçmeli ýerini söhbetdeşligiň kimler bilen geçirilmelidigini anyklaýar. Ýolbaşçylar tarapyndan ylalaşyga gelnenden soňra ol duşuşyga taýýarlanýar. Reportýor, ilki bilen, özüniň näme bilmek isleýänini anyk kesgitlemeli. Esasy sowallary, söhbetdeşiniň öňünde goýjak sowallaryny anyklamaly. Goşmaça sowallary-da belli etmeli. Ýöne hemişe söhbetdeşligiň maksadyny we esasy meselesini ilki bilmeli. Tema degişli materiallary öňünden öwrenmeli. Bir söz bilen aýdanyňda söhbetdeşlige doly taýýarlyk görmeli. Mümkinçilik bar bolsa söhbetdeş boljak şahsyýetiniň ýazan zatlaryny-da, ol barada ýazylanlary-da okap öwrenmeli we söhbetdeşligiň dowamynda öwrenen çeşmelerine salgylanyp ýa-da olar barada söhbetdeşi bilen pikir alyşmaly.

Žurnalistiň söhbetdeşine berýän sowallary anyk, gysga we düşnükli bolmaly. Söhbetdeşlikde, mümkin boldugyndan, söhbetdeşiň gürrüňini bölmeli däl, ünsli diňlemeli. Düşünmedik ýeriňi edeplilik bilen gaýtadan sorap, anyklamaly. Surata düşürmäge mümkinçilik bar bolsa, söhbetdeşiňi surata düşürmeli.

Söhbetdeşiň öňünde ähli aýdylanlary ýazjak bolup, başagaý bolup durmaz ýaly (gelşiksiz ýagdaýa düşmez ýaly) diktofon ulansaň gowy. Toplan maglumatlaryňy söhbetdeşiňe görkezmeli ýa-da diňletmeli.

Žurnalist wakanyň, ýagdaýyň «hojaýyny» bolmaly. Has dogrusy iş žurnalistiň ýolbaşçylygynda geçirilmelidir. Ýagny žurnalist öz söhbetdeşini özüne gerekli ugra gönükdirmegi başarmaly. Söhbetdeşiniň ugruny tapyp ony «joşdurmaly», gürletmeli. Beýle etmek üçin žurnalist söhbetdeşiniň döredijiliginden ýa-da beýleki üstünliklerinden habarly, taýýarlykly bolmaly. Söhbetdeşiniň žurnaliste göwni ýetmese onuň bilen gürleşmek islemezligi köp gabat gelýän

ýagdaýlaryň biridir. Žurnalist söhbetdeşiniň ynamyna girendigini duýanyndan soňra, (gerek bolsa) ondan hususy arhiwi, resmi kagyzlary bilen tanyşdyrmagyny haýyş edip biler.

Şeýle işleri ýerine ýetirmek üçin žurnalist arassa, gelşikli geýnüwli bolmaly. Özüni tertipli alyp barmaly. Şahyr G. Ezizowyň «Artykmaçlyk duşmanydyr sungatyň» diýşi ýaly, artykmaç ýaňramaly däl. Köpsözlülik esasy pikiri gark edýär, ýitirýär we işiň hiline zeper ýetirýär. Has dogrusy, özüňi alyp barmagyň hem, söhbetdeşligiň hem etikasyny saklamaly. Materialy, faktlary toplap bolanyndan soňra söhbetdeşiniň özi üçin döreden mümkinçiliklerine minnetdarlyk bildirmegi unutmaly däl. Žurnalist toplan materiallaryny gazet üçin gaýtadan işläp, söhbetdeşligiň geçişini, ýagdaýlaryny doly suratlandyrmaly, jogaplary düşündirmeli, söhbetdeşlikde özüne täsir eden ýagdaýlary beýan etmeli. Bu ýagdaý esasan hem interwýu-zarisowka mahsusdyr. Žurnalist ugurtapyjy bolmasa söhbetdeşini gyzykly gürledip bilmez. Şonuň üçin hem žurnalistiň döredijilik mekdebi hemişe öwrenmegi, türgenleşmegi, sosiologik gözleglere, statistiki maglumatlara we beýleki çeşmelere salgylanmagy başarmagy talap edýär.

Interwýuda köp sowallaryň goýulmagy kabul edijiligi kynlaşdyrýar. Sowallar anyk, düşnükli we maksadalaýyk düzülmeli. Okyjynyň, tomaşaçynyň, diňleýjiniň pikirini dürli sowallar bilen garjaşdyrmaly däl. Umuman, žurnalist dürli adamlar bilen, dürli şertlerde (otlynyň wagonlarynda, iş meýdanlarynda we ş.m.) interwýu guramaga taýýar bolmaly. Ýeňil bolmadyk şertlerde döredilen şowly eserler ussatlygyň gözbaşydyr.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

1. Interwýu ynandyrmagyň we täsir etmegiň esasy serişdesi hökmünde.
2. Interwýuda etiki gatnaşyklaryň zerurlygy.
3. Interwýunyň talaplary we taýýarlanylyşy.
4. Jemgyýetçilik ähmiýetli temadan özara söhbetdeşlik guramaly.
5. Gazet materillaryndan interwýu žanrynyň görnüşlerine mysal toplap, amaly iş depdere ýelmemeli.
6. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde interwýu bilen çykyş etmeli.

## REPORTAŽ

«Reportaž» sözi latyn dilinden geçen söz bolup, «geçirmek, ýetirmek, habar bermek» diýmegi aňladýar. Ol XIX asyryň ortalarynda iňlis metbugatynda ulanylyp başlanýar. Başda redaksiýa habar berilýän maglumatlaryň, materiallaryň ählsini-de reportaž diýip atlandyrypdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen reportaž adalgasy publisistikanyň žanrlarynyň bir görnüşini aňladýar we metbugatda esasy orny eýeleýär.

«*Obanyň depesinden aşaklygyna eňip gelän gara bulut meniň ünsümi özüne çekdi. Onuň ýokarsyndan ýene-de bir bulut garalyp, sallanyp gelýärdi. Birdenem şol garalygyň içinde äpet ýagtylyk alazenzele, gopgun turzup gitdi, gök gübürdäp, garry mama sanajyny kakdy. Ýyldyrymyň sesi birneme gowşady. Emma ýerde gopýan ýel, tüweleý şuwwuldysy iki ýana hallan atýan agaçlaryň badyna goşulyp, uly gopgun turuzdy. Öýlänçiniň gelmegi bilen adamlaram, tebigatam köşeşen ýaly parahat görnüşe girdi. Al-elwan öwüşginli älemgoşaryň we çaga sesleriniň peýda bolmagy bilen düýbünden täze görnüş emele geldi*».

Reportaž, ilki bilen, wakany öz gözi bilen gören adamyň gürrüňidir. Eger-de, bolup geçýän hadysalary, ýagdaýlary informasiýa diňe sanap geçýän bolsa, onda reportaž ony görkezýär. Bolup geçen zadyň, wakanyň, hadysanyň söz bilen suratyny çekýär. Habar «näme boldy?» diýen soraga jogap bolýan bolsa, reportaž «nähili boldy?» diýen soraga jogap bolýar. Ol göwrümi boýunça-da habardan uly. Ýöne esasy mesele onuň göwrüminde däl-de, maglumatlary düzüş, beýan ediş aýratynlyklaryndadyr, häsiýetindedir.

Reportažyň özboluşly aýratynlyklary bar. Eger hasabatyň özeninde söz bilen beýan edilen waka durýan bolsa, reportažyň özeninde reportýoryň gözüniň alnynda bolup geçýän, dowam edip duran wakanyň aýdyň şekili durýar. Reportažda awtor öz okyjysynyň elinden tutup, wakanyň içinde aýlanyp ýören ýaly ýagdaýda bolmaly. Okyjy hem reportažy okaýan, diňleýän wagtynda awtoryň yzyna düşüp aýlanyp, ähli zatlary öz gözi bilen synlap ýören ýaly duýgyny

başdan geçirmeli. Diňe şeýle görnüşde taýýarlanan reportaž öz maksadyna ýetýär.

Ol jemgyýetçilik ähmiýetli wakany dolulygyna, berk yzygiderlilikde şekillendirmeli, söhbetdeşlikler we beýleki dürli çeperçilik serişdeleri arkaly ähli gören-eşidenlerini janlandyrmaly. Reportažda hem edil oçerkdäki ýaly deňeşdirmelerden, obrazlylykdan, geplesikden, epitetden, awtoryň öz şahsy synçylygyndan, täsirlerden peýdalanylýar. Edebi çeper serişdeler oçerkçä oçerk ýazmak üçin, şahsyýetiň obrazyny döretmek üçin gerek bolýan bolsa, reportýora wakanyň suratyny çekmek, keşbini döretmek üçin gerekdir.

Okyjy reportaž boýunça şol wakanyň nähili geçendigini aýdyň, edil özi gatnaşan ýaly bilmek isleýär. Diýmek, reportažyň özenini maglumatlar, wakalar esaslandyrýar. Eger-de hasabatyň esasynda söz bilen beýan edilen waka bolsa, reportažyň esasynda žurnalistiň gözüniň alnynda bolup geçip duran wakany synlamaga mümkinçilik bolmaly. Reportažyň awtorynyň özi şol waka gatnaşýan bolmaly. Sebäbi edil şol waka gatnaşyjylaryňky ýaly duýgyny, tolgunmalary hut reportýoryň özi-de başdan geçirse, ol oňa öz okyjylaryna güýçli täsir etmäge mümkinçilik berýär. Kä ýagdaýlarda, žurnalistler öz öwrenýän temasyny (obýektini) içgin, dowamly suratlandyrmak üçin şol ýere wagtlaýyn işe hem girýärler.

Elbetde, islendik wakany reportaž edip bolmaýar. Beýleki publisistik we teleradio žanrlarynda bolşy ýaly, munuň hem jemgyýetçilik ähmiýeti bolmaly. Reportýoryň waka baradaky gürrüňi jemgyýetçilik durmuşynyň haýsydyr bir täze taraplaryny açyp görkezmeli. Okyjynyň durmuş baradaky garaýyşlaryny giňeltmeli, çuňlaşdyrmaly we baýlaşdyrmaly. Reportaž heniz okyja mälim bolmadyk maglumatlary, täzelikleri, olaryň näbelli taraplaryny gürrüň berýär.

Waka baradaky gürrüň, bu elbetde, şol waka gatnaşyjylar, adamlar baradaky gürrüňdir. Käwagtlarda awtor üçin gyzykly, meşhur adam bilen duşuşyk hem esasy waka bolup biler. Žurnalist öz gahrymanynyň kesgitli waka bilen baglanyşykly ýüze çykýan, ähli häsiýetli taraplaryna üns berýär. Şeýlelikde, reportažda oçerke ýakynlyk, meňzeşlik duýulýar. Ýöne ýokarda belläp geçişimiz ýaly,

oçerk – bu adam «häsiýetiniň taryhy» bolsa, reportaž, ilki bilen, «wakanyň suratlandyrylan taryhydyr».

Wakany täsirli beýan etmek üçin, ilki bilen, onuň özüňe täsir etmegini gazanmaly. Munuň üçin bolsa, şol waka tutuş durkuň bilen üns bermeli, gulagyň hem, gözüň hem, duýgyň hem şonda bolmaly we wakanyň iň ownuk ýaly görünýän esasy aýratynlyklaryny sypdyrmazlyga çalyşmaly. Diňe şeýle ýagdaýda reportýor öz okyjysyna täsir edip, ony öz gerek zadyny görmäge mejbur edip biler. Bu bolsa reportaža uly ynam döredýär.

Žurnalistiň reportaža gatnaşmagy dürli formada şöhlelendirilip bilner. Köplenç ýagdaýlarda, reportaž awtoryň öz gürrüňi, monology esasynda berilýär. Şeýle forma žurnalistiň özüniň şol waka gatnaşan ýagdaýynda ulanylýar.

Köplenç ýagdaýlarda, reportažda žurnalist özi barada ýatlamaýar. Okyjy waka gatnaşmazdan wakany (ähli ownuk böleklerine çenli) anyk yzygiderliliginde beýan etmegiň mümkin däldigine düşünýär. Ol awtoryň wakanyň içindedigini duýýar. Şeýlelikde, reportažyň awtory okyjynyň öňünde ýa-ha şaýat hökmünde, ýa-da beýan edýän wakasynyň gönüden-göni gatnaşyjysy hökmüňde çykyş edýär.

Ähli publisistik materiallardan talap edilýän dogruçyllyk meselesi reportažda aýratyn ähmiýete eýedir. Reportažda pikir öwrenmäge ýer ýok, wagt ýok. Şonuň üçin hem bolup duran wakanyň gürrüňine gabat gelmeýän iň bir ownuk, kiçijik bölegi hem tutuş reportaža bolan ynamy gaçyrmagy mümkin. Ýöne bu reportažda žurnalistlere döredijilikli işlemäge mümkinçilik ýok diýildigi däldir.

Reportaž – fotosurat däl. Awtor öz garaýyşlary boýunça maglumatlary saýlaýar we wakany döredýär. Resmi (dokumental) anyklyk reportaža bolan ynamy ýokarlandyrýar. Ýöne bu häsiýetli aýratynlyk janly, täsirli reportaž üçin hem, reportýor üçin hem goşmaça kynçylyk döredýär.

Şeýlelikde, reportaž – bu wakanyň awtoryň wekilçiligindäki ýa-da şaýatlygyndaky operatiw, dinamiki, nusgalyk şöhlelendirilmesidir.

Reportažyň iň täsirli görnüşi tele-radio reportažlarydyr. Bu görnüşdäki reportažlarda wakany tomaşaçynyň, diňleýjiniň ozi saýlaýar.

Munda reportýor bilen deň hatarda wakany surata düşürýän awtoryň, operatoryň hem üşükli bolmagy zerur. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzda Nowruz baýramynyň (2013-nji ýyl) halkara derejesinde geçiriliş dabarasyndan taýýarlanylan telereportažlar uly ähmiýete eýe boldy.

Dörediliş aýratynlyklary boýunça reportaž birnäçe görnüşe bölünýär.

1. Waka reportažy.
2. Adaty reportaž.
3. Seljerme-analitiki reportaž.
4. Mesele reportažy.
5. Temalaýyn reportaž.
6. Göni efir (göni ýaýlym) reportažy.

1. *Waka reportažy*. Reportažyň bu görnüşi belli bir wagtda bolup geçýän anyk waka barada döredilýär. Düzgün boýunça şol waka gutaran badyna reportaž metbugatda çap edilýär ýa-da teleradioýaýlymlarda efire goýberilýär. Muňa ýurtda geçirilýän baýramçylyklar, dabaralar, dürli çäreler mysal bolup biler. Mysal üçin, ýurdumyzda Halkara Nowruz baýramynyň geçiriliş dabarasy barada wakanyň bolup geçen güni telewideniýede ýa-da radioda reportaž berilmegi, ertesi güni gazetlerde beýan edilmegi, ýagny bu täzeligiň gyzgyny bilen köpçülige ýetirilmegi žurnalistiň işiniň ähmiýetini artdyrar.

Waka reportažy bolup duran ýa-da geçen wakany dolulygyna beýan etmeli. Wakany söz bilen «görkezmeli». Hormatly Prezidentimiziň ýurt ýolbaşçylary bilen obýektlere aýlanyp, işleriň gidişini bahalandyryp, bellikler edip ýören pursadyny göz öňüne getirip görüň. Elbetde, bu görnüş «Watan» gepleşiginde telereportažda has-da täsirli berilýär.

Arheologlaryň, geologlaryň işleri barada hem gyzykly we örän täsirli wakalaýyn reportaž berip bolar. Milli medeniýetimize, sungatymyza degişli her bir täze tapyndynyň, işe gatnaşýan adamlaryň hereketleriniň, işiň guralyş we gidiş aýratynlyklarynyň wakalaýyn reportažyň esasy temasy bolup hyzmat edip biljekdigi ikuçsuzdyr.

Dünýä çempionatynyň geçirilýän ýerinden guralan reportažyň, aýratyn hem teleradiorepotažyň ähmiýeti uludyr.

2. *Adaty reportaž.* Bu görnüşli reportažda gyzgyny sowamadyk täzeligiň bolmagy hökman däl. Wakanyň jemgyýetçilik ähmiýetiniň bolmagy welin reportažyň esasy şertidir. Adaty reportaž žurnalistiň öz başarnygyna görä adaty dowam edip duran wakalar esasynda döredilýär. Mysal üçin, ýurdumyzda gurluşyk işleriniň alnyp barlyşy, tomat zawodynda işgärleriň iş şerti, önümleriň saklanyşy, çagalar baglarynda çagalar baradaky aladalaryň durmuşa ornaşdyrylyşy we nebitçileriň gazanan üstünlikleri barada örän täsirli adaty reportaž edip bolar.

Adaty reportažda, köplenç ýagdaýlarda, oba hojalygynda, ykdysadyýetde, bilim ulgamynda, medeniýet ojaklarynda adaty işiň gidişi, ol ýerdäki täzelikler, üstünlikler, ösüşler ýa-da iş usullarynyň täze görnüşleri we aýratynlyklary, täze tehnikalar, tehnologiýalar bilen üpjünçilik meseleleri we ş.m. ýagdaýlar beýan edilýär.

3. *Seljerme* (*analitiki*) *reportaž*. Munda žurnalist gerek wakasyny öz garaýşy boýunça barlaýar, bahalandyrýar. Bu, köplenç ýagdaýlarda, zähmet kärhanalarynda we beýleki ýerlerde mümkindir. Mysal üçin, çagalar bagynyň naharhanasynyň işleýiş düzgünleri, olaryň kadaly iýmitlenmeginde düzgün-tertibiň, arassaçylygyň berjaý edilişi ýaly işler reportažyň temasy bolup biler. Bu görnüşli reportažlarda sanlar, faktlar deňeşdirilýär, olaryň geçen ýyldakydan tapawudy, aýratynlyklary görkezilýär, beýan edilýär. Mysal üçin, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda alnyp barylýan işler, ösüşler wagt yzygiderliligi esasynda öwrenilip, beýan edilip, görkezilip bilner.

4. *Mesele reportažy.* Reportažyň bu görnüşinde žurnalist meseleleri görkezmek, beýan etmek bilen olaryň sebäpli aýratynlyklaryny-da görkezmäge çalyşmaly. Meseläni içgin öwrenmek üçin faktlary doly öwrenmeli, faktlaryň baglanyşygyna hem-de sazlaşygyna üns bermeli.

Daşky gurşawy goramak, Aral deňziniň suwunyň çekilmegi baradaky mesele, neşekeşlige, çilimkeşlige garşy alnyp barylýan işler reportažyň bu görnüşine mysal bolup biler.

5. *Temalaýyn reportaž.* Reportažyň netijeliligi onuň görnüşine hem baglydyr. Köplenç ýagdaýlarda, gazetleriň dürli sahypalarynda




Türkmen bedewine bagyşlanyp açylan saýtyň baş sahypasy

berlen bir ýa-da birnäçe reportažlara duşmak bolýar. Käwagtlarda olar bir tema degişli tematiki ýa-da dürli temalarda bir toplumda hem berilýär. Köpçülikleýin reportažlaryň bir toplumda berlen ýagdaýynda, bir temada birnäçe awtor çykyş edýär. Şeýle ýagdaýlarda awtorlaryň wakany, meseläni açmaga hersi özüçe, özboluşly çemeleşýär. Olaryň hersi aýratynlykda umumy temanyň bir tarapyny açyp görkezýärler, bu görnüş wakanyň hemmetaraplaýyn, dürli röwüşde açylyp görkezilmegine ýardam edýär. Has dogrusy, bu görnüş bir temadaky wakalaryň dürli ýerlerde bolup geçen we dürli awtorlar tarapyndan taýýarlanylan görnüşleridir. Olar gazetiň (žurnalyň) bir sanynda bir ýa-da birnäçe sahypalarda berlip bilner. Mysal üçin, ýurdumyzda geçirilýän toý-baýramlaryň we döwlet ähmiýetli çäreleriň her biri barada şeýle reportažlary gurap bolar. Garaşsyzlyk baýramçylygyna degişli çäreleriň ýurdumyzyň paýtagtynda we welaýatlarynda geçirilişi barada her welaýatdan taýýarlanylan reportažy neşirleriň baýramçylyk

sanlarynda berip bolar. Olary özara deňeşdirip we umumylaşdyryp işlemek esasynda uly bitewi material hem döredip bolar.

6. *Göni ýaýlym (efir) reportažy*. Göni efir arkaly berilýän reportažlarda waka bolup duran ýerinde göni ýazga geçirilýär, surata düşürilýär (transformirlenýär). Göni ýaýlyma berilýär. Telewideniýede we radioda ulanylýan bu görnüş operatiwligi bilen tapawutlanýar.

Häzirki wagtda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen internet ulgamynda Halkara Nowruz baýramyna we Bedew baýramyna bagyşlanan saýtlaryň açylmagy, ýylda bir gezek çykýan Nowruz baýramyna bagyşlanan neşiriň çap edilip başlanylmagy hem muňa mysal bolup biler.

*Reportažyň kompozisiýa-stil aýratynlyklary*. Reportažyň esasy aýratynlyklarynyň biri-de onuň kompozisiýasydyr, ýagny gurluşydyr. Awtor her bir aýratyn alnan ýagdaýlarda öz reportažyny tema, mazmuna we beýan etmegiň usulyýetine baglylykda guraýar.

Kompozisiýa reportažda, hasabata garanyňda, has erkin häsiýete eýedir. Elbetde, reportažda hem wakalaryň başdan aýaga yzygiderliligini saklamak gerek. Zerurlyk bolsa, bu žanryň awtorlary reportažy wakanyň başyndan däl-de (mysal üçin, adat bolşy ýaly, wakanyň açylyşyndan däl) iň täsirli, gyzykly ýerinden başlap bilerler.

Awtoryň reportažy alyp barşy, ony beýan edişi eseriň kompozisiýasynyň esasy aýratynlyklaryny düzýär. Eger-de, žurnalist syýahatyň geçişi barada gürrüň berýän bolsa, onda reportažyň kompozisiýasyny syýahatyň düzgünleri, meýilnamasy kesgitleýär.

Awtoryň «gözlegde» bolup, ýagdaýlara, haýsydyr bir bolup geçen waka düşündiriş gözleýän ýa-da haýsydyr bir ýiten resminamany suratda görkezilen adamlar boýunça yzarlaýan wagtynda guralýan reportažlar hem özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Muňa meňzeş reportažlarda awtor sülçiniň wezipesinde çykyş edýär. Bu ýerde awtor örän tiz we usully işlemegi, ähli zada seresap, düşünjeli çemeleşmegi başarmaly. Mysal üçin, ýasama gollary, ýasama resminamalary tapawutlandyryp bilmeli.

«Temany dogry saýlap bilseň, kompozisiýa öz-özünden düzüler» diýmek nädogry. Žurnalist temasyny saýlanyndan soň, näme ba-

rada ýazmalydygyny kesgitleýär we ondan soňra materialyň gurluşy barada pikirlenýär. Saýlan temasyny açyp görkezmek we ony ösdürmek üçin nähili delilleri gözlemeli, haýsy birini ilki toplamaly, nähili beýan etmeli we beýleki meseleler žurnalistiň esasy çözmeli meseleleridir.

Reportažda onuň başlangyjy we netijesi uly ähmiýete eýedir. Reportažyň ösüşi, operatiwlik bilen herekete geçişi onuň üstünlikli başlangyjyny goýýar. Köp reportýorlar reportaža gönüden-göni suratkeşlikden ýa-da gönüden-göni çykyşdan başlamak bilen, derrew wakanyň beýanyna geçmäge mümkinçilik döredýärler.

Emma köp žurnalistler öz eserini wakanyň has irki taryhyny gürrüň bermekden başlaýarlar. Bu ýagdaýlar ähmiýetli taryhy bolan wakalarda uly gyzyklanma döredýär.

Eseriň soňunda awtor öz pikirlerini gysby, agramly beýan edýär. Ýerine ýetirilen, beýan edilen işden gysga, düşnükli netije çykarýar. Bu ýerde uzyn sözlemler işiň hiline päsgel berýär.

Reportažyň özboluşlylygy onuň stilinde ýüze çykýar. Žurnalist öz habar beryän wakasyny okyjysyna görkezmek üçin stilistiki serişdeleri saýlap alýar. Bu, ilki bilen, hakykatyň çeper şöhelelendiriliş serişdeleridir. Reportažyň awtorlary höwes bilen aýdyň epitetlere, deňeşdirmelere, metaforalara we ş.m. ýüzlenýärler. Bu bolsa reportažy oçerk bilen ýakynlaşdyrýar.

Reportažyň stili emosional duýgulara ýugrulandyr. Reportaž diňe reportýor hakykatdan şatlananda, gynananda, joşanda, tolgunanda we ş.m. maksadyna ýetýär.

Reportažda gerek bolsa durmuşy, hakykaty şöhlelendirmegiň satiriki elementlerini-de, kinaýaly, gülküli sözleri, suratlandyrmalary we ş.m. hem ulanyp bolar. Esasy ülňüde satiriki alamatlaryň ulanylmagy reportažy felýeton bilen ýakynlaşdyrýar.

*Reportažyň üstünde işlemegiň usulyýeti*. Reportažyň temalarynyň çeşmeleri dürli-dürlüdir. Temalar redaksiýanyň poçtasy, ýerli gazetler, radio-telewideniýe habarlary, reklamalar, bildirişler, önümçiligiň öňdebaryjylary, alymlar bilen we ş.m. duşuşyklar barasynda hem bolup biler. Iň esasy ähmiýetli temalar ýurduň Prezidentiniň Perman-

lary, Kararlary, döwlet ähmiýetli geçirilýän mejlisler, konferensiýalar, arhiw resminamalary we ş.m.-lerdir.

Tema oýlanylyp tapylandan soň onuň üstünde işlemäge başlanylýar. Awtor geljekki reportažyň temasyna degişli edebiýatlar bilen tanşanyndan soňra, özüniň beýan etmeli usulyny bütinleý üýtgetmeli, oňa täzeçe çemeleşmeli bolmagy-da mümkindir. Material toplaýan wagtyň bütin dowamynda temanyň üstünde işlemek prosesi hem dowam edýär. Şeýle hem bu proses reportažyň gahrymanlary, şol gahrymanlaryň ýoldaşlary, tanyşlary bilen duşuşanyňda ýa-da gabat geleniňde hem dowam edýär. Žurnalist üçin uly köptaraply materialdan diňe iň ähmiýetlisini saýlap almak zerur.

Žurnalist üçin görüş ukyby, synçylyk, gözlegler örän zerurdyr. Ol oňa wakany dogry, hemmetaraplaýyn görmäge, öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Reportýora nukdaýnazar (pozisiýa) hem zerur. Ol oňa waka dogry baha bermäge we ony aýdyň şekillendirmäge mümkinçilik döredýär, faktlara täzeçe, adaty bolmadyk tarapyndan çemeleşmäge ýardam edýär.

Käwagtlarda žurnalist özüniň «synçy nokadyny» tapmak üçin belli bir wagtyň dowamynda kärini, işini üýtgetmek bilen gözlegleriň aýratyn özboluşly usulyny ýerine ýetirýär. Ol maşynyň ruluna geçip süriji, dükanlarda satyjy, demir ýol wagonlarynda ýolbelet bolup işlemek bilen, öz temasyny has içgin öwrenýär. Geljekki eseriň gahrymanlary bilen işlemek, olar bilen ýaşamak usuly žurnaliste wakany has täsirli, ynandyryjy görkezmäge ýol açýar.

Žurnalist reportažy edebi görnüşe getirmek meselesinde hem dürli kynçylyklara duşup biler. Bu ýagdaý žurnalistiň stoluň başyna geçip, öňünde arassa ak kagyzlaryny taýýarlap oturýan pursadyndan has ir başlaýar. Ol materiallary toplamak üçin adamlar bilen söhbetdeş bolup, maglumatlary saýlap, olara baha berýän wagtynda öz aňynda geljekki reportažyň üstünde hem işleýär. Geljekki eseriň sýužetiniň, kompozisiýasynyň, sözbaşysynyň üstünde oýlanýar. Epitetlerden, deňeşdirmelerden, stilistikanyň obrazly serişdelerinden nähili peýdalanjakdygy barada pikirlenýär we oňa taýýarlanýar.

Reportažyň operatiwligi hem onuň edebi derejesini, faktlarynyň dogrudygyny, umumy anyklyk ýagdaýyny peseltmeli däldir.

Reportažyň esasy aýratynlygy awtoryň edebi ussatlyk derejesine hem baglydyr. Reportaž ýazýan žurnalistleriň köpüsi kem-kemden öz temalaryny, öwrenýän meselelerini tapýarlar we durmuşyň belli bir pudagyna degişli wakalary öwrenmäge ýykgyn edýärler.

Her bir žurnalistiň döredijilik laboratoriýasy durmuşy öwrenmegiň dürli ugurlary, usullary bilen baýlaşdyrylandyr. Häzirki döwürde bolsa reportažlara tema gözlemekde kynçylyk çekilmeýär. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzda geçirilýän döwlet ähmiýetli çäreleriň ählisi-de žurnalistleriň ussatlygyny talap edýär. Ýurdumyzda guralýan durmuşyň dürli pudaklaryna degişli bolan çäreler türkmen žurnalistleriniň ussatlygyny ýüze çykarmaga mümkinçilik döredýär. Hormatly Prezidentimiz bu ugurda döredijilik işgärlerine uly üns bermek bilen, olary baýraklar bilen sylaglaýar. Bu bolsa Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň döredijilik işgärlerini ösüşlerden-ösüşlere ruhlandyrýar.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

1. Reportaž suratkeşligiň, söz bilen wakanyň suratyny çekmekligiň ähmiýetli serişdesidir.
2. Reportažyň beýleki žanrlardan tapawutly taraplary we talaplary.
3. Reportýoryň reportaža bolan gatnaşyklary we kompozisiýa-stil aýratynlyklary.
4. Gazet-žurnal reportažlarynyň görnüşlerine mysal toplap, amaly iş depderine ýelmemeli.
5. Reportaž žanrynda köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çykyş etmeli.

# VI BÖLÜM

## SELJERME-ANALITIKI ŽANRLAR

Bu topar žanrlara korrespondensiýa, makala, hat, metbugata syn, syýasy syn ýaly görnüşler degişlidir. Bu görnüşde döredilen eserlerde deliller, subutnamalar, maglumatlar goşmaça rol oýnaýarlar. Bularda esasy orun maglumatlaryň barlagyna, seljermesine, pikir-garaýyşlara degişlidir. Bu žanrlar göwrümi taýyndan çäklendirilmeýär. Olarda bir günlükdäki bolup geçen wakalardan başlap, binäçe ýylyň dowamynda bolup geçen wakalar hem deňeşdirilip bilner. Ýalaňaç, gurak maglumatlary, garaýyşlar, pikirler, derňewler, deňeşdirmeler, umumylaşdyrmalar we çeperçilik serişdeleri bilen geýindirmek bu topar žanrlaryň häsiýetli aýratynlyklaryna girýär. Şeýle hem bu topar žanrlara öz öwrenýän obýektleri barada ýüze çykan meseleleri aýdyňlaşdyrmak, olar baradaky pikirleri umumylaşdyryp, belli netijelere gelmek, çözgütleri kabul etmek we teklipleri hödürlemek aýratynlyklary-da mahsusdyr.

## KORRESPONDENSIÝA

Jemgyýetçilik-syýasy we gazet sahypasyndaky orny boýunça korrespondensiýa gazet publisistikasynyň iň esasy žanrlarynyň biridir.

Onuň wezipesi hem edil beýleki publisistik we teleradio žanrlarynyňky ýaly, jemgyýetçilik durmuşynyň gündelik täzeliklerini wagyz etmekden, ýaýmakdan ybaratdyr. Ýöne ony beýleki žanrlardan tapawutlandyrýan özboluşly aýratynlyklar-da bar.

Korrespondensiýanyň habar bilen meňzeşligi olaryň ikisiniň hem özeninde maglumatyň ýa-da maglumatlaryň ýatýanlygyndadyr, tapawudy bolsa, habar adatça maglumatlary habar berýär, sanaýar,

korrespondensiýa olaryň üstünde pikir ýöredýär, düşündirýär, seljermeleriň esasynda netije çykarýar, çözgüt kabul edýär ýa-da seljermäniň logikasy esasynda okyjynyň özüni netije çykarmaga taýýarlaýar. Habar «Näme bolup geçdi?» diýen soraga jogap bolýan bolsa, korrespondensiýa «Näme üçin?» diýen soraga jogap bolýar. Wakanyň sebäplerini, şaýatlaryny, faktlaryň baglanyşygyny yzarlaýar.

Şeýle hem korrespondensiýa öz görnüşi boýunça bir ýagdaýda reportaža meňzese, beýleki bir ýagdaýda oçerke meňzeýär. Mundan başga-da ol özünde makalanyň we felýetonyň alamatlaryny-da saklaýar. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, habar žanry maglumatlary habar berýär, korrespondensiýa olary umumylaşdyryp, netije çykarýar. Habardan tapawutlylykda, korrespondensiýada bir waka degişli bolan maglumatlar barada gürrüň edilýär. Onuň makaladan tapawudy göwrüminiň, makala garanyňda, kiçiliginde we wakanyň gidişiniň wagt taýyndan çäklidigindedir. Ol haýsydyr bir edara-kärhanalara degişli bolan we beýleki meseleleri öwrenip bilýär. Netijede, korrespondensiýa anyk, giň bolmadyk materialyň üstünde guralan wajyp-işjeň temanyň seljermesi hökmünde gazet publisistikasynyň arasynda uly orny eýeleýär. Gazet-žurnallary korrespondensiýasyz göz öňüne getirmek kyn.

Maglumat korrespondensiýada iň esasy orny eýeleýär, ol onuň esasy obýektidir. Emma maglumatlaryň, faktlaryň toplumy, olar näçe köp bolsa-da, korrespondensiýa bolup bilmeýär. Korrespondensiýanyň jany bolmaly, onuň janyny bolsa maglumatlaryň seljermesi, deňeşdirmesi, öwrenilen materiallar esasyndaky, öňe sürülýän meseleler, netijeler düzýär.

Şeýlelik-de, korrespondensiýa – bu belli bir tipik ýagdaýlarda ýüze çykýan durmuş hadysalarynyň edebi şöhlelendiriliş görnüşidir. Korrespondensiýa durmuşyň bir bölejigini suratlandyrýar.

*Korrespondensiýanyň görnüşleri:*

1. Habar korrespondensiýasy.
2. Seljerme korrespondensiýasy.
3. Mesele (problema) korrespondensiýasy.
4. Tematiki korrespondensiýa.

5. Pikir korrespondensiýasy.
6. Korrespondensiýa oýlanma.

1. *Habar korrespondensiýasy* zametka ýakyn bolup, ondan özüniň göwrüminiň ululygy we anyk temanyň ösüş ýagdaýlary bilen tapawutlanýar.

Bu hili korrespondensiýada esasy mesele bir temada toplanylan maglumatlaryň umumylaşdyrylmasy, wakalara ýagdaýlara berilýän bahasy bilen tapawutlanýar. Korrespondensiýa reportaždan näme bilen tapawutlanýar? Reportažda adatça bir waka suratlandyrylýar. Korrespondensiýada bolsa belli bir kesgitli wagtyň – hepdäniň, aýyň, çärýegiň dowamynda belli bir tema degişli bolup geçen faktlar, wakalar beýan edilýär. Birnäçe täze açyşlar, üstünlikler barada gürrüň berýän operatiw korrespondensiýalar hem habar häsiýetine eýe bolup bilerler.

Mysal üçin, döwlet Baştutanymyzyň ynsanperwerlik syýasaty barada habar korrespondensiýasyny ýazyp bolar. Türkmenistanyň Owganystan döwletine ynsanperwerlik kömegi, ýurt Baştutanymyzyň Täjigistan döwletine sapary we ol ýerdäki duşuşygy, olara maddy we ruhy kömegi we ş.m. täzelikler habar korrespondensiýasynyň esasyny düzüp biler.

Beýle korrespondensiýanyň esasy meselesi hormatly Prezidentimiziň döwlet ähmiýetli, ynsanperwer syýasatlaryny, ýurtda geçirilýän täze özgertmeleri, täzelikleri wagyz etmekden, bu täzeliklere jemgyýetiň ünsüni çekmekden ybaratdyr.

2. *Seljerme (analitiki) korrespondensiýasy* žanryň ikinji aýratynlygydyr. Bu ýerde seljerme haýsydyr bir wakalaryň, maglumatlaryň sebäbini ýüze çykarýar. Maglumatlaryň arasyndaky özara baglanyşyklary, olaryň sebäbini ýüze çykarmak, kesgitli netijelere gelmek we beýlekiler bu görnüşiň esasy häsiýetleriniň biridir. Şeýle ýagdaýlarda durmuş ähmiýetli wakalaryň, hadysalaryň, manysy, aýratynlyklary ýüze çykarylýar.

Çuňňur seljermäniň esasynda döredilen korrespondensiýa jemgyýetde wajyp meseläni gozgaýar, aýan edýär. Bu hili korrespondensiýada anyk seljerme esasynda çözgütler we teklipler edilýär. Haýsy-

dyr bir wakany beýan etmek ýeterlik däl, ony ilik-düwme öwrenmeli. Içki mazmun esasynda netije çykarmaly. Dürli baglanyşyklar, sebäpler esasynda çözgütleri we teklipleri hödürlemeli.

Korrespondensiýa, belli bolşy ýaly, anyk meseleleri öwrenýär we seljerýär. Olar baradaky garaýyşlar, bahalar meseläniň çözgüdine ýardam edýär.

Mysal üçin, neşekeşlik belasynyň öňüni almak barada bitirilen işler. Ol barada ýazylan eserleri durmuşda gabat gelýän wakalary deňeşdirip, baglanyşdyryp beýan edip bolar. Hormatly Prezidentimiziň bu meseläniň öňüni almakda durmuşa geçirýän işleri, çäreleri we beýlekiler korrespondensiýanyň gozgaýan, derňeýän esasy meselesi bolup biler.

3. *Mesele korrespondensiýasy*. Bu görnüşde döredilen korrespondensiýalar haýsydyr bir meselä bagyşlanan bolmaly. Çözgüdi talap edýän meseleler barada okyjylar bilen pikir alyşmak, olary meseläni bilelikde  çözmäge çagyrmak we ş.m. işler bu žanrda alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiziň sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak üçin neşekeşlik, çilimkeşlik meselelerine garşy göreşmek, dürli kesellerden goranmak, ýerlerde gigiýena-arassaçyk işlerini berjaý etmek

4. *Tematiki korrespondensiýa*. Belli bir obýektden döredilen, bir tema degişli bolan birnäçe korrespondensiýalar meseläni hemmetaraplaýyn öwrenýärler. Şeýle ýagdaýlar birnäçe awtoryň bir meseläniň dürli tarapyny beýan etmekleridir. Meseläni belli bir awtor hem hemmetaraplaýyn öwrenip biler. Beýle ýagdaýda korrespondensiýalar gazetiň her sanynda ýa-da başaşa sanynda yzygiderli berlip bilner. Şeýle korrespondensiýalar bir wagtda, ýöne birnäçe neşirlerde berlip bilner. Reportažyňky ýaly tematiki korrespondensiýa anyk bir baýramçylyk çäresiniň her welaýatda geçiriliş dabaralaryna-da bagyşlanyp bilner. Garaşsyzlyk baýramynyň geçirilýän günlerinde her bir neşiriň korrespondensiýasy dürli görnüşde beýan edilip bilner. Bu hili korrespondensiýalar, bir tema degişlidiklerine garamazdan, dürli ýerlerde ýa-da bir ýerde bolup geçen wakalar barada bolup, dürli awtorlar tarapyndan döredilýär. Şeýle hem žurnalistiň belli bir pudagyň hünärmeni bilen bilelikde döreden korrespondensiýasy ähmiýetlidir. Bu eserler

birinjiden, öwrenýän meselesini has içgin, aýdyň, anyk öwrenmekde, ikinjiden bolsa, ol meseläni täsirli beýan etmekde publisistiň ussatlygyny ýüze çykarmaga mümkinçilik döredýär.

5. *Pikir korrespondensiýasy.* Pikir korrespondensiýasynda öwrenilen obýekt, faktlar, olaryň özara gatnaşyklary, baglanyşyklary barada pikir ýöredilýär. Wakalary, respondentleriň çykyşlaryny, faktlaryň anyklygyny, zerurlygyny, jemgyýetçilik ähmiýetini seljerýär (analizleýär). Pikir korrespondensiýasynda faktlaryň we wakalaryň döwrebaplygyna uly üns bermeli. Döwrebap materiallaryň milli esaslarda beýan edilmegini gazanmaly. Bu görnüşde statistikanyň maglumatlary, sosiologiki barlaglaryň netijeleri baradaky materiallar korrespondensiýanyň esasy faktlary, maglumatlary hökmünde hyzmat edip biler. Mysal üçin ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleri boýunça talyplaryň dünýä derejesinde geçirilýän halkara olimpiada-bäsleşiklerinde türkmen talyplarynyň sanynyň artmagy pikir korrespondensiýasynyň obýekti, özeni bolup biler. Elbetde, bu materialda esasy pikir hormatly Prezidentimiziň dünýä jemgyýetçiliginde milli Lider hökmünde tanalmagy we türkmen ýaşlarynyň ylymly-bilimli bolmagy ugrunda edýän aladalary barada bolup, halkara ylmy bäsleşiklere gatnaşýan talyplaryň mundan on (10) ýyl öňki we häzirki döwürdäki ýagdaýlary deňeşdirilip beýan edilse iş ähmiýetli bolar. Bu ýerde dünýä arenasynda esasy derejelere, baýrakly orunlara mynasyp bolýan talyplaryň sanynyň köpelmegi baradaky statistiki maglumatlar esasy pikiri tassyklap biler. Şeýle korrespondensiýalaryň hormatly Prezidentimiziň döwlet ähmiýetli alyp barýan işlerini dünýä ýaýmakdaky ähmiýeti uludyr. Bu korrespondensiýalar türkmen ýaşlaryny hormatly Prezidentimiziň özleri üçin edýän aladalarynyň gymmatyna düşünmäge, milli Liderimize, Watana wepaly bolmaga borçlandyrýar we olarda jemgyýetçilik işlerine işjeň gatnaşmaga höwes döredýär. Mysal hökmünde tejribeli mugallymlar Nurýagdy Suwhanowyň «Guryýan we döredýän nesil» («Nesil» gazeti 10–01–2013. 2s ), Agamyrat Mämmedowyň «Talyplaryň halkara üstünligi» («Türkmenistan» gazeti 03–04–2013 2 s.) atly materiallaryny getirip bolar.

6. *Korrespondensiýa-oýlanma.* Korrespondensiýanyň bu görnüşinde birnäçe ähmiýetli wakalar, maglumatlar toplanylyp, olar barada pikir ýöredilýär. Okyjylar köpçüligine ýüzlenilýär, žurnalist olar bilen gaýybana söhbetdeşlige çykýar. Žurnalist okyjy bilen bilelikde toplan maglumatlaryny seljerýär, olary deňeşdirýär we öz pikirini, garaýyşlaryny ýüze çykarýar.Ritoriki sorag, ritoriki ýüzlenme we beýleki çeperçilik serişdeleri korrespondensiýanyň bu görnüşinde uly ähmiýete eýe. Okyjylardan gelen hatlaryň üstünde işlenilende hem bu hili materiallary döredip bolar. Korrespondensiýanyň bu görnüşinde žurnalist toplan, öwrenen materiallaryna, faktlaryna laýyklykda haýsydyr bir ähmiýetli pikiri orta atyp, ol barada okyjylaryň pikirlerini deňeşdirip, belli bir meseläniň çözgüdini, netijesini anyklap biler. Bu görnüşde edebi oýlanma, çeper fantaziýa, peýzažlar we dürli tebigat gözellikleri we ş.m. uly ähmiýete eýedir. Awtoryň pikir öwrümleri, hyýal ýüwürtmesi, çeperçilik serişdelerinden peýdalanyp bilşi işiň täsirliligini, netijeliligini kesgitleýär.

*Korrespondensiýany taýýarlamagyň usulyýeti.* Korrespondensiýany döretmekde awtoryň üstünligi onuň işi görüp bilmek mümkinçiligine bagly. Žurnalist önümçiligiň, ykdysadyýetiň, oba hojalygynyň we beýlekileriň hemme taraplaryny gowy bilip bilmeýär. Şonuň üçin hem, haýsydyr bir tema girişmezden, şol tema boýunça gerekli maglumatlary, çeşmeleri öwrenmeli, edebiýatlary okamaly, resmi maglumatlar bilen tanyş bolmaly we diňe şondan soňra işe girişmeli.

Aslynda žurnalistleriň her biri belli bir ugurdan ýöriteleşmelidir. Biri ykdysady, beýlekisi oba hojalygy, bilim we ş.m. meselelerde hemişe taýýarlykly bolmaly. Elbetde, ol dürli temalardan makala ýazyp biler. Ýöne onuň belli bir temasy, ugry weli bolmalydyr. Meseläni öwrenmek, synlamak, materiallary toplamak žurnalistiň korrespondensiýanyň üstünde işlemekde ilkinji we iň esasy işidir. Materialyňy metbugata ýa-da radio-telewideniýe taýýarlamak üçin belli bir adamyň aýdanlary (goý, ol belli şahsyýet bolsun) bilen kanagatlanmak bolmaýar. Žurnalist öz öwrenýän temasyna ýa-da meselesine degişli köp adamlar bilen söhbetdeş bolmaly. Ol diňe birnäçe adamyň bir tema baradaky aýdanlaryny deňeşdirmek bilen dogry netijä ge-

lip biler. Faktlar, resminamalar, sanlar, sosiologik gözlegler, statistik maglumatlar bilen tanyşmak, işiň ynandyryjylygyny berkidýär.

Žurnalist işiň tehnikasyna anyk girişmeli, mesele baradaky aýdylanlary ünsli diňlemeli, ol ähli zatlary öz duýgy eleginden geçirip, ony aňly-düşünjeli süzmeli.

Žurnalist haýsydyr bir mesele barada çykyş etmezden öň ol meseläni içgin, ünsli öwrenmeli, barlamaly. Bir waka, bir maglumat bolman, eýsem, birnäçe ýa-da köp maglumat bolan ýagdaýynda hem olary umumylaşdyrmak, deňeşdirmek, anyk netijä gelmek we pikiriňi, garaýşyňy aýdyň, düşnükli beýan etmegi başarmak zerur.

Ýalaňaç maglumatlaryň sanawyndan korrespondensiýa döredip bolmaýar. Olary geýindirmeli. Dürli stilistik serişdeler, garaýyşlar, deňeşdirmeler, çözgütler, netijeler bilen baýlaşdyrmaly.

Şeýlelikde, döredijilik üstünligini gazanmagyň esasy açary maglumatlaryň «geýindiriliş» usulyýetinde, seljerilişinde, ol baradaky pikir ýöretmelerde, garaýyşlardadyr.

Žurnalist maglumatlaryň manysyny ýüze çykarmak bilen olaryň ugruny, çözüliş ýollaryny-da görkezmeli.

Ol belli bir temany gozgamak, oňa jemgyýetiň ünsüni çekmek bilen okyjynyň gözüni açmaga, oňa ähmiýetli zatlary, täzelikleri öz wagtynda ýetirmäge çalyşmaly.

Eger-de üstünlikler barada gürrüň gidýän bolsa, şol üstünligiň gazanylyş ýollaryny beýan etmeli, nusga hökmünde görkezmeli.

Korrespondensiýada ynandyryjy netijeleriň umumylaşdyrylmagy zerur. Korrespondensiýada hemme zady aýdyp bolmaýar. Şonuň üçin onda belli bir anyk tema ösdürilmelidir. Awtoryň köp tema ýüzlenip, köp pikirleri öňe sürmegi korrespondensiýanyň ähmiýetini gaçyrýar. Olar ýaly korrespondensiýalara-da gabat gelmek bolýar. Emma beýle eserler gurak we täsirsiz çykýar.

Ýokarda belleýşimiz ýaly, korrespondensiýanyň jany bolmaly. Ony bolsa anyk alnan faktlar, maglumatlar esasynda döredilen durmuşyň bir bölejiginiň beýany emele getirmeli. Awtoryň öz obýektine nähili ýagdaýlarda barandygy (başdangeçirmeleri), gerekli adamlaryny gözläp tapyşy, olara garaşmagy ýaly iş ýagdaýlary görkezilse,

iş janly bolýar. Hakyky «gyzykly beýan» işi janlandyrýar we onuň ähmiýetini ýokarlandyrýar.

Her bir korrespondensiýada (eger-de, ol uly göwrümli bolsa) durmuş görünmeli. Durmuş bolsa, esasan, adamlarda, olaryň häsiýetlerinde, iş üstünlikleriniň inçe syrlarynda, usulyýetinde görünýär.

Şeýlelikde, korrespondensiýada öňdebaryjylaryň, alymlaryň we zähmet ussatlarynyň tejribeleri wagyz edilýär.

Korrespondensiýanyň özeninde adam ýa-da zähmet adamlarynyň topary öz işleri, üstünlikleri, kynçylyklary, pikirleri, oýlanmalary bilen durmalydyr. Beýan etmek ýeterlik däl. Adamlary, şahsyýetleri diňe material, häsiýet tarapyndan däl, tutuş psihologiýasy bilen görkezmeli. Adamlaryň medeniýetini, milli taraplaryny, zähmetkeşler topary bilen gatnaşyklaryny, gaýgy-aladalaryny, işi üýtgedip täzeçe guramak baradaky pikirlerini, jemgyýet üçin bitirýän ähmiýetli işleriniň ylmy taraplaryny we beýlekileri beýan etmeli.

Üstünligi gazanmak üçin diňe zähmet çekmegiň ýeterlik däldigini, onuň üçin dogry pikirlenmegi hem başarmalydygyny oňyn mysallar, deliller bilen esaslandyrmaly. Halkyň islegini öwrenmeli we ony kanagatlandyrmaga çalyşmaly.

Adatça, toplanylan materiallaryň esasynda meýilnama düzülýär. Meýilnama esasynda edilmeli işleriň kompozisiýasy, içki bölekleriniň bitewi gurluşy düzülýär, görnüşi aýdyňlaşdyrylýar. Eseriň köpçülik, halk bilen gatnaşygy göz öňünde tutulmaly. Eserleri köpçüligiň gyzgyn garşylamagyny gazanmaly.

Bu ýerde, ilki bilen eseriň manysy, mazmuny uly rol oýnaýar. Ýeke mazmun korrespondensiýa üçin az bolýar. Korrespondensiýa gurak, ýürek gysdyryjy bolmaly däl. Munuň üçin birnäçe mazmuny bir tema birikdirip bilýän janly beýan etmek tärini tapmaly. Islendik gazet materialynyň gymmaty bolsa, onuň mazmuny bilen ölçenilýär.

Zametkada faktlar gysgadan anyk beýan edilýän bolsa, korrespondensiýada durmuşyň haýsydyr bir bölegi – epizody beýan edilýär, görkezilýär. Faktlaryň, hadysanyň manysyny ýüze çykarmak üçin işjeň gepleşikler geçirilýär. Garşylykly pikirler öwrenilýär, deňeşdirmeler getirilýär. Pikiri has gowy ýüze çykarmak üçin dürli na-

kyllardan, atalar sözlerinden, ganatly sözlerden peýdalanmaly we sadadan düşnükli beýan etmegi başarmaly.

Korrespondensiýany ähli halk okaýar. Onuň ideýa-syýasy, edebi derejesi gezetiň okyja täsir edijilik güýjüni kesgitleýär. Ol hem, öz gezeginde, jemgyýetiň ösüşine, halkyň aňyýetine, nesliň terbiýesine we ş.m ýagdaýlara täsirini ýetirýär.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

1. Korrespondensiýada fakt we ony «geýindirmegiň» meseleleri.
2. «Durmuşyň bir bölegini» döretmegiň aýratynlyklary.
3. Korrespondensiýanyň talaplary we taýýarlanylyşy.
4. Gazet-žurnallardan korrespondensiýanyň görnüşlerine mysal toplap, amaly iş depdere ýelmemeli.
5. Korrespondensiýa žanry boýunça köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çykyş etmeli.

## MAKALA

Makala publisistikanyň iň bir giň ýaýran görnüşleriniň biri bolup, ol gazet-žurnallaryň ideýa-syýasy derejesini, jemgyýetçilik ähmiýetini kesgitlemäge ukyply žanrdyr.

Bu žanryň özboluşlylygy nämeden ybarat? Dürli sözlüklerde makala «uly göwrümde bolmadyk düzme» diýen ýaly kesgitleme berilýär. Makala žanry daşary ýurt, aýratyn hem rus alymlary tarapyndan köp işlenildi. Olaryň işlerinde bu publisistikanyň dürli meseleleri gozgaýan we öňe sürýän, seljermäniň esasynda ýüze çykarylan umumylaşdyrmalary, netijeleri, çözgütleri öwrenýän esasy žanry hökmünde kesgitlenýär.

Makalanyň ähmiýetine ony beýleki žanrlar bilen deňeşdirmek esasynda has gowy göz ýetirmek mümkin.

Korrespondensiýa fakt ýa-da faktlar toplumy esasynda guralýar. Makalada maglumat kömekçi rol oýnaýar, onda maglumat diňe umumy pikiri ýa-da onuň aýratyn alnan ýagdaýlaryny şekillendirmek, esaslandyrmak üçin ulanylýar. Korrespondensiýa düzgün boýunça faktlary sanap, soňra olaryň ähmiýetini, manysyny açyp görkezmäge

girişýär. Makalanyň awtory umumy pikirden yza çekilip, şol pikiri käbir ýagdaýlar bilen esaslandyrmaga, meseläniň beýleki dürli taraplaryny açmaga girişýär.

Korrespondensiýa žanry özüniň seljermeleri, delillendirmeleri boýunça däl-de, temasy boýunça anykdyr, kesgitlidir. Makala bolsa uly meseläniň giňişleýin umumylaşdyrylmasy hökmünde ýüze çykýar.

Makalada anyk faktlaryň, wakalaryň, hadysalaryň esasynda haýsydyr bir umumy pikir, ideýa ösdürilýär we esaslandyrylýar.

Korrespondensiýada wagt hem-de göwrüm taýyndan çäklendirilen ýagdaýlara seredilýär. Şeýle ýagdaýlar makalada uly meseläniň diňe bir tarapyny şöhlelendirmäge hyzmat etdirilip bilner.

Garaýyşlaryň köpdürlüligi, umumylaşdyrmalaryň çuňlugy makala žanrynyň hökmany aýratynlyklarynyň biridir.

Tejribäniň tassyklaýşy ýaly, birmeňzeş ýagdaýlar, wakalar korrespondensiýa üçin maglumat, fakt bolup hyzmat etse, makala üçin seljermäniň özeni bolup hyzmat edip biler. Korrespondensiýada awtor ilki bilen wakanyň, garşylyklaryň, meseleleriň içki aýratynlyklaryny ýüze çykarmaga çalyşýar, makala bolsa olary şol waka birikdirýän gatnaşyklary yzarlaýar, olaryň durmuş, döwür bilen baglanyşygyny ýüze çykarýar.

Makala maglumatlara, statistika we sosiologik gözleglere esaslanýan uly göwrümli materialyň tema degişli umumylaşdyrylmasydyr.

Publisistiň dünýagaraýşy awtoryň döredijiliginde esasy orun tutýar.

Makalanyň awtoryna okyjyny haýsydyr bir pikiriň, ideýanyň dogrudygyna ýa-da nädogrudygyna ynandyrmak üçin diňe aýratyn alnan maglumatlaryň seljermesine däl, eýsem şol meselä degişli bolan faktlaryň jemine daýanmak zerurdyr. Bu ýagdaýda maglumatlar awtoryň pikirini ösdürmekde, olary maglumatlar bilen tassyklamakda ugrukdyryjy nokat hökmünde gulluk edýärler. Makalanyň awtory meseläni çözmekde, durmuşa geçirmekde öz okyjysyny kömege çagyrýar, oňa ýüzlenýär, maslahat salýar, gerek bolsa, neşiriň üsti bilen okyjylar bilen sorag-jogap alyşýar.

Žanryň esasy talaplaryna jogap berýän gazet-žurnal makalalary, özlerinde adatça anyk meseleler bilen çuňňur nazary umumylaşdyrmalary sazlaşdyrýarlar.

Makalanyň mazmuny we görnüşi, umuman, täsirliligi, çeperçilik derejesi awtoryň syýasy düşünjesine, dünýägaraýşyna we döredijilik ussatlygyna baglydyr.

Maglumatlara, wakalara, hadysalara baha bermegiň diňe bir nazary esaslary däl, eýsem terbiýeçilik ähmiýeti-de ýokarydyr.

Publisistiň dürli meselelere takyk, adalatly garamagy zerurdyr. Subýektiwlik awtoryň we gazetiň, žurnalyň we teleradio ýaýlymlaryň abraýyny, makalanyň ähmiýetini pese gaçyrýar. Wakalara, faktlara ylmy tarapdan çemeleşmek, olary öz bolşy ýaly anyk görkezmek, ýasamalykdan gaçmak publisistiň borjudyr. Publisistiň garaýyşlarynyň, işiniň anyklygy onuň dogruçyllyk, obýektiwlik, watançylyk, ahlak ýörelgelerini we hünär ussatlygyny kesgitleýär.

Makala hakyky durmuş wakalarynyň umumylaşdyrylan, berk kesgitlenen pikiriň ösüşini yzarlaýan publisistik žanrdyr. Maglumatlaryň toplumynyň delillendirmek bilen esaslandyrylmagy, anyk maglumatlar bilen makalanyň logiki özeniniň sazlaşygy pikirleri, garaýyşlary emele geltirýär. Olar bilelikde korrespondensiýanyň uly göwrümini döredýärler.

Netijede, makala durmuşyň anyk derwaýys meselesi boýunça awtoryň aýdyňlaşdyrylan, anyk maglumatlar bilen esaslandyrylan korrespondensiýasyny umumylaşdyryp şöhlelendirýän publisistik žanrdyr.

Makala gazetiň baýdagy hem diýilýär. Sebäbi makala bolmasa, gazet-žurnalyň mazmun we many ýüküne göz ýetirip bolmaýar. Neşiriň gymmaty onda berilýän makalalaryň ideýa-syýasy, terbiýeçilik agramy bilen ölçenilýär.

Dörediliş aýratynlyklary boýunça makala birnäçe görnüşe bölünýär.

1. Baş makala.
2. Operatiw baş makala.
3. Ylmy makala.
4. Problema (mesele) makalasy).

1. *Baş makala*. Gazetiň ýa-da žurnalyň gatyny açýan redaksiýa ýa-da awtor tarapyndan taýýarlanylan çykyşdyr. Ol ýerli maglumatlaryň seljermesi esasynda günüň esasy meselesini aýdyňlaşdyrýar.

Makalanyň bu görnüşi okyjy bilen günüň iň esasy, zerur, ähmiýetli wakasynyň gürrüňine başlaýar. Baş makala ol ýa-da beýleki mesele boýunça redaksiýanyň nukdaýnazaryny, garaýyşlaryny, ýörelgelerini, syýasy we ylmy derejesini kesgitleýär. Gazetiň syýasy ugruny şöhlelendirýär, ähmiýetli mesele baradaky garaýyşlaryny, pikirlerini, maksadyny ýüze çykarýar. Onuň esasy maksady günüň esasy meselelerine öz wagtynda seslenmek, hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän döwlet ähmiýetli permanlaryny, kararlaryny okyjylara düşündirmek, wagyz etmek, ähmiýetli aýratynlyklaryny açyp görkezmekdir.

Bu ýerden baş makaladan edilýän talaplar gelip çykýar. Ol talaplar bolsa hormatly Prezidentimiz tarapyndan durmuşa geçirilýän döwlet ähmiýetli işleriň syýasy, ykdysady ähmiýetli taraplaryny ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Mysal üçin, hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgesiniň manysyny, ähmiýetini düşündirmek, ony anyk mysallarda esaslandyrmak, ýurtda geçirilýän döwlet ähmiýetli çärelere ýaşlary çekmek, olaryň bu çärelere işjeň gatnaşmagyny guramak makalanyň bu görnüşiniň esasy wezipesidir.

Baş makala öwrenmeli we çözmeli meseleleri anyk görkezýär, beýan edýär. Beýleki makalalar bolsa, olaryň çözüliş ýollaryny gözleýär, kesgitleýär, durmuşa geçirýär.

2. *Operatiw baş makala*. Bu makala, adyndan belli bolşy ýaly, meseleleriň operatiw beýanydyr. Hormatly Prezidentimiziň şu günki çykaran karary ýa-da gol çeken resminamasy barada ertirki gazetde giňişleýin makala berip bolar. Bu ýerde operatiwlik ýokary derejede bolmaly. Şol bir ähmiýetli meseläni öz wagtynda halk köpçüligine düşündirmegi, wagyz etmegi başarmaly. Hormatly Prezidentimiziň daşary yurt saparlary we ş.m. barada üç günden soň hem makala berip bolar. Ýöne beýle makalalarda habarlara, täzeliklere däl-de, pikirlere, garaýyşlara orun berilmelidir.

3. *Ylmy makala*. Hormatly Prezidentimiz: «Güýçli döwletde ylym esasy orny eýeleýär. Diýmek biz ylmyň iň täze gazananlary bilen aýakdaş gitmelidiris» diýmek bilen, ylym-bilim pudagyna uly üns berýär. Onuň bu ugurda alyp barýan döwlet ähmiýetli işleriniň her biri barada publisistik makalalar döredip bolar, has dogrusy, bu zerurlykdyr.

Ylmy makalalary döretmegiň aýratyn talaplary bar.

Birinjiden, ylmy işler ylmy gözlegler, ylmy garaýyşlar, pikirler bilen esaslandyrylan bolmaly.

Ikinjiden, bu görnüşdäki makalalar publisistik stilden tapawutlanýarlar.

Üçünjiden, ylmy eserler barada ýazylan makalalary žurnalist özbaşdak ýa-da öz adyndan döredip bilmeýär. Bu görnüşde döredilen makalalarda alymyň gözlegleriniň netijeliligi, deliller, subutnamalar zerurdyr we ş.m. Mysal üçin, «Mugallymlar gazetinde» «Älem hakda söhbet: Astronomiýa mugallymlaryna kömek» rubrikasynda («Mugallymlar gazeti» 3.4.2013 ý.) «Marsda ýaşaýyş barmy ýa-da ýok?» atly publisistik makala ýerleşdirilipdir. Şeýle görnüşdäki makalalary alymlaryň, kosmonawtlaryň işlerine, pikirlerine salgylanman bermek eseriň ynandyryjylygyny, neşiriň abraýyny peseldýär.

Häzirki wagtda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda geçirilýän ylmy-amaly maslahatlar, olaryň ähmiýeti, ýurduň Baştutany tarapyndan halkyň edebiýatyna, sungatyna, edebi mirasyna goýulýan sarpa, bu ugurda alnyp barylýan we durmuşa geçirilýän işler, geçmişde ýaşap, döredip geçen edebi şahsyýetlerimiziň, şahyrlarymyzyň halkara derejesinde öwrenilip, olaryň eserleriniň täze bir röwüşde halka ýetirilmegi, ynsanperwerligiň nusgasy hökmünde öwrenilmäge, beýan edilmäge mynasypdyr. Şu esasda daşary ýurtly alymlaryň biziň ýurdumyzda ýaşap geçen şahsyýetler barada gymmatly materiallary, maglumatlary getirmegi biziň ruhy hazynamyzy baýlaşdyrýar. Olary toplap, olar barada giňişleýin pikir ýöretmeklige giň mümkinçilikleriň açylmagy barada ylmy makalalary döretmek, eserlerde esasy maglumatlar, wakalar, baradaky pikirleri, garaýyşlary ösdürmek, derňemek we belli netijä gelmek makalanyň awtorynyň esasy wesipesine girýär.

4. *Mesele* (*problema*) *makalasy*. Biziň ýurdumyzyň gazetlerinde we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň beýleki görnüşlerinde ýurduň ösüşine päsgel berýän ýaramaz hadysalaryň (neşekeşlik we ş.m.) garşysyna göreşmek, sagdyn durmuş keşbini döretmek baradaky makalalar berilýär.

Ýaşlary ýaramaz gylyk-häsiýetlerden daşda saklamak, jemgyýetiň bähbitli işlerine, sport bilen meşgullanmaga we ş.m. gönükdirmek, olarda watansöýüjiligi, milliligi, ruhubelentlik häsiýetlerini ösdürmek ýaly meselelere degişli makalalar köp ýazylýar. Eserleriň durmuş wakalary bilen sazlaşykly, döwrebap esaslarda berilmegi işiň täsirliligini, ynandyryjylygyny ýokarlandyrýar.

Dürli wakalara öz wagtynda seslenmek, wakanyň, maglumatlaryň esasynda olary seljermek, dürli çeşmelere ýüzlenip, pikir ýöretmek makalanyň esasy şertleriniň biridir.

Ýurtda bolup geçýän ýagdaýlara, hormatly Prezidentimiziň alyp barýan adyl syýasatlaryna, döwlet ähmiýetli çärelere düşündiriş bermek işleri ussat žurnalistlere degişlidir.

*Makalanyň üstünde işlemegiň usulyýeti*. Makalanyň döredijilik prosesini esasy üç topara bölüp öwrenip bolar:

1. Tema saýlamak.
2. Temanyň üstünde işlemek.
3. Teksti edebi taýdan işlemek.

Ilkinji ädim, kyn mesele – tema saýlamakdan ybarat.

Awtor durmuşyň, wakalaryň synçysy, öwrenijisi hökmünde iň ähmiýetli, gyzykly zady saýlap bilmegi başarmalydyr. Beýleki bir döredijilik çylşyrymlylygy temany kesgitläniňden soňra başlanýar. Tema degişli maglumatlary, wakalary publisistik, ylmy garaýyşlar bilen esaslandyrmak, delillendirmek gerek. Bu meseleleriň eseriň mazmunyna sazlaşdyrylmagy zerur. Bu ýagdaýlaryň ählisi awtoryň bilimine, dünýägaraýşyna, düşünjesine, döredijilik-žurnalistik ussatlygyna baglylykda ýüze çykýar.

Esasy mesele öz temaňa publistik garaýyşlary siňdirmek. Bu ýerde pikiriňi esaslandyrmak üçin serişdeleri gözlemek barada gürrüň gidýär.

Temany kesgitläp, ony nähili beýan etmegiň ýollaryny gözlemeli. Makalany ýazmak köp maglumtlary çuňňur seljermegi, giňişleýin umumylaşdyrmalary talap edýär.

Makalalaryň haýsy görnüşinde eser döretmek meselesini awtoryň özi çözýär.

Seljerme, derňew bu pikirleriň hereketidir we şol bir wagtda makalanyň döredilmeginiň kepilnamasydyr. Bu ýerde faktlaryň seljermesi, anyk ideýalar boýunça pikirleriňi ýöriteleşdirmek zerurdyr.

Maglumatlar barada pikir ýöretmekde, olary häsiýetlendirmekde hem köp maglumatlaryň sanawyna däl-de, az bolsa-da, ähmiýetli, belli bir maksatly maglumatlara üns bermek zerurdyr.

Makalanyň üstünde işleýän publisist materialyň gurluşy üçin netijeli, ähmiýetli ýollary saýlap almaly, oýlap tapmaly. Maglumatlary, wakalary, olar baradaky garaýyşlary çişirmeden daşda durmaly. Boş sözlülik, ýerliksiz aşa köp getirilen çeperçilik serişdeleri-de makalanyň ähmiýetini gaçyryp biler.

Faktlaryň, maglumatlaryň, stilistik görnüşleriň köplügi, pikirleriň, garaýyşlaryň aýdyňlygy, awtoryň esasy pikiriniň yzygiderliligi, olaryň ähmiýetli aýratynlyklaryny saýlap, ýerli-ýerinde goýmak makalanyň esasy talaplarydyr.

Makalada awtor onlarça mysallara daýanyp bilmez. Eseriň güýji we ynandyryjylygy başgaça ýüze çykarylýar. Publisist özüniň näme barada ýazmakçy bolýandygyny doly kesgitleýär we ony öwrenýär, esaslandyrýar. Öz toplan maglumatlarynyň içinden diňe birnäçesini, belki-de birini, ýöne örän ähmiýetli, ähli soraglara jogap bolup, meseläni açyp gözkezip biljegini saýlap, diňe şonuň üstünde-de işleýär, pikir ýöredýär.

Makalada (eger ol žurnal makalasy bolsa-da) iň bir esasly pikirleriň gysga beýan edilen toplumy bilen çäklenip bolar. Makala meseläni dogry goýmaga we ol mesele barada pikir ýöretmäge mümkinçilik döredýär. Gazet makalasynda anyk maglumatlara esaslanmagyň, garaýyşlaryň çeşmesiniňiň özi-de ýeterlikdir. Temany açyp görkezmegiň şowly tapylan tygşytly serişdesi (žanry, ugry we ş.m.) makalanyň üstünliginiň açarydyr.

Her bir pikir üçin iň gowy frazeologiki konstruksiýalary söz düzümlerini, aňlatmalary, her bir makala üçin özüne gelşip duran kompozisiýany tapmak gerekdir. Publisistiň syýasy kämilligi saýlap alan temasynyň sosial ähmiýetli taraplaryny görkezip başarmaklygynda ýüze çykýar. Şonuň üçin hem makalany döretmekde aýratyn ünsli,

üşükli bolup, pikirleriňi, garaýyşlaryňy dogry, doly, aýdyň beýan edip bilmegi başarmak zerurdyr.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzda geçirilýän döwlet ähmiýetli wakalaryň her biri uly göwrümli makalanyň esasy temasydyr, ony dogry öwrenip, halka doly ýetirmek bolsa, biziň žurnalistlerimiziň borjuna degişlidir, başarnygyna baglydyr.

SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:

1. Makala neşiriň, teleradioýaýlymlaryň ideýa-syýasy we jemgyýetçilik derejesini kesgitleýän žanrdyr.
2. Makalanyň görnüşlerinde faktlar we umumylaşdyrma.
3. Makalanyň kompozisiýa-stil gurluşy we talaplary.
4. Gazet-žurnallardan makala žanrynyň görnüşlerine mysal toplap, amaly iş depderine ýelmemeli.
5. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde makala žanry boýunça çykyş etmeli.

## METBUGATA SYN

*Žanryň wezipesi.* «Metbugata syn» düşünjesi metbugat materiallaryny seljermek, öwrenmek, derňemek, netije çykarmak diýen manylary berýär. Bu žanrda gazet-žurnallaryň işine baha berilýär. Synlar köplenç ýagdaýlarda neşirleriň anyk, kesgitli wagtyň dowamyndaky sanlaryny öwrenýärler. Olar aýratyn alnan gazetiň bir sany-da (ýörite sahypa bolan we ş.m. ýagdaýynda), bir hepdelik, bir aýlyk, bir ýa-da birnäçe ýyllyk sany-da bolup biler.

Bu žanrda metbugatda ýüze çykýan täzelikler, täsirler, gyzykly zatlar we beýleki aýratynlyklar barada gazetiň derejesine synçylyk nukdaýnazaryndan baha berilýär. Aýratyn alnan materiallar barada gürrüň edip, olaryň üstünde pikir ýöredilýär. Metbugatda berilýän materiallar gurak bolmaly däl. Olar janly, täsirli bolmaly.

Bu žanryň esasy wezipesi, birinjiden, üstünlikleri wagyz etmekden, ikinjiden, kemçilikleri ýüze çykarmakdan ybarat. Şeýle hem neşirleriň, metbugatyň kämilleşmegine, mazmunyň, ideýa-syýasy derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam etmekden, gazeti syýasy taýdan

sowatly, gyzykly çykarmakda žurnalistlere kömek bermekden ybarat. Gazetiň diliniň ýeňil we düşnükli bolmagy, materiallaryň oňaýly ýerleşdirilmegi, sözbaşylaryň materialyň many-mazmunyna gabat gelmegi synçydan edilýän talaplaryň esasy şertidir.

Metbugata syn žanrynda berilýän materiallar diňe žurnalistleriň dykgatyna däl, olar gazet-žurnal çykyşlarynyň esasynda jemgyýetçilik durmuşynyň derwaýys meselelerine: ykdysady, syýasy, medeni-ruhy meselelere okyjylaryň ünsüni çekmeklige hem niýetlenendir.

Köplenç, metbugata syn berýän awtorlar redaksiýanyň synçysy bolup, materiallaryň golsuz berilýän wagtlary-da bolýar. Muňa garamazdan, olarda awtoryň pikiriniň aýratynlykdaky garaýyşlary duýulýar.

Döredildiş aýratynlyklaryna laýyklykda syn žanry birnäçe görnüşlere bölünýär.

1. Metbugata habar syny.
2. Umumy syn.
3. Metbugata tematiki syn.
4. Ýörite sahypalara syn.

1. *Metbugata habar syny*. Munda has ähmiýetli, nusgalyk materiallaryň mazmuny, görnüşi we beýleki aýratynlyklary barada bir ýa-da birnäçe gazetleriň işi öwrenilýär. Bu hili synlar gazet materiallaryndaky meseleleri öwrenip, seljerme bermeýärler, bahalandyrmaýarlar. Olar, esasan, habar bermek bilen çäklenýärler. Beýle synlarda, köplenç ýagdaýlarda, haýsydyr bir neşiriň üstünligi, döwlet ýa-da beýleki jemgyýetçilik guramalary tarapyndan sylaglanýandygy barada habar berilýär. Halkyň ünsüni özüne çekmegi başaran, ençeme janly, ýiti seslenmelere sebäp bolan ýeke-täk materialyň hem gazetiň abraýyny götermekde uly ähmiýeti bolup biler.

Bu görnüşe anonslary – gazetiň geljekde göz öňünde tutýan täzeliklerini, bildirişleri hem degişli edip bolar. Mysal üçin, neşiriň ýakyn wagtlarda täze bir rubrikany, sahypany, bölümi açmaklygy göz öňünde tutýandygy we bu barada okyjylaryň pikirini bilmek isleýändigi baradaky habar gyzyklanma döredip biler. Habarda geljekki sahypanyň we ş.m. maksady, ugry barada aýdylyp, oňa höwes

bildirýän awtorlaryň çekiljekdigi bellenilmeli. Neşiriň janlylygyny, işjeňligini kesgitleýän bu görnüşli başlangyçlar metbugat synçysynyň nazaryndan sypmaly däldir.

2. *Umumy syn*. Bu hili synda belli bir awtor tarapyndan gazet ýa-da žurnal neşirleriniň işi seljerilýär. Çykyşlaryň esasy ugry, neşiriň ideýa-nazary, edebi derejesi kesgitlenilýär. Işde neşiriň öz wezipesine laýyk gelýändigi ýa-da gelmeýändigi anyk seljerilýär, derňelýär. Eger-de, öwrenilýän gazet-žurnal ýöriteleşdirilen neşir bolsa, onda ol neşirden edilýän talaplar hem beýleki neşirleriňkiden tapawutly bolmaly. Mysal üçin, «Mugallymlar gazeti» bilim ulgamynda alnyp barylýan işlere, mugallymlaryň işine we durmuşyna köp üns bermeli. Mugallymlaryň arasynda iş tejribesini ýaýratmakda, olaryň işjeňligini gazanmakda görelde görkezmeli. Ýöne munuň özi ýeterlik däl, gerek ýerinde mekdep okuwçylarynyň hem, talyplaryň hem gyzykly çykyşlaryna, çekişmelerine, sorag-jogap alyşmak mümkinçiliklerine üns bermeli. Mugallymlaryňdyr okuwçylaryň durmuşyna degişli berilýän goşgularyň, hekaýalaryň, şorta sözleriň, oýlanmalaryň we beýleki çeper eserleriň hem uly orny bar. Birinjiden, olar okuwça ýa-da mugallyma dynç almaga kömek edýär, ikinjiden, olaryň bilim derejesini ösdürmäge we terbiýeçilik işlerini alyp barmakdaky ähmiýeti örän ýokarydyr. Çagalary, ýaşlary dogry ugra gönükdirmekde, olara durmuşda, jemgyýetde öz mynasyp orunlaryny saýlap, tapyp bilmekde gazetde berilýän dürli materiallaryň, çeper eserleriň, şonuň ýaly-da tutuş neşiriň täsiri uly bolmalydyr. Bu mesele boýunça «Mugallymlar gazeti», «Nesil» gazetlerinde «Güneş» žurnalynda we ş.m. neşirlerde berilýän materillary deňeşdirip öwrenip bolar. Materiallaryň dili näçe sadadan düşnükli beýan edilse, şonça-da ýeňil kabul edilýär we köp okalýar. Ine, şu we beýleki aýratynlyklar synçynyň işiniň özenini, esasyny düzmeli.

Gazet-žurnal neşirleri bir-birlerini gaýtalamaly däldir. Bir awtoryň materialynyň gyzykly-täsirlidigine, zerurdygyna garamazdan, birnäçe neşirlerde gaýtalanyp berilmegi dogry däldir. Bu mesele neşirleriň, şonuň ýaly-da, awtorlaryň hem abraýy üçin peýdaly däldir. Aslynda, her neşiriň, has dogrusy, her bir gazet-žurnalyň öz awtor-

lary bolmalydyr. Şeýle bolanda metbugata syn žanrynda hem belli bir redaksiýanyň umumy işine baha bermek ýeňilleşýär.

Elbetde, bir umumy synda redaksiýanyň işiniň ähli tarapyna seredip, ähli materiallary seljerip bolmaýar. Şonuň üçin hem ol synda gazetiň öz maksadyny we wezipelerini ýerine ýetirmekde işleriň döwrebap ýerine ýetirilişini, hojalyk-syýasy we beýleki meseleleri beýan ediş aýratynlyklaryny bellemek zerurdyr.

3. *Metbugata tematiki syn.* Bu gazetiň anyk tema boýunça belli bir kesgitli alnan wagtyň dowamynda geçiren işleriniň seljermesidir. Neşirleriň şol bir meseläni öwreniş, beýan ediş ýollaryny, aýratynlyklaryny we beýleki işlerini derňemekdir. Bu ýerde bir däl, birnäçe neşirler barada hem gürrüň edip bolar. Bu synda haýsydyr bir anyk temany we onuň gazetlerde berliş aýratynlyklaryny derňäp öwrenip, bahalandyryp, neşirleriň üstünliklerini ýa-da kemçiliklerini ýüze çykarmaly. Haýsy gazet ýa-da žurnal okyjylar tarapyndan söýlüp okalýar?! Munuň sebäbi nämede?! Ýa-da tersine, haýsy gazet-žurnallaryň okalyşy pes we şuňa meňzeş soraglar bu žanryň esasy derňeýän meseleleridir. Metbugata syn žanry neşirleriň täzeliklerini öwrenmekde, öňdebaryjy tejribelerini, nusgalyk işlerini ýaýmakda uly ähmiýete eýedir.

Tematiki synda aýratyn alnan pudaklarda işleriň gidişi baradaky materiallaryň täsirli, gyzykly beýany seljerilýär. Mysal üçin, oba hojalygynda bugdaý oragy möwsüminiň gidişi barada. Bugdaýyň mekany, taryhy baradaky anyk çeşmelere esaslanýan gyzykly ylmy, taryhy-edebi materiallaryň iş üstünlikleri bilen sazlaşykly berilmegi neşiriň okyjylaryny köpeldip, abraýyny artdyryp biler. Käbir nesirler şeýle temalarda diňe uly göwrümli materiallary bermek bilen çäklenmän, eýsem şol temalar boýunça söhbetdeşlikleri hem guraýar. «Tegelek stoluň başynda», «Size düşünýänler bar», («Nesil» gazeti), «Durmuş synaglary» («Esger» gazeti), «Ýagşylyk», «Hyýalymdaky Şazadam» («Zenan kalby» žurnaly), «Soraň jogap berýäris» («Saglyk» žurnaly), «Güneşe gelen hatlardan» («Güneş» žurnaly) ýaly rubrikalarada berilýän pikir soraşmalarda birnäçe adamyň gatnaşmagynda guralýan söhbetdeşlikler okyjylaryň sanynyň artma-

gyna ýardam edýär. Şeýle hem birnäçe neşirleri alyp, olarda nesil terbiýesine ýa-da beýleki bir jemgyýetçilik ähmiýetli temalara degişli materiallaryň berliş aýratynlyklary ýaly meseleleri derňäp, deňeşdirip öwrenmekligiň we neşirleri tapawutlandyrmaklygyň ähmiýeti uludyr. Bu janrda diňe bir materiallara däl, eýsem belli-belli awtorlaryň işlerine hem syn berilýär. Ussat žurnalistleriň, alymlaryň, tejribeli awtorlaryň haýsy neşirlerde köp çykyş edýändikleri hem esasy öwrenilmeli meseleleriň biridir. Sebäbi hut şeýle neşirler beýleki neşirlerden öz abraýy bilen tapawutlanyp bilýär we kämil neşir hökmünde öz tejribelerini ýaýmaga haklydyr.

4. *Ýörite sahypalara syn.* Metbugatda ýörite sahypalaryň bolmagy tebigydyr. Bu neşiriň tematiki mazmunyny, çeperçiligini, ideýasyny açyp görkezmekde uly gollanmadyr. Ýörite sahypalar neşirleriň «ganaty» hasaplanylýar. Her bir neşir ýörite sahypalarynyň üsti bilen öz many-mazmunyny, ideýasyny beýan edýär. Eýsem-de, syn žanrynda ýörite sahypalaryň öwrenilmeginiň esasy meselesi nämeden ybarat?! Bu žanryň maksady neşirleriň ýörite sahypalarynyň birnäçesiniň özara baglanyşyklaryny, gozgaýan meselesini seljerip, olaryň jemgyýetçilik bähbitlerini açyp görkezmekden ybaratdyr. Her bir sahypa döwrüň möhüm meselesine ses goşup, çeper hem-de ähmiýetli beýan edilmelidir. Ýörite sahypa  awtorlardan ussatlygy, zehinliligi, düşünjeli we çuňňur dünýägaraýyşly bolmagy talap edýär. Bu ýagdaý sahypalaryň gyzykly, täsirli we ähmiýetli çykmagy üçin zerurdyr. Şonuň üçin hem her bir taýýarlanylýan sahypa oýlanyşykly, taýýarlykly çemeleşilmelidir. Döwrüň, jemgyýetçilik aňyna täsir edip bilmeýän gyzyksyz sahypa neşiriň abraýyna zyýan edýär.

Syn žanrynda bir ýa-da birnäçe neşirleriň ýörite sahypalary öwrenilip, olar özara deňeşdirilýär, kemçilikleri we üstünlikli taraplary ýüze çykarylýar. Materiallaryň sahypada ýerleşdirilişine üns berilýär. Sahypalaryň many-mazmun ýükleri, berilýän rubrikalar, sözbaşylar, foto-şekil ýa-da beýleki  aýratynlyklary,  bezeg işleri-markerler, goýy gara, açyk, kusiw we ş.m. dürli şriftleri bilen tapawutlandyrylýar. Aýratyn alnan materiallara okyjynyň ünsüni çekmek, pikirleriň ýeňil kabul edilmegi, materialyň oňaýly okalmagy üçin, bezeg işlerini ýerine ýetirmeli.

Synçynyň bellikleri, teklipleri neşiriň işine oňaýly täsirini ýetirýär we ýörite sahypanyň janly çykmagynyň ýardamçysy hökmünde çykyş edýär. Ýörite sahypalaryň döwrebap, janly taýýarlanylmagy gazet-žurnal işleriniň hil derejesiniň ölçeg terezisidir.

Sahypanyň ýaş nesliň terbiýesine bolan gatnaşygy, okyjylaryň sahypa işjeň gatnaşmaklary esasy meseledir.

Neşirlerde hereket edýän ýörite sahypalar her bir neşiriň ideýa, jemgyýetçilik-syýasy, many-mazmun aýratynlyklaryna laýyk guralýar. Mysal üçin, « Nesil» gazetinde « Duýguly dünýä», « Nowça» sahypalary, « Ahal durmuşy» gazetinde « Altyn aşyk», «Sport» sahypalary, «Zaman-Türkmenistan» gazetinde «Çynar» ýörite sahypalary berilýär.

*Metbugata syn žanrynyň üstünde işlemegiň usulyýeti*. Synyň temasyny anyklamak bilen ilkinji bellenilmeli zat, neşiriň ugry, maksady we döwür bilen aýakdaş gitmegi baradaky meseleleriň öwrenilişi, beýan ediliş aýratynlyklary, ýurduň döwlet Ýolbaşçysynyň Permanlaryny we döwlet ähmiýetli durmuşa geçirýän çärelerini wagyz etmekde esasy alyp barýan işleridir.

Synyň ugruny anyklanyndan soňra, awtor gazetiň mazmunyny yzygider öwrenmeli. Öz öwrenýän meselesi boýunça berlen, beýan edilen materiallaryň beýleki gazetlerden haýsy taraplary bilen tapawutlanýandygyny anyklamaly. Ähmiýeti, janlylygy, täsirliligi, dili, mesele gozgaýjylygy, çözgüt, teklip salgy berijiligi we ş.m. aýratynlyklarynyň umumy derejesini bahalandyrmaly.

Bu žanrda döredilen materiallar düşnükli, aýdyň beýan edilmeli.

Synyň maksady hormatly Prezidentimiziň Permanlarynyň, ýurduň içeri we daşary syýasatynyň beýleki ähmiýetli çäreleriň wagyz edilişini, neşiriň ýurduň alyp barýan syýasatyna täsirini, many-mazmun aýratynlyklaryny, ussat awtorlary özüne çekip, olaryň çykyşlaryny dürli žanrlarda gurap bilşini öwrenmekdir.

Neşiriň awtorlary barada, olaryň işlerini özara deňeşdirip öwrenmek, beýan etmek, hilini ýokarlandyrmak, onuň işini täsirli, janly jemgyýetçilik bähbitli meselelere gönükdirmek hem bu žanryň wezipesine girýär.

12. Sargyt № 1051

Jemgyýetçilik durmuşyny gazet-žurnalsyz, radio-telewideniýesiz göz öňüne getirmek mümkin däl. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri halk bilen döwletiň arasyndaky esasy sazlaşdyryjy, baglaýjy köprüdir, serişdedir.

Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiz žurnalistleriň işine örän uly üns berýär. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işini kämilleşdirmek maksady bilen olary dünýäniň ösen ýurtlarynyň tehnikasy bilen üpjün etdi. Şu babatda gazetleriň, žurnal, radio, telewideniýe, foto, internet, görnüşleriniň iş şertleriniň we şoňa baglylykda talaplarynyň hem ýokarlanandygy synçynyň üns merkezinde bolmalydyr.



SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:

1. Gazet-žurnal neşirlerine, teleradioýaýlymlaryna syn bermegiň görnüşleri.
2. Metbugata syn žanryndan edilýän talaplar.
3. Metbugata syn žanrynyň üstünde işlemek we onuň taýýarlanylyşy.
4. Metbugata syn žanrynyň görnüşlerine mysallary toplap, amaly iş depderine ýelmemeli.
5. Metbugata syn žanrynyň görnüşlerine mysal ýazmaly.

## RESENZIÝA

Gazetler okyja täsir etmek maksady bilen öz sahypalarynda diňe bir durmuşy, syýasy, ykdysady, önümçilik wakalary barada däl, eýsem ylmy we edebi-çeper eserler, sungat eserleri, olar baradaky garaýyşlar dogrusynda hem ýazýarlar. Bu barada ýazylan eserlere resenziýa diýilýär.

Gazet resenziýasynda ylmy, syýasy, edebi-çeper eserlere, filmlere publisistik syn berilýär. Eserleriň ähmiýeti, temanyň wajyplygy ýa-da däldigi, olaryň kompozisiýasy, beýan ediliş aýratynlyklary, ynandyryjylygy, täsirliligi we beýleki aýratynlyklary bu žanrda beýan edilýär.

Žanryň maksady ylmy eserleriň jemgyýete getirip bilýän peýdasyny, çeper eserleriň kitap dükanlarynda gum basyp ýatman, öz

okyjylaryny tapmagyny, sungat we ş.m. eserleriniň halkyň iň söýgüli eserlerine öwrülmegini gazanmakdan ybaratdyr.

Resenziýa žanry mazmun aýratynlygy boýunça analitikdir, ýagny seljerme bermek häsiýetli eserdir. Bu zanr halka niýetlenen eserleri öwrenmek bilen çäklenmän, ol eserleriň halkyň aňyýetine, ruhyýetine ýetirýän täsirini terezä salýar, ölçeýär. Resenziýa, bahalandyrmak, gaýtadan seretmek diýmegi aňladýar. Okyjy, kitaby ýapyp, okanlaryny göz öňünde janlandyrmak üçin gözüni ýumup, näme okandygyna, onuň täsirine, näderejede durmuşylygyna ýa-da tomaşaçy teatrdan çykyp, eseriň näderejede gyzykly goýlandygyna, artistleriň ynandyryjy, täsirli hereketlerine has aýdyň göz ýetirmek isleýär.

Şeýle-de ol eserlerde nämäniň ýetmeýändigine, eger-de ol başgaçarak beýan edilen bolsa ýa-da goýlan (teatrda) bolsa olaryň jemgyýetçilik ähmiýetiniň, gymmatynyň-ömrüniň nähili boljakdygyna göz ýetirmek isleýär. Bu işi kim ýerine ýetirip biler? Elbetde, resenzent (synçy). Kitaplar, ylmy işler, edebi-çeper eserler, spektakllar, oýunlar müňlerçe, millionlarça adamlaryň okap, tomaşa edip, öz bilim-düşünjelerini artdyrmaklary, dünýägaraýyşlaryny, gözýetimlerini giňeltmekleri, medeni-jemgyýetçilik garaýyşlaryny baýlaşdyrmaklary, ruhy lezzet almaklary üçin döredilýär.

Adamlar teatrda tomaşa eden spektaklyndan ýadaw, düşnüksiz, aýdyň bolmadyk duýgular bilen gaýtsalar (gahar etseler) ýa-da uly göwrümli kitaby okap, wagt ýitirendigine gynansalar, öz pikirleri bilen gazet-žurnallarda, teleradioýaýlymlarda çykyş edip bilerler. Sebäbi synlaryň kömegi bilen bu ýagdaýlary düzedip bolýar. Şonuň üçin hem resenziýa žanrynyň esasy maksady halkyň aňyýetine, ruhyýetine täsir etmekde ýalňyşlygy, gowşaklygy düzetmekden, üstünlikleri wagyz etmekden ybaratdyr.

Resenziýa diňe žurnalistler, ylmy işgärler ýa-da beýleki resenzentler tarapyndan däl, eýsem ýönekeý okyjy tarapyndan hem ýazylyp bilner. Hatda şeýle rezenziýalaryň ýörite ýazylan resenziýalardan has täsirli, ähmiýetli çykýan ýerleri-de bolýar. Goý, ol ýönekeý sözler bilen, sadaja dilde beýan edilen bolsun, halk köpçüligi üçin ýazylan, döredilen eserleriň täsirini beýan edýän, ýürekden çykan söz has äh-

miýetlidir. Sebäbi onda ýasamalyk bolmaýar. Akyldarlaryň aýdyşy ýaly, halk üçin döredilen sungata halkyň beren bahasy iň ýokary, iň gymmatly bahadyr.

*Resenziýanyň görnüşleri*. Resenziýanyň halkyň ruhy durmuşynyň dürli ýagdaýlaryna bagly döredilýändigi üçin onuň seljermesiniň serişdeleri hem dürli-dürlüdir. Bu žanryň esasy häsiýetli aýratynlygyny kesgitleýär.

Metbugatda resenziýa esasy bäş topara bölünýär:

1. Habar ( informasiýa) resenziýasy.
2. Anons.
3. Ylmy eserler baradaky resenziýalar.
4. Çeper eserler baradaky resenziýalar.
5. Sungat eserleri baradaky resensziýalar.

1. *Habar* (*informasiýa*) *resenziýasy*. Bu görnüşde, adyndan belli bolşy ýaly, täze çykan kitaplar, ylmy açyşlar, filmler, spektakllar barada gürrüň edilýär. Elbetde, žanryň bu görnüşi eserleri derňemeýär. Ol täze eseriň dünýä inendigini habar bermek bilen, ol eseriň kimlere niýetlenendigini (çagalaramy, ýaşlaramy we ş.m.) we onuň ähmiýetli aýratynlyklaryny beýan edýär.

2. *Anons*. Resenziýanyň bu görnüşine ýakyn wagtda täze eseriň, filmiň we ş.m. çykmagyna garaşylýandygyny habar berýän bildirişleri degişli edip bolar. Şeýle anonslarda garaşylýan eseriň, filmiň we ş.m. näme barada boljakdygy, ähmiýetli aýratynlyklary barada aýdylmalydyr.

Anonslaryň uly göwrümli tekstleriň içinde getirilýän ýerleride bolýar. Mysal üçin, «Türkmenistan» gazetiniň 2013-nji ýyýlyň 23-nji martyndaky sanynda Halkara Nowruz baýramyna bagyşlanan «Dünýä metbugatynyň sahypalarynda» atly uly göwrümli materialyň ýokarsynda ýaşyl reňkde iri şriftde hormatly Prezidentimiziň Halkara Nowruz baýramy mynasybetli her ýyl halkara döredijilik bäsleşigini yglan etmek, şeýle hem «Nowruz» atly neşiri döretmek baradaky başlangyçlary gyzgyn goldaw tapýar» diýlip ýazylan tapawutlandyrylan anons-ýazgy berlipdir.




Nowruz baýramyna bagyşlanyp açylan saýtyň baş sahypasy

3. *Ylmy eserler baradaky resenziýalar*. Bu görnüşe ylmy, ylmy-teoretiki, jemgyýetçilik-syýasy işleri bahalandyrýan synlar girýär. Elbetde, janryň bu görnüşi öz temasyna içgin girişmegi talap edýär. Ilki bilen, işiň özi bilen tanyşmaly. Işiň maksady, öwrenýän ya-da öňe sürýän meselesi, onuň derwaýyslygy, döwrebaplygy we ähmiýeti baradaky garaýyşlar žanryň bu görnüşiniň esasyny düzýär. Bu görnüşde durmuş hakykaty ylmy-teoretiki görnüşde şöhlelendirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň ylmy-teoretiki eserlerini wagyz edýän synlar metbugatda yzygiderli çap edilýär. Döwlet Baştutanymyzyň milli buýsanjymyz bolan türkmen bedewine, türkmen halysyna bagyşlap döreden ylmy, edebi-çeper kitaplary-da halkyň uly söýgüsine mynasyp boldy. Munuň şeýledigini biz metbugat sahypalarynda çap edilen ýa-da radio-telewideniýe arkaly berlen resenziýalaryň üsti bilen bilip bilýäris.

4. *Çeper eserler baradaky resenziýalar*. Resenziýanyň bu görnüşine çeper edebiýat we sungat eserlerine degişli döredilen işleriň ba-

halandyrmalary girýär. Şu jähetden hem ony edebi syn diýip atlandyrýarlar.

Awtor resenziýa üçin saýlaýan eseriniň jemgyýetçilik ähmiýetini, çeper we taryhy hakykaty şöhlelendiriş aýratynlyklaryny, ylmy esaslandyrylmalara bildirilýän talaplary ödeýşini, köpçüligiň şol esere bolan gatnaşygyny öwrenmelidir.

Seljermäniň esasynda esere umumy baha bermek ýeterlik däl. Eseriň beýan edýän meselesi boýunça edebiýatdaky orny, nazary we jemgyýetçilik-syýasy ähmiýetiniň görkezilmegi zerurdyr.

Resenziýanyň aýratynlygy diňe bir öwrenilýän meseläniň hili boýunça däl, eýsem gazetiň, žurnalyň özboluşly ugry, eseriň köpçülikleýin habar beriş serişdelerindäki we auditoriýadaky, halkyň arasyndaky niýetlenen orny boýunça hem düşündirilýär. Ruhy durmuşyň köp taraply ýagdaýlarynda synçy diňe gündelik neşiriň ugruna, meselelerine gabat gelýän eserleri saýlap alýar. Mysal üçin, çagalara niýetlenen neşirlerde ylmy eserleri seljermek bolmaýar.

Biziň ýurdumyzda «Türkmenistanda ylym we tehnika», «Bilim» žurnallarynda ylmy-nazary işler çap edilýär.

«Garagum» žurnaly we «Edebiýat we sungat» gazeti bolsa edebiýat, sungat eserlerinden nusgalary çap edýär we öwrenýär.

Resenziýa, ilki bilen, seljermäniň gurluşy, esaslandyrylyşy, subut edilişi, pikirleriň yzygiderliligi bilen baglanyşyklydyr. Awtoryň pikirine düşünmek, onuň beýan ediş usullarynyň, publisistik, aýdyň ýazyp bilmek başarnygyny öwrenmek resenziýadan edilýän esasy talaplaryň biridir. Şeýlelikde, resenziýa «aňa täsir etmek», «duýga täsir etmek» ýaly aýratynlyklary bilen, okyjynyň ýadynda galmalydyr.

Syýasy-jemgyýetçilik gazetlerinde çap edilýän resenziýalaryň köp bölegi edebiýat, teatr, kino, saz, şekillendiriş, radio-telespektakllar ýaly eserlere degişlidir.

5. *Sungat eserleri barada resensiýa.* Bu görnüşde esasan teatr, şekillendiriş, heýkel taraş, aýdym-saz, nakgaşçylyk, sungatyna we ş.m. syn berilýär.

Hormatly Prezidentimiziň döredijilik işgärleriniň işlerine aýratyn üns bermegi, olaryň arasynda bäsleşikli orunlary yglan etmegi,

ýeňijilere sylaglary göwşurmagy  täze-täze zehinleriň ýüze çykmagyna ýardam etdi. Sungat eserlerine baha berýän rezenziýada seýle zehinleriň işleriniň hiline, ähmiýetine  baha berilýär.

Halka çeper döredijiligi düşündirmek üçin, ilki bilen, wakanyň logiki täsirine däl, awtoryň obrazly beýan edijilik, çeper oýlanma dünýäsine girmegi, kabul edijiligiň duýgy-täsir aýratynlyklaryna göz ýetirmegi başarmaly. Diňe şeýle edilende resenzent eseriň manysyna düşünip we ony düşündirip, okyjynyň aňyna ýetirip biler.

Many-mazmun, pikir we estetiki täsirleriň sazlaşygy synyň edebiýat we sungat temasyndaky esasy aýratynlygydyr.

Resenziýada esasy gahrymanlaryň häsiýetleriniň seljermesine, eseriň çeperçilik aýratynlygyna uly üns berilýär.

*Žanryň publisistik özboluşlylygy*. Resenziýanyň döwrüň ruhy, talaplary bilen gabat gelmegi hökmanydyr. Eseriň döwrebaplygy gaty anyk göz öňünde tutulmadyk ýerinde hem resenziýa öz publisistik wezipelerini üýtgetmeýär.

Resenzent kitaba ýa-da esere seljerme, baha bermek bilen, dünýägaraýyş, many-mazmun meselelerini esasy orna geçirýär we okyja eseriň terbiýeçilik ähmiýetini düşündirmäge çalyşýar. Gazetlerde ähli çykyşlaryň esasynda jemgyýetçilik meselelerine daýanýan, esaslanýan, beýan ediş derejesini kesgitleýän içki baglanyşyk bar. Resenzent haýsydyr bir eseri öwrenmek bilen, onuň jemgyýetçilik manysyny ýüze çykarýar, suratkeşiň «döwrebaplygyň taryhyny» görkezip bilşini publisistik esaslarda düşündirýär.

Resenzentiň maksady edebiýatyň we sungatyň sosial wezipelerini, gelip çykyşyny hem-de kemçiliklerini düşündirmekden, açyp görkezmekden  ybaratdyr.

Metbugatda, ilkinji nobatda, syýasy-jemgyýetçilik, ahlak, estetiki we psihologik meseleler resenzentiň ünsüni özüne çekýär. Ol öz öwrenýän eserlerini hyt şu nukdaýnazardan hem derňeýär. Bu meseleleriň çeper döredijilikde tutýan orny, durmuşyň ruhy dünýäsine täsiri olaryň esasy meselesidir. Resenziýa žanry mazmuny taýyndan hem, görnüşi (formasy) taýyndan hem publisistikadyr. Ol giň halk köpçüliginiň kabul edijiligine niýetlenendir. Edil beýleki žanrlardaky

ýaly, ol hem täzeçilligi, batyrgaýlygy, kompozisiýanyň täsirliligi we gelşikliligi we ş.m. bilen bahalandyrylýar. Munda awtoryň diňe bir öz pikirleriniň dogrudygyny okyja ynandyryp bilşi däl, eýsem onuň duýgularyna täsir edip bilşi hem uly ähmiýete eýedir.

Resenziýa biziň türkmen metbugatymyzda hem uly orun eýeleýär. Häzirki Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk eýýamynda hormatly Prezidentimiziň hut öz döredýän ylmy-syýasy we çeper eserleriniň halkymyz we dünýä okyjylar köpçüligi tarapyndan gyzgyn garşylanýar. Bu eserleriň jemgyýetçilik-nusgalyk taraplary, öwredijilik aýratynlyklary, halkyň öz söýgüli Prezidentiniň döredijiligine bolan garaýyşlary metbugatda yzygider beýan edilýär. Şeýle hem ýurt Baştutanymyzyň jemgyýetçilik ähmiýetli kitaplary, nusgawy ýazyjy-şahyrlarymyzyň eserlerini gaýtadan neşir edip çykarylmagyna badalga bermegi uly ynsanperwerlikden nyşandyr. Andalybyň, Magtymgulynyň, Mollanepesiň, Keminäniň we gadymy hem-de orta asyrlara degişli beýleki ençeme eserleriň, B. Hudaýnazarowyň, K. Gurbannepesowyň, G. Ezizowyň we beýlekileriň eserleriniň neşir edilip, öz muşdaklaryna ýetirilmegi, resenziýa žanrynyň örüsini giňeltdi we bu ugurda täzeçe garaýyşlary kemala getirdi.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

1. Resenziýanyň beýleki žanrlardan tapawutly aýratynlyklary.
2. Žanryň halkyň ruhy aýratynlyklaryna bolan gatnaşygy.
3. Resenziýadan edilýän talaplar we onuň taýýarlanylyşy.
4. Gazet-žurnallardan resenziýa žanrynyň görnüşlerine mysal toplap, amaly iş depdere ýelmemeli.
5. Resenziýa žanry boýunça köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çykyş etmeli.

## SYN (OBOZRENIÝE) ŽANRY

*Syn* (*obozreniýe*) *žanr hökmünde*. Syn žanrynyň döremeginiň esasy aýratynlygy we wezipesi metbugat materiallarynda syýasy durmuşyň suratyny çekmeklik bilen baglanyşyklydyr. Has takygy, okyjy

üçin jemgyýetçilik durmuşyny has aýdyň, has düşnükli göz öňüne getirmäge mümkinçilik döretmekdir.

Jemgyýetiň syýasy, ykdysady, medeni, oba hojalyk, önümçilik we ähli pudaklary synçylaryň esasy beýan edýän meseleleridir.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe türkmen synçylarynyň eserleri, çykyşlary aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Bu döwürde synçylar jemgyýetçilik durmuşymyzda hormatly Prezidentimiziň halkymyz üçin durmuşa geçirýän döwlet ähmiýetli işlerini, çärelerini wagyz etmekde uly ussatlyk görkezýärler. Olaryň aýratyn hem türkmen telewideniýesiniň «Altyn asyr» ýaýlymynda göni ýaýlymda berýän gepleşikleri, mekdeplerde, ýokary okuw mekdeplerinde talyplaryň öňünde we beýleki ýerlerde edilýän çykyşlar örän ähmiýetlidir.

Synçynyň işini diňe awtoryň özi ýerine ýetirip bilýär. Awtor öz maksadyny anyklanyndan soňra, durmuşyň döwrebaplygynyň dürli taraplaryny görkezýän faktlaryň jemini öwrenýär, olaryň özara baglanyşyklaryny we gatnaşyklaryndaky aýratynlyklary ýüze çykarýar.

Synyň esasy meselesi, düzgün boýunça, döwrüň jemgyýetçiliksyýasy, durmuşy maglumatlarynyň jemi – wakalar, hadysalar, maglumatlar we ş.m. bolup hyzmat edýär. Synda esasy wezipe saýlanan temanyň üsti bilen jemgyýetçilik durmuşynyň haýsy-da bolsa bir pudagyny dolulygyna göz öňüne getirmäge mümkinçilik döretmekden, durmuşa syn – «panorama» bermekden ybaratdyr.

Synyň durmuşyň wakalaryny ownuk böleklerine çenli anyk görkezip bilmekliginiň, bir tarapdan, reportažyň esaslary bolup hyzmat edip biljekdigine, beýan edijilik aýratynlyklarynyň korrespondensiýa döretmäge, adamlaryň durmuşlaryndan alnan wakalaryň bolsa oçerkde görkezilip bilinjekdigine göz ýetirip bolýar. Has dogrusy, awtor temasyna degişli faktlary toplap, durmuşyň şol pudagyny dolulygyna görkezmek üçin islendik ýagdaýlara, wakalara, pursatlara, maglumatlara, delillere ýüzlenmäge haklydyr. Synçy jemgyýetçilik durmuşyny açyp görkezmek üçin durmuşyň dürli pudaklarynda öz temasyna degişli bolan maglumatlara ýüzlenip bilýär.

Synyň esasy aýratynlyklarynyň biri onda korrespondentiňki ýa-da reportýoryňky ýaly her bir fakta, waka, hadysa aýratynlykda däl-de, bitewiligiň bir bölegi hökmüňde seredilýändigindedir.

Şonuň üçin hem synçy faktlaryň özara baglanyşygyny we gatnaşyklaryny öwrenmek esasynda olaryň jemgyýetçilik ähmiýetini ýüze çykarmaga çalyşýar. Bu aýratynlyk ony makaladan düýpgöter tapawutlandyrýar. Synçy, ilki bilen, faktlaryň häsiýetlerine, makalanyň awtory bolsa, kanunalaýyklyklara üns berýär. Makaladan anyk pikiriň aýdyň, kesgitli ösüşi talap edilýän bolsa synyň merkezinde täze faktlar, täze täsirler we täsirlenmeler durýar. Elbetde, makala faktlary, syn pikiri inkär etmeýär. Faktlar makalada esasy pikirleri delillendirmek, subut etmek üçin zerur bolsa, synda pikir eseriň, beýan edilýän wakanyň many-maňzyna göz ýetirmek üçin gerekdir.

Syn maglumatlaryň jemi hökmünde jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ulgamy – ykdysady, syýasy, ruhy we beýleki ulgamlar boýunça olaryň ähli aýratynlyklaryny hem-de wakalary, ýagdaýlary, hadysalary özüne birikdirýär.

Synyň birnäçe aýratynlyklary, alamatlary bolýar.

*Birinji*:

Synyň esasy ilkinji alamaty faktyň özüdir.

Bahalandyrmak düşündirişiň wezipesini ýerine ýetirýär, şonda edil fakt ýaly durmuşy şöhlelendirmek hadysasy hem synyň esasy merkezine öwrülýär. Awtor öz gürrüň berýän zatlaryny diňe habar berýän, sanap geçýän ýaly bolýar. Emma ol diňe sanap gecmek bilen cäklenmeýär, beýan edýär we düşündiriş berýär.

*Ikinji*:

Syn üçin esasy zat – düşündiriş berýän maglumatlary gözlemek, olary saýlamak, belli bir ulgama, görnüşe salmak, olaryň üstünde işlemek, garaýyşlaryň we tutuş şekiliň döredilmegidir.

Diňe her bir maglumatyň üstünde çuňňur oýlanmak, onuň ornuny, kesgitlemek esasynda, maglumatlaryň jeminde durmuşyň dogry şekilini çekip bolar.

Synçy maglumatlary toplap, olary deňeşdirip, toparlara bölmeli. Olaryň zerurlygyny, ähmiýetini ýüze çykarmaly. Synyň ikinji alamaty

birinjiniň esasynda ösýär, ol maglumatlary seljermek, saýlamak arkaly esasy pikiri ýüze çykarýar.

*Üçünji*:

Bu alamat bolsa synyň mazmuny bolup, bu gönüden-göni awtoryň düşündirişidir, häsiýetlendirmeler, netijeler, kesgitlemeler, seljermelerdir.

Maglumatlaryň üstünde oýlanmak, olara düşündiriş bermek synda deňme-deň gidýär. Olary bir topara düzmek aýratyn alnan maglumatlaryň ähmiýetini açyp görkezmek esasynda dürli häsiýetlendirmeler we bahalandyrmalar emele gelýär.

Synyň ähli elementlerini bir bitewilige birleşdirýän sapak synçynyň öňe sürýän meselesidir. Maglumatlary bilýän synçynyň öňünde şol maglumatlaryň näme aňladýandygy, olaryň döreýiş we ösüş taryhy baradaky soraglar örboýuna galýar. Synçynyň öwrenen faktlarynyň esasynda öňe sürýän meselesi, soňra synyň esasy özenine, merkezine öwrülýär.

Ähli materiallaryň gurluşy, görnüşi žanrlaryň görnüşlerini, kompozisiýany, eseriň stilini kesgitleýär.

Köp maglumatlary, wakalary, şahsyýetleri, pursatlary beýan edýän synda bir obýektden beýleki obýekte geçmek baglanyşykly, sazlaşykly ýagdaýda bolmaly we epizodlaryň arasynda köplenç uzak wagt aralygyndaky wakalara syn berýän gürrüňler aýratyn bölümlere we sözbaşylara bölünmelidir.

Jemläp aýdanymyzda:

*Birinjiden*, syn bu dürli eserleriň toplumy däldir. Ol özeninde beýleki žanrlarda gabat gelmeýän, syýasy wakalaryň iň gereklisini saýlap, süzup ol barada pikir ýöredýän özboluşly žanrdyr.

Synyň bitewilik we žanrlyk häsiýeti onuň syn berýän meselesi, wakasy hemmetaraplaýyn şekillendirilende, suratlandyrylanda ýüze çykýar. Bu ýagdaý, ilki bilen, köp sanly, dürli häsiýetli, adaty maglumatlara baý bolan synyň binýadyny emele getirýär. Dürli maglumatlaryň özara gatnaşyklaryny we baglanyşygyny ýüze çykarmak, görnüşleriň köptaraplydygyny aýdyňlaşdyrmak syn bermegiň esasy şertidir.

*Ikinjiden*, syn bermegiň her bir bölümi aýratyn eser bolman, uly eseriň bir bölegidir.

*Üçünjiden*, syn bermegiň aýratyn bölümleri bir-biriniň üstüni doldurmak bilen bitewiligi emele getirýärler.

Syn öz aýratynlygyna laýyklykda birnäçe görnüşe bölünýär.

1. Habar görnüşli syýasy syn.
2. Umumy syn.
3. Tematiki syn.
4. Halkara syny.
5. Hatlara syn.

1. *Habar görnüşli syýasy syn*. Synçy maglumatlaryň seljerilişini çuňlaşdyrman, habar synyny döredip biler. Bu hili synlarda maglumatlar deňeşdirilýär, ýöne seljerilmeýär. Wakalaryň, maglumatlaryň baglanyşyklaryna, jemgyýetçilik durmuşynyň umumy kanunalaýyklyklary, prosesleri, ugurlary esasynda seredip bolar. Faktlaryň arasynda sebäp-gözleg gatnaşyklaryny tapmak, temanyň emele gelmegine we meseläni öňe sürmäge mümkinçilik döredýär. Şeýlelikde, bu hili eserler seljerme (analitiki) syn döretmegiň açary bolup hyzmat edýär.

Bu görnüşdäki synlar beýleki žanrlardaky ýaly habar görnüşinde bolup, munda dünýäniň ýüzündäki jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlaryna, ugurlaryň dürli taraplaryna degişli materiallara syn berilýär. Bu hili synlaryň esasy aýratynlyklary olaryň syýasy äheňdeligindedir. Bu görnüşli synlarda daşary ýurt habarlaryna, hormatly Prezidentimiziň daşary ýurtlara guraýan resmi saparlaryna, ol ýerlerde geçirýän duşuşyklaryna, gepleşiklerine, daşary ýurtlardan biziň ýurdumyza gelýän myhmanlaryň, işewür toparlaryň alyp barýan işlerine aýratyn orun berilýär. Köplenç ýagaýlarda daşary ýurt durmuşynda bolup geçýän ýiti täzeliklere uly üns berilýär. Olar metbugatda «Daşary ýurt habarlary», «Daşary ýurt durmuşyndan» ýaly rubrikalarda, teleradioda bolsa, «Watan» habarlar programmasynda, «Jahan ýaňy» ýaly gepleşiklerde yzygiderli berilýär.

2. *Umumy syn*. Dürli görnüşli synlar özboluşlylygy mazmunynyň we görnüşiniň aýratynlyklary bilen baglanyşyklydyr. Umumy syn bermeler mazmuny boýunça tapawutlanýarlar. Synda dünýäniň, ýurtlaryň aýratynlyklaryna, halklaryň ýaşaýyş-durmuşyna seljerme bermek bilen, bolup geçýän ýagdaýlary, wakalary, täsinlikleri beýan edýärler.

Bu görnüşli synlarda jemgyýetçilik durmuşynyň belli bir tarapy – ykdysady, tehniki, medeni we beýleki ugurlar, şeýle hem belli wagtyň dowamyndaky wakalar suratlandyrylýar. Syn görnüşi boýunça örän köpdürlüdir. Olar habar-informasion (hronika, reportaž we ş.m.), seljerme-analitiki (onuň hem aýratyn bölümleri korrespondensiýanyň, düşündirişiň-kommentariniň alamatlaryny özünde saklap bilýär), çeper, publisistik-oçerk we ş.m. dasary ýurt durmuşyndan gürrüň berýän eserlerdir. Syn beriji belli bir kesgitli wagtyň dowamynda belli bir ýurtda ýa-da birnäçe ýurtda bolup geçýän wakalaryň, hadysalaryň, ýagdaýlaryň iň ähmiýetlisini saýlap, olar barada gürrüň berýän bolsa, ol umumy syn bermedir. Umumy synlar hepdelik, aýlyk wakalaryň yzygiderli beýanlary bolup hem bilerler. Wagt boýunça yzygiderli bolmadyk synlar durmuşyň häsiýetli taraplaryna, anyk obýektlere suratlandyrma bermäge mümkinçilik alýarlar. Umumy synlar gazetleriň baýramçylyk sanlarynda-da berlip bilner.

3. *Tematiki syn*. Bu gazet materiallarynyň bir görnüşi hökmünde hepdelik, aýlyk, ýyllyk materiallary alyp, öz saýlan temasy boýunça olara syn berýär.

Käwagtlarda tematiki synlaryň zerurlygy, ähmiýeti uly bolýar. Bu görnüş syýasy, ykdysady, medeni ugurlaryň dürli taraplaryny görkezmekde birmeňzeş faktlaryň, tematiki synyň esasy bolup hyzmat edýär. Bir tema degişli bolan, belli bir toparlara bölünen, deňeşdirilen, düşündiriş berlen maglumatlar ýa-da wakalar žanryň aýratyn özboluşlylygyny emele getirýär. Mysal üçin, Täze ýyl baýramçylygynyň dünýä ýurtlarynda we milletlerinde geçiriliş aýratynlyklary barada berilýän umumy maglumatlar şuňa degişlidir. Synyň bu görnüşi oz arasynda birnäçe görnüşe bölünýär.

«Ykdysady syn», «ylmy syn», «edebi syn», «metbugata syn» we ş.m. Bu sýnlarda birnäçe ýurtlaryň ykdysady, medeni, edebi we ş.m. durmuşlary barada giňişleýin gürrüň gidýär.

4. *Halkara syn*. Okyjylar köpçüligi üçin dürli ýurtlar barada berilýän halkara synlar hem uly ähmiýete eýedir. Dürli täzelikler, açyşlar, däp-dessurlar, toý-baýramlar barada daşary yurtlarda bolup geçen wakalara synlar gazetlerde we radiotelewideniýe ýaýlymlarynda yzygiderli berlip durulýar. «Zaman» gazetinde we beýleki neşirlerde

halkara synlaryna uly üns berilýär. Hormatly Prezidentimiz daşary ýurt saparlaryna giden döwürlerinde ýurdumyzyň gazet-žurnallarynda, radioda we telewideniýede şol döwletleriň geografik ýerleşişi, ykdysadyýyeti, medeni durmuşy, däp-dessurlary we ş.m. barada giňişleýin halkara synlar, maglumatlar berilýär.

5. *Hatlara syn*. Synyň ýene-de bir ähmiýetli görnüşleriniň biri hatlara berilýän syndyr. Bu synlar hem umumy ýa-da tematiki görnüşde bolup biler.

Okyjylardan gelýän hatlar metbugat neşirleri üçin zerur, sebäbi ol hatlarda halkyň ýürek sözleri beýan edilýär we şu esasda halk zehinleri ýüze çykýar. Olar köp gyzykly, täsirli zatlary aýdyp bilýärler. Olar redaksiýa ýa-da habarçy tarapyndan ýörite taýýarlanylan materiallardan özleriniň tebigy özboluşlylygy bilen tapawutlanýarlar. Olarda ýasamalyk bolmaýar. Halkyň ýüreginden çykan sözler (olar gowşak düzülen bolsa-da) öwrenilip, işlenilip halka ýetirilmelidir. Okyjylary höweslendirmek üçin olaryň çykyşlaryny ýzygiderli berip durmaly we olaryň işjeňligini artdyrmaga çalyşmaly. Şonda gazet öz okyjylaryny tapýar.

*Synyň üstünde işlemek*. Synyň üstünde işlemek saýlanan tema boýunça meseläni dogry goýmagy başarmakdan başlanýar. Materiallary we maglumatlary gözlemek işi, hatlary we resmi kagyzlary öwrenmek meselesi işiň möhüm bölegini düzýär. Ýöne maglumatlary saýlamak, wakalaryň durmuşy keşbini döretmek üçin şol maglumatlary nähili ýygnamalydygyny, saýlamalydygyny olara nähili düşündiriş bermelidigini bilmeli. Maglumatlary hakyky durmuş bilen deňeşdirmeli. Synçy dialektiki birligiň aýratynlygyna we umumylygyna düşünmeli.

Maglumatlary öwrenmegiň we olaryň esasynda umumy şekili döretmegiň esasy maglumatlaryň arasyndaky özara baglanyşygyna düşünmekdir.

Syn üçin maglumatlary saýlamak, faktlaryň her biriniň umumy maglumatlar bilen nähili baglanyşyklydygyny göz öňüne getirmek, onda umumylygyň nähili anyk ýüze çykýandygyna göz ýetirmek zerurdyr.

Maglumatlary toplap, olaryň gereklisini saýlamak we jemlemek bilen synçynyň işiniň başlangyç basganҫagy tamamlanýar. Işiň

ikinji basgançagy maglumatlaryň gatnaşyklaryny we özara baglanyşyklaryny guramakdan ýbarat.

Metbugatda, teleradioýaýlymlarda berilýän synlaryň ähmiýeti uludyr. Her bir gazetiň ýörite synçylary bolýar. Olar gazetiň we ýaýlymyň temasyny, syýasy ugruny bilýärler we şol ugur boýunça dürli synlar bilen okyjylary, diňleýjileri, tomaşaçylary üpjün edip durýarlar.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

1. Syn žanrynyň esasy maksady we wezipeleri.
2. Syn žanrynyň görnüşleri we taýýarlanylyşy.
3. Syn žanryndan edilýän talaplar we onuň taýýarlanylyşy.
4. Metbugat materiallaryndan synyň dürli görnüşlerine mysal toplap, amaly iş depdere ýelmemeli.
5. Amaly sapaklarda syn bilen çykyş etmeli.

## HAT

Hat sözüniň birnäçe manysy bar.

*Birinjiden*, ol žanr hökmünde ulanylýar. Ol korrespondensiýanyň resmi görnüşi bolup, onda faktlaryň, maglumatlaryň sanawy, haýyşnamalar, görkezmeler we dürli materiallar saklanýar.

*Ikinjiden*, ol bir adamyň beýleki birine ýazan şahsy hatydyr.

Žurnalistikanyň tejribesinde «hat» sözi has giň manyda ulanylýar. Köp ýerlerde hat edebi oýlanmalaryň sözbaşylary hökmünde hem getirilýär. «Ogluma ýazan hatlarym», «Syýahatçynyň hatlary» we ş.m.

Köplenç ýagdaýlarda, hat esasy meseleleri ýüze çykarýan, möhüm ähmiýetli materialdyr. Häzirki wagtda gazetlerde «hat» sözi köp rubrikalar bilen baglanyşdyrylyp hem ulanylýar. Şeýle hem dürli habarlara, arzalara, tekliplere, geçmiş baradaky we ş.m. gürrüňlere, wakalara, gazetde berilýän çykyşlara, seslenmelere hem-de «redaksiýanyň poçtasy», «SMS hatlary» diýen düşünje bilen baglanyşykly mazmundaky materiallaryň ählisine «hat» diýilýär.

Okyjylaryň, oba habarçylarynyň we beýleki adamlaryň köp hatlary gazet sahyplarynda aýratynlykda çap edilýär.

Hat okyjylaryň çykyşlarynyň aýratyn görnüşi, professional žurnalistika döredijiliginiň aýratyn we ýörite žanry hökmünde *epistolýar publisitika* adyna eýe boldy.

*Epistola* – grekçeden geçen söz bolup, «ibermek» diýmegi aňladýar. Bu žanryň özboluşly aýratynlyklary kem-kemden kemala geldi. Hatyň umumy aýratynlygy hökmünde awtoryň ony anyk adama ýüzlenip döredendigini (wakalar, meseleler we ş.m. barada ) görkezmek bolar. Bu ýerde awtoryň gönüden-göni anyk adama ýüzlenmesi barada gürrüň gidýär. Awtor hökmünde aýratyn alnan şahsyýet, sosial topar, işgärler hem çykyş edip biler. Hatyň awtorynyň anyk adama aýdyň gönükdirilen ýüzlenmesi diňe bir görnüşi kesgitlemek üçin däl, eýsem žanryň mazmuny üçin hem ähmiýetlidir. *Birinjiden*, gazete ýazylan hatlar, belli bir žurnalistiň ýa-da redaktoryň göni öz adyna ýazylan hem bolsa ol, hususy arza däl-de, anyk resminama hasap edilýär. Awtor öz hatynyň üsti bilen haýsydyr bir pikiri ýüze çykarýar.

*Ikinjiden*, hat – içinde awtoryň şahsyýetini suratlandyrýan, onuň psihologiýasyny ýüze çykarýan resminamadyr.

Hat näçe sada beýan edilen bolsa, ondaky aýdylýan zatlar, gürrüň berilýän wakalar, şonça-da täsirli, ähmiýetli we hiç hili professional korrespondensiýa bilen ornuny çalşyp bolmajak zerur resminama hasaplanýar.

Hatlar gysga ýa-da çuňlaşdyrylyp, uzyn ýazylan bolup biler. Synçylyk döwründe gabat gelýän wakalar ýaly, hatlarda hem aýratyn alnan wakanyň beýany gymmatly maglumatlary berip biler.

Hatlar seslenme haty, sorag haty, teklip haty, arzuw-isleg haty, minnetdarlyk haty, duýduryş haty we ş.m. göwrümi taýyndan dürli kiçi ýa-da uly görnüşde gabat gelýär. Olardaky aýdylan pikirler gurluşy boýunça ýaýbaňlanmadyk, gysga beýanly, anyk maglumata esaslanýan oýlanma ýaly görnüşlerde bolup biler. Giň, çuňlaşdyrylan görnüşdäki hatlarda bolsa, pikirler, bahalar, netijeler we teklipler yzygider hem-de köptaraplaýyn esaslandyrylýar.

Hatlaryň häsiýetleri olaryň anyk adama gönükdirilişine görä dürli-dürlüdir. Bir adama ýa-da topara niýetlenen hatlar açyk hatlar

hasaplanylýar. Kim tarapyndan ýazylandygy belli bolmadyk hatlara bolsa «adressiz hatlar» (anonim hatlar) diýilýär.

Hat görnüşinde ýazylan eserlere epistolýar žanr diýilýär. Epistolýar žanryň emele gelmegi bilen žurnalistika ulgamynda giň gerimli ösüş başlanýar.

Hat ýa-da epistolýar publisistika adamlaryň bir-birine ýazan işe degişli ýa-da şahsy hatlarynyň transformirlenmegi (görnüşini üýtgetmegi) esasynda döreýär. Köplenç ýagdaýda, ýazylan hatlaryň belli bir adama ýa-da topara niýetlenendigine garamazdan, olaryň jemgyýetçilik ähmiýeti bolýar. Şeýle ýagdaýda olar gazet-žurnallarda çap edilýärler we belli bir resminama, eser bolup halka hyzmat edýärler. Taryha ser salyp görsek, Keý-Kowusyň öz ogly Gilanşaha wesýet edip ýazan meşhur «Kowusnama» eserini, W.A.Suhomlinskiniň «Ogluma ýazan hatlarym» eserini ýatlap bolar. Rus klassyklary A.S.Puşkiniň, L.N.Tolstoýyň, A.Karamziniň we ş.m. bir-birine ýazyşan hatlary häzirki wagtda uly taryhy çeşme bolup hyzmat edýär. Belli şahsyýetler özleriniň bir-birine ýazan hatlarynda jemgyýetçilik-syýasy wakalary we olara bolan garaýyşlaryny ýazypdyrlar.

Türkmen edebiýatynda klassyk şahyrlar Seýdi bilen Zeliliniň goşgy üsti bilen alşan hatlary-da epistolýar žanra degişlidir. Bilşimiz ýaly, ol goşgularda örän gymmatly maglumatlar iki dostuň şahyrana setirleriniň üsti bilen beýan edilýär. Şeýle dostluk hatlary epistolýar publisistikanyň başlangyjy bolup, olar jemgyýetçilik ähmiýetli gymmatly resminama hasaplanylýar. Şonuň bilen bir wagtda-da bu hatlar okyjylara täsir etmegiň özboluşly bir görnüşi hasaplanylýar. Şeýlelikde, bir adamyň beýleki adama ýüzlenmegi esasynda açykşahsy duýgy äheňli wajyp mesele goýulýar we hat žanry döreýär.

Hat ugradýan adam ýoldaşyna gönüden-göni öz adyndan ýüzlenmek bilen eser döredýär. Kabul ediji bolsa ýa-ha ony goldap, ýa-da onuň pikirdeşi bolup çykyş edýär we onuň jemgyýetçilik ähmiýetini ýüze çykarýar. Şahsy ýüzlenmäniň görnüşi onuň jogap hatyndaky ornuna baglylykda kesgitlenilýär. Awtor diňe bir durmuşy wakany, maglumatlary, wakanyň bolýan ýerini habar bermek bilen çäklenmeýär. Ol şol waka baha berýär, oňa şahsyýet hökmüňde gatnaşýar.

Hatyň özboluşly çeperçiligi, aýratynlygy awtora, haty ugradýan adama we obýektine baglylykda ýüze çykýar. Elbetde, awtor olaryň ikisi üçin hem gerekli, ähmiýetli bolan wakalary gürrüň berýär. Öz düşünjesini, pikirini, täzelikleri beýan edýär.

Awtor şeýle ýagdaýda (bir ýagdaýda ýekelikde, beýleki ýagdaýda kollektiwleýin) hatyň özboluşly personažy bolup çykyş edýär. Özüniň bilimini, sosial-tejribesini, seljeriş we subut ediş mümkinçiliklerini, garaýyşlaryny ýüze çykarýar. Bu ýagdaý, belli bir derejede, beýleki žanrlara-da mahsusdyr, ýöne hat üçin žanr zerurlygy bolup hyzmat edýär.

Hatyň mazmuny, edil beýleki publisistik eserlerdäki ýaly ideýalar, pikirler, garaýyşlar, bahalandyrmak, awtoryň görýän, synlaýan ýagdaýlaryna düşünjesi, olaryň durmuşdaky orny, ösüşiň döreýşi we ugurlarydyr. Awtor beýan edýän ýagdaýlaryny, adam şahsyýetiniň içki dünýäsini suratlandyrmak bilen, öz garaýyşlaryny, öz islegini ýüze çykarýar.

Hatlaryň mazmun aýratynlyklary dürli keşpde we dürli häsiýetdedir. Ugradylan obýektini ynandyrmaga niýetlenen hatyň, berk ylmy häsiýetli jedeliň meselesi, esaslary, usullary, şol bir wagtyň özünde-de, durmuşyň we onuň içki dünýäsiniň obrazlaşdyrylan şekili, içki oýlanmalaryň, gaýgy-aladalaryň, awtoryň pikiriniň, psihologiýasynyň liriki şöhlelendirilmesi bolmagy mümkin.

Anyk adresata ýüzlenilen hat, ilki bilen, gürrüň görnüşinde, monolog ýa-da oratoryň çykyşy görnüşinde gurulýar. Näme sebäpden, kime niýetlenendigine baglylykda, görnüş dürli aýratynlyklarda ýüze çykýar. Ol birde dostluk söhbetdeşligini alamatlandyrsa, birde gepleşik-çekişme, jedel, beýleki bir ýagdaýda bolsa, ýokary oratorlyk çykyşlaryň görnüşlerini eýeleýär. Şonuň üçin hem, beýleki žanrlara garanyňda, dilden aýdylan çykyşlaryň we suhangöýlügiň (ýüzlenme, ritoriki soraglar we jogaplar, gradasiýalar, anaforalar, epiforalar we ş.m.) prinsipleri ulanylýar.

Hatlar telewideniýede, radioda hem giňden ulanylýar. Telewideniýäniň «Türkmen owazy» ýaýlymynda tomaşaçylaryň isleglerini kanagatlandyrmak ýörgünli. Hatlar boýunça islegleri kanagatlan-

dyrmak radioýaýlymlaryň köpüsinde bar. Hatlar esasynda ýörite telegepleşikleri, radiogepleşikleri gurnap, teletomaşaçylaryň ýa-da radiodiňleýjileriň isleýän gahrymanlarynyň, şahsyýetleriniň çykyşlaryny guramak işiň täsirliligini artdyrýar.

Epistolýar žanry hem birnäçe görnüşe bölünýär.

1. Açyk hat.
2. Golsuz hatlar.
3. SMS-hatlary.
4. Internet hatlary.
5. Faks hatlary.

1. *Açyk hat.* Bu epistolýar publisistikanyň iň giň ýaýran görnüşidir. Köplenç ýagdaýlarda, bu görnüş awtoryň hem-de hat ugradylýan adamyň anyk kesgitli şahsyýetler bolmagy bilen häsiýetlenýär. Emma ýönekeý adamyň seslenmesi-de uly ähmiýete eýe bolup biler. Biziň metbugatymyzda, esasan, «Nesil», «Adalat», «Zaman» we beýleki gazetleriň, «Zenan kalby» žurnalynyň sahypalarynda şeýle hatlara gabat gelmek bolýar. «Aşgabat» gazetiniň «Ýürek sözi» rubrikasynda berilýän halkyň hormatly Prezidentimize bildirýän hoşallyk, alkyş sözleri, Prezident saýlawlaryna, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlaryna raýatlary çagyrmak baradaky hatlar, ýaşlar tarapyndan söýgi barada maslahat soralyp ýazylan («Daş» rubrikasy, «Zaman» gazeti), «Size düşünýänler bar» rubrikasy («Nesil» gazeti), «Hyýalymdaky şazadam», «Hyýalymdaky melikäm» rubrikalary, adamkärçilik, ynsanperwerlik barada «Ýagşylyk» rubrikasy («Zenan kalby» žurnaly) we ş.m. «Saglyk», «Türkmenistanyň lukmançylygy» žurnallarynda «Sorag-jogap» rubrikasynda çap edilýän saçyň ir düşmegi, çaga sanjymlary barada redaksiýa iberilen dürli görnüşdäki hatlar. «Adalat» gazetiniň sahypalarynda toba eden, günäsi geçilen adamlaryň ýurduň ýolbaşçysyna alkyşly sözleri, hoşallygy, etmişine ökünji, arza-şikaýaty, halka ýüzlenme hatlary we ş.m. muňa mysal bolup biler.

Açyk hatlarda «şahsy pursatlaryň» beýanynyň ýaşlaryň öz aralarynda pikir alyşmaklary, publisistiň öz ýüzlenýän adamy bilen «ýürekden» gürleşmäge, onuň pikirlerine, duýgularyna, hereketlerine täsir etmäge çalyşmagynyň uly ähmiýeti bar. Şonuň üçin hem

şeýle hatlaryň hemmesi temasy, subutnamalaryň häsiýetleri, taryhy mysallar, kime ýüzlenilýändiginiň aýratynlyklary we beýlekiler bilen tapawutlandyrylýar. Şeýle hem iki adamyň özleri üçin örän ähmiýetli meseledäki ýazyşan hatlaryny olaryň jemgyýetçilik ähmiýeti bolmadyk ýerinden müňlerçe tiraž bilen çap edip oturmagyň žerurlygy ýok. Şonuň üçin hem hat žanrynyň, öz ýüzlenýän, hat ýazýan adamlaryndan başga-da, okyjylary gyzyklandyryp bilmegi, olaryň jemgyýetçilik ähmiýetiniň bolmagy zerurdyr.

Netijede, belli bir adama niýetlenip ugradylan hat köpler tarapyndan okalýar we köpleri tolgundyrýar. Bu ýerde okyjy iki adamyň gürrüňine gatnaşýan ýaly duýgyny başdan geçirýär. Hat oňa soraglaryň manysyna düşünmäge, durmuş meseleleri baradaky garaýyşlary öwrenmäge we öz ornuny tapmaga kömek edýär.

Ýüzlenmäniň köpçülikleýin ýa-da toparlaýyn ýazylmagy we toparlara ýa-da kopçülige niýetlenilmegi hem açyk hatyň aýratynlyklaryny esaslandyrýar.

2. *Golsuz hatlar*. Epistolýar hatlaryň ikinji görnüşi golsuz hatlardyr. Bular belli bir adama, belli bir topara ýa-da bütin okyjylar köpçüligine ýüzlenip ýazylan hatlardyr.

3. *SMS hatlary.* Häzirki wagtda ylmyň we tehnikanyň ösen döwründe «SMS» has ýörgünli boldy. «SMS hatlary» göwrümi taýyndan uly bolmasa-da, hat ýazmagyň tehnikasyny köp derejede ýeňilleşdirýär. Bu hili hatlary işlendik wagty, islän ýeriňde ýazyp, döredip bolýar. Munuň üçin stoluň başyna geçip, eliňe ruçka, galam alyp, ünsüň bölünmejek ýerde, ynjalykly, rahat oturmagyň zerurlygy ýok. Bu hili hatlary ýolda ýöräp ýa-da awtobusda barýarkaň hem, nobata duran we başga bir işleri ýerine ýetirip ýören wagtyň hem döredip bolýar.

4. *Internet hatlary.* Dünýä jemgyýetçiliginde, şonuň ýaly-da žurnalistikada internet hatlary hem edil SMS we beýleki hatlar ýaly uly meşhurlyk gazandy. Internet hatlary SMS we beýleki hatlardan göwrüminiň giňligi, çuňňur beýany bilen tapawutlanýar. Awtor internet ulgamy arkaly öz gahrymanynyň ýa-da öwrenýän, beýan edýän obýektiniň fotoşekilini, wideoşekilini, resminamalaryny hem alyp bilýär. Žurnalistiň eseriň ynandyryjylygyny artdyrmak üçin gahrymanynyň öz üstünliklerini gürrüň berýän sesini eşitdirmäge-de mümkinçiligi bar.

Häzirki wagtda internet ulgamy köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň dürli kanallary üçin maglumat çeşmesi bolup hyzmat edýär. Dünýä jemgyýetçiligi boýunça informasiýa alyş-çalyş serişdesiniň iň ösen görnüşi hasaplanýan internet ulgamy arkaly bolup geçen wakany şol sekundyň özünde dünýäniň işlendik uzaklykdaky künjegine habar berip bolýar. Biziň ýurdumyzda «Internet habarlary» rubrikasy bilen berlen metbugat we radio-telewideniýe materiallaryna köp gabat gelmek bolýar. Şeýlelik-de bu görnüş žurnalistikada iň ösen operatiw görnüş hasaplanýar.

5. *Faks hatlary*. Hatlaryň bu görnüşi hem özüniň operatiwligi, döwrebaplygy bilen tapawutlanýar. Bu görnüş, esasan, resminamalary ugratmak, kabul etmek we beýleki hajatlar üçin ulanylýar.

*Hatyň üstünde işlemek*. Hatyň üstünde işlenilen wagtynda awtoryň dünýägaraýyşy, bilim derejesini, psihologiýasyny, hatyň mazmunyny doly öwrenmek zerur. Jemgyýetçilik ähmiýetli maglumatlar ýa-da wakalar barada döredilen çeper beýany onuň ähli duýgy, täsir aýratynlyklary bilen okyja ýetirmäge çalyşmaly. Işi stilistik taýdan redaktirlemek gerek bolanda hem awtoryň garaýşyna, hatyň psihologiýasyna, mazmunyna zeper ýetirmejek bolmaly we sanlary, seneleri, maglumatlary anyk barlamaly. Hat redaksiýa tarapyndan meýilleşdirilmändigine garamazdan, onda ähmiýetli, täsirli, okyjylaryň ünsüni özüne çekip biljek maglumatlaryň bolmagy mümkin. Şonuň üçin hem olary ulanmak we olara seresaplylyk bilen çemeleşmek zerurdyr.

**SORAGLAR WE UMUŞLAR:**

**1.** Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň görnüşlerinde hatlaryň orny.
**2.** Hatlaryň görnüşleri.
**3.** Žanryň taýýarlanylyşy we jemgyýetçilik ähmiýeti.
**4.** Gazet-žurnallardan hatyň görnüşlerine mysallary toplap, amaly iş depdere ýelmemeli.
**5.** Hatyň üstünde işlemegiň düzgünleri boýunça ýazuw işini ýerine ýetirmeli.
**6.** Seljerme (analitiki) žanrlar boýunça barlag işine taýýarlanmaly.

# VII BÖLÜM

## ÇEPER-PUBLISISTIK ŽANRLAR

Çeper publisistik žanrlar, adyndan belli bolşy ýaly, publisistikanyň çeper beýan edilen görnüşidir. Bu topar žanrlar özleriniň çeper beýanlary, göçme manylary, emosional täsir aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Bu topara degişli eserlerde edebiýatyň çeperçilik serişdeleri giňişleýin ulanylýar. Emma muňa garamazdan, olarda dokumentallyk, resmilik häsiýetleriniň saklanmagy hökmandyr. Obrazly şekiller resmi maglumatlaryň sazlaşygynda many ýordumy bilen çeper beýana ýugrulyp, eseriň täsirliligini, ähmiýetini artdyrýar. Şonuň üçin hem köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çeper publisistikanyň orny uludyr.

## OÇERK

Gyzykly maglumatlaryň toplumyndan oçerk döredip bolmaýar. Oçerki döretmek üçin onuň esasy aýratynlyklaryna göz ýetirmeli.

Oçerk ýeňil žanr däl. Ol beýleki publisistik žanrlardan özüniň çeper-publisistik görnüşinde düzülişi taýyndan tapawutlanýar. Bu ýagdaý ony çeper edebiýatyň eserleri, aýratyn hem hekaýa bilen ýakynlaşdyrýar.

Oçerk biziň durmuşymyzdaky faktlary şöhlelendirýär, ýöne ol fotosurat däldir. Ol hekaýa bilen žurnalistik gözlegleriň arasynda durýan zanrdyr, şonuň üçin hem oçerki çeper publisistikanyň şasy hasaplaýarlar.

Hekaýanyň, powestiň, romanyň awtoryndan tapawutlylykda, oçerkiň awtory, öz eserini döwrüň gahrymanlarynyň, anyk maglumatlaryň, hakyky bolup geçen wakalaryň esasynda gurýar. Oçerk özüniň obrazly serişdeleri, çeperçilik aýratynlyklary taýyndan hekaýa ýakyn

bolsa-da, ol ondan düýpgöter tapawutlanýar. Oçerkiň gahrymanlary belli, anyk ýerlerde – ykdysadyýetde oba hojalygynda we beýleki pudaklarda işläp, şäherde ýa-da obada ýaşap ýören real adamlardyr. Şonuň üçin hem ýerine ýetirilmedik işleri ol gahrymanlaryň adyna ýazyp, «ýelmäp» bolmaýar. Has dogrusy, oçerk dokumentaldyr, resmidir. Oçerkiň özeninde hemişe real adamlar, şahsyýetler durýar we olar öz işleri, durmuşy bilen eseri esaslandyrýarlar, emele getirýärler.

*Mysal:*

*Allamyrat ýaşlygyndan, hatda orta mekdepde okap ýören döwürlerinden başlap pagta meýdanyna işe gidip başlady. Ol 1991-nji ýylda orta mekdebi tamamlady. Şol ýyl Türkmen oba hojalyk uniwersitetine okuwa girdi. Okaýan döwründe gowy okamak, köpçülik işlerine işjeň gatnaşmak bilen, özüni tanatmagy başardy. Uniwersiteti tamamlap, öz obasyna işe geldi. Ýaş hünärmenligine garamazdan, oňa daýhan birleşigine ýolbaşçylyk etmegi ynandylar. Ençeme ýyllardan bäri Allamyradyň ýolbaşçylyk edýän daýhan birleşigi ýylyň-ýylyna borçnamalaryny dolup, etrapda öňdeligi eýeläp gelýär.*

Bu mysalda gahrymanyň durmuş ýoly sanalyp geçilýär we onuň ökde ýolbaşçy bolup ýetişenligi aýdylýar. Emma bu oçerk däl. Oçerk protokol ýazgysy bolmaly däl. Oçerk ýazmak üçin gahrymanyň durmuş ýoluny ýa-da häsiýetli aýratynlyklaryny sanap geçmeli däl-de, onuň durmuşyny, gazanan üstünlikleriniň syryny, psihologiýasyny açyp görkezmeli. Obrazly çeperçilik serişdeleriniň lenç edilmedik pikirleriň üsti bilen beýan etmeli.

Eger-de awtor köp sanly faktlaryň içinden iň ähmiýetlisini saýlap alyp, onuň üstünde işlemegi başarmasa, ony çeper beýan edip bilmese, onda ol oçerk ýazyp bilmez.

Diýmek, oçerk hakykatdan hem hekaýa ýakyn žanrdyr. Şonuň bilen bir wagtda hem onuň hekaýadan düýpgöter tapawudy bar. Hekaýada çeper eseriň beýleki görnüşlerindäki ýaly, umumylaşdyrylan, jemleýji obraz döredilýär. Gazet oçerkinde bolsa, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, durmuşyň tipiki taraplarynyň şöhlelendirilmesi esasynda döredilen janly adamlaryň durmuşy, zähmet üstünlikleri beýan edilýär.

Oçerkde anyk wakalar adamlar tarapyndan, köplenç ýagdaýlarda, resmi anyklygy bilen gürrüň berilýär we dogry maglumatlara esaslanylýar. Bir söz bilen aýdylanda, oçerkiň anyk adresi, salgysy bar. Oçerkiň gahrymany bilen gyzyklanýan okyjy eserdäki salgy boýunça ony tapyp hem, onuň bilen söhbetdeş bolup hem bilýär. Şeýle barlaglar köplenç ýagdaýlarda gahrymanlaryň özleri ýa-da ýoldaşlary tarapyndan geçirilýär. Bu iň berk okyjy barlagy bolup, bu ýerde geçirimlilik edilmeýär.

Gazete material ýazýan awtora döredijilik oýlanmasy, fantaziýasy gerek bolan ýagdaýynda-da, ol faktlara gabat gelmeýän, onda bolmadyk häsiýetleri saýlap almaly däldir. Şeýle ýagdaýlar adatça eseri gyzykly, täsirli döretmek üçin edilýär. Ýöne işe beýle çemeleşmeklik hakykaty beýan etmekde düýpli ýalňyşlyk goýbermekdir ýa-da ýasamalyga ýol bermekdir.

*Mysal*:

Redaksiýa Söhbet Hojaýew ilkinji pagta kerwenini pagta bazasyna ugradýandygynyň dabarasy barada habar gelýär. Habarçynyň ertire çenli wakanyň bolýan ýerine baryp ýetişmäge mümkinçiligi ýok. Şonuň üçin hem ol telefon arkaly maglumatlary toplamaly bolýar.

«*...Söhbet Hojaýew säher bilen turup, çaý-çöregini edineninden soňra aýnanyň öňüne geçip, özüne timar berdi. Çalaran saçlaryny daragyň ownuk dişli tarapy bilen yzlygyna gaňtardy we öz-özünden göwnühoş halda daşary çykdy.*

*Birden hem şu gün welaýat boýunça ilkinji bolup pagta bazasyna pagta kerwenini ugratmalydygy ýadyna düşüp, biygtyýar ýylgyrdy we batly, agras ädimler bilen pagta meýdanyna tarap ugrady…*»

Oçerk örän çeper, täsirli çykýar. Emma gazetiň neşir edilen gününiň ertesi S.Hojaýew redaksiýa howsalaly jaň edýär. Ol awtora «sag bolsun» aýdandyr öýdýäňizmi?! Ýok, asla beýle däl, tersine, oçerkiň gahrymany maňlaýynda saçynyň ýokdugyny aýdyp, redaksiýa neşir edilen material üçin uly nägilelik bildirýär.

Eýsem näme?! Harsal ýerine ýetirilen işiň netijeliligi-de pes bolýar. Bu ýagdaý her hili görnüşde bolup biler.

Bir gezek öňdebaryjy sagymçy gyzyň žurnallaryň biriniň daşky sahypasynda suratyny berip, onuň tekst ýazylýan ýerinde «Sagym-

çy gelin iş başynda» diýip ýazylypdyr. Şonuň üçin hem hut öz gözüň bilen görmän, doly öwrenmän makala ýa-da oçerk we ş.m. ýazmak bolmaýar.

Hekaýa üçin materialyň anyk kompozisiýa gurluşy zerurdyr. Oçerk üçin beýle ýagdaý hökman hem däl. Haçan-da oçerkiň özenindäki waka özüniň başlangyjy, ösüşi, hereketiň iň ýokary nokady – kulminasiýasy, çözülişi bilen ýatanynda hekaýa meňzeýär, ol sýužet boýunça guralýar. Maglumatlaryň çeper we publisistik sazlaşygy oçerkiň kompozisiýasynyň aýratynlyklaryny düzýär. Awtor, sýužet gürrüňinden yza çekilip, publisistika ýüzlenýär. Ine, şeýle ýagdaýda kompozisiýa wakalaryň ösüşi boýunça däl-de, pikirlenmäniň logikasy boýunça kesgitlenilýär.

Oçerkiň kompozisiýasynda ýüze çykýan häsiýetleriniň biri, onuň assosiatiwligidir, baglanyşygydyr. Oçerkçi haýsydyr bir wakany gürrüň bermek bilen, ony başga bir wagtda, başga bir ýerde bolan waka bilen deňeşdirýär.

Wakalaryň arabaglanyşygy ýaly deňeşdirmeler awtora temany içgin, ýiti öwrenmäge, häsiýetleriň özenini, aýratynlyklaryny, pikiri kesgitli ýüze çykarmaga, eseriň maglumat esaslaryny giňeltmäge, takyklygyny güýçlendirmäge kömek edýär. Akyldarlaryň biriniň aýdyşy ýaly, häzirki döwri gowy beýan etmek üçin geçmişi gowy bilmeli. Şeýle deňeşdirmeler esasynda döredilen eserleriň ähmiýeti-de, hil-netijeliligi-de ýokary bolýar.

Oçerkde, edebi eserden tapawutlylykda, iň esasy häsiýetleri, täsirleri bellemeli, olara ähmiýet bermeli, bahalandyrmaly we ş.m.

Oçerk çuňňur işlenilen, tamamlanan, kämil eser bolmaly. Oçerkçi obrazly serişdelere we öz pikirleriniň logiki kabul edijiligine esaslanyp okyja ýüzlenýär. Ol synçy bolmalydyr. Publisistika bilen obrazly, çeperçilik serişdeleriniň sazlaşygy oçerkiň meselesini açyp görkezmäge, ähmiýetini ýüze çykarmaga ýardam edýär. Oçerki hemme kiçi ýazyp bilmeýär. Oňa ussatlyk gerek.

Oçerk awtory durmuş materiallaryny siňňin öwrenmäge mejbur edýär. Durmuşy çuňňur öwrenmek oçerk ýazýan awtoryň çykyşynyň zerurlygyny şertlendirýär.

Oçerk iň esasy žanrlaryň biri hökmüňde publisistik taýdan ýüki ýetirilen, wakalary, hadysalary we olaryň gahrymanlaryny çeper suratlandyrýan eserdir. Ol publisistikanyň beýleki žanrlaryndan publisistik çeperçiligi, obrazly beýan edilişi bilen, edebi žanrlardan kesgitliligi, hakyky maglumatlary we hadysalary anyk şöhlelendirýändigi, «adresliligi», publisistik goýazylygy, meseleleriň aýdyňlaşdyrylmasy bilen tapawutlanýar.

*Oçerkiň görnüşleri*. Gazet-žurnallaryň sahypasynda dürli görnüşli oçerklere gabat gelmek bolýar. Ýol oçerki, oba hojalyk oçerki, syýasy ýa-da ykdysady oçerkler dürli rubrikalarda beýan edilýär. Pedagogiki oçerk, sud oçerki, daşary yurt hatlary, sosial portret we ş.m. oçerkler hem bar.

Tematiki rubrikalary aýdyňlaşdyrmak üçin žanrlaryň şöhlelendiriliş aýratynlyklaryna göz ýetirmeli, olary içgin öwrenmeli.

Biziň metbugatymyzda oçerk şeýle görnüşlere bölünýär:

1. Zarisowka oçerki.
2. Portret oçerki.
3. Wakalaýyn oçerk.
4. Mesele oçerki.
5. Ýol oçerki

1. *Zarisowka oçerki*. Bu oçerkiň kiçi görnüşidir. Ol korrespondensiýa ýakyndyr we düzgün boýunça anyk, öz ähmiýeti, aýratynlyklary boýunça çäklendirilen waka bagyşlanýar. Önümçilik ýa-da medeni desganyň ulanylmaga berilmegi, ýaşaýyş jaýlarynyň ýa-da okuw binalarynyň açylyş dabarasy, okuw ýylynyň başlanmagy, sport ýaryşlary we ş.m. barada zarisowka oçerkini döredip bolar. Hormatly Prezidentimiziň döwlet ähmiýetli geçirýän çäreleriniň her biri, dürli saparlary zarisowka oçerkiniň esasy materialy bolup biler.

2. *Portret oçerki*. Köp gabat gelýän oçerk žanrlarynyň esasy görnüşleriniň biri portret oçerkidir. Onuň özeninde adam öz ruhy dünýäsi, häsiýetli aýratynlyklary bilen durýar. Ol häsiýetler, köplenç ýagdaýlarda, jemgyýetçilik ähmiýetli işlerde, garşylyklarda (konfliktlerde) biografik epizodlarda, oýlanmalarda, gürrüňlerde gahrymanyň

daşky portretinde ýüze çykýar. Şonuň ýaly-da portret oçerki şol bir wagtda mesele oçerki, waka oçerki hem bolup biler.

Şeýlelikde, portret oçerkiniň esasy aýratynlyklary adamyň ruhy dünýäsini, gylyk-häsiýetini, işjeňlik sypatlaryny açyp görkezmekden, häsiýetli aýratynlyklaryny suratlandyrmakdan ybaratdyr. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe portret oçerkiniň jemgyýetçilik ähmiýeti uludyr. Oçerkiň bu görnüşi döwürdeşlerimiziň ruhy baýlygyny, zähmet üstünliklerini, döredijiligini, artýan işjeňligini görkezýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen durmuşa geçirilýän döwlet ähmiýetli çäreler sanardan kän. Bu ösüşlere guwanýan, buýsanýan raýatlar öz durmuşynda bolup geçýän täzelikleriň täsirlerini beýan etmek bilen begenjini beýan edýärler we hormatly Prezidentimize hoşallyk bildirýärler.

Hormatly Prezidentimiz her ýylda bagşy-sazandarlara, ýazyjy-şahyrlara we zähmet üstünlikleri bilen tapawutlanan beýleki adamlara döwlet sylaglaryny, baýraklary, hormatly atlary bermek bilen, olara has-da gowy işlemäge, eşretli durmuşda ýaşamaga, halka, Watana hyzmat etmäge höwes döredýär. Ine, şeýle adamlaryň her biri oçerk žanrynyň gahrymany bolup, halk köpçüliginiň ünsüni özüne çekip biler.

*Mysal*:

«*...Uzyn boýly, at ýüzli, giň maňlaýly, şar gara saçly, gara gaşlary birigip duran, göni burunly, çüri eňekli hortap ýigidi soraman tanaýmalydy. Onuň ýüz keşbi kakasy Aýdogdy Akmämmedowa şeýle bir meňzeşdi weli, edil ýüzüni alyp goýan ýalydy. Munuň şeýledigini her bir kişi oňa ýatladyp duran bolsa gerek. Sebäbi ol salam-helikden soň: «Tanamadyňyzmy?» diýip, mylaýym ýylgyrdy ...*»

Görşümiz ýaly, portret oçerki boýunça suratlandyrylýan gahrymany diňe bir onuň işi, durmuşy boýunça däl, eýsem onuň ýüz keşbi, daşky sypaty boýunça hem tanap bolýar. Şonuň üçin portret oçerki özüniň has janlylygy, täsirliligi, ynandyryjylygy bilen tapawutlanýar. Bu hili oçerkler şahsyýeti hemmetaraplaýyn açyp görkezmäge niýetlenendir.

3. *Wakalaýyn oçerk*. Adyndan belli bolşy ýaly, bu oçerk belli bir waka barada gürrüň berýär. Wakany beýan etmek bilen, onuň wekillerini, gatnaşyjylaryny olaryň hereket, täsir aýratynlyklaryny görkezmeseň, oçerk janly bolmaýar. Oçerkiň erşini janly adamlar düzýär, ol belli bir topar bolup hem biler.

Elbetde, islendik wakadan wakalaýyn oçerk döredip bolmaz. Saýlanyp alnan wakanyň jemgyýetçilik ähmiýetiniň bolmagy esasy şertleriň biridir. Obýektde ähmiýetli täzelik bolan ýagdaýynda, oçerk adaty iş gününe-de bagyşlanylyp bilner.

4. *Mesele* (*problema*) *oçerki*. Oçerkiň bu görnüşi hem, adyndan belli bolşy ýaly, haýsydyr bir meselä degişli beýan edilýär. Mesele (problema) oçerki belli bir meseläni beýan etmek bilen, şol wakanyň ähmiýetli, gerekli, ýatda galyjy taraplaryny görkezýär. Eseriň güýji wakada, sýužetde däl-de, eýsem durmuşdan alnan aýdyň epizodlarda we şol epizodlaryň näderejede täsirliliginde, ynandyryjylygynda hem-de beýan ediliş aýratynlyklaryndadyr. Mysal üçin: neşekeşligi, çilimkeşligi we ş.m. ýok etmäge bagyşlanan çäreler.

5. *Ýol oçerki*. Bu oçerk žanrynyň iň gadymy görnüşidir. Ýolda oçerkçiniň synçy nazarlaryndan sypmadyk, öz gözleri bilen gören, şaýat bolan wakalary, duşuşyklary, syýahatçynyň öňünde açylýan giň durmuş panoramasydyr, şekilidir. Baý materiallaryň toplumy durmuş, ykdysady we ylmy meselelere bagyşlanan ýol oçerkinde has aýdyň suratlandyrylýar.

«Watan» gazetinde «Dosta garşy uzan ýollar (habarçynyň ýol ýandepderçesinden)»[1] ady bilen çap edilen täsirli epigrof bilen başlanýan ýol oçerki ýurdumyzyň dost-doganlyk syýasatyny wagyz edýänligi, maglumatlara baýlygy, gyzykly çeper beýany bilen tapawutlanýar.

Telewideniýede we radioda berilýän ýol oçerklerinde žurnalist bilen gahrymanyň ýoldaky ýagdaýlary, hereketleri, obrazly dürli görnüşde çeper we ş.m. suratlandyrmalary, umumy ýaly görünýän, emma temanyň haýsydyr bir tarapyny açmaga hyzmat etdirilýän mesawy gürrüňler eseriň täsirliligini ýokarlandyrýar.

---

[1] «Dosta garşy uzan ýollar», «Watan» gazeti, 2013, 21-maý, 4 sah.

Elbetde, awtor ýolda ähli gören-eşidenlerini beýan edip, okyja syýahatyň jikme-jik ýazgysyny hödürläp bilmez. Munuň ýaly ýol oçerklerine gazet sahypasynda orun bermek nädogrudyr. Olar gazeti abraýdan gaçyrýar. Awtor diňe öz wagtyny däl, eýsem okyjynyň hem wagtyny, ünsüni aýamalydyr.

Awtoryň dünýägaraýşy, bilimi, nukdaýnazary materiallary toplamaga, degerli seljerişe we meseläni dogry guramak ukyplylygy işiň netijeliliginde görünýär.

Häzirki döwürde metbugatda žurnalistleriň daşary yurt saparlarynda döreden oçerkleri hem uly orun tutýar. Bu oçerkler dünýä halklarynyň ösüşini görkezýär we daşary ýurtlarda bolup geçýän ýagdaýlara çuňňur düşünmäge, göz ýetirmäge mümkinçilik döredýär.

*Oçerkiň terbiýeçilik we öwredijilik ähmiýeti*. Wakany anyk we çeper şöhlelendirýän oçerkçiler hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen durmuşa geçýän döwlet ähmiýetli işler we ş.m. barada gürrüň berýärler, halkyň ruhuny galkyndyrmaga, täze adamy, täze jemgyýeti kemala getirmäge goşant goşýarlar. Edebiýatda, sungatda, medeniýetde, ylymda, ykdysadyýetde, oba hojalygynda, onümçilikde zähmetde tapawutlanýan adamlar, wakalar barada döredilen gyzykly eserleriň täsir edijilik, öwredijilik gymmaty, terbiýeçilik ähmiýeti ýokarydyr. Olar ýaşlaryň kalbynda gurmaga, döretmäge jemgyýetçilik işlerine işjeň gatnaşmaga uly höwes, geljege ynam döredýär.

Ýaşlary jemgyýetimize peýdaly işlere, asylly hereketlere ugrukdyrmaga çalyşmagynyň özi bu žanryň esasy üstünligidir. Mysal üçin, daşary ýurtlarda dünýä derejesinde geçirilýän sport ýaryşlarynda baýrakly orunlara mynasyp bolup, halkymyzyň abraýyny arşa göterýän ýaşlaryň üstünlikleri we ş.m. täzelikler barada ýazylan oçerkler halk köpçüliginiň ruhuny göterýär. Şeýle guwandyryjy wakalar barada döredilen portret oçerkleri hormatly Prezidentimiziň sagdyn durmuş ýörelgesini berjaý etmek, ýaş sport türgenlerini taýýarlamak baradaky syýasatynyň durmuşa geçýändigine şaýatlyk edýär. Bu oçerkler ýurduň ýaş sport ussatlaryny ýakyndan tanamaga mümkinçilik döredýär, türkmen ýaşlarynyň keşbini, ýurdumyzyň ösüşini görkezmek bilen, okyjylaryň dünýägaraýşyny giňeldýär.

Oçerkiň öwredijilik häsiýeti onuň terbiýeçilik häsiýetleri bilen berk baglanyşyklydyr. Ýagny olary aýratynlykda göz öňüne getirmek hem kyn.

Dünýä, durmuşa, hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzda amala aşyrylýan beýik işlere okyjynyň akyl ýetirmeginde we olary wagyz etmekde oçerk žanrynyň gymmaty uludyr. Ýurtda täze garaýyşly adamy kemala getirmekde, jemgyýeti döwrebap ösdümekde hem oçerk žanrynyň hyzmaty uludyr. Oçerkler okyjylary terbiýeleýärler, olary ýurduň ykdysadyýetini ösdürmäge işjeň gatnaşmaga, Watany söýmäge çagyrýar.

*Oçerki döretmegiň usulyýeti.* Oçerkde ýurduň, halkyň demi, ruhy duýulmaly. Häzirki döwürde Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk zamanynda döredilen oçerklerde gurýan, döredýän halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşy, ruhy aýratynlyklary wasp edilmelidir. Hormatly Prezidentimiziň syýasatlary, permanlary, döwlet ähmiýetli durmuşa geçirýän işleri oçerkleriň esaslary, özeni bolup çykyş etmelidir.

Okyjynyň ýazylan zatlary doly göz öňüne getirip bilmegi üçin, oçerkçiniň durmuşy öz gözi bilen görmegi, öz gulagy bilen eşitmegi zerurdyr. Žurnalist durmuşyň iň bir ownuk, emma ähmiýetli taraplaryny-da ýiti nazary bilen synlamagy, tapawutlandyrmagy, bahalandyrmagy, täsirli sözler bilen beýan etmegi başarmalydyr.

Oňa bu meselede ýazgy depderçesi, telefon, wideo ýazgylary, diktofon we ş.m. serişdeler kömek edip biler.

Synlar, yzygiderli ýazgylar bellenen ýandepderçe iň bir ähmiýetli, aýdyň, täsirli wakalary saýlaýar we özünde saklaýar. Bu synlar obrazly hatlary işlemäge endikleri kämilleşdirmäge ýardam edýär.

Ýurduň syýasatyny goldamak bilen wakalary, maglumatlary saýlamak, temanyň wajyplygyny, jemgyýetçilik ähmiýetini ýüze çykarmak, durmuş hakykatyny doly görkezmek oçerkçiden edilýän esasy talaplaryň biridir.

Oçerkçiniň hünär ussatlygy ýandepderçedäki sada ýazgylary owadanlap, kagyza geçirmek işleri senetçilik, sungat işleri ýaly inçe bolmaly. Adatça şeýle ýagdaýlarda awtoryň fantaziýasy bilen ýasalan peýzažlar, söhbetdeşlikler, gahryman baradaky ýatlamalar we ş.m. beýanlar kömege ýetişýär.

Käýagdaýlarda awtor bir-birlerini çagalykdan bäri tanaýan, egin-egne berip işläp ýören adamlaryň duşuşuklary barada hamala olar birinji gezek görüşýän ýaly gürrüň berýär. Käýagdaýlarda bolsa oçerkçi öz gahrymanlarynyň durmuşyny, işini obrazlandyrmak üçin olara gabat gelmeýän zatlary oýlap tapýar. Beýle ýagdaýlar gahrymanyň şahsy hukugyna we oçerkiň resmiligine oňaýsyz täsir edýär.

Oçerkiň awtorynyň ussatlygy jemgyýetçilik ähmiýetli wakalary, hadysalary saýlamakda, olary deňeşdirip, bahalandyryp başarmakda, hakykaty obrazly şöhlelendirmekde, adamyň häsiýetli aýratynlyklaryny çeper beýan etmekde ýüze çykýar. Täzeligi duýmak, çuňnur öwrenmek, ýazýan zadyňy synlamagy, okyja görkezmegi, eşitdirmegi başarmak – bu oçerkden edilýän esasy talaplardyr.

*Oçerkiň kompozisiýasy*. Kä ýagdaýlarda oçerki haýsydyr bir durmuş wakasynyň üstünde gurmak başartmaýar. Has dogrusy oçerkiň waka-maglumatlary ilik-düwme beýan edilmeýär. Ol ýa-ha gutarman galýar, ýa-da özüniň ýetmeli derejesine ýetmeýär. Gahrymanlar obrazly göz öňüne getirerçe häsiýetlendirilmeýär ýa-da awtor oçerki wakalaýyn eser hökmünde döretmek islemeýär. Bu ýagdaý oçerkiň kompozisiýasyna üns berilmändigini aňlatmaýar. Bu ýagdaý oçerkiň – ussatlyk bilen döredilen eseriň uly gyzyklanma bilen okalmagynyň bir şertidir.

Köp oçerklerde birmeňzeş başlangyja, birmeňzeş soňlama gabat gelinýär. Oçerki peýzaždan ýa-da obrazlandyrmalardan başlamak köp gabat gelär. Bu oçerkiň mazmunyny has baýlaşdyran ýagdaýynda, wakany ýa-da maglumatlary obrazlandyrmaga ýardam edende, üstünlikli çykýar. Emma ýasama peýzažlar, keşpler eseriň görküni, ähmiyetini peseldýär.

Mysal üçin, Bägül Annabaýewanyň «Gadymy hekaýatlaryň muşdagy» atly oçerki «Ol geplände-de birden-bir hiňlenibräge-de läledir, hüwdiden tutduryberýän ýaly görünýär...[1]»» diýen sözler bilen başlanýar. Şeýle başlangyç ilki bilen okyjyny trubaşdan özüňe çekmegiň esasy şerti bolsa, ikinjiden, okyjyny gahrymanynyň kim-

[1] *B. Annabaýewa*, Gadymy hekaýatlaryň muşdagy, 2013, Garagum žurnaly, №3, 61-sah.s

digi barada pikirlenmäge, gyzyklanmaga çagyrýar. Yzyndaky setirleri yzygider yzarlaýan okyjy uzak pikirlenmezden halk döredijiligini öwreniji alym zenan Gurbanjemal Ylýasowanyň keşbini göz öňünde janlandyrýar.

Oçerkçi hemişe öz eserini täze görnüşde, täzeçe beýan etmäge ýykgyn etmelidir. Şowly soňlama oçerki bezeýär, okyjynyň ruhuny göterýär, gyzyklandyrýar.

*Mysal*:

«*...Hoşlaşanymyzdan soňam men bu mähriban ýüzlere köp wagtlap seredip durdum. Göwnüňi göterýän nurly ýüzler. Göwnüme bolmasa men olara ýene-de duşmaly ýaly bolup durdum...*»

Oçerkiň liriki, joşgunly soňlanmasy, täsirli göz öňüne getirmeleri, wakanyň soňlanýan ýagdaýyny görkezýär. Tejribeli oçerkçi soňlama setirlerini ussatlyk bilen taýýarlaýar. Olar adatça eseriň pikirini jemleýär, sözbaşysyny aýdyňlaşdyrýar we olary bir ýüpe düzýär. Obrazlylyk oçerkiň okyja ýetirýän täsirini güýçlendirýär. Awtoryň pikirini çuňňur, ýiti kabul etmäge mümkinçilik döredýär, mejbur edýär.

*Oçerkiň dili*. Ýazyjynyň, žurnalistiň esasy ýaragy dilidir. Oçerkçi hem şu ýaragy ulanyp başarmalydyr. Oçerkiň diliniň täsirli, çeper, owadan, anyk, sada, düşnükli bolmagy zerurdyr. Oçerkiň dili onuň gazetdäki radio we teleoçerkdäki göwrüminiň şertlerine görä-de gysby, tyşgytly bolmaly. Sözleriň ýa-da sözlemleriň many ýüküne kökerilen bolmagy esasy talaplaryň biridir. Owadan bolsa-da, artykmaç sözler, jüpüne düşmedik jümleler oçerkiň gymmatyny gaçyrýar.

Kähalatlarda täsirli döredilen eserler haýsydyr bir ownuk ýalňyşlyklar sebäpli «redaksion hirurgiýa» sezewar bolýarlar we ondan soňra ol eseri tanap bolmaýar. Işiň zerur bölegini düzetmegiň ýerine ony kesip aýyrmak nädogrudyr. Şeýle ýagdaýlarda awtorlaryň öz gahrymanlaryna görünmäge ýaýdanyp, gaçyp ýören wagtlary-da az bolmaýar.

Oçerkiň üstünligi žurnalistiň sözleriň üstünde işleýşi, olaryň sazlaşygyny, owazyny duýşy söz baýlygyny giňeldişi, diliň baýlygyny peýdalanyşy we ösdürişi bilen berk baglanyşyklydyr.

Adamlar birmeňzeş dilde gürleýärler, olaryň dili tapawutlanmaýar. Emma gürleýän wagtlary olaryň häsiýetleri, aýratynlyklary, özboluşlylygy ýüze çykýar. Janly sözleri eşitmegi we olary öz gahrymanlaryňy häsiýetlendirmekde ulanmagy başarmaly. Şiwe dilinde, dialektde gürleýän gahrymanyň dil aýratynlyklaryny bermek, işiň ynandyryjylygyny ýokarlandyrýar. Ýöne ýerliksiz žargonlar we ş.m. bilen dili zaýalamaly däl.

Bu barada hormatly Prezidentimiz 2008-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda ýurdumyzyň döredijilik intelligensiýasy bilen geçiren duşuşygynda belläp geçdi. Şol duşuşykda aýratyn hem žurnalistleriň işleriniň hiline üns bermek bilen, ene dilimizi köne, gadymdan galan sözler bilen baýlaşdyrmalydygyny, rus dilinden we beýleki dillerden geçen sözleriň türkmençesini ulanyşa girizmek bilen, bu işiň mazmunyny, hilini ýokarlandyrmagyň zerurdygyny aýtdy. Dowre görä ideologiýany beýan etmegiň, «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgeden ugur almagyň ähmiýetli boljakdygyny nygtady.

Oçerkiň üstünde işlemek bilen iň esasy meseläni – wakalar, adamlar barada obrazly, anyk gürrüň bermegi ýatdan çykarmaly däl. Maglumatlaryň gurak bolmazlygyny gazanmaly. Öz gahrymanlaryňy söýmeseň, olar bilen ýakynlaşyp ýürekdeş bolup, düşünişip bilmeseň, olar seni öz ykballary bilen gyzyklandyrmasalar, oçerk ýazjak bolup oturmagyň geregi-de ýok. Ýöne oçerkçi öz gahrymanlary bilen ýakyn gatnaşykda bolsa hem, olary çeperleşdirip, içki baý dünýälerini açyp görkezmek islegi bolmasa, bu meseläni çözüp bilmez.

Eger-de awtor doly derejede şeýle ýagdaýlaryň zerurlygyny duýsa, diňe şondan soňra onuň döreden oçerki okyjyny tolgundyryp biler. Ol diňe şondan soňra öz gahrymanlaryna söýgi bilen garar we adamlaryň dogry hereketleri, ykbaly, durmuşy ony gyzyklandyrar.

Diýmek, oçerki döretmek üçin diňe bir ýazmaga däl, eýsem ýazýan wakalaryňa, adamlaryň häsiýetli aýratynlyklaryny öwrenmägede höwes gerekdir. Diňe şeýle mazmundaky eserler okyjynyň göwnünden turup, abraý getirip biler.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

1. Çeper-pubisistik žanrlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdelerindäki orny.
2. Oçerkiň hekaýadan tapawudy.
3. Çeper-pubisistik žanrdan (oçerkden) ediýän talaplar we oçerkiň taýýarlanylyşy.
4. Gazet-žurnallardan oçerkiň dürli görnüşlerine mysallar toplamaly we amaly iş depdere ýelmemeli.
5. Oçerk žanry boýunça gazet-žurnallarda çykyş etmeli.

## SATIRIKI ŽANRLAR

Gadymy rim edebiýatynda «satira», sözi düzetmek, berjermek diýmegi aňladyp, şeýle maksat bilen döredilen eserlerde ulanylyp başlapdyr.

Satira hakykaty beýan etmegiň özboluşly çeper görnüşidir. Beýleki publisistik žanrlardan tapawutlylykda, satira wakalary özboluşlylygynda däl-de, tersine gülkiniň, kinaýaly sözleriň, obrazlandyrmalaryň üsti bilen beýan edýär. Bu žanryň maksady jemgyýetdäki, durmuşdaky ýaramaz ýagdaýlary satiranyň, gülkiniň astyna alyp düzetmekden ybarat. Satiranyň felýeton, pamflet, parodiýa, epigramma ýaly görnüşleri bar. Bu žanrlarda döredijilik meselesi obraz bilen düşünjäniň, çeper şekillendiriş serişdeleriniň we pikirleriň sazlaşygy esasynda çözülýär. Döreýşi boýunça felýeton çeper-publisistik eser, şeýle hem goşguda we prozada döredilen satiriki žanrdyr.

## FELÝETON

Felýeton satiriki žanryň iň giň ýaýran görnüşidir. Ol XVIII asyryň ahyrynda Fransiýada döreýär. Başda felýeton gazetlere goşulýan aýratyn sahypadan ybarat bolupdyr. Şonuň üçin hem felýeton diýmek fransuz dilinde sahypajyk (listok) diýmegi aňladypdyr. Wagtyň geçmegi bilen felýeton gazetleriň sahypalarynyň aşaky bölegini – «podwalyny» tutýar.

Felýeton jemgyýetiň ösüşine kömek edýär. Ol adamlara ýaşamaga päsgel berýän wakalary, häsiýetleri tapyp, olaryň üstünden gül-

ýär. Ýaramaz häsiýetleri, endikleri, hereketleri ýiti satiranyň astyna alyp ýaňsylaýar. Geçen asyrda «Tokmak» žurnaly, «Ýartygulak» teležurnaly we «Bökelek» radiožurnaly bu temada işjeňlik görkezdi. Häzirki döwürde «Edebiýat we sungat» gazetiniň soňky sahypasynda satira we ýumor materiallary yzygiderli berilýär.

## PAMFLET

Felýeton bilen pamfleti tapawutlandyrmak kyn. Sebäbi olar tebigaty taýyndan hem, maksady taýyndan hem meňzeşdirler. «Pamflet» grek dilinden geçen söz bolup, «ýok edýärin», «ýakýaryn» diýmegi aňladýar.

Felýetonyň maksady kemçilikleri düzetmek bolsa, pamfletiň maksady olary ýok etmekdir, aradan aýyrmakdyr. Şonuň üçin hem ol «ýakýaryn» diýen manyny berýär.

Neşekeşlik, ýaltalyk, döwletiň emlägine el urmak, aldamak ýaly häsiýetleri ýazgarmak felýeton üçin hem, pamflet üçin hem material bolup biler.

## EPIGRAMMA

«Epigramma» grek dilinden geçen söz bolup, «ýazgy» diýmegi aňladýar.

Satiriki žanryň bu görnüşi başda ýadygärlik ýazgy manysynda ulanylypdyr. Bu ýadygärliklerde, binalarda, mazar daşlarynda, gapçanaklarda goýulýan ýazgylardyr. Olar, köplenç ýagdaýlarda, goşgy görnüşinde, käte bolsa kyssa görnüşinde gabat gelýär.

Wagtyň geçmegi bilen epigramma satiriki häsiýete eýe bolýar. Epigramma beýleki publisistik žanrlardan gysgalygy, sözleriniň manysynyň çuňlugy bilen tapawutlanýar.

Russiýada epigramma örän uly ösüşe eýe bolýar. A.Puşkiniň, N.Nekrasowyň, B.Kuroçkiniň epigrammalary has tapawutlanýar.

Epigrammalar belli bir obýekte, tema degişli bolmak bilen, esasan, ýaramaz ýagdaýlaryň, häsiýetleriň garşysyna gönükdirilendir.

Epigramma karikaturanyň ýazgysy hökmünde hem getirilýär. Häzirki wagtlarda hem gazet sahypalarynda karikaturalara köp gabat gelmek bolýar. Olar, esasan, jemgyýete we adamlara päsgel berýän ýagdaýlara degişli döredilýär.

Ýokarda belleýşimiz ýaly, neşekeşlik, çilimkeşlik ýaly ýaramaz ýagdaýlary ýazgarmakda diňe felýetonlar däl, eýsem karikaturalar hem döredilýär. Bu žanrda biziň şu günlerimizde hem eserler döredilýär.

**SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR:**

**1.** Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde satiriki žanrlaryň orny.
**2.** Satiriki žanrlaryň görnüşleri.
**3.** Bu görnüşdäki materiallaryň edebi-çeper žanrlardan tapawudy we taýýarlanylyşy.
**4.** Bu görnüşdäki materiallary edebi žanrlardan tapawutlandyrmaly, mysallary tapyp, amaly iş depdere ýelmemeli.
**5.** Jemgyýetiň ösüşine päsgel berýän temalardan, ýaramaz häsiýetlere (ýaltalyk, ýalançylyk we ş.m.) degişli meselelerden materiallar, karikaturalar döretmeli.
**6.** Umumy publisistik žanrlar boýunça barlag işine taýýarlanmaly.

## SÖZLÜK

**Adaptasiýa –** uýgunlaşmak.

**Adekwatlyk –** barabarlyk, gabat gelmeklik.

**Anketa –** anket, maglumat, maglumat ýygnamak.

**Dizaýn –** dizaýn, bezeg.

**Fakt –** hakyky bolan ýa-da bolup duran waka.

**Fotoreportaž –** reportažyň suratlar arkaly beýan edilmegi.

**Informasiýa –** maglumat, habar.

**Integrasiýa –** birikmek, bitewileşmek.

**Intellekt –** akyl ýetiriş, aňlaýyş ukuby.

**Interwýu –** žurnalistiň faktlary toplamak, wakalary, hadysalary, olar baradaky täsirleri öwrenmek we halka ýetirmek maksady bilen guraýan söhbetdeşligi.

**Kollaž –** surat, şekillendirme.

**Kommentariý –** düşündiriş, takyklama.

**Kommunikasiýa –** aragatnaşyk.

**Konsepsiýa –** esasy pikir, garaýyşlaryň ulgamy.

**Letuçka –** gazetiň ýa žurnalyň indiki sanyny taýýarlamak boýunça geçirilýän gysgajyk ýygnak.

**Marketing –** bazaryň islegini, önümleri, hyzmatlary ýerleşdirmegiň mümkinçiliklerini öwrenýän ulgam.

**Model –** nusga.

**Monitoring –** anyk wakalaryň, faktlaryň, hadysalaryň yzygiderli ösüşi boýunça görkezijileri bir ulgama jemlemek.

| | |
|---|---|
| **Potensial –** | güýç, kuwwat, haýsydyr bir meseläni çözmek üçin herekete getirip, peýdalanyp bolýan mümkinçilikler. |
| **Publisist –** | syýasy-jemgyýetçilik meseleleri boýunça eser ýazýan adam. |
| **Reportýor –** | wakalar ýa-da hadysalar barada habar (reportaž) taýýarlaýan metbugat, radio ýa-da telewideniýäniň işgäri, žurnalist. |
| **Resenziýa –** | edebiýat, sungat eserleri barada esaslandyrylan garaýyşlar, pikirler. |
| **Reýting –** | wakalaryň, şahsyýetleriň, dürli görkezijileriň dürli häsiýetleri boýunça yzygiderli beýan: görkeziji, «saýlanan onluklar» we ş.m. |
| **Semantika –** | diliň – sözüň, söz bölekleriniň, sözlemiň many aýratynlyklary. |
| **Signal ekzemplýary –** | gazetiň, žurnalyň ýa-da kitabyň heniz köpçülige ýetirilmänkä çykýan ilkinji sany. Ol neşire jogapkär hünärmeniň gözden geçirmegi we täze sanyň taýýarlygyny barlamak üçin gerek bolýar. |
| **Sintaktika –** | eseriň gurluşy. |
| **Tegelek stol –** | bu hem edil gürrüňdeşlik ýaly, ýöne işiň gidişinde bir temanyň çözgüdine dürli ugurlardan 2-den köp adam gatnaşýar. |
| **Werstka –** | neşiriň nobatdaky sanynyň çyzgysy. |

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
2. *Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow*. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk, döredijilik, progres syýasatynyň dabaralanmagy. Aşgabat, 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy, Aşgabat, 2007.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II tom. Aşgabat, 2009.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet adam üçindir. Aşgabat, 2008.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ahalteke bedewi biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, 2008.
11. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. Aşgabat, 2010.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. II tom. Aşgabat, 2011.
13. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen geçiren duşuşygynda sözlän sözi. Aşgabat, 2008-nji ýylyň 19-njy ýanwary.
14. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen geçiren duşuşygynda sözlän sözi. Aşgabat. 2010-njy ýylyň 24-nji fewraly.
15. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Janly rowaýat. Aşgabat, 2011.

16. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ganatly bedewler. Aşgabat, 2011.
17. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Älem içre at gezer. Roman. Aşgabat, 2011.
18. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda Türkmenistanyň Kanuny. – «Türkmenistan» gazeti, 2013, 4-nji ýanwar.
19. Adam hukuklary baradaky halkara namalar/ Aşgabat, 2000.
20. *Annagurdow M.D., Öwezberdiýew M.G.* Türkmenistanyň metbugat taryhy. Aşgabat, 1990.
21. *Ахмадулин Е.В*. Краткий курс теории журналистики. Москва, 2006.
22. *Акишина А.А*. Структура цельного текста. М., 1979.
23. *Ампилов В.А*. Современный газетный очерк. Минск, 1972.
24. *Богданов Н., Вяземский Б*. Справочник журналиста. Л, 1971.
25. *Бекасов Д.Г*. Корреспонденция, статья – жанры публицистики. М., 1972.
26. *Беневоленская Т.А*. Портрет современника: Очерк в газете. М., 1983.
27. *Березина В.Г*. Жанр годового обозрения литературы в русской журналистике первой половины XIX в. //Русская журналистика XVIII–XIX вв. (из истории жанров). Л., 1969.
28. *Бойко К.Г.* Репортаж в газете. М., 1964.
29. *Верховская А.И.* Письмо в редакцию и читатель. М., 1972.
30. *Виленский М.Э*. Как написать фельетон. М., 1982.
31. *Воскобойников Я.С., Юрьев В.К*. Журналист и информация. М., 1993.
32. *Ворошилов Б.Б*. Журналистика. Москва, 2009.
33. *Касянов В.В*. Социология массовой коммуникации. Ростов на-Дону, 2009.
34. Газетные жанры. М., 1971.
35. *Герхард М*. Искусство повествования. М., 1984.
36. *Горохов В.М*. Критика и библиография в газете. М., 1970.
37. *Горохов В.М*. Основы журналистского мастерства. М., 1984.
38. *Гребинина А.М*. Обзор печати: Проблемы теории жанра. М., 1980.
39. *Гуревич С.М*. Репортаж в газете. М., 1963.
40. *Дзялошинский И.М*. Проективная деятельность в структуре журналистского творчества //Деловая пресса России: настоящее и будущее. М., 1999. С. 185–227.

41. *Журбина Е.* Теория и практика художественно-публицистических жанров. М., 1969.
42. *Ивин А.А.* Искусство правильно мыслить. М., 1990.
43. *Кашиевская Л.В.* Эксперимент как метод журналистской деятельности. // Вестник МГУ, СЕР, «Журналистика». 1986, №6.
44. *Кашинская Л.В.* Эксперимент как метод журналистской деятельности //Вестник МГУ. Сер. Журналистика. 1986. №6.
45. *Киш Э.Э.* Опасный жанр литературы //Репортажи. М., 1964.
46. *Колосов Г.В.* Поэтика очерка. М., 1977.
47. *Конторович В.* Заметки писателя о современном очерке. М., 1973.
48. *Копперввуд Р., Нельсон Р.П.* Как преподносить новости. М., 1998.
49. *Крикунов Ю.А.* Рецензия в газете. М., 1976.
50. *Кройчик Л.Е.* Современный газетный фельетон. Воронеж, 1975.
51. *Кройчик Л.Е.* Система журналистских жанров //Основы творческой деятельности журналиста /Под ред. С.Г. Корконосенко. СПб., 2000. С. 125–168.
52. *Крол Н.* Руководителям и бизнесменам нужны журналисты-аналитики //Деловая пресса России: настоящее и будущее. М., 1999. С. 86–87.
53. *Лазутина Г.В.* Основы творческой деятельности журналиста. М., 2000.
54. *Лазутина Г.В.* Технология и методика журналистского творчества. М., 1985.
55. *Лазутина Г.В.* Основы творческой деятельности журналиста. М., 2000.
56. *Магай И.П.* Структура произведения журналиста //Проблемы теории печати. М., 1975.
57. *Майданова Л.М.* Структура и композиция газетного текста. Красноярск. 1973.
58. *Маслова Н.М.* Путевые заметки как публицистическая форма. М., 1977.
59. *Мезенцев М.Т.* Особенности недокументального очерка // Филологические этюды. Ростов-на-Дону, 1974. С. 59–70.
60. *Мучник Б.С.* Человек и текст. М., 1985.
61. *Пельт В.Д.* Обзор печати. М., 1980.
62. *Пелът В.Д.* Информация в газете. М., 1980.

63. *Померанц Г.* Фельетонизм и Касталия //Журналист, 1999, №12.
64. *Поспелов Г.Н.* Теория литературы. М., 1978.
65. Проблемы информации в печати. М., 1971.
66. *Пронин Е.И.* Выразительные средства журналистики. М., 1980.
67. *Прохоров Г.Н.* Введение в теории журналистики. М., 1980.
68. *Прохоров Е.П.* Публицистическое обозрение. М., 1963.
69. *Прохоров Е.П.* Эпистолярная публицистика. М., 1966.
70. *Прохоров Е.П.* Журналистика. Государство. Общество. М., 1996.
71. *Роот А.А.* История жанра передовой статьи. Казань, 1980.
72. *Свинцов В.И.* Смысловой анализ и обработка текста. М., 1979.
73. *Симкин Я.Р.* О публицистической пародии //Филологические этюды. Ростов-на-Дону, 1974. С. 71–83.
74. *Симкин Я.Р.* Сатирическая публицистика. Ростов-на-Дону, 1976.
75. *Солганик Г.Я.* Стиль репортажа. М., 1970.
76. *Suwhanow N.* we başg. Türkmenistanda Täze galkynyş eýýamy. A.2011.
77. *Солганик Г.Я., Вакурое В.Н.* и др. Стилистика газетных жанров. М., 1978.
78. Социальная практика и журналистский текст. М., 1990.
79. Справочник для журналистов стран Восточной и Центральной Европы. М., 1993.
80. *Стрельцов Б.В.* Аналитычныя жанры. Минск, 1974.
81. *Стюфляева М.И.* Образные ресурсы публицистики. М., 1982.
82. *Ткачев П.* Сатиры злой звенящая струна... (о памфлете). Минск, 1980.
83. *Тертычный А.А.* Аналитическая журналистика. М., 1998.
84. *Тертычный А.А.* Аналитический инструментарий журналиста //Деловая пресса России: настоящее и будущее. М., 1999. С. 160–185.
85. *Тертычный А.А.* Предъявите ваши аргументы. Журналист. 1998. №5.
86. *Тертычный А.А.* Проблемное выступление. Журналист. 1998. №9.
87. *Тертычный А.А.* Быть обозревателем. Журналист. 1999. №1.
88. *Тертычный А.А.* У полемики есть свои законы //Журналист. 1999. №10.

89. *Тертычный А.А.* Версия – инструмент журналиста //Журналист. 1999. №11.
90. *Тертычный А.А.* Письма пишут разные //Журналист. 1999. №12.
91. *Тертычный А.А.* Эксперимент – дело тонкое //Журналист. 2000. №1.
92. *Тертычный А.А.* Исповедь //Журналист. 2000. №2.
93. *Тертычный А.А.* В жанре Кассандры //Журналист. 2000. №3.
94. *Тертычный А.А.* Сатиры острая стрела //Журналист. 2000. №4.
95. *Тертычный А.А.* Дать совет совсем не просто //Журналист, 2000, №5.
96. *Тертычный А.А.* Тяжела ты, шапка рецензента //Журналист, 2000, №6.
97. *Тертычный А.А.* Журналистское расследование. М., 2000.
98. Уроки Аграновского. М., 1976.
99. *Ученова В.* От вековых корней. М., 1985.
100. *Ученова В.В.* Творческие горизонты журналистики. М., 1976.
101. *Ученова В.В.* Современные тенденции развития журналистских жанров //Вестн. Моск. ун-та. Сер. 11. Журналистика, 1976. С. 17–27.
102. *Уемов А.И.* Логические ошибки. М., 1975.
103. *Черепахов*, Проблемы теории публицистики. Москва, 1973.
104. *Феллер М.Д.* Структура произведения. М., 1981.
105. *Черепахов М.С.* Работа над очерком. М., 1966.
106. *Шандра В.А., Попова М.Ф., Макашина Л.П.* Аналитические жанры газеты. Екатеринбург, 1996.
107. *Шостак М.И.* Ироничный журналист //Журналист, 1997, №5.
108. *Шостак М.И.* Картинки репортерам //Журналист, 1997, №10.
109. *Шумилина Т.В.* Не могли бы вы рассказать?. Метод интервью в журналистике. М., 1976.
110. *Bowman W.* The ABC of short story writing.London, 1976.
111. *Mencher M.* News Reporting and Writing-Duble-Iowa, 1991.
112. *Higgins G.* On Writing.Advisee for those who write to publish. N.Y., 1990.
113. *Nuarb Gotfried.* Kommentar und Betrachtung. Leipzig, 1981.
114. *Schulze R.* dk Reportage.Leipzig, 1980.
115. *Goçmyradow H.* Döwrüň aýnasy, Aşgabat 1990 ý.
116. *Nakorýakowa K.M.* Редактирование материалов массовой информации. МГУ, 1983.

117. *Голуб И.Б.*, Риторика., 2008.
118. *Jumalyýewa O.* Žurnalistikanyň esaslary. Aşgabat. 2010 ý.
119. *Jumalyýewa O.* Žurnalistikanyň sosiologiýasy. Aşgabat. 2010 ý.
120. *Jumalyýewa O.* Stilistika we edebi redaktirleme. Aşgabat 2010 ý.
121. Российской Федерации о средствах массовой информации. М., 1996.
122. Türkmenistanyň kanuny. Awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar hakynda, «Türkmenistan» gazeti, 2012 ý., 21-nji ýanwar, 5 sah.
123. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
124. Türkmenistany durmuş, ykdysady we medeni taýdan özgertmeleriň 2020-nji ýyla çenli Baş Ugry» Milli maksatnamasy. – Aşgabat, 2003.
125. *Ученова Б.Б.* У истоков публицистики. М., 1989.
126. О печати и других средствах массовой информации в Туркменской ССР, А.,1991.
127. *Gökleňow R.* Internet žurnalistikasy. «Mugallymlar gazeti». 2012-nji ýylyň 9-njy noýabry.
128. http://evartist.narod.ru/text2/08.htm
129. http://yojo.ru
130. http://journalizm.com

http://blog.ru

**MAZMUNY**


Giriş ....................................................................................7

**I bölüm**

Žurnalistikanyň döreýşi .....................................................11
Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň görnüşleri ......................16
Žurnalistika habar beriş serişdesi hökmünde.................................22

**II bölüm**

Tekst janly sözleýşiň hasyly hökmünde ........................................29
Žurnalistikada faktlaryň orny ..................................................32
Žurnalistiň wezipeleri ...........................................................37
Žurnalistikanyň wezipeleri .....................................................41
Žurnalist we jemgyýet ............................................................43
Žurnalistiň sosial we hukuk statusy..........................................47
Žurnalistikanyň prinsipleri......................................................53
Žurnalistikanyň prinsipleriniň görnüşleri ..................................55
Häzirki zaman žurnalistikasy...................................................57
Internet žurnalistikasy we elektron neşirler.................................61
Elektron gazetler.................................................................62

**III bölüm**

Žurnalistikanyň sosiologiýasy, onuň aragatnaşyk sosiologiýasyna bolan gatnaşyklary ........................................69
Žurnalistikada etika ..............................................................76
Žurnalistika we psihologiýa......................................................79
Žurnalistikanyň konsepsiýalarynyň emele gelşi ...........................84
Žurnalistikanyň modelleri we onuň işiniň guralyşy .......................89
Žurnalistika we nesil terbiýesi...................................................98
Daşary ýurt žurnalistikasy ......................................................101

**IV bölüm**

Redaksiýanyň köpçülikleýin işi ........ 104
Döwürleýin neşirleriň iş usuly ........ 108
Neşir işleriniň görnüşleri we fotožurnalistika ........ 114

**V bölüm**

Publisistik žanrlar ........ 118
Publisistik žanrlaryň bölüniş aýratynlyklary ........ 121
Habar žanrlary ........ 126
Habar ........ 126
Hasabat ........ 131
Interwýu ........ 138
Reportaž ........ 147

**VI bölüm**

Seljerme-analitiki žanrlar ........ 157
Korrespondensiýa ........ 157
Makala ........ 165
Metbugata syn ........ 172
Resenziýa ........ 178
Syn (obozreniýe) žanry ........ 184
Hat ........ 191

**VII bölüm**

Çeper-publisistik žanrlar ........ 198
Oçerk ........ 198
Satiriki žanrlar ........ 210
Felýeton ........ 210
Pamflet ........ 211
Epigramma ........ 211
Sözlük ........ 213
Peýdalanylan edebiýatlar ........ 217

**Oguljennet Jumalyýewa**

# ŽURNALISTIKANYŇ ESASLARY

Ýokary okuw mekdepleri üçin
okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *T. Sadykow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| *Ylmy redaktor* | *R. Pirjanow* |

Çap etmäge rugsat edildi 17.07.2013. Ölçegi 60x90 $^1/_{16}$.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 14,0.
Şertli reňkli ottiski 41,25. Hasap-neşir listi 13,06.
Çap listi 14,0. Sargyt № 1051. Sany 500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.